**TÜRKMEN OBA HOJALYK INSTITUTY**

**Jemgyýeti öwreniş ylymlary kafedrasy**

**Musaýew A.**

# TÜRKMENISTANYŇ TARYHY

## dersi boýunça umumy okuwlaryň ýazgylar toplumy

**(34 sagat 17 tema)**

**Ähli hünärler üçin**

**Daşoguz -2012**

**UOK [ 631. 6: 631.4] (075.8)**

Musaýew A.A. Türkmenistanyň taryhy**.** Umumy okuwlaryň ýazgylar toplumy. Turkmen oba hojalyk instituty, 2012 ý. - 250 sah.

Toplumda Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan döwletimiziň gojaman topragynyň adamzat medeniýetiniň ilkinji ojaklarynyň biri hasameýilnamaylýandygy, Hormatly Prezidentimiziň badalga beren Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe milli medeniýetimizdir köp asyrlyk sungatymyza, ýurdumyzyň taryhy-medeni we arheologiki ýadygärliklerine, şöhratly ata-babalarymyzdyr milli şahsyýetlerimiziň bitiren ägirt uly hyzmatlaryna we ösen orta asyrlar eýýamynda edermen, merdana hem-de buýsançly pederlerimiziň döreden we hökümdarlyk eden beýik döwletleriniň müň öwüşginli syrly sahypalaryny öwrenmeklige ajaýyp mümkinçilikleriň açylandygy dogrusynda, şeýle-de milli taryhymyzyň dürli döwürleri barada giňişleýin maglumatlar berilýär.

Talyplar bu okuw toplumyndan Türkmenistanyň taryhy boýunça özlerine zerur bolan maglumatlar bilen belli bir derejede tanyş bolup bilerler.

Türkmenistanyň taryhy dersi boýunça umumy okuwlarynyň ýazgylar toplumy institutyň ähli hünärlerinde bilim alýan talyplara niýetlenen we ol 34 sagatlyk 17 temanyň mazmunyny hem-de 117 sany edebiýatlaryň sanawyny öz içine alýar.

**Jogapkär redaktor:** Niýazmetow M.-Agrohimiýa we topragy öwreniş kafedrasynyň mugallymy

**Syn ýazanlar:** Gardaşow B.-TDP Daşoguz welaýat komitetiniň sekretary
Ataýew Ý.-Agrohimiýa we topragy öwreniş kafedrasynyň uly mugallymy, oba hojalyk ylymlarynyň kandidaty

**Ulanmaga:** Jemgyýeti öwreniş ylymlary kafedrasynyň (12-nji belgili beýan, 02.04.2012ý.) we Agronomçylyk we weterinar lukmançylygy fakultetiniň okuw-usuly iş topary (42-nji belgili beýan, 02.04.2012 ý.) tarapyndan rugsat edildi.

© Türkmen oba hojalyk instituty
Daşoguz-2012

# TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET SENASY

Janym gurban saňa erkana ýurdum,
Mert pederleň ruhy bardyr köňülde.
Bitarap, garaşsyz topragyň nurdur,
Baýdagyň belentdir dünýäň öňünde.

***G a ý t a l a m a:***

Halkyň guran Baky beýik binasy,
Berkarar döwletim, jigerim-janym.
Başlaryň täji sen, diller senasy,
Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!

Gardaşdyr tireler, amandyr iller,
Owal ahyr birdir biziň ganymyz.
Harasatlar almaz, syndyrmaz siller,
Nesiller döş gerip, gorar şanymyz.

***G a ý t a l a m a:***

Halkyň guran Baky beýik binasy,
Berkarar döwletim, jigerim-janym.
Başlaryň täji sen, diller senasy,
Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!

## GIRIŞ

(2 sagat)

Umumy okuwyň meýilnamasy:

1. Türkmenistanyň taryhy dersiniň öwrenilmeginiň maksady we wezipeleri.
2. Türkmenistanyň taryhynyň taryhnamasy we onuň döwürleşdirilişi.
3. Türkmenistanyň taryhynyň çeşmeşynaslygy we esasy çeşmeler.
4. Garaşsyzlyk ýyllarynda Türkmenistanyň taryhynyň düýpli we dogruçyl öwrenilmegi babatdaky tagallalar. Türkmen taryhynyň şöhratly ýoly we baý medeni mirasy.

### 1.Türkmenistanyň taryhy dersiniň öwrenilmeginiň maksady we wezipeleri

Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan döwletimiziň gojaman topragy adamzat medeniýetiniň ilkinji ojaklarynyň biri hasameýilnamaylýar. Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň badalga beren Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe milli medeniýetimizdir köp asyrlyk sungatymyza, ýurdumyzyň taryhy-medeni we arheologiki ýadygärliklerine, şöhratly ata-babalarymyzdyr milli şahsyýetlerimiziň bitiren ägirt uly hyzmatlaryna we ösen orta asyrlar eýýamynda edermen, merdana hem-de buýsançly pederlerimiziň döreden we hökümdarlyk eden beýik döwletleriniň müň öwüşginli syrly sahypalaryny öwrenmeklige ajaýyp mümkinçilikleriň açylmagy ýaly öwgä mynasyp aýratynlyklar milli taryhymyzy çuňňur we dogruçyl öwrenmeklige uly badalga berdi.

Uzak geçmişde Türkmenistanyň ýerlerinde ýaşan iň gadymy adamlar jemgyýetiň ösüş kanunynlaryna laýyklykda ilkidurmuş gurluşyny başdan geçiripdirler. Şeýlelikde, asyrlaryň we müňýyllyklaryň özara sazlaşykly dowam etmegi, maddy we ruhy medeniýetiň kämilleşmegi, ilkidurmuş adamlarynyň durmuşynda uly ösüşlerdir özgerişleriň we dini ynançlaryň kemala gelmegine özüniň oňyn täsirini ýetirýär. Şonuň ýaly-da, ata-babalarymyz tarapyndan dürli döwürlerde esaslandyrylan Gadymy Oguz, Beýik Parfiýa, Oguz türkmenleriniň beýik Hun, Göktürkmenler, Beýik Sejuk hem-de Köneürgenç türkmen döwletleridir Osmanly soltanlygynyň hökümdarlarynyň türkmen halkynyň özbolușly milli medeniýetiniň we

maddy gymmatlyklarynyň döremegine we ösmegine goşan saldamly goşantlary aýratyn bellenilmäge mynasypdyr.

Şu mynasbetli-de ýudumyzyň orta, ýörite orta we ýokary okuw mekdeplerinde taryh ylmynyň gazananlary we onuň aýratynlyklary hemmetaraplaýyn hem-de olara milli öwüşginler çaýylyp, millilik esasynda giňden öwrenilýär.

## 2.Türkmenistanyň taryhynyň taryhnamasy we onuň döwürleşdirilişi

Türkmen taryhçylary Türkmenistanyň iň gadymy taryhyny öz aýratynlyklaryna laýyklykda döwürleşdirýärler. Şol döwürleşdiriş ählumumy taryh ylmynyň döwürlere bölünişine-de gabat gelýär. Alymlar iň gadymy adamzat jemgyýetiniň peýdalanan zähmet gurallarynyň esasynda bu taryhy döwri daş, mis, bürünç we demir asyrlaryna bölýärler. Olardan:

**Paleolit.** Daş asyrynyň birinji döwri. “Paleolit”-2 sany grek sözünde ybarat bolup, *“paleos”*-gadymy, *“litos”* -daş sözlerinden ybarat bolup, Türkmenistanyň ýerlerinde iň gadymy döwürlerden başlap, b.e.öňki XII-XI müňýyllyga çenli dowam edýär.

**Mezolit.** Daş asyryň ikinji döwri mezolit (grekçe *mezos*-orta) diýip atlandyrylyp, ol orta daş asyrydyr. Mezolit b.e.öňki XII-XI müňýyllyklardan b.e.öňki VII müňýyllygyň I ýarymyny öz içine alýar.

**Neolit.** Daş asyryň üçünji döwri neolit (grekçe *neos*-täze) diýip atlandyrylýar we ol täze daş asyry hasameýilnamaylýar. Neolit b.e. öňki VII müňýyllygyň ikinji ýarymyndan b.e. öňki V müňýyllygyň birinji ýarymyna çenli dowam edýär.

**Eneolit.** Iki sany sözden ybarat bolup, latynça *“eneus”*-mis, grekçe *litos”*-daş sözlerinde ybarat bolup, mis-daş asyrydyr. Bu döwürde daş asyry tamamlanyp, mis asyry başlanyp, bu döwürde adamlar misden zähmet gurallaryny ýasap başlapdyrlar. Ol b.e.öňki V müňýyllygyň ikinji ýarymyndan b.e.öňki IV müňýyllygyň ahyryna çenli dowam edipdir.

**Bürünç asyry.** B.e.öňki III müňýyllygyň başlaryndan II müňýyllygyň ahyrlaryna çenli bolan döwre bürünç asyry diýilýär. Adamlar galaýy bilen misi garyp bürünç almagy başarypdyrlar. Bürünçden ýasalan zähmet gurallary has berk bolupdyr.

**Demir asyry.** B.e.öňki II müňýyllygyň ahyrlarynda demiriň tapylmagy we önümçilige ornaşdyrylyp başlanmagy bilen, alymlar bu döwre demir asyry diýip at beripdirler. Demiriň ýüze çykmagy bilen

önümçilik has-da giňäpdir, şonuň bilen birlikde hem täze durmuş-ykdysady gatnaşyklar ýüze çykyp, jemgyýetiň ösüşine has-da badalga beripdir

## 3.Türkmenistanyň taryhynyň çeşmeşynaslygy we esasy çeşmeler

Geçmiş mirasymyzy, şöhratly taryhymyzy we milli medeniýetimizi çuňňur öwrenmeklik taryh ylmynyň häzirki zaman gazananlaryndan doly baş çykarmaklygy talap edýär. Bu ugurda esasy ygtybarly çeşmeleriň biri-de ýazuw ýadygärlikleridir. Olardan taryhy işler, çeper edebiýatlar, ylmy we dini beýanlar, resmi hatlar we beýleki ýazgylar esasy gollanma bolup hyzmat edýär. Şol çeşmeleriň üsti bilen hem geçmiş taryhymyz ýazylýar we çuňňur öwrenilýär.

Taryhy çeşmeler:

**Arheologiýa** -gadymyýet hakyndaky ylym bolup, adamzat geçmişini gazuw-agtaryş işleri wagtynda tapylan arheologiki tapyndylaryň esasynda öwrenýär. Arheologiýa taryh ylmynyň iň bir möhüm pudagy bolup, adamzat taryhynyň dowamlylygyny öwrenmegiň 99 %-i onuň paýyna düşýär.

Arheologiýa barlag işleri iki görnüşde amala aşyrylyp, olar meýdan işleri we ylmy-barlag tejribehanalary. Meýdan işleri - arheologiki gözlegler, gazuw-agtaryş işleri bolup, ylmy-barlag tejribehanalary örän köp taraply bolup ýörite niýetlenilen otaglarda geçirilýär.

**Etnografiýa** -halklary, olaryň durmuşyny we medeniýetini öwrenýär. Etnografiýa sözüniň halky ýazmak, halky öwrenmek diýen manylary bolup, munuň özi dünýewi ylymlaryň ähli görnüşlerini-de öz içine alyp, şular bilen birlikde-de arheologiýa, antropologiýa, geografiýa, folklor, dil bilimi bilen hem üznüksiz arabaglanyşyk saklaýar. Etnografiýa taryh ylmynyň beýleki pudaklaryndan tapawutlylykda, adamzadyň fiziki we akyl zähmeti bilen döreden maddy we ruhy baýlyklarynyň ähli görnüşlerini öwrenýär.

**Paleografiýa** *(hat-ýazuw)*-taryh ylmynyň kömekçi pudagy bolup, ol dürli ýurtlarda, dürli wagtlarda ýüze çykypdyr. Merkezi Aziýada, şol sanda Türkmenistanda hat-ýazuwyň başlangyjy bürünç asyry zamanasynda b.e.öňki III müňýyllykda peýda bolupdyr diýlip çaklanylýar. Ýazuw çeşmeleriniň zat çeşmelerinden artykmaçlygy-da, olar mazmun taýdan baý bolýarlar. Çünki, kähalatlarda ýazuw çeşmeleriniň, ýekeje sözi-de zat çeşmeleriniň müňlerçesine barabar

bolýar. Emma ýazuw çeşmeleriniň hem degişlilikde zat çeşmelerine eglişik edýän hem-de ondan kemter gaýdýan ýerleri-de bolýar.

**Antropologiýa** -adamy öwreniş diýmekligi aňladýar. Bu ylym adamynyň fiziki gurluşyny, geçmiş we häzirki zaman medeniýetini we durmuşyny öwrenýär.

**Paleoantropologiýa** -gadymy adamlaryň fiziki keşbi, dürli durmuş we tebigy şertler zerarly olaryň fiziki keşbiniň üýtgeýşi barada maglumat berýär. Antropologiýa adamzadyň ösüş taryhynyň uzak ýolunda onuň akylly-başly adam bolmagynda zähmetiň orny, adamyň tebigata eden täsiri, adamyny gurşap alan tebigatyň hut onuň özüne täsiri hakynda täsin maglumatlary berýär.

**Resmi ýazgylar**. Geçmişin maddy we ruhy medeniýetini öwrenmekde resmi ýazgylaryň hem ähmiýeti diýseň uludyr. Döwlet arhiwlerinde we ýerli, etrap hem-de welaýat arhiwlerinde edaralaryň, kärhanalaryň, guramalaryň resminamalary saklanylýar. Taryh ylmynyň bu pudagyna ýazuw ýa-da ses ýazgylary-da girýär.

## 4.Garaşsyzlyk ýyllarynda Türkmenistanyň taryhynyň düýpli we dogruçyl öwrenilmegi babatdaky tagallalar. Türkmen taryhynyň şöhratly ýoly we baý medeni mirasy

Hormatly Prezidentimiziň parasatly baştutanlygynda Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwrüniň röwşen ýoly bilen belent sepgitleri nazarlaýan türkmen jemgyýetiniň her bir güni şanly üstünliklere beslenýär. Bu hem ähli watandaşlarymyzyň göwün ganatlaryny goşalandyryp, olarda ýaşaýşa höwes we geljege uly ynam döredýär. Hormatly Prezidentimiziň öňdengörüjilikli, düýpli hem-de oýlanyşykly düzülen aýdyň maksatnamalary bolsa biziň ruhumyzy al-asmana göterip, ajaýyp geljegimize ak ýollary arçaýar. Munuň özi hormatly Prezidentimiziň alyp barýan içeri we daşary syýasatynyň düýp özeniniň, ýurdumyzda durmuşa geçirilýän tutumly işleriň umumy bir maksada-halkymyzyň bagtyýar we abadan durmuşyny üpjün etmeklige gönükdirilendiginiň aýdyň görkezijisidir. Şeýle-de hormatly Prezidentimiziň egsilmez yhlasy, asylly ýörelgeleridir ýadawsyz zähmeti bilen şöhratly ata-babalarymyzyň nusgalyk ýörelgeleri-de Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe millete bolan buýsanç duýgusynyň çeşmesiniň gözbaşyny täzeden arçaýar. Munuň özi müňýyllyklaryň jümmüşinden gözbaş alyp gaýdýan milli taryhymyzyň, medeni mirasymyzdyr köpasyrlyk sungatymyzyň, asylly däp-dessurlarymyzdyr milli ýörelgelerimiziň mundan beýläk-de

has-da şöhratlanyp, dowamat dowam bolmagyna amatly şertleri döredýär. Bu hem ýönelige däldir, çünki, diňe gadymyýetden gözbaş alyp gaýdýan milli we edebi miras ebedi galkynýandyr! Şu mynasybetli-de hormatly Prezidentimiziň ýurdumyzda medeniýeti, sungaty, taryh ylmyny ösdürmek hem-de ösen jemgyýetçilik ideologiýasyny kemala getirmek we ony halkyň arasynda wagyz etmek bilen dahylly meselelere aýratyn üns berilmelidigi baradaky taryhy çykyşlary-da aýratyn bellenilmäge mynasypdyr. Sebäbi türkmeniň gojaman topragynyň her bir daban ýeri ylmy barlaglar üçin diýseň ygtybarly we gymmatly çeşme bolup, ençeme täsinlikleri, taryhyň syrly sahypalaryny özünde jemleýär.

Şu mynasybetli-de Berkarar döwletimiziň bagt5yýarlyk döwründe hormatly Gurbanguly Berdimuhamedow türkmen halkynyň gadymyýetiň müňýyllyklaryndan gözbaş alyp gaýdýan milli gymmatlyklaryny, onuň milliligini, dilini, dinini we däp-dessurlaryny, taryhy ýadygärliklerini rejeläp, geljekki neslimiz üçin gorap saklamagy we mundan beýläk-de ösdürmegi wesýet edýär. Türkmen halkynyň şan bilen şöhrata beslenen milli taryhynyň çuňňur öwrenilmegine hem-de ösdürilmegine uly ähmiýet berilmegi, bu ugurda zähmet çekýän her bir ynsanyň guwanjyny, buýsanjyny goşalandyrýar we mugallymyň jogapkärçiligini artdyrýar. Hormatly Prezidentimiziň: ***“Binýat berk bolanda, bina baky bolýandyr.”*** diýen parasatly sözleri bolsa, ýaşlara berilýän bilimiň binýadynyň berkden tutulmalydygynyň görkezijisidir. Bu jogapkärli wezipäni ýerine ýetirmek bolsa biziň - her bir bilim işgäriniň gaýragoýulmasyz borjudyr. Muňa, has takygy türkmen taryhyny çuňňur öwrenmeklige, onuň henize çenli üsti açylmadyk syrly gatlaryny, ýazylmadyk sahypalaryny täze taryhy maglumatlar bilen doldurmaklyga bolsa giň mümkinçilikler bar. Munuň özi-de Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwrüniň bize beren ajaýyp miwleleriniň biridir.

***Soraglar:***

1. Türkmenistanyň taryhynyň döwürleşdirilişi we onuň ähmiýeti.
2. Türkmenistanyň taryhynyň çeşmeşynaslygy, esasy çeşmeler we aýratynlyklar .
3. Türkmenistanyý Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň türkmen taryhyny düýpli we dogruçyl öwrenmek babatdaky sargytlary

## 1-nji tema

## TÜRKMENISTANYŇ ÝERLERI IŇ GADYMY DÖWÜRDE

(2 sagat)

Umumy okuwyň meýilnamasy:

1. Türkmenistanyň ýerinde ýaşan iň gadymy adamlar. Paleolit, mezolit we neolit döwürleri.
2. Eneolit döwri, onuň ýadygärlikleri we esasy aýratynlyklary. Änew, Garadepe, Namazgadepe we Göksüýri ýadygärlikleri.
3. Bürünç asyry we onuň esasy ýadygärlikleri. Altyndepe medeniýeti we gadymy Marguş döwleti.

### 1.Türkmenistanyň ýerinde ýaşan iň gadymy adamlar. Paleolit, mezolit we neolit döwürleri. Eneolit we onuň esasy aýratynlyklary

*Paleolit.* Türkmenistanyň çäklerinde ýerleşýän gadymy daş asyrlary zamanasyna degişli ýadygärlikler sanlyja bolup, olara günorta-günbatar Türkmenistanyň ýerlerinde duş gelinýär. Olardan Ýaňgyja, Garateňňir, Gaýly, Kesgirbulak (Türkmenbaşy şäheriniň golaýynda), şonuň ýaly-da Uzboýuň (Amyderýanyň Hazara guýýan akabasy) demirgazyk-günbatar ugry, Jebel gowagy we Damdamçeşme (Balkanabadyň golaýynda), Pessejikdepedir Çopandepede (Gökdepe etrabynda), Jeýtun we Änew (Aşgabadyň golaýynda), Altyndepe (Altyn asyr etraby), Namazgadepe hem-de Garadepe (Kaka etrabynda), Yzzatguly, Madawdepe (Etrek etrabynda) we Göksüýri (Tejeniň golaýynda) ýadygärliklerini mysal getirmek bolar. Bulardan başga-da gadymy adamlaryň ýaşan mesgenlerine Ýanbaşgalada (Amyderýanyň aýaguçlarynda) hem duş gelinýär. Bu ýerlerde çakmak daşlary, çapgyçlar we beýleki daş gurallary, un edilýän ýasy daşlar, süňkden edilen peýkam uçlary, balykgulaklardan ýasalan bezeg esbaplary tapyldy we gadymy adamlaryň durmuşyndan habar berýän başga-da köpsanly tapyndylaryň üsti açyldy.

Geçirilen barlaglaryň habar bermegine görä, Türkmenistanyň ýerlerinde iň gadymy adamlar mundan 1,8 million ýyl ozal ýaşap başlapdyrlar. Ýüzlerçe müňyllygyň geçmegi we yzygiderli zähmetiň netijesi hazirkizaman adamlaryna meňzeş akylly-paýhasly adamlaryň peýda bolmagyna getirýär. Adamlaryň ýaşaýyş we durmuş tejribesi kem-kemden artyp, olar uly haýwanlary-da köpçülik bolup

awlamagyň hötdesinden gelipdirler. Munuň şeýledigine, geçirilen arheologikigazuw-barlag işleriniň netijesinde Hudaýdag çöketliginiň demirgazyk tarapyndan gadymy pil süňkleriniň we onuň azy dişiniň döwükleriniň tapylmagy-da aýdyň şaýatlyk edýär. Şeýle-de paleolit döwrüniň ýadygärlikleri öwrenilende täze bir jemgyýetçilik gurluşynyň, ýagny enelik urugynyň ýüze çykandygyna-da güwä geçýärler. Bu hadysa b.e.öňki 35-40 müň ýyllar aralygynda bolup geçipdir. Alymlaryň çaklamalryna görä, häzirki zaman keşpli adamlar hem hut şol döwürlerde kemala gelip başlapdyrlar.

Iň gadymy döwürlerde häzirki Hazar deňziniň tutýan meýdany has uly bolup, wagtyň geçmegi bilen onuň suwy çekilipdir hem-de Garagum çölüniň emele gelmegine getiripdir. Deňziň suwunyň häli-şindi gury ýerleri basyp, ýene-de çekilmegi gadymy adamlaryň ýaşan medeni ojaklarydyr gatlaklarynyň ýok bolup gitmegine getiripdir. Yzygiderli geçirilen ylmy barlaglaryň netijesinde, has irki döwürlere degişli, daşdan ýasalan dürli zähmet gurallarynyň birnäçesiniň üsti açylýar. Alymlaryň çaklamalaryna görä, Ýangyja we Garateňňir duralgalarynyň aralygyndan tapylan, ýukajyk edilip ýonulan gyýçak daş böleklerinden ýasalan iki sany el kerçewajy mundan 300 müň ýyl öň ýasalypdyr. Şeýle-de Türkmenbaşy şaherinden 39 kilometr gündogarda tapylan uly gural çapgyç görnüşli bolup, onuň küti ujy tutalga, beýleki ýiti ujy bolsa aw etmek üçin ulanylypdyr.

*Mezolit*. Edil şonuň ýaly-da mezolit döwrüniň ýadygärliklerinde, has takygy Damdamçeşme, Jebel, Gaýly gowaklarynda hem yzygiderli gazuw-agtaryş işleri geçirilip, uly Balkan dagyndaky Damdamçeşme gowagyndan gyralary örän oňat ýonulan ýasy çakmak daşlary, Gaýly gaýasyndan bolsa çakmak daşyndan ýasalan gazawaçlar we ýasy daşlaryň birnäçesiniň üsti açylýar. Şonuň ýaly-da Jebel gowagynda ýaşan adamlar üçburçluk görnüşindäki kiçijik gurallary, daşdan ýasalan iri tyglary we iki tüýsli peýkam uçly gurallary hem-de ýasy daş owguçlary ýasapdyrlar we olary özleriniň gündelik durmuşynda giňden ulanypdyrlar. Gadymy jebelliler balykgulaklardan monjuk ýasap olary dakynypdyrlar we haýwanlaryň guradylan damarlaryndan ýasalan sapaklar bilen mallaryň derilerinden tikilen geýimleri geýipdirler.

Bulardan başga-da bu döwürde sungatyň hem ilkinji alamatlaryna duş gelmek bolýar. Muňa Gubaseňňir burnunyň gaýaly belentliginden “zergärçilik” ussahanasy tapylmagy-da aýdyň şaýatlyk edýär. Ýeri gelende aýtsak, Türkmenistanyň ýerlerinde mezolit

döwründe ýaşan adamlar awçylyk, balyk tutmak, ir-iýmiş çöplemekden haýwanlary eldekileşdirmeklige geçip başlapdyrlar. Ilkidurmuş adamlarynyň maldarçylyga geçmegi oturymly ýaşaýşyň alamatlarynyň ýüze çykmagyna-çatmalaryň gurulmagyna özüniň oňyn täsirini ýetiripdir.

Bu döwrüň ýene bir häsiýetli aýratynlygy-da oduň ýüze çykmagydyr. Oduň ýüze çykmagy bilen adamlar awlan haýwanlaryny bişirip iýip başlaýarlar. Şeýle-de adamlar ody sowukdan goranmak üçin hem-de ýyrtyjy haýwanlardan goranmakda giňden ulanypdyrlar. Dürli tebigy we ýerli ýagdaýlara görä, başga bir sebitlere göçenlerinde-de oduň közüni öçürmän saklapdyrlar. Wagtyň geçmegi bilen bolsa adamlaryň özleri emeli ýol bilen hem ot almagy başarypdyrlar. Mezolit döwründe öndüriji güýçleriň ösüşiniň taryhynda okdur ýaýyň oýlanyp tapylmagy aýratyn ähmiýete eýedir. onuň ýüze çykmagy bilen adamlar öz urugyny et, ýüň, deri bilen doly üpjün edipdirler. Mezolidiň ahyrlarynda aýallar bilen erkekleriň arasynda hem zähmet bölünişigi bolup geçipdir. Erkek adamlar awçylyk, balyk tutmak, zähmet gurallaryny ýasamak bilen meşgul bolupdyrlar. Aýallar bolsa ir-iýmiş çöplemek, çagalara seretmek, ody öçürmän saklamak, nahar taýýarlamak, geýim-gejim tikmek, köpçülik üçin ätiýaçlyk iýmit toplamak bilen meşgullanypdyrlar. Emma önümçiligiň çylşyrymlaşmagy, emeli suwaryşyň has giňemegi, urugda erkek adamlaryň tutýan ornuny barha ýokarlandyrypdyr, şeýlelikde enelik urugy atalyk urugy bilen çalyşýar.

*Neolit.* Gadymy daş ayrynyň täze daş asyrlary döwri *neolit* diýip atlandyrylyp, bu döwürde daş gurallary ýasamagyň usullary has kämilleşipdir. Ýylmanan paltalar, isgeneler, teşeler, pyçaklar giňden peýdalanylyp başlanylýar. Deri eýlemek hem-de agaç işläp bejermek üçin niýetlenen gurnama ýonguçlar (rendeler), ýabany ösen we hojalykda ýetişdirilen däneli ösümlikleri orar ýaly pyçaklar, dokma gurnamasy üçin gerekli enjamlar ýüze çykýar. Gadymy hem-de orta daş asyrlary döwürlerinde ulanylan agaçdyr deriden edilen gap-gaçlaryň ýerine toýundan ýasalan küýze önümleriniň durmuşa giňden ornaşmagy döwrüň esasy üstünligidir. Şeýle-de ekerançylyk we maldarçylyk ykdysadyýetine geçilmegi we hojalygyň bu pudaklaryna aýratyn üns berilmegi-de ilatyň oturymlylyga geçmegine hem-de agaçdan, palçykdan berk ýaşaýyş jaýlaryň salynmagyna şert döredipdir. Şeýlelikde, b.e.öňki VI müňýyllygyň sepgitlerinde Köpetdagyň eteklerinde ýaşaýan adamlar ýuwaş-ýuwaşdan oturymly

ýaşaýşa geçip, arpa, bugdaý ekip, ownuk şahly mallary köpeldip başlaýarlar. Türkmneistanyň günorta etraplarynda neolit zamanyny medeniýeti “Jeýtun” medeniýeti ady bilen taryha girýär. Onuň “Jeýtun” medeniýeti diýip, atlandyrylmagy gadymy Jeýtun obasynyň ady bilen baglanyşdyrylyp, ol Aşgabat şäherinden 30 km. Demirgazyk-günbatarda ýerleşýär. Bu ýadygärlik arheolog W.M.Masson tarapyndan uzak ýyllaryň dowamynda öwrenilýär. Jeýtun medeniýetiniň obalarynda ortaça, takmynan 5-6 adamdan ybarat, 35-40 maşgala ýaşap, olarda jemi ilat 200-240 töweregi adam bolupdyr.

Jeýtun medeniýetiniň ýadygärlikleri esasy üç topara bölünip, olardan Günbatar topar ýadygärlikleri Bamy, Giýewjik, Kelete bolup, Serdar etraby bilen Gökdepe etrabynyň aralygyny ýerleşýär. Ýadygärlikleriň merkezi toparyna Jeýtun, täze Nusaý, Çopandepe, Togalakdepe, Pessejikdepe degişli bolup, bular Gökdepe etrabyndan Altyn asyr etrabynyň çäklerinde ýerleşýän Uludepä, ýa-da Mälik baba ýadygärligine çenli aralygy öz içine alýar. Ýadygärlikleriň gündogar toparyna Monjuklydepe, Çagyllydepe we Gadymydepe degişli bolup, olar mäne-Çäçe ýaýlarynda ýerleşýär. Olar berk pagsadan salnan öýler bolup, düşekleri hekli palçyk bilen suwalyp, diwarlary gyzyl ýa-da gara reňk bilen reňklenipdir. Jeýtunlylar ekerançylygyň düme we suwarymly ekerançylyk tilsimlerini-de giňden ulanypdyrlar we bol hasyl ýygnapdyrlar.

Bu döwürde, has takygy neolit zamansynda demirgazyk-günbatar Türkmenistanda Amyderýanyň bol suwly gollarynyň biri bolan Uzboýyň boýunda we Sarygamyş çöketliginiň kenarynda hem awçylardyr balykçylaryň uly toparlary ýaşapdyr. Arheologiýa barlaglary wagtynda üsti açylan gadymy ekerançyly, awçylyk we balykçylyk bilen meşgullanýan bu obalar Kelteminar medeniýeti ady bilen bellidir. Kelteminar medeniýetiniň adynyň gelip çykyşy bu medeniýete degişli tapyndylaryň ilkinji gezek Kelteminar kanalynyň boýunda tapylmagy bilen baglanyşyklydyr. Bu medeniýetde ilkinji barlaglar 1939-njy ýylda S.P.Tolstowyň ýolbaşçylygynda geçirilýär. Medeniýetiň ýaşaýjylary ullakan, gyralary dik, düýbi tegelek gaplary, ýarym şar, tutuş şar şekilli jamlardyr käseleri ýasapdyrlar. Gaplar adatça, tolkun şekilli dik hem kese çyzykly nagyşlar bilen bezelipdir. Kelteminar medeniýetiniň başlanan wagty b.e.öňki IV müňýyllygyň ahyrlaryna degişli bolup, b.e.öňki III müňýyllygyň başlaryna çenli

dowam edipdir. Türkmenistanda Kelteminar medeniýetine degişli ilat köplenç halatlarda suwa golaý ýerlerde ýaşapdyrlar.

Kelteminarlylaryň jaýlarynyň ýokarsy gümmez görnüşinde bolup, sütünler bilen berkidilipdir. Olaryň uzynlygy 25 metrden gowrak, beýikligi 4 metre barabar hatara gurlan ymaratlardan ybarat bolupdyr. Ýaşaýyş jaýlarynyň diwarlarynyň daş tarapy gamyşdyr çybyklar bilen örtülip, ýokarsynda tüsse çykar ýaly deşik goýlupdyr. Bu uly jaýlaryň içinde birnäçe ojak ýerleşipdir. Kelteminar medeniýetiniň düşelgeleriniň käbiri biri-birinden 300-400 metr uzaklykda ýerleşipdir. Şeýle düşelgeleriň adamlary köp gektar ýerleri eýeläp bir urugy döredipdirler.

Gadymy Horezmiň çäklerinde täze daş asyryna degişli oturymly ýerleriniň biri-de 4-nji Ýanbaşgala mekany bolup, ondan tapylan tapyndylar hem Kelteminar medeniýetiniň ýadygärlikleri barada maglumat berýär.Kelteminarlylaryň esasy gurallary çakmak daşyň uzynyrak ýasy böleginden we olaryň has ýuka bölekleriinden ýasalypdyr. Olardan ululy-kiçili pyçaklar, naýza, peýkam uçlary, balyk tutulýan enjamlar ýasalypdyr. Ujy çiş ýuka ýasy ownuk daşlar derilerdir gaýyşlary tikmek, bezeg üçin ulanylýan süňkleri, balykgulaklary deşmek süňkdir agaçdan sap ýasamak, nagyşlamak hem başga zatlar üçin ulanylypdyr.

Şonuň ýaly-da gadymy adamlaryň ýaşan mekanlarynyň biri-de Uzboýdyr. Uzboý jülgesinde mekan tutan gadymy adamlaryň ýaşaýyş-durmuşy öwrenilende daşdan ýasalan, gowy ýylmanan paltajyklara duş gelindi. Uzboýda ýaşaýyş üçin has amatly şertler bolupdyr. Amyderýanyň Sarygamyşa guýýan ýerinde kelteminarlylaryň gonalgalary ýerleşipdir. Uzboýda adamlar b.e.öňki IV müňýyllygyň içinde köpçülikleýin ornaşypdyrlar. Olar Uzboýyň aşak akymynda we ondan demirgazykda, Amyderýanyň aşak akymlarynda yzy üzülmeýän hatar-hatar bolup ýerleşipdirler. Howanyň çyglylygynyň artmagy bilen b.e.öňki IV müňýyllygyň I ýarymynda Uzboýda ýaşaýyş gülläp ösüpdir. B.e.öňki IV müňýyllygyň ahyrlarynda Amyderýanyň şahalarynyň akym ugrunyň üýtgemegi bilen Uzboýa suw akmasy kesilýär. Şeýlelik bilen, gurak howa şertinde bu ýerleriň ilatynyň esasy köpçüligi göçüp gidipdirler we ol ýerleriň ýaşaýjylary bolsa azalypdyr.

## 2.Eneolit döwri, onuň ýadygärlikleri we esasy aýratynlyklary. Änew, Garadepe, Namazgadepe we Göksüýri ýadygärlikleri

*Enolit* döwrüniň oturymly ýerleri Türkmenistanyň ýerlerinde örän köpdür. Şol oturymly ýerler günbatarda Serdar şäherinden, gündogarda Tejen derýasynyň orta akymlaryna çenli bolan bütin dag etek zolagyny tutýar. Kaka etrabyndaky Namazgadepe, Garadepe, Tejen şäherinden 20 kilometrlik gündogar tarapdaky Göksüýri we başga-da ençeme ýadygärlikler şol zamanyň otrumly ekerançylyk ýerleriniň galyndylarydyr.

B.e.öňki IV müň ýyllykda Günorta Türkmenistanyň eneolit döwrüniň ilaty, dag derýajyklarynyň joşýan wagty onuň öňüne böwet basyp, ekin meýdanlaryny çilläp suwarmak usulyny özleşdiripdirler. Eneolitiň orta döwründe Köpetdag eteginde derýalar bolmansoň ekerançylyk üçin uly suw desgalary gurmandyrlar. Emma, ilat dag çeşmelerini ekerançylyk üçin peýdalanypdyrlar. Gadymy ekerançylyk obalarynyň biri-de Tejen şäherinden gündogarda ýerleşýän Göksüýri oturymly obasydyr. Gazuw-barlag işleriniň netijesinde Göksüýride ekerançylyk bilen meşgullanýan 9 sany obanyň üsti açylýar. Şol gadymy ekerançylyk obalary eneolit zamanynyň daş-mis asyry (eneolit) döwrüne, ýagny b.e öňki IV müňýyllyga degişlidir.

*Änew medeniýeti.* Günorta Türkmenistanyň gadymy ekerançylyk taýpalarynyň taryhyny we medeniýeti öwrenmek üçin Änew obasynyň ýakynyndaky iki depäniň (demirgazyk we günorta tarapyndaky depeler) gazylyp agtarylmagy-da uly ähmiýete eýedir. Olaryň öwrenilmegi baryp 1904-nji ýylda amerikan alymy R.Pampelliniň ýolbaşçylygynda başlanýar.

Änew medeniýetine degişli ýadygärlikden arheologik gazuw-barlag işleri geçirilende çig kerpijiň galyndylarynda dänäniň gabyklary we gylçyklary tapylypdyr. Munuň özi gadymy ata-babalarymyzyň bu ýerde däne ekinlerini ösdürip ýetişdirendiklerine şaýatlyk edýär. Tapylan bugdaýyň bu görnüşi häzir Gadymy Änew tapyndylary we bina ýadygärlikleri “ak bugdaý” ady bilen bellidir. Änew medeniýetine degişli obalaryň galyndylary häzirki Çäçe obasyndan başlap, Aşgabat-Baharly ýolunyň 73 km aralygynda duş gelýär.

Eneolit döwrüniň esasy ýadygärliklerinden Garadepäni, Namazgadepäni we Göksüýrini bellemek bolar.

*Garadepe.* Artyk obasynyň golaýynda ýerleşen Garadepäniň ýaşaýjylary hem ekerançylyk we maldarçylyk bilen meşgul bolupdyrlar. Garadepe b.e.öňki IV müňýyllygyň ortalaryna degişlidir. Garadepede ilat çig kerpiçden salnan köp otagly jaýlarda ýaşapdyr. Garadepeden palçykdan ýasalan köp sanly aýal heýkeljikleriniň tapylmagy, olaryň mukaddes enä sejde edendiklerini aňladýar.

*Namazgadepe.* Namazgadepe häzirki Kaka etrabynyň etrap merkezinden günbatar tarapda ýerleşýär. Onuň tutýan meýdany 50 gektar bolupdyr. Namazgadepe köp ilatly bolupdyr. Namazgadepäniň jaý gurluşygy, ol ýerden tapylan tapyndylar Altyndepäniňki bilen meňzeşdir. Eneolit zamanynyň ýadygälikleriniň oňat öwrenilen ýerleriniň biri hem Göksüýri oazisidir.

*Göksüýri.* Ol häzirki Tejen şäherinden demirgazyk-gündogarda, Göksüýri demir ýol duralgasynyň töwereklerinde ýerleşýär. Bu ýerler Tejen derýasynyň aşak akymlarydyr. Göksüýri I diýlip atlandyrylan obada, b.e.öňki IV we III müňýyllygyň sepgidinde orta hasapdan 2 müňe çenli adam ýaşapdyr. Obanyň jaýlarynyň arasy darajyk köçejikler bilen bölünipdir. Alymlaryň hasaplamalaryna görä göksüýrililer ekin meýdanlaryndan 100 tonna barabar däne ýygnap, öz ilatyny çörek bilen üpjün edipdirler.

### 3.Bürünç asyry we onuň esasy ýadygärlikleri. Altyndepe medeniýeti we gadymy Marguş döwleti

Biziň eýýamymyzdan öňki III müňýyllykda bürünjiň ýüze çykmagy bilen Türkmenistanyň ýerlerinde uly durmuş-ykdysady we medeni özgerişler bolup geçýär. Has takygy adamlar mis bilen galaýyny goşup bürünç almagyň hötdesinden gelipdirler. Bürünç asyry b.e.öňki II müňýyllygyň ahyrlaryna çenli, demiriň alnyp başlan döwrüne çenli dowam edýär. Alymlaryň bellemegine görä, Günorta Türkmenistanda bürünçden ýasalýan gurallar guýma usulda taýýarlanypdyr. Bürünç misden ýasalan gurallardan has berk bolupdyr. Şonuň üçin zähmet gurallary bürünçden ýasalyp önümçilige ornaşdyrylyp başlanypdyr.

Şol döwürde adamlaryň jemgyýetçilik durmuşynda hem uly özgerişlikler bolup geçýär. Has takygy enelik urugy atalyk urugy bilen çalşyrylypdyr. Bürünç döwrüniň häsiýetli aýratynlygy, has uly taýpa birleşikleriniň döremegidir. Oturymly obalar, şäherçeler, şäherler goranyş berkitmeleri bilen berkidilip, dolandyryş merkezleri ýüze çykypdyr.

*Altyndepoe medeniýeti.* Altyn Asyr etrabynyň Mäne obasynyň 3 km. gündogarynda ýerleşýän, b.e.öňki III müňýyllykda dörän Altyndepe medeniýeti ilkinji şäher-döwletidir. Altyndepede goranyş berkitmesi, ybadathana, ýaşaýyş jaýlary, hünärmentçilik syrgynlary we beýleki desgalar bolupdyr.

Altyndepede geçirilen gazuw-agtaryş işleriniň netijesinde gadymy adamlaryň fiziki keşbi we olaryň ömri barada ençeme maglumatlar tomeýilnamady. Tapylan adam süňkleriniň galyndylaryna görä, 4-5 müň ýyl mundan ozal Altyndepede ýaşan ilatyň 2/3 bölegi 35 ýaşa çenli ýaşapdyrlar. 60-70 ýaşyna ýeten adamlar gaty seýrek eken. Ilatyň aglaba köpüsi uzyn boýly, syratly adamlar eken. Erkek adamlaryň boýunyň uzynlygy ortaça 180-185 sm., aýallaryň boýy 170 sm. töweregi bolupdyr. Çaga ölümi juda köp bolupdyr. Altyndepäniň iň gülläp ösen döwründe onuň ilatynyň ortaça ýaşy 22,6 ýaşdan geçmändir.

Şonuň ýaly-da ilat ýaşaýyş-durmuş derejesi boýunça toparlara bölnüpdir. Ilatyň *birinji toparyna* şäheriň ýolbaşçylary-hökümdarlary we ruhanylary degişli bolupdyr. Bu topara degişli adamlaryň ýaşaýýş jaýlary şäheriň merkezinde ýerleşip, 6-9 otagdan ybarat bolupdyr. Jaýlaryň umumy meýdany 80-100 inedördül metre barabar eken. Olaryň däne saklaýan uly ambarlary bolupdyr. Bu baý toparyň mazarlarynda toýun gap-gaçlardan başga-da mermerden ýonulyp ýasalan gaplar-da goýlupdyr. Guburlarda gyzyldan, kümüşden, bürünçden, pöwrize daşyndan, lazuritden ýasalan zenan şaý-sepleriniň bezegleri ýeterlik derejede tapylypdyr. Altyndepäniň ruhanylarynyň mazarlarynda altyndan ýasalan çeper önümler hem bolup, olaryň içinde möjegiň we öküziň altyndan ýasalan kellesi bar. Şäheriň ilaty kärleri boýunça -demirçi ussalara, küýzegärlere bölünipdir.

Ilatyň *ikinji topary* şäher jemagatynyň gurply adamlary bolupdyr. Olaryň ýaşaýyş jaýlary 27 inedördül metre barabar bolupdyr. Olar esasan-da senetçilik bilen meşgul bolupdyrlar. Bu gatlaga degişli hojalyklaryň iki-üç otagy bolup aýratyn jaýlarda ýaşapdyrlar. Olar gurply merhum adamlaryň mazarlarynda gap-gaçlary, hakyk we pöwrize daşlaryndan ýasalan köp sanly monjuklary, bürünçden möhürleri goýupdyrlar.

*Üçünji topara* girýän garamaýak hünärmenler we ekerançylar şäheriň çetinde ýaşapdyrlar. Olar köp otagly uly jaýlarda 4-6 hojalyk bolup ýaşap, umumy hojalygy ýöredipdirler. Otaglar 6-10 inedördül metre barabar bolupdyr. Bu gatlaga degişli ilatyň naharhanalary,

kömekçi hojalyklary umumy bolupdyr. Olaryň guburlarynda palçykdan edilen gaplar goýlupdyr.

Arheologiýa barlaglary Altyndepäniň gala diwarlarynyň üstüni açyp, onuň medeni gatlagynyň 20 metrlik galyňlygynyň bardygyny ýüze çykardy. Netijede Kiçi Aziýadan Hindistana çenli uzalyp gidýän şäher medeniýetiniň zolagyndan daşarda, bu ýerde täze uly medeni merkeziň, şäher döwletiniň üsti açylýar. Bu bolsa taryh ylmynda uly açyşdyr. Irki şäher döwletiniň döremegi, onda ilatyň gatlaklara bölünmegi, hünärmentçiligiň we özboluşly sungatyň bolmagy Türkmenistanyň gadymy ilatynyň medeniýetiň gülläp ösendiginden habar berýär. Aýratyn hem uly özgerişler binagärçilikde ýüze çykýar. Altyndepede gurluşyk binalarynyň ählisi gönüburçly birmeňzeş çig kerpiçden salnypdyr. Kerpiçlerde ony taýýarlan adam bellik edipdir. Bellikler hasabyň berk ýöredilmegi we her bir gurluşyk desgasyna näçeräk kerpijiň gerekdigini bilmek üçin goýulypdyr. Adamlar jaýlaryň diwaryny we düşegini suwapdyrlar.

Altyndepäniň düýpli binagärçilik sungaty uly ybadathana toplumy bilen bellidir. Bu ýerde beýikligi 12 metre ýeten dört basgançakly minara (zikkurat) bina edilipdir, onuň uzynlygy 28 metre barabar bolupdyr. Şäheriň binagärçilik gurluşygy bütin keşbi bilen Derýaaralygynyň gurluşyklaryna meňzeş bolupdyr. Onuň gapdalynda köp möçberde ammarlar, baş ruhanynyň öýi ýerleşdirilipdir. Bu ybadathana toplumy durşuna Aý hudaýyna bagyşlanypdyr we şäheriň möhüm düzüm böleginiň biri bolupdyr.

Altyndepäniň jemgyýetçilik we ýaşaýyş jaýlary azda-kände belli bir tertipde, gönüburçly çig kerpiçden salnypdyr. Şäherde pyýada ýörär ýaly darajyk köçejikler, şeýle-de araba ýörär ýaly köçeler bolupdyr. Şäheriň baý adamlarynyň ýaşaýan bölegindäki köçeler olara görä giňiräk we göni bolupdyr. Şäheriň goranyş diwary, derwezeleri bolupdyr. Derwezeleriň umumy giňligi 15 metre golaý bolupdyr.

Altyndepe şäherinden tapylan ýüzden gowrak heýkeljikleriň eginlerinde ýa-da göwsüniň gapdallarynda birnäçe bellikler ýazylypdyr. Tapyndylaryň arasynda altyndan ýasalan örän enaýyja öküziň maňlaýynda ýarymaý şekilli pöwrize daşy goýlupdyr. Ol Aý hudaýyny aňladypdyr. Bu bolsa Adamlaryň beýleki hudaýlaryň arasynda aýa has köp sežde edendiklerini subut edýär. Olardan täze gije-gündiziň başlanmagy säherden däl-de, asmanda, esasy hudaýyň peýda bolýan wagty agşamdan hasap edilipdir. Aý hudaýy köplenç asman öküzi görnüşinde şekillendirilip, onuň şahlary ýarymaýy

ýatladýar. Tapylan tapyndylaryň arasynda pil süňklerinden ýasalan üç sany taýajyk hem bar. Bu taýajyklar, ybadathana hyzmatçysynyň ulanan esbaby bolup, olar ýörite kertilip nagyşlanypdyr. Tapyndylaryň arasynda Derýaaralygynyň (Mesopotamiýa) ybadathanalaryna meňzeş düýpli desgalar, Hindistandan getirilen pil süňkleri, toýundan ýasalan elam hatyny ýada salýan belgili aýal heýkeljikleri bar. Alymlaryň çaklamaklaryna görä, şol bellikler iň gadymy elipbiý-haty bolmaly.

Altyndepeden Hindistandan getirilen iki belgiden ybarat möhür tapyldy, möhürdäki ýazgy "beýik hudaý" diýen manyny aňladýar. Bu ýazgylar hem Günorta Türkmenistanda siwilizasiýanyň ösmegine şaýatlyk edýär. Türkmenistanyň ýerinde b.e.öňki II müňýyllygyň ortalarynda ilatyň köpelmegi bilen, obalaryň we şäherleriň serhetleri giňäpdir. Emma Köpetdagdan çykýan çeşmeleriň tomus aýlarynda suwy azalyp, gurap başlapdyr. Şeýlelikde, Namazgadepe we Altyndepe ýaly iri ekerançylyk merkezleri suw ýetmezçiligi sebäpli taşlanypdyr. Bu ýerleriň ilaty kem-kemden Murgap derýasyna tarap süýşmäge mejbur bolupdyrlar

*Gadymy Marguş döwleti.*

Mary hem-de Baýramaly şäherleriniň demirgazygynda, günorta-gündogar Garagumuň ýarym çöllük zolagynda gadymy grek ýazarlarynyň aýtmagyna görä Margiana, gadymy pars ýazgylarynda Marguş diýlip atlandyrylýan gadymy ýurt ýerleşipdir. Otparazlaryň mukaddes kitaby bolan "Awestada" bu ýurt "Mouru" diýlip atlandyrylypdyr. Türkmen alymlary bu ýurdy gadymy Merw diýip atlandyrýarlar. Bu ýerde dünýä belli alymlaryň biri W.I.Sarianidi 1972-nji ýyldan başlap gazuw-agtaryş işlerini yzygiderli geçirýär. Geçirilen gazuw-agtaryş işleriniň netijesinde tapylan maddy ýadygärlikleriň taryhy ähmiýetini kesgitlemek üçin 2006-njy ýylda Aşgabatda we Maryda "Gadymy Margiana dünýä siwilizasiýasynyň täze merkezidir" atly Halkara ylmy maslahaty geçirildi. Bu maslahatda türkmen alymlary bilen birlikde dünýäniň köp ýurtalarynyň, şol sanda Günbatar ýurtlaryň alymlary çykyş edip, Gadymy Derýaaralygy, Müsür, Hindistan we Çyn-Maçyn bilen bir hatarda Marguş döwletini Gündogaryň gadymy medeniýetiniň bäşinji ojagy diýip ykrar etdiler.

Murgabyň mes toprakly ýerinde b.e.öňki III müňýyllygyň içinde ownuk oturymly obalar ýüze çykypdyr we tiz ilatlaşyp başlapdyr. Derýanyň demirgazyk çetinde, ýagny köp zähmeti talap etmeýän tarp ýerlerde ilat has hem artypdyr. Derýanyň joşan wagty bu meýdanlary

suw basypdyr. Bu bolsa ekin ekmegi has hem aňsatlaşdyrypdyr. Günorta Türkmenistanyň dag etek zolagyndan: Altyndepeden, Namazgadepeden suw ýetmezçiligi sebäpli göçüp giden ilat Murgabyň gadymy akymynyň ugrunda oturymly obalary esaslandyrypdyr. Olaryň bu ýerlere göçüp gelendiklerine bürünç asyry döwrüne degişli günorta Türkmenistandan tapylan tapyndylaryň meňzeşligi doly şaýatlyk edýär. Bu ýakynlyk diňe bir maddy, ruhy medeniýetde däl, eýsem olaryň dini garaýyşlarynda hem meňzeşlik bolupdyr. Köpetdagyň eteginden tapylan hasyl hudaýynyň bürünç asyryna degişli şekili bilen Gadymy Marguşdan tapylan toýundan ýasalan zenan hudaýynyň heýkeliniň meňzeş bolmagy, bularyň arasynda ýakyn aragatnaşyk bolandygyndan habar berýär.

Murgap derýasynyň suwunyň ýetmeýän aşaky akymlarynda ýaşan ekerançylar öňki ýerlerini taşlap, täze ýerleri açypdyrlar. Çünki Murgap derýasy wagtyň geçmegi bilen öňki akymyndan onlarça kilometr günbatara süýşüp, häzirki akabasyna gelipdir. Şol sebäpli, gadymy akabanyň ugrunda ýaşan ilat hem Murgabyň täze akabasynyň boýuna göçmeli bolupdyrlar. Marguş sebitinde Ýazdepe, Arawalydepe ýaly oazisleriň bolmagy bu ýerlerde Togalak, Ajyguýy, Tahyrbaý, Ýazdepe we beýleki ekerançylyk obalarynyň emele gelmegine getiripdir. Oazisleriň her birinde onlarça obalar bolup, olaryň käbirinde şäherçeler hem emele gelip başlapdyr.

***Soraglar:***

1. Türkmenistanyň ýerlerindäki iň gadymy gonalgalar. Iň gadymy döwürlerde ýerli ýaşaýjylaryý ulanan zähmet gurallary we meşgullanan kärleri.
2. Suwarymly ekerançylygyň ýüze çykmagy we onuň esasy ýadygärlikleri.
3. Altyndepe medeniýeti we gadymy Marguş döwleti hem-de olaryň özboluşly aýratynlyklary.

## 2-nji tema

## TÜRKMENISTAN b.e.ö. I MÜŇÝYLLYGYŇ II ÝARYMYNDA we b.e. I MÜŇÝYLLYGYNYŇ BAŞLARYNDA

(2 sagat)

Umumy okuwyň meýilnamasy:

1. Türkmenistan demir asyry döwründe.
2. Ahemeniler döwleti. Kir II häkimiýeti basyp almagy we onuň harby ýörişleri.
3. Aleksandr Makedonskiýniň Merkezi Aziýa ýörişi, onuň netijeleri we Sekwkiler döwleti.
4. Beýik Parfiýa döwleti.
5. Gadymy Horezm, Kangýuý we Kuşan döwletleri.

### 1.Türkmenistan demir asyry döwründe

Türkmenistanyň ýerlerinde takmynan biziň eýýamymyzdan öňki II-I müňýyllyklaryň sepgidinde irki demir eýýamy başlanýar. Eýýäm şol döwürlerden adamlar demirden ýasalan zähmet gurallaryny we ýaraglary peýdalanyp ugrapdyrlar. Merkezi Aziýada ýerlerinde demir eýýamy ir başlanan-da bolsa, onuň giňişleýin ýaýran döwri b.e.öňki X-IX asyrlara degişlidir.

*Günbatar Türkmenistanyň irki demir asyryna degişli arheologiki ýadygärlikleri.* Günorta-Günbatar Türkmenistanyň demir asyryna degişli ýerlerine Dehistan diýip at berilýär. Dehistan medeniýetine degişli ýadygärlikler Maşat-Misserian düzlügindäki Madawdepe, Yzzatguly depelerde jemlenendir. Şeýle-de Günbatar Köpetdagyň eteklerinde hem kiçiräk oturymly ýerler bolan Parawyň, Bamynyň, Börmäniň ýanyndaky depeler hem şol medeniýete degişlidir. Dehistan ýerleri gadymy alymlaryň işlerinde Girkaniýa diýlip atlandyrylypdyr. Girkaniýanyň düzümine häzirki Hazar denziniň tutuş günorta-gündogar boýlary girýär. Çünki, gadymyýetde Hazar deňzi Girkan deňzi diýip atlandyrypdyrlar.

Dehistanyň bu döwre degişli iň iri ýadygärligi Madawdepe bolup, ol asyrlaryň dowamynda kem-kemden giňelipdir. Alymlaryň hasaplamalaryna görä, Madawdepäniň umumy meýdanynyň 50 gektarynda ýaşaýyş bolupdyr. Galan meýdanyny hojalyk binalary, keramika we demir işlenilýän ussahanalar we ş. m. tutupdyr. Madawdepäniň medeniýeti b.e.öňki XIII asyrdan b.e.öňki VII-VI asyrlara çenli dowam edipdir. Arheologlar tarapyndan Dehistanyň

Misserian düzlüginden peýkamlaryň bürünç uçlarynyň, kiçiräk gylyç, aýal şaý-sepleri, küýze gap-gaçlary bişirmek üçin küreleriň üsti açylýar. Häzirki Magtymguly etrabynyň golaýynda ýerleşýän gonamçylykdan b.e.öňki XII-XI asyrlara degişli ikler, ikbaşlar, temenler, bürünçden ýasalan haly dokamak üçin keserler ýüze çykaryldy. Bu zähmet gurallary Dehistanda hünärmentçiligiň dokmaçylyk pudagynyň bolandygyna şaýatlyk edýär.

*Günorta-gündogar Türkmenistan irki demir asyry zamanasynda.* Irki demir asyr zamanasynda Köpetdagyň eteginde Ýelkendepe, Ýaşyldepe ýaly täze oturymly ýerler ýüze çykypdyr. Şu oturymly ýerleriň iň ulusy-da Gowşut demir ýol menziliniň günorta -gündogar tarapynda ýerleşýän Yelkendepedir. Onuň tutýan meýdany 14,5 gektara barabardyr. Ýelkendepe şäher görnüşli bolup, onuň iki gat halkalaýyn diwary bolupdyr. Şeýle obalaryň biri-de Ýaşyldepe bolup, ol häzirki Gäwers demirýol menziliniň 4 kilometr günortasynda ýerleşýär.

Şonuň ýaly-da Sarahs oazisi-de häzirki Tejen etrabyndan 70-80 km. günortada, Türkmenistanyň günorta serhedinde ýerleşip, onuň umumy tutýan ýeri demirgazykdan günorta 70 km, günbatardan gündogara bolsa 20-25 km ýetýär. Sarahs oazisiniň içinden geçýän ýeke-täk derýa Tejen derýasydyr. Ol bütin oazisiň otyrumly obalaryny suw bilen üpjün edipdir.
B.e.öňki I asyryň ortalarynda bu ýerde Köne Sarahs şäherçesi bilen birlikde Bäşdepe, Möwlekdepe, Akjadepe obalary bolupdyr.

*Murgap derýasynyň aşak akymlary demi asyrynda***.** Demir asyryna degişli ýadygärlikleriň bol ýerleriniň biri hem Merw oazisidir. Goňurdepe bilen birlikde, şol döwürde ikinji bir paýtagt Ýazdepe şäheri ösüpdir. Ýazdepäniň medeni ösüşi b.e.öňki 900-400 ýyllar aralygyny öz içine alýar. Ýazdepede geçirilen barlaglaryň netijesinde, ol ýerden daşy çig kerpiçden galdyrylyp berkidilen obanyň üsti açylyp, onuň tutýan meýdany 16 gektara golaý uly gala bolupdyr. Ýazdepe döwrüniň esasy wakalarynyň biri-de Murgap oazisiniň Ahemeni döwletiniň düzümine goşulmagydyr. Murgap derýasynyň aşak akymynda ýaşan ilat bolsa, ekerançylyk bilen bir hatarda hünärmentçilik bilen hem meşgul bolupdyr. Bu ýerde küýzegärçilik önümçiligi-de ösüpdir we kämilleşipdir.

*Amyderýanyň orta akymy, Demirgazyk Türkmenistan irki demir asyry döwründe.* B.e.öňki II müňýyllygyň ahyrynda-I müňýyllykda Amyderýanyň orta akymlarynda ilat hemişelik oturymlylyga geçip,

ekerançylyk bilen meşgullanyp başlapdyr. Esasy ýadygärlikleriň biri-de Mürzebekgaladyr. Amyderýanyň orta akymlaryna degişli ýadygärliklerden Garabekewil etrabyndaky Akgalany, Hojambazdaky Şordepe, Çopandepe ýaly oturumly ýerler degişlidir.

Geçirilen gözleg işleriniň netijesinde Atamyrat şäherindäki Beggalanyň (Bek gala) iň irki medeni gatlaga, ýagny b.e.öňki I müňýyllygyň ortalaryna degişlidigini alymlar tarapyndan anyklanyldy. Ol bolsa Murgap oazisindäki demir asyryna degişli bolan Ýazdepe oturumly obanyň medeni gatlaklarynyň ortaky we ahyrky döwürlerine gabat gelýär. Amyderýanyň orta akymlaryndaky Çöplidepeden, Odeýdepeden hem irki demir asyryna degişli küýze bölekleri tapyldy. Taryhy maglumatlar bu otrumly ýerleriň ekerançylarynyň Amyderýanyň kenarlaryny ekin ekip oňat özleşdirendikleri barada habar berýärler.

*Demirgazyk Türkmenistan***.** Türkmenistanyň demirgazyk ýerleri taryhy edebiýatda Horezm diýlip atlandyrylýar. Gadymy Oks (Amyderýa) derýasy Sarygamyş kölüne we Uzboýyň ugry bilen Hazar (Kaspi) deňzine tarap akypdyr. Bu derýanyň ugrunda bolsa b.e.öňki I müňýyllygyň başlarynda köp sanly ekerançylyk obalary we çarwaçylyk mekanlary ýerleşipdir. OlardanTäzebagýap hem-de Suwýargan otrum ýerlerinde ilat kätmenli ekerançylyk bilen birlikde awçylyk, balyk tutmak bilen hem meşgul bolupdyr. Täzebarýap medeniýetine degişli adamlar diňe bir Amyderýanyň aşak akymlarynda däl, eýsem gadymy Uzboýuň ugrunda-da mekan tutupdyrlar. B.e.öňki II müňýyllygyň ikinji ýarymynda, I müňýyllygyň basynda Horezmde suwarymly ekerançylygyň ýönekeý görnüşi ösüp başlaýar.

B.e.öňki VIII asyryň ahyrlarynda Horezmde Guýsaý medeniýeti ýüze çykýar. Ol medeniýetiň ýaýran ýerleri Amyderýanyň gollary, Daşoguz welaýatynyň çäkleri hasameýilnamaýar. Guýsaý medeniýetine degişli gadymy obalarda geçirilen gazuw-agtaryş wagtynda galla saklanýan humlar, uly küýzeler hem-de daş owguçlary tapylypdyr.

Horezmiň iň uly we irki şäheri Küýzeligyr ýadygärligi hasameýilnamaylýar, ol häzirki Daşoguz welaýatynyň Akdepe etrabynyn çäginde ýerleşýär. Küýzeligyryň ilaty suwarymly ekerançylyk bilen meşgul bolupdyr. Galanyň töwereginde demir asyry zamanynda suwaryş desgalary gurlupdyr. Demir oragyň, daşdan

edilen owguçlaryň tapylmagy Küýzeligyryň ilatynyň ekerançylyk bilen iş salyşandyklaryna güwä geçýär.

**2.Ahemeniler döwleti. Kir II häkimiýeti basyp almagy we onuň harby ýörişleri**

B.e.öňki VI asyryň ortalarynda Eýranyň ýerinde Ahemeniler döwleti döräpdir. Ony esaslandyran Ahemeni diýen adam bolup, döwletiň ady hem Ahemeniler döwleti adyny alýar. Bu döwlet 200 ýyldan gowrak wagt ýaşapdyr. Ahemeniler döwleti gadymy Gündogaryň güýçli döwletleriniň biri hasameýilnamaypdyr. Döwleti döwlet derejesine ýetiren Kir II (b.e.öňki 558-530 ý.ý.) bolupdyr. Kir II Gerodotyň aýtmagyna görä, Midiýa patyşasy Astiýagyň gyzyndan bolupdyr.

Kir ulanandan soň, b.e.öňki 558-nji ýylda çarwa pars taýpalarynyň patyşasy bolýar we babasynyň garşysyna urşa başlaýar hem-de ilkinji çaknyşyklarda ol Midiýa goşunlaryny derbi-dagyn edýär. Kir II b.e. öňki 550-nji ýylda Midiýanyň paýtagty Ekbatany eýeläp, patyşa Astiýagy-babasyny ýesir alýar. Midiýadan soň ol Wawilony, Derýaaralygyny we Alynky Aziýanyň ýerlerini özüne tabyn edýär. Şeýlelik bilen, Kir II döwletiniň çäkleri Müsür döwletiniň serhetlerine baryp ýetýär. Emma, Kir II Müsüre ýöriş etmezinden öň öz gündogar serhetlerini berkitmek maksady bilen Merkezi Aziýanyň halklarynyň garşysyna basybalyjylykly ýörişe başlaýar.

Ahemeni döwletiniň gündogar serhetlerini çarwa taýpalaryň çozuşlaryndan halas etmek üçin Kir II Amyderýa bilen Syrderýanyň aralygynda ýaşaýan massagetleri boýun egdirmegi maksat edinýär. Taryhçy Gerodotyň ýazmagyna görä, Kir II olara garşy ýöriş edipdir. Massagetleriň şol wagtky patyşasy ýogalyp, onuň ýerine dul galan aýaly Tumar patyşa bolýar. Kir II massagetleri aňsat boýun etmek üçin Tumar şa öýlenmegi ýüregine düwüp sawçy iberýär. Sawçylar Tumar şany razy bolsa, Kiriň ony özüne aýal edip aljakdygyny habar beripdirler. Tumar şa “Kire aýal däl-de, meniň ýurdum gerekdir” diýip, sawçylary kowupdyr. Pirimi başa barmadyk Kir urşa taýýarlyk görüp başlaýar. Kir II öz goşunyny derýadan geçirip, şol ýerde goş basypdyr. Söweşe ukypsyz birnäçe adamy goşda galdyryp, goşunlary bilen ýene-de derýa tarap dolanypdyr. Massaget goşunlary Kir II düşelgesine gelip, ol ýerdäki adamlary öldüripdirler. Özleri bolsa Kir II ýeňiş toýy üçin taýýarlap goýan çakyryny içip serhoş bolýarlar. Şondan soň Kir II bu ýerdäki massagetleriň uly bolmadyk goşunynyň

üstüni duýdansyz basyp, olaryň bir bölegini gyrgynçylyga berip, galanlaryny bolsa ýesir alýar. Ýesir düşenleriň arasynda Tumar şanyň oglu-da bolupdyr. Kir II töwella bilen Tumaryň ogluny ýesirlikden boşatmandyr. Şazada pursat tapyp hanjaryň üstüne oklap özüni öldüripdir. Bu ajy habary eşiden massagetler gahar-gazaba münüp, duşman goşuny bilen söweşe başlapdyrlar. Köp wagtlyk söweşden soňra massaget goşunlary üstün çykypdyr. Pars goşunlarynyň köpüsi, şol sanda patyşa Kiriň özi hem heläk bolupdyr. Grek taryhçylarynyň ýazmaklaryna görä, Kir II bu söweşde 200 müň adam ýitiripdir. Bu söweş b.e.öňki 530-njy ýylda bolup geçipdir.

Kir II ölenden soňra onuň ornuna ogly Kambis (b.e.öňki 530-522 ý.) geçipdir. Şol döwürde Kir II kiçi ogly Bardiýa Merkezi Aziýanyň hökümdary edilip bellenipdir. Emma Kambis bu habary eşidip öz dogany Bardiýany ýaşyryn öldürdipdir. Şoňra Patyşa Kambis Müsüriň üstüne ýörişe giden wagtynda Midiýanyň Gaumata atly ruhanysy özüni Kiriň II ogly Bardiýa diýip yglan edip, b.e.öňki 522-nji ýylda Eýranda häkimiýeti basyp alýar. Kambis Müsürden gyssagly yzyna gaýdýar. Emma ýolda näbelli ýagdaýda aradan çykýar. Gaumata öz häkimligini saklamak üçin, halka birnäçe egilşikleri edipdir. Emma onuň garşysyna parslaryň welaýat begleriniň dildüwşigi gurnalypdyr. Dildüwişijiler toparyna Ahemenileriň neslinden bolan Dariý baş bolupdyr. Netijede, b.e.öňki 522-nji ýylyň güýzünde Gaumata tagtdan agdarylyp, Ahemeniler döwletiniň başyna 28 ýaşly Dariý I (b.e. öňki 522-486-njy ýý.) geçipdir. Emma ýurduň ähli ýerinde halk gozgalaňlary başlanypdyr. Ahemenilere garşy gozgalaňlar Midiýada, Parfiýada, Girkaniýada turupdyr. Olaryň garşysyna iberilen goşuna Dariniň hut özi serkerdelik edipdir we söweşlerde üstün çykypdyr. Biziň eýýamymyzdan öňki 521-nji ýylyň tomsunda häzirki Kaka etrabynyň ýerindäki Gowşut demir ýol menziliniň golaýynda ýerleşen gadymy Patigrabana galasynyň ýanynda Dariý parfiýalylary hem agyr ýeňlişe sezewar edipdir, şondan soň Parfiýada Ahemenileriň häkimiýeti doly dikeldilipdir.

Ahemenilere garşy halk gozgalaňy ilki Margianada başlanyp, oňa Frada atly biri baştutanlyk edipdir. Gozgalaňçylary goňşy sak taýpalary hem goldapdyrlar. Gozgalaň turzanlaryň garşysyna Baktriýanyň satraby Dadarşiş ýöriş edipdir we olary b.e.öňki 522-nji ýylyň ahyrlarynda derbi-dagyn edipdir. Ahemenilere garşy çykyşlar Merkezi Aziýanyň çäginden çykyp, Parfiýada we saklaryň arasynda Girkaniýa we Ermenistana çenli baryp ýetipdir. Dariý I aýgytly

hereketleri netijesinde b.e.öňki 521-nji ýylyň ahyrlarynda tolgunyşyklar basylyp ýatyrylypdyr.

B.e.öňki 517-nji ýylda Dariý Amyderýadan geçip, saklary ýeňipdir. Şu ýörişde Dariniň goşunlaryny Syrak atly bir çopan uly kynçylyklara sezewar edipdir. Syrak ýüz-gözüni pers-ala edip, Dariniň ýanyna baryp dahlardan ejir çekendigini, eger gerek bolsa olaryň goşunlarynyň nirede gizlenýändiklerini görkezip biljekdigini aýdypdyr. Dariý Syraga ynanyp onuň yzyna düşüpdir. Syrak Pars goşunlaryny aldaw ýoly bilen çöl-beýewana alyp gidipdir. Olar ýedi gün ýol ýöränlerinden soňra uly goşun suwsuz gyrlyp başlapdyr. Syrak heläk bolupdyr. Dariý goşunlarynyň bir bölegi bilen zordan Baktriýa dolanyp barypdyr.

B.e.öňki IV asyryň başlarynda Ahemeniler döwleti gowşap ugraýar. Döwlet Günortada Müsürden başlap, Gündogarda Hindistana, demirgazykda bolsa Horezmden Pars aýlagyna çenli aralyklary öz içine alyp, köp sanly halklary özüne tabyn edipdir. Şol sebäpli bu döwlete goşulan halklar öz garaşsyzlygy ugrunda göreşip gelipdirler. Ahemeni patyşasy Artakserksiň ýurdy dolandyran ýyllarynda (b.e.öňki 404-359 ýý.) Horezm özbaşdak döwlete öwrülýär. B.e.öňki IV asyryň ortalaryndan başlap çarwa dah, sak we beýleki taýpalar hem ahemenileriň agalygyny ykrar etmän başlapdyrlar. Üstesine-de, Ahemeni döwletinde tagt ugrunda göreş başlanyp, ahemeniler döwletiniň merkezi häkimiýetini ymykly gowşadýar. Munuň özi satraplyklaryň dolandyryjy toparlarynyň içinde özbaşdaklyk meýilleriniň ýüze çykmagyna sebäp bolupdyr. B.e.öň 330-njy ýylyň aýagynda Ahemeni döwleti syýasy we ykdysady taýdan doly pese gaçýar we Isgender Zülkarneýiniň harby ýörişi netijesinde ýykylýar.

### 3.Aleksandr Makedonskiýniň Merkezi Aziýa ýörişi, onuň netijeleri we Sekwkiler döwleti

Aleksandr Makedonskiniň musulman ýurtlarynda ýörgünli ady Isgender Zülkarneýindir. Oňa bu ady araplar dakypdyrlar. Aleksandr Makedoniýa ýurdundan bolandygy üçin ony, Aleksandr Makedonskiý diýip atlandyrypdyrlar. Makedoniýanyň patyşasy Filipp II (b.e. öňki 359-336 ýý.) Gresiýanyň ýerlerini özüne birikdiripdir. Filipp patyşanyň oňat ýaraglandyrylan hem-de tälim berlen güýçli goşuny bolupdyr. Ol b.e. öňki 337-nji ýylda Gresiýadaky Korinf kongresinde Gresiýanyň üstünden Makedoniýanyň agalygyny hukuk taýdan

kanunlaşdyrypdyr. Şol wagtdan Filipp Parslara garşy urşa taýýarlanyp başlapdyr. Emma Filipp oz goragçylarynyň biri tarapyndan öldürilipdir. Emma goşun onuň 20 ýaşly ogly Aleksandry tagta geçiripdir. Aleksandr parslaryň Ahemeniler döwleti bilen urşa taýynlygyny dowam etdiripdir. Ol goşunyň kämilleşmegine, ylaýta-da atly goşuna uly üns beripdir.

Bu döwürde Ahemeni döwletinde tagt üstünde bolup geçýän agzalalyklar döwleti doly gowşadypdyr. Üstesine-de ahemenileriň ýowuz sütemine garşy gozgalaňlar ýüze çykyp başlapdyr. Netijede b.e. öňki 336-njy ýylda ahemenileriň iň soňky patyşasy Kodoman Dariý III ady bilen tagta (b.e. öňki 336-330 ýý.) çykýar.

Ahemenileriň şu ýagdaýynda hem grek-pars urşy başlapdyr. Granik derýasynyň kenarynda b.e.öňki 334-nji ýylyň ýazynda grek-makedon goşunlary ilkinji söweşde parslaryň goşuny derbi-dagyn edilýär. Soňra Isse diýen ýerde bolan ikinji söweşde Dariniň goşuny ýene-de derbi-dagyn edilýär. Bu söweşde Dariniň aýaly, 2 gyzy Aleksandra ýesir düşýär. Şondan soň Aleksandr Kiçi Aziýadan günorta tarap ugrapdyr. Siriýany, Palestinany basyp alýar. Tir şäherini basyp alyp, 30 müň adamy gul edip satmaga berýär. Ol söweşsiz Müsüri basyp alýar. Özüni Müsüriň faraony diýip yglan edýär.

Soňra biziň eýýamymyzdan öňki 331-nji ýylyň ýazynda Aleksandr Derýaaralygyna bakan ugrapdyr. Taraplaryň ikisiniň hem goşunlary b.e.öň 331-nji ýylyň oktýabr aýynda Gadymy Ninewiýa şäheriniň ýakynynda, Gawgamel diýen obanyň eteginde uly söweş başlanýar. Hüjüme geçen parslaryň atly goşunynyň köpüsi makedon atyjylary tarapyndan gyrylypdyr. Dariý III günäsi bilen pars goşunlary ýene-de ýeňlişe sezewar edilýär. Dariý III söweş meýdanyny taşlap gaçyp gidýär. Aleksandr Wawilon, Suzy, Persepol şäherlerini hem basyp alýar. Bu şäherler grek-makedon goşunlary tarapyndan 7 günläp talanypdyr. Ýeňijileriň paýyna ahemeni patyşalarynyň ähli baýlygy-gaznasy düşüpdir. Aleksandr *“Aziýanyň patyşasy”* diýilip yglan edilipdir.

Pars goşunlary howlukmaçlyk bilen demirgazyk-gündogara yza çekilipdir. Emma tiz wagtyň içinde Dariý III Baktriýanyň satraby Bess tarapyndan öldürilýär. Bess özüni patyşa diýip yglan edýar.

Aleksandr Merkezi Aziýa ýurtlaryny basyp almaga girişipdir. B.e.öňki 330-njy ýylyň ortalarynda Aleksandr Girkaniýany eýeleýär. Parfiýa tarap ýola düşüpdir. Parfiýa oňa hiç hili garşylyksyz boýun bolupdyr. B.e.öňki 330-329-njy ýylyň gyşyny Aleksandr Parfiýada-

Täze Nusaýda geçiripdir. Parfiýada bolan wagtynda Isgender ilkinji gezek başyna täç geýipdir we ýerli han-begleri öz tarapyna çekmek üçin grek lybasy bilen gatyşyk gündogar lybasyny geýipdir. B.e.öňki 329-njy ýylda Aleksandr Makedonskiý Parfiýadan çykyp Ariý satraplygyna ugrapdyr. Ariý satraby Satibarzan Aleksandra meýletin tabyn bolupdyr. Şonuň üçin Aleksandr Satibarzany Ariýanyň satraby wezipesinde galdyrypdyr. Aleksandr gidenden soň Satibarzan Aride gozgalaň turuzýar we bu ýerde galdyrylan grek goşunyny ýok edýär. Bu habary eşiden Aleksandr 6 müň adamdan ybarat pyýada we 600 adamdan ybarat atly goşuny Ariý satraplygyna iberýär. Söweşde Satibarzan ýaralanyp wepat bolýar. Grek goşuny Ariniň paýtagty Artokoany weýran edipdir, adamlaryny bolsa gyrgyna beripdir.

Aleksandryň goşuny b.e.öňki 328-nji ýylyň ýazynda Baktriýa aralaşypdyr. Muny eşiden Bess Amyderýadan geçip demirgazyga tarap çekilipdir. Aleksandr Dariý III aryny alýan adam hökmünde Baktriýa giripdir. Şol ýerde Bessiň öňki egindeşleri ony tussag edip, Aleksandra beripdirler, Bess Aleksandr tarapyndan jezalandyrylyp öldürilýär. Öz goşunlaryny Amyderýadan geçirip, Aleksandr Marakanda (Samarkant) şäherine tarap hereket edipdir we ony eýeläpdir. Emma bu harby ýörişiň netijesinde taraplaryň ikisi hem köp ýitgi çekipdir. Şol ýörişiň netijesinde Aleksandr Ýaksard (Syrderýa) derýasynyň kenaryna baryp ýetipdir.

Birnäçe wagt geçenden soň, grek-makedon agalygyna garşy Ýaksardyň çep tarapyndaky şäherlerde gozgalaň turup başlaýar. Şeýle gozgalaňlar Baktriýada, Sogdyň başga ýerlerinde hem turup, basybalyjylara uly howp salyp başlaýar. Şeýlelik bilen, Merkezi Aziýa halklarynyň grek-makedon basybalyjylaryna garşy ählumumy göreşi başlanýar. Başlanan halk gozgalanynyň nähili derejededigine öň göz ýetirmedik Aleksandr Marakanda-da gabalan garnizonyna kömek üçin uly bolmadyk goşun iberýär. Bu goşun Marakanda golaýlaberende Spitamen gabawy aýryp, goşunlaryny yza çekipdir, grek goşunlary yza çekilýänleri kowup başlapdyrlar. Amatly ýagdaý bolan badyna Spitamen garşylyklaýyn hüjüme geçip, grekleri çym-pytrak edipdir. Ýerli ilatdan goldaw tapan Spitamen ikinji gezek Marakandany gabapdyr. Aleksandr esasy güýçleri bilen bu ýere gelende, Spitamen ýene-de çöle tarap çekilipdir.

B.e. öňki 328-nji ýylyň güýzünde Spitamen 3 müň atlysy bilen ýene-de Sogdyň paýtagtyna tarap ugrapdyr. Söweşde iki tarap hem uly ýitgiler çekenden soň, ol çöle tarap yza çekilýär. Emma şol ýerde

göçüp-gonup ýören taýpalaryň serdarlary Spitameniň üstüne haýynlyk bilen çozup, onuň kellesini çapypdyrlar we ony Aleksandra iberipdirler.

Taryhçy Arrianyň ýazmagyna görä, b.e.öňki 328-327-nji ýyllarda Aleksandryň Baktriýada gyşlan döwründe Horezm şasy Farasman onuň ýanyna 1500 atlysy bilen gelip, eger Aleksandr Demirgazyk tarapa ýöriş etmekçi bolsa, horezmliler muňa azyk we ýola belet adamlary berip bilerler diýip aýdypdyr. Emma Aleksandr ýöriş etmekden ýüz dönderipdir we olar bilen şeýle-de sak taýpalary bilen dostluk ylalaşygyny baglaşypdyr.

Biziň eýýamymyzdan öňki 327-nji ýylyň tomsunda grek-makedon goşunlary Hindiguş daglaryndan geçip, Hindistanyň üstüne ýörişe ugrapdyrlar. Emma Hindistana ýöriş Aleksandra üstünlik getirmändir. Şondan soňra Aleksandr Hindistanyň jümmüşine gaty aralaşman Wawilona, öňki basyp alan ýerlerine tarap yzyna öwrülipdir.

Aleksandr Makedonskiniň Gündogara ýörişi 10 ýyl (b.e. öňki 334-324 ýý.) dowam edipdir.

B.e.öňki 324-nji ýylda Aleksandr Wawilon şäherini öz imperiýasynyň paýtagty edip alýar. Aleksandr täze basyp alan ýerlerinde öz häkimligini berkitmek üçin, ýerli han-begleri öz tarapyna çekmegiň zerurlygyna düşünipdir. Şol sebäpli ol öňki ýerli hökümdarlaryň, baýlaryň emläklerini we mülklerini öz ellerinde saklamaga rugsat berip, olary öz tarapyna çekipdir. Aleksandr boýun egdiren ýurtlarynda öz täsirini nika gatnaşyklary arkaly berkitmäge-de çalşypdyr. Gadymy grek-rim taryhçylarynyň işlerinde berilýän maglumatlara görä, Aleksandr Makedonskiý döwründe onuň ýokary mertebeli serkerdeleriniň 80-si ýerli begleriň gyzlaryna öýlenipdirler. Aleksandr Hindistandan ýörişden gaýdyp, Wawilona baranda onuň esgerleriniň 10 müňüsi hem ýerli gyzlar bilen patyşanyň hasabyna toý tutupdyrlar. Ýerli ilatdan müňlerçe ýaş ýigitler grek-makedon goşynynda gulluk edipdirler. Merkezi Aziýada Aleksandr ýerli baýyň gyzy Roksanany aýal edinip alýar, onuň serkerdesi Selewk bolsa Spitameniň Apama diýen gyzyna öýlenýär. Şeýle ýollar bilen Aleksandr ýerli han-begleri özüniň tarapyna çekip, Günorta Türkmenistanda öz agalygyny pugtalandyrypdyr.

Isgender Zülkarneýniň basybalyşlarynyň netijesinde, ahemenileriň agalygy grek-makedon agalygy bilen çalyşypdyr.

B.e.öňki 323-nji ýylda Aleksandr ýogalan badyna häkimiýet onuň mirasdüşerleriniň eline geçipdir.

*Selewkiler döwletiniň döremegi.* Aleksandr Makedonskiý aradan çykandan soň onuň imperiýasy dargaýar. Onuň serkerdeleriniň biri Selewk Wawilonda pugta ornaşypdyr. Soňra onuň ýerleri Bakriýany hem öz içine alyp, Hindistana çenli baryp ýetipdir. Özara göreşleriň netijesinde Selewkiler b.e.öňki 312-nji ýylda täze Selewkiler döwletiniň düýbüni tutýarlar. Selewk I (b.e.öňki 312-283 ýý.) häkimlik eden döwrüniň ilkinji on ýylynda öz häkimiýetini günbatara hem-de gündogara tarap giňeldýär. Emma Merkezi Aziýada aýgytly garşylyklara duçar bolýar. Oňa Baktriýany, Parfiýany we Sogdyny uly kynçylyklardan soň özüne tabyn etmek başardýar.

Selewk I Demirgazyk Hindistany basyp almak synanyşygy puja çykypdyr. Ýöne onuň döwleti ägirt uly giňişlikleri öz içine alypdyr. Emma döwletiň gündogar serhetleri üns berilmegi talap edensoň, ol b.e.öňki 292-nji ýylda öz ogly Antiohy Gündogarda häkim edip goýmaga mejbur bolýar. Antioh Selewk I Spitameniň Apama atly gyzyndan bolan ogludyr.

Antioh I ýurdy dolandyran ýyllarynda (b.e. öňki 281-261 ý.ý.) Margianada, Ariý welaýatynda gurluşyk işleri giňden ýaýbaňlandyrylypdyr. Antiohyň zamanynda dolandyryş özgertmeleri geçirilip, uly welaýatlaryň ýerine ownuk dolandyryş birlikleri döredilipdir. Mysal üçin, ozalky Parfiýa welaýatynyň ýerinde täze Astawen, Parfiýan we Apawarktiken welaýatlary döredilipdir.

Soňraky döwürlerde Parfiýanyň, Marginanyň we Baktriýanyň hojalygynyň ýokary göterilip başlamagy, olaryň syýasy özbaşdaklyga ymtylmaklaryna getiripdir. Selewki patyşalary günbatarda, ýagny Müsürdäki Ptolomeýleriň döwleti bilen agyr hem uzak wagtlap dowam eden göreşe girişipdirler. Emele gelen ýagdaýdan peýdalanyp, Merkezi Aziýanyň hökümdarlary merkezi häkimiýete barha garaşsyz bolup ugrapdyrlar. Patyşa Antion II (b.e. ön 261-247 ýý) döwründe Baktriýanyň hökümdary Diodot b. E. öň 256-njy ýylda, Parfiýa hökümdary Andragor Selewkiler döwletinden bölnüp aýrylyp, özlerini özbaşdak patyşalar diýip yglan edýärler we täze patyşalyklary esaslandyrýarlar. Şeýlelik bilen, Selewkileriň güňdogar sebitlerinde iki sany özbaşdak döwletler emele gelýär.

B.e.öňki 237-nji ýylda Selewk II elden gideren gündogar welaýatlaryny, şol sanda garaşsyzlygyny ýaňy alan Parfiýany eýelemek maksady bilen öz goşunlaryny gündogara tarap sürüpdir.

Emma parfiýalylar Selewk II goşunlaryny derbi-dagyn edipdirler. B.e.öňki 209-njy ýylda selewkileriň şasy Antioh III hem özleriniň Gundogardaky ýerlerinde agalygyny dikeltmeklige synanyşyk edipdir. Antioh III 100 müň pyýada, 20 müň atly goşun bilen parfiýalylara garşy ýörişe başlapdyr. Parfiýalylar mertlik bilen garşylyk görkezipdirler, emma duşmanyň agdyklyk edýan güýjüne hötde gelip bilmändirler. Olar öz ýerleriniň bir bölegini ýitiripdirler we selewkiler bilen ylalyşyk baglaşmaga mejbur bolupdyrlar, ýöne öz garaşsyzlygyny saklap galypdyrlar.

**4.Beýik Parfiýa döwleti**

B. e. öňki III asyryň birinji ýarymynda Garagumuň jümmüşinde göçüp-gonup ýören çarwalar (parnlar-parlar, dahlar we beýlekiler) Günorta Türkmenistana tarap süýşüp başlaýarlar. Olar ilki häzirki Türkmenistanyň Arkaç (Astauena) ýerlerinde we häzirki Bereket, Serdar, Baharly etraplaryna (Parfiýena) aralaşýarlar. Gaýduwsyz çarwalar tiz wagtyň içinde oturumly parfiýalylar bilen gatyşyp-garyşypdyrlar. Emma göçüp-gonup ýören parn taýpalary gozgalaňa başlaýarlar. Parn taýpalarynyň serdary Ärsak goňşy grek-baktriýa patyşasy Diodot II bilen ylalaşyk baglaşyp, selewkilere berk zarba urýar. Söweş tamamlanmanka Siriýadan köşk oňşuksyzlygy hakynda howsalaly habar gelensoň, Selewk II yzyna Siriýa gitmeli bolýar.

Ärsak emele gelen ýagdaýdan oňat peýdalanypdyr we b.e.öňki 247-nji ýylda selewkileriň elinden döwletiň gündogar bölegini basyp alýar we özbaşdak Parfiýa döwletini döredýär. Parfiýa döwleti b.e.öňki II-I asyrlarda Gündogaryň uly, ykdysady hem medeni taýdan ösen döwletleriň biri bolupdyr. Şol bir wagtda hem Gündogar bilen Günbataryň, Demirgazyk bilen Günortanyň arasynda möhüm söwda merkezi bolup hyzmat edipdir. Bu döwlet 471 ýyl ýaşapdyr.

Parfiýa Tridat patyşanyň döwründe ilki bilen öz goňşusy Girkaniýany (Kaspiniň günorta-gündogar kenary) birikdirýär. Tridat Selewkiler we Grek-Barktiýa döwletleri tarapyndan hüjüm edilmeginden howatyrlanypdyr. Şonuň üçin ol uly goşun döredipdir. Parfiýalylaryň bu hereketi Selewkilere ýaramandyr. Sebäbi Selewkiler öz döwletiniň öňki kuwwatyny dikeltmek isläpdir, emma ol başa barmandyr. Şondan soň Selewkiler döwleti birnäçe owunjak döwletlere bölünipdir.

Artaban I (b.e.öňki 211-196 ýý.) patyşalyk eden döwründe Parfiýa döwletiniň ýerleri giňäp has kuwatlanypdyr, Midiýa basylyp

alnypdyr. Emma b.e. öňki 209-njy ýylda Parfiýa Selewkileriň güýçli garşylygyna duçar bolupdyr. Parfiýalylar uzak wagtyň dowamynda selewkileriň garşysyna uruş alyp barmaga mejbur bolupdyrlar. Mitridat I (b.e. öňki 171-138-nji ýý.) dolandyran ýyllarynda Parfiýa uly döwletleriň birine öwrülýär. Şu döwürde Grek-Baktriýa patyşalygynda häkimiýet ugrunda özara göreş gidipdir. Şol ýagdaýda Mitridat I b.e.öňki II asyryň ortalarynda Grek-Baktriýa patyşalygynyň ýerlerinden iki sany welaýaty (satraplygy) basyp alýar. Mitridat I soňra Selewkilere garşy ýörişe başlaýar. Parfiýalylaryň hüjümini yza serpikdirmek Selewkilere başartmandyr. Şeýlelikde, parfiýalylar selewkilerden üstün çykypdyr. Mitridat I ýolbaşçylygynda Parfiýa döwletine Margiana we Baktriýadan uly bolmadyk 2 sany welaýat-satraplyk (Maşat bilen Hyradyň aralygy) birikdirilýär. Günbatarda bolsa Midiýanyň ýerleri eýelenýär. Mitridat I häkimligi Derýaaralygynyň ýerlerine hem ýetipdir. B.e. öňki 141-nji ýylda ol Wawilonyň patyşasy diýlip yglan edilipdir. Mitridat I “Beýik” diýen dereje berlipdir. Mitridat I öz ýagdaýyny pugtalandyryp Parfiýa döwletini arşa çykarmak maksady bilen döwletiň paýtagtyny Gekatompilden Ekbatana geçirýär. Şeýlelikde, Parfiýa Mitridat I döwründe Orta we Ýakyn Gundogaryň ägirt uly döwletine öwrülýär.

B.e. öňki 130-129-njy ýyllarda Mitridatyň ogly Frat II (b.e. öňki 138-129/8-nji ýý.) Selewkilere garşy göreşde sak taýpalaryny kömege çagyrypdyr. Eger-de ýeňiş gazansa, harby oljadan berjekdigini aýdypdyr. Saklar bir bada parfiýalylaryň çakylygyna gelmändirler. Emma Parfiýalylar selewkilerden üstün çykandan soň saklar olardan olja talap edipdirler. Frat patyşa olja bermekden boýun towlapdyr. Saklar gahar edip parfiýalylaryň şäherlerini talapdyrlar. Pitneçi saklara garşy göreşde patyşa Fraat II heläk bolupdyr. Parfiýalylar sak taýpalaryna bir welaýaty bölüp bermäge mejbur bolupdyr. Ol welaýat taryhda “Sakystan (Seýistan)” ady bilen bellidir.

B.e. öňki 123-nji ýylda Parfiýa tagtyna Mitridat II geçip, ol ýurdy b.e.öňki 87-nji ýyla çenli dolandyryp, Parfiýa döwletini iň güýçli döwlete öwrüpdir. Mitridat II “patyşalaryň patyşasy” adyny alypdyr. Ol Parfiýa goşunynda özgeriş geçiripdir, agyr ýaraglanan atly goşuny giňden ulanypdyr. Mitridat II sak taýplaryny boýun egdiripdir. Sakystan (Seýistan) Parfiýa birikdirilýär. Mitridat II döwründe Parfiýa döwletine Ermenistanyň bir bölegi-de goşulýar. Mitridat II döwründe häzirki Eýranyň we Derýaaralygynyň ýerleri hem Parfiýa birikdirilýär. Netijede Mitridat II döwründe parfiýalylar Rimiň gündogar

serhetlerine baryp ýetýärler. Rim hökümdary Korneliý Sulla Parfiýa bilen şertnama baglaşypdyr. Şertnama görä bu döwletleriň serhedi Ýewfrat derýasy diýlip ykrar edilipdir. Parfiýa Rim we Hytaý bilen hem diplomatik gatnaşyklary ýola goýýar. Şeýlelikde, Mitridat II dünýä taryhynda gündogarda Hytaý bilen günbatarda Rim bilen gatnaşyk eden ilkinji hökümdarlaryň biri bolupdyr.

Parfiýa döwletiniň gülläp ösen döwri patyşa Orod I (b.e. öňki 55-38/37-nji ýý.) döwri bolupdyr. Onuň döwründe döwletiň paýtagty has aňryk Tigr derýasynyň çep kenaryndaky Ktesifon şäherine geçirilýär.

Günbatarda Parfiýanyň dürli döwürlerde üç sany paýtagt şäherleriniň (Gekatompil, Ekbatan, Ktesifon) bolmagy, döwletiň syýasy durmuşynyň günbatara geçendigini aňladýar.

Parfiýa öz döwründe dünýäniň iň güýçli döwletleriniň, günbatarda Rim imperiýasynyň, gündogarda Kuşan döwletiniň gazaply bäsdeşi bolupdyr. B.e. öňki 65-nji ýylda Parfiýanyň Rim bilen ilkinji çaknyşygy bolup geçýär. Bu çaknyşyk uzaga çeken parfiýa-rim urşunyň başyny başlapdyr. Parfiýa patyşasy Orod I dolandyran döwründe Parfiýa-Rim gatnaşyklary has ýitileşýär. B.e. öňki 53-nji ýylyň 9-njy maýynda Karry şäheriniň golaýynda (häzir Türkiýäniň Harran şäheri) Rim serkerdesi Mark Krass bilen Parfiýa serkerdesi Süreniň arasynda uly söweş bolup geçýär. Oňa taryhda Karry söweşi diýip at berlipdir. Bu söweş barada gadymy grek taryhçysy Plutarh (b.e. 46-120 ýý.) öz ýazgylarynda jikme-jik beýan edipdir. Rim serkerdesi Mark Krassyň goşuny 42000 adamdan ybarat bolupdyr. Parfiýa patyşasy Orod I Krassa dawany parahatçylyk ýol bilen çözmegi teklip edipdir. Krassyň serkerdeleriniň birnäçesi bu urşa garşy çykypdyrlar. Emma Krass diňe öz diýenini tutupdyr. Ermeni patyşasy Artabaz bolsa Krassy goldajakdygyny aýdypdyr we demirgazyk tarapdan Parfiýa çozmagy meýilleşdiripdir. Artabaz oňa goşun kömegini berjekdigini hem aýdypdyr.

Söweşe parfiýalylar hem ykjam taýýarlanypdyrlar. Parfiýalylar rimliler bilen ýüzbe-ýüz bolmakdan gaçyp, ilkibada surnukdyryjy gaça uruş alyp barypdyrlar. Parfiýa şasy Orod I öz goşunyny ikä bölüp, onuň bir bölegini Ermenistana tarap ugradypdyr. Beýleki topary bolsa rim goşunynyň garşysyna çykarypdyr. Rim goşuny üç bölege bölünipdir. Merkezi bölegine Mark Krassyň özi ýolbaşçylyk edipdir. Söweş gazaply bolupdyr. Rimlileriň garşysyna parfiýalylar agyr ýaraglanan atlylaryny çykarypdyrlar. Atlylaryň galan bölegi

bolsa söweş nyzamyna düzülmezden duşmanyň daşyna halkalaýyn aýlanypdyrlar. Dar ýere gabalan rimliler biri-biri bilen çakyşyp, duşman tarapyndan urlan zarba çydam edip bilmän heläk bolupdyrlar. Parfiýalylar uly ýeňiş gazanypdyrlar. Krassyň özi hem söweşde ölüpdir.

Karrynyň etegindäki söweşde rimlileriň goşuny derbi-dagyn edilipdir, olaryň 10 müňüsi ýesir alnypdyr we Margiana welaýatyna äkidilipdir. Ýesirler şol ýerde onlarça ýylyň dowamynda dürli işlerde işledilipdir. Bu ýeňişden soň imperiýanyň serhetleri günbatara tarap süýşüpdir. Emma soňra halkara ýagdaýy sebäpli parfiýalylar rimliler bilen kyrk ýyllyk (b.e. 122-162 ýý.) “hoşniýetli” ýaraşyk hem baglaşypdyrlar.

B.e.öňki 30-njy ýyllardan başlap Parfiýa gowşap başlaýar. Parfiýanyň bir bölegi Kuşanlar döwletiniň eline geçýär. Biziň eýýamymyzyň I-II asyrlarynda döwletiň gündogar çetlerinde Merkezi Aziýa çarwalarynyň tolgunşyklary ýüze çykypdyr. Köp ýerlerde gozgalaňlar turupdyr. Ol gozgalaňlary basyp ýatyrmak parfiýalylara ýeňil düşmändir. Şeýle hem Parfiýa günbatarda Rim imperiýasyna garşy birnäçe gezek urşa giripdir. Şol bir wagtyň özünde çarwa sak taýpalary hem Parfiýa garşy öz çozuşlaryny dowam etdiripdirler. Bu döwürde Parfiýa döwletinde birnäçe netijeli diplomatik çäreler işlenilip düzülipdir. Parfiýa Hytaý bilen diplomatik gatnaşyklary ýola goýmaga çalyşypdyr. Şeýle gatnaşyga Hytaý hem Parfiýa hem mätäç bolupdyr.

B.e.öňki 32-nji ýylda hytaý syýahatçylary Parfiýa ýurduna gelipdirler. Emma hakykat ýüzünde, Parfiýa Hytaý diplomatik gatnaşyklary b.e.II asyryndan başlanypdyr. Biziň eýýamymyzyň 107-nji ýylynda Hytaý ilçisi ilkinji gezek Parfiýa gelipdir. Oňa belent mertebeli myhman hökmünde adaty bolmadyk hezzet-hormat edipdirler. Ilçini Parfiýa döwletiniň serhedinde 20 müň goşun bilen garşylapdyrlar we ony Parfiýanyň paýtagt şäheriniň biri bolan Gekatompil şäherine çenli ugradypdyrlar. Hytaý ilçisi öz ýurduna gaýdanda, ondan Hytaý patyşasyna sowgat iberipdirler.

Emma b.e. I asyrynyň ahyrlarynda II asyryň başlarynda imperiýa gowşap onuň welaýatlary özbaşdaklyga ymtylypdyrlar. Ilki bilen Margiana özbaşdaklygyny yglan edýär. Imperiýanyň içinde emele gelen ýagdaýy düzetmäge Parfiýanyň güýji ýetmändir. Merkezleşen döwlet pese düşýar. Tiz wagtda bolsa Sasanylaryň neslinden bolan Ardaşir Pars welaýatynyň hökümdary bolýar, ol birnäçe ýerleri basyp

almagy başarypdyr. Ardaşir Parfiýa garşy ýöriş edipdir. Söweşleriň iň soňkusy Midiýa ýerlerinde 224-nji ýylda bolup geçýär. Söweşde Parfiýa döwletiniň iň soňky patyşasy Artaban V heläk bolýar. Şeýlelikde, Parfiýa döwleti ýykylýar we döwlet hökmünde ýaşamagyny bes edýär.

## 5.Gadymy Horezm, Kangýuý we Kuşan döwletleri

*Gadymy Horem döwleti.* Türkmenistanyň çäklerinde medeniýetiň ösen ýerleriniň biri hem Horezm topragydyr. Taryhy çeşmeleriň berýän maglumatlaryna görä, Parfiýa we Grek-Baktriýa patyşalyklary bilen bir döwürde gadymy Horezm döwleti döräpdir. Bu döwlet b.e. öňki IV asyryň ahyrlaryndan b.e. öňki I asyrynda Amyderýanyň aşak akymlarynda giň ýerleri öz içine alan uly döwlet birleşmesine öwrülipdir.

B.e.oňki VI-V asyrlaryň sepgidinde gadymy grek syýahatçysy Gekateý Miletskiý özüniň eserlerinde horezmliler we “Horasmi şäheri” barada ilkinji maglumatlary gürrüň berýär.

Horezm b.e. öňki I asyrdan b.e. I asyryna çenli Kaňly döwletiniň düzüminde bolan hem bolsa, Owganystanyň ýerinde emele gelen Kuşanlar döwleti b.e. I asyrynda Horezm ýerlerini hem basyp alypdyr. Kuşan döwletiniň ýaşan döwri Horezm taryhynda onuň ösüşiniň iň belli zamany bolupdyr. Kuşanlaryň agalygy döwründe Horezmiň ýerleri ep-esli giňelipdir. Şol zamanlarda bu ýerde ençeme täze otrumly ýerler: Yzmykşir, Kunsaýgala, Döwkesen ýaly ýerler peýda bolýar.

Horezm diňe b.e. III asyrda özbaşdaklygyny gazanyp täzeden ýokary göterilip başlaýar. Bu döwürde jemagat (obşina) gatnaşyklary gutarnykly dargap, merkezleşen döwlet dolandyryş ulgamy emele gelýär. Bu ýerde üsti açylan patyşa köşgüniň binagärçilik gurluşygy merkezleşen döwletiň dörändiginden habar berýär.

B.e.öňki II-I asyrlarda Horezm bilen araçäk ýerlerde Aral deňziniň ýakalarynda, Hazar (Kaspiý) deňziniň Gündogar kenarynda ýueýji, gun, eftaly, alan we beýleki taýpalar ýaşapdyrlar. Horezmiň ilaty olar bilen ýakyn gatnaşykda bolupdyrlar. Horezmde ýasalan antik küýze önümlerine meňzeş önümler, bir tarapdan, Syrderýa bilen Amyderýanyň aralygynda, ýurdumyzyň Murgap jülgesinde, Köpetdag eteklerinde, Etrek ýaýlalarynda gabat gelýär. Horezmiň gadymy galalaryndan tapylan hünärmentçilik önümleri, Ýakyn Gündogarda we Gara deňziň kenarynda ýasalan hünärmentçilik önümleriniň nusgalary

bilen meňzeşligi bu ýurtlaryň arasynda söwda gatnaşyklarynyň bolandygyna güwä geçýärler.

*Kangýuý döwleti.* Kaňly-arabaçy döwletiniň döremegi. Arabaçy döwleti Syrderýanyň orta akymlarynda selewkilere garşy göreşiň netijesinde b.e. öňki III asyrda ýarym oturumly kaňlylaryň döwleti emele gelýär. Bu döwlet b.e V asyrynyň ortalaryna çenli ýaşap, Merkezi Aziýanyň, şol sanda türkmenleriň taryhynda uly orna eýe bolupdyr. Demirgazyk türkmen ýerleri b.e. öňki I asyryndan tä b.e I asyryna çenli aralykda kaňlylaryň-arabaçylaryň döwletiniň çetki serhetýaka ýerleri hökmünde onuň düzümine giripdir.

Oguz türkmenleriniň bu gadymy döwletiniň ady bilen bagly getirilýän “Kangýuý” sözi gadymy hytaý diline degişli bolup, türkmen diline terjime edilende ol “arabaly” ýa-da “arabaçy” diýen manyny berýär. Şol gadymy döwürlerde arabaçylar oguz türkmenleriniň aýratyn uly bir taýpasyny düzüpdirler. Häzirki wagtda arabaçylar Türkmenistanyň Daşoguz welaýatynda ýaşaýarlar. Arabaçylar döwleti oguz türkmenleriniň arabaçy taýpasynyň döreden syýasy birikmesi bolupdyr. Türki dilinde gepleýän halklarda şeýle taýpa birikmelerine il ýa-da il-ulus diýlipdir.

Demirgazyk Türkmenistanyň ýerlerinde Arabaçylar döwletiniň döwrüniň maddy medeniýetini häsiýetlendirýän ýadygärlikler bar. Amyderýanyň aşak akymlarynda oturymly obalar köp bolupdyr. Gaňňagala atly uly gala şu döwre degişli bolupdyr. Çermenýap kanalynyň boýunda Şasenem şäheri, Galaly I we Galaly II diýlip atlandyrylýan galalar döräpdir. Kanguý döwletiniň Koýgyrylgan we Ýanbaş galalaryndan tapylan tapyndylar bu ýerde medeniýetiň ösendiginden habar berýär. Bu galalar-şäherler b.e. öňki IV asyrdan b.e IV asyra çenli ýaşan şäherlerdir. Şäher berk we beýik diwarlar bilen gurşalyp salnypdyr. Şäheriň daşky gurluşy duşmana berk gaýtawul bermäge niýetlenipdir.

*Kuşan döwleti.* Kuşan döwleti häzirki Owganystanyň ýerinde b.e I-IV asyrlarynda döräpdir. Kuşan patyşalygy Baktriýany, Hindistanyň demirgazyk etraplaryny, Merkezi Aziýanyň köp bölegini, şol sanda Horezmi we Türkmenistanyň häzirki Lebap welaýatynyň ýerlerini öz içine alypdyr. Onuň merkezi ilki Kabul sebitlerinde bolupdyr, soňra bolsa demirgazyk Hindistanyň (häzirki Päkistana) Peşewar şäherine geçirilipdir. Kuşan döwletiniň dili baktriýa dili, dini bolsa budda bolupdyr. Kuşan döwleti öz gülläp ösen döwründe (b.e I asyryň ahyry-

III asyryň başy) Merkezi Aziýanyň köp ýerini, Owganystanyň, Päkistanyň, Demirgazyk Hindistanyň ýerlerini öz içine alypdyr.

Kuşan döwletiniň ilkinji patyşasy Kudzula Kadfiz (Kudfiz I) bolupdyr. Ol Kuşan patyşalygyny esaslandyrypdyr we 85 ýaşynda aradan çykypdyr. Kadfiz I aradan çykandan soňra onuň ogly Wima Kadfiz II patyşa bolýar. Ol 30 ýyl töweregi döwleti dolandyrypdyr. Kadfiz II döwründe Kuşan döwletiniň ýerleri has giňäp Hindistanyň jümmüşine aralaşypdyr. Kadfiz II döwründe döwletde welaýat dolandyryş ulgamy girizilipdir. Şeýle-de pul özgertmesini geçiripdir. Onuň edara eden döwründe Kuşan döwletiniň öz puly zikge edilipdir. Pullaryň ýüzüne hindi-grek, hindi-sak we hindi-parfiýa hatlary ýazylypdyr. Ýerli häkimlere öz pullaryny zikgelemäge hukuk berlipdir.

Kuşan döwletiniň gülläp ösen döwri patyşa Kanişkanyň edara eden (b.e. 78-123 ý.) ýyllary bolupdyr. Kanişka döwründe Kuşan imperiýasynyň ýerleri Hindistandan Aral deňzine çenli giňelipdir. Ol "şalaryň şasy" diýen belent ada eýe bolupdyr. Häzir dünýäniň muzeýlerinde Kanişkanyň adyndan zikge edilen altyn pullaryň 200 töweregi bar.

Patyşa Kanişka döwründe Tükrmenistanyň günorta-gündogar etraplary, Amyderýanyň ýokary we orta akymlary Kuşan döwletiniň düzüminde bolupdyr. Atamyrat (Kerki)-Türkmenabat aralygyndaky arheologiki ýadygärliklerde geçirilen gazuw-agtaryş işleriniň netijesinde Kuşan döwrüne degişli keramika önümleriň, heýkelleriň we pullaryň ençemesi tapyldy. Kuşanlaryň agalyk eden döwründe Amyderýanyň orta akymlaryndaky Kerki, Beşir, Mürzebek we Köýten ekerançylyk oazisleri özleşdirilipdir. Beşir we Esenmeňli galalary Kuşan döwrüniň şäher görnüşli obalary bolupdyrlar. Amyderýanyň tebigi şahalarynda Gandymgala, Toprakgala, Köne was, Maňňyrgala, Gaňňagyr gala ýaly gadymy şäherler döräpdir.

Arheologik maglumatlara görä, biziň täze eýýamymyzyň başlarynda Amul şäheriniň (häzirki Türkmenabat) düýbi tutulypdyr. Amul şäherininiň adynyň gelip çykyşy barada hiç hili maglumat ýok. Kuşan döwründe Amuldan Hindistana, Horezme we Gündogar Ýewropa ýurtalaryna söwda ýollary gidýär eken. Amulyň Kuşan imperiýasynyň düzüminde bolan döwründe, ýagny b.e I-IV asyrlarynda daşky Şähristan bilen birlikde 150-175 gektar bolupdyr, onuň daşynda bolsa köp sanly gurulan jaýlar, bagly bakjaly mülkler ýaýylyp ýatypdyr. Amulda hünärmentçilik giň gerime eýe bolupdyr.

Amul Beýik ýüpek ýolunda ýerleşip onuň ilaty halkara söwdasyna gatnaşypdyr. Amul şäheri diňe bir Hytaýdan gelýän söwdagärleriň harytlaryny ýerleşdirýän şäheri bolman, eýsem Hytaý söwdagärleri ýerli hünärmenleriň öndürýän önümlerini hem satyn alyp başaga ýurtlar äkidipdirler. Şeýlelikde, söwda gatnaşyklaryň ösmegi Amul şäheriniň ykdysady taýdan ösmegine getiripdir.

***Soraglar:***

1. Türkmenistanyň ýerleri demir asyry zamanasynda.
2. Ahemeniler döwleti we onuň daşary syýasaty.
3. Aleksandr Makedonskiniň Merkezi Aziýa ýörişi we onuň netijeleri.
4. Beýik Parfiýa döwleti we medeniýetleriň özara sazlaşygy.
5. Demirgazyk Türkmenistanyň ýerleri iň gadymy döwürde

## 3-nji tema

# TÜRKMENISTAN III-VII ASYRLARDA

(2 sagat)

Umumy okuwyň meýilnamasy:

1. Oguz türkmenleriniň Beýik Hun döwleti.
2. Günorta Türkmenistan Sasanylar döwleti döwründe.
3. Demirgazyk Türkmenistanyň ýerlei IV asyrdan VII asyryň ortalaryna çenli döwürde.
4. Eftalylar (abdallar) döwleti.
5. Beýik ýüpek ýoly we medeniýet.

### 1.Oguz türkmenleriniň Beýik Hun döwleti

Taryhy çeşmeleriň habar bermegine görä, Oguz türkmenleriniň Beýik Hun döwleti b.e.öňki III asyryň soňky çärýeginden b.e. I asyrynyň birinji çärýegine çenli has-da kuwwatlanypdyr. Duman Beýigiň hökümdarlyk eden döwründe hunlaryň ýerleri goňşy taýpalaryň hasabyna ep-esli giňäpdir. Duman Beýigiň iki ogly bolup, onuň hökümdarlyk eden döwründe uly ogly Mete han goňşuçylykda ýaşaýan Ýuwejilerin döwletiniň köşgünde ýaşapdyr. Şazada Metäniň ýuwejileriň köşgünde bolýan wagty, iki goňşy döwletiň arasynda oňşuksyzlyk ýüze çykyp Duman Beýik Ýuwejileriň döwletiniň üstüne

ýöriş edipdir. Bu waka Mete şazadanyň janyna uly howp salypdyr. Ýöne oňa ýuwejilerden gaçmaklyk başardypdyr. Duman Beýik oglunyň edermenligine buýsanyp, oňa bir tümeni, ýagny 10 müň öýli ilaty dolandyrmaga beripdir. Kakasy Duman Beýik ölenden soň Mete han b.e. öňki 209-njy ýylda tagta çykyp, özüni «Şanýuý» „Beýikleriň beýigi“ diýip yglan edýär.

Mete hanyň Hun döwletini dolandyryp başlan ilki ýyllary Dunhuanyň hökümdary dürli ýollar bilen Hun döwletine azar beripdir. Mete han bolsa hiç zatdan bihabar oturan dunhuanlaryň üstüne goşun çekipdir we olary derbi-dagyn edipdir. Şundan soň Hun döwleti güýçlenip, düzümine ownukly-irili 26 döwlet birleşdirilipdir. Mete han merkezleşdirilen döwleti döretmek, merkezi häkimiýeti berkitmek maksady bilen, döwletiň dolandyryş ulgamynda özgerişleri geçiripdir. Mete han bütin ýurdy 84 welaýata bölüpdir. Olaryň başynda öz diýen adamlaryny goýup, ägirt uly döwleti bir merkezden dolandyrypdyr. Bu döwletiň bir tarapy Hazardan tä Hindi ummanyna, beýleki tarapy bolsa Gimalaý daglaryndan Sibire çenli 18 million kwadrat kilometr ýeri öz içine alypdyr.

Hun döwletiniň kuwwatlanýan döwri Hytaýda raýatlyk urşy, ýagny özara uruşlar bolupdyr. B.e. öňki 202-nji ýylda raýatlyk urşunda ýeňiş gazanan Lýu Ban Hytaýda Han imperiýasyny we nesilşalygyny esaslandyryp imperator bolupdyr. Han imperatory Gaoszunyň döwründe Hun döwleti bilen oňşuksyzlyk ýüze çykyp, uruş hereketleriniň başlamagyna getiripdir. B.e. öňki 200-nji ýylyň gyşynda Mete han öz atly goşunyny dört topara bölüpdir we hytaý goşunlarynyň daşyny gabaýar. Diňe imperatoryň haýyşyndan soň, Mete han hytaý goşunlarynyň daşyndan gabawy aýrypdyr. Netijede, Hun döwleti bilen Han imperiýasynyň arasynda ýaraşyk barada ylalaşyk gazanylypdyr.

B.e. 48-nji ýylynda hunlar günorta we demirgazyk toparlara bölünipdirler. Şol iki topar özara bäsleşip, olaryň her haýsy Hytaýdan goldaw almakçy bolupdyrlar. Hunlaryň iki topara bölünmekleri diňe bir olaryň öz aralarynda däl, eýsem Hytaý bilen gatnaşyklarynda hem kynçylyklary döredipdir. Her toparyň başynda duran häkim ozalkylar ýaly hökümdar diýlip atlandyrylsa-da, olaryň b.e. öňki II-I asyrlardaky ýaly syýasy güýçleri bolmandyr. Emma, Günortadaky topar demirgazyk hunlardan syýasy tarapdan güýçli bolupdyr. Sebäbi Günortadaky hunlar serhetdeş sebitleriň sekiz welaýatyny Hytaýa beripdirler, şonuň üçin Hytaýyň baý gatlaklary olary goldapdyrlar. Bu

ýagdaý demirgazyk Hun toparyny biynjalyk edipdir. Biziň eýýamymyzyň 55-nji we 62-nji ýyllarynda Demirgazyk Hun döwleti Hytaýa garşy uruş yglan edipdir. Şol ýörüşlerden soň Hytaý imperatory Demirgazyk Hun döwletine eglişik edip ýaraşyk baglaşmaga mejbur bolupdyr. Şeýlelikde, Biziň eýýamymyzyň başlarynda Hunlar Merkezi Aziýadan Günbatara süýşen döwürlerinde Hazar we Aral sebitlerinde köp wagtlap oturypdyrlar. Hunlar günbatara süýşdikleriçe olaryň düzümine täze taýpalar barha köp goşulypdyr. Taryhy ýazgylarda olaryň içinde bulgarlaryň, slawýanlaryň käbir taýpalarynyň, sarmatlaryň atlary tutulýar. Ýewropalylar hunlara gunlar diýipdirler.

Günbatara köpçülikleýin ýörişe ugran gunlar 360-370-nji ýyllarda Aral köli bilen Don derýalarynyň arasynda ýaşap ýören alanlary ýeňlişe sezewar edip, özlerine birikdiripdirler. Soňra gunlar Balamber hanyň serkerdeliginde hereket edip, Dnestr derýasynyň boýundaky germanlaryň got taýpalarynyň döwletini ýykypdyrlar. Şol ýyllarda gunlar häzirki Ermenistanyň üsti bilen Gündogar Rim (Wizantiýa) imperiýasyna degişli Derýaaralygyna (häzirki Yrak) çenli baryp ýetipdirler.

Gunlaryň uly bölegi Gara deňziniň demirgazyk sebitlerinde Wizantiýa döwletiniň dürli welaýatlarynda mekan tutupdyrlar. Emma V asyryň I ýarymynda gun taýpalary Atyllanyň-Atail (433-453 ýyllar) ýolbaşçylygynda syýasy sahnada täzeden peýda bolup, güýçli döwleti döredipdirler. 430-njy ýyllaryň başlarynda Gun hökümdary aradan çykandan soň, onuň ogullary Bleda we Atylla ýurtda häkimlik etmäge başlaýarlar. Baş hökümdar Bleda saýylsa-da, ähli döwlet işlerine, şol sanda goşuna-da Atylla ýolbaşçylyk edipdir. Olaryň bilelikdäki hökümdarlygy Bleda aradan çykýança, 444-nji ýyla çenli dowam edipdir. Atyllanyň şahsy batyrlygy, salyhatlylygy we adyl bolmagy, onuň abraýyny has-da ýokary galdyrypdyr. Gunlar häzirki Wengriýanyň ýerini özlerine mekan edinipdirler. Gun hökümdary Atyllanyň başy täçli (jygaly) bolupdyr. Gunlaryň ýüzünde bürgüdiň şekili bolan baýdagy bolupdyp. Atylla gysga wagtyň üçinde Ýewropa döwletlerine degişli 70-den gowrak şäheri özüne tabyn etmegi başarypdyr. Ol Sofiýa we beýleki şäherleri eýeläp, Bolgarystany özüne birikdirýär. Günorta-Günbatar Russiýa hem onuň häkimligini ykrar edipdir. Atylla özüne boýun bolan ýurtlarda gullary azatlyga çykaryp, halklaryň deňhukuklydygyny jar edipdir.

Atylla Günbatar Rim imperatory Walentiniň uýasyna öýlenmek bahanasy bilen, 552-nji ýylda uly goşun bilen Rim şäheriniň alkymyna gelýär. Imperator Rim papasyny (hristiançylyk dininiň ýolbaşçysy) iki sany ilçi bilen Atyllanyň ýanyna töwella ugradyp, Atyllany razy edipdir. Emma Atylla tarpa-taýyn aradan çykýar. Atyllanyň heläk bolmagy bilen gunlaryň döwleti gowşap başlaýar we tiz wagtdan ýykylýar. Şondan soň gunlar beýleki halklara goşulşyp-garyşyp gidipdirler.

## 2.Günorta Türkmenistan Sasanylar döwleti döwründe

Biziň eýýamymyzyň III asyrynyň başlarynda gadymy Parfiýa döwletinde içki we daşky gapma-garşylyklar has ýitileşýär. Döwletiň düzümindäki welaýatlaryň köpüsi merkezi hökümetiň tabynlygyndan çykyp başlaýarlar. Parfiýa döwletiniň düzümindäki şeýle ýerleriň biri-de Pars welaýatydy. III asyryň başlarynda Parsy parfiýalylaryň dikmesi Goçihr dolandyrýardy. Emma Sasany atly ýerli begzada ony agdaryp, Parsdaky häkimniýeti öz eline alýar. Sasany parfiýa patyşalarynyň tabynlygyndan çylkmaga çalşypdyr. Onuň bu syýasatyny ogly Babak, ondan soň bolsa agtygy Ardaşir dowam etdirýär. Ardaşiriň özbaşdaklygy Parfiýa patyşasy Artaban V ýaramandyr we hökümdar bilen dikmäniň arasynda uruş hereketleri başlaýar. Bu uruş 224-nji ýylda Artaban V yeňilmegi bilen tamamlanýar. Bu waka türkmenleriň Beýik Parfiýa döwletiniň gutarnykly synmagyna getirýär. Täze dörän döwletiň ady Sasany serdaryň ady bilen Sasanylar döwleti diýlip atlandyrylýar. Sasanylar döwleti Ardaşiriň döwründe güýçlenipdir. Ol Parsy we onuň bilen sebitdeş ähli ýerleri birleşdirýär. Ardaşir 226-njy ýylda tagta çykyp, özüni “Şalar-şasy” diýip yglan edýär. Täze dörän Sasanylar döwleti gysga wagtyň dowamynda Margianany, Köpetdagyň demirgazyk eteklerini, Dehistany, hatda Amyderýanyň çep kenaryndaky ýerleri hem özüne birikdirýär. Emma Horezm ýerlerini we Beýik Kuşanlar döwletini basyp almak olara başartmandyr. Günorta Türkmenistanyň ýerleriniň Sasanylar tarapyndan basylyp alynmagy gul eýeçilik gurluşynyň krizise düşmegi bilen baglanyşykly bolupdyr. Gul eýeçilik jemgyýetiniň krizisi Günbatar Türkmenistanyň ýerlerini-Dehistany hem öz içine alypdyr. Sasanylar döwrüniň gündogar sebitleri bolan Merwiň-Gäwürgalanyň ýerlerinde III asyrlarda uly bir ykdysady üýtgeşikler bolmadyk hem bolsa, IV asyryň içinde bu ýerlerde senetçilik we söwda juda pese düşüpdir.

*Sasanylaryň Amyderýanyň çep kenaryndaky ýerleri özüne birikdirmegi.* Kuşan döwleti dargandan soň, Sasanylar Amyderýanyň sebitlerini birikdirmek üçin göreşip başlapdyrlar. Harby ýörişleriň netijesinde Amyderýanyň çep kenaryndaky giň welaýatlar Eýrana birikdirilipdir. Emma IV asyryň ortasynda Merkezi Aziýanyň halklarynyň Sasanylara garşy erjel göreşmekleri netijesinde, olar Amyderýa boýlaryndan gysylyp çykarylypdyr. Sasanylaryň döwletiniň demirgazygynda dörän Kuşan döwletiniň Eýran bilen alyp baran uruşlarynyň netijesinde bolsa bu ýerler garaşsyzlyk alypdyr. Emma, soňra Merkezi Aziýada Sasanylar bilen alnyp barylan uruşlaryň netijesinde Eftalylar döwleti emele gelýär, Türkmenistanyň ýerleri bolsa onuň düzümine birikdirilipdir. Bu syýasy özgerişleriň bolup geçmeginiň esasy sebäbi, biziň eýýamymyzyň III-IV asyrlarynda gul ýeçilik gurluşynyň feodal gurluş bilen çalşyrylmagy bolupdyr. Ýurtda iri ýer eýeleri ýüze çykýar, daýhanlar bolsa ýere berkidilip ýer eýelerine tabyn edilýär. Şeýlelik bilen, Sasanylaryň Günorta Türkmenistanyň ýerlerinde agalyk eden asyrlarynda gul eýeçilik gurluşy täze feodalçylyk gurluş bilen çalşyrylýar.

IV asyryň başlarynda Türkmenistanyň ýerinde abdallaryň täsiri güýçlenip başlapdyr. Olara asyryň ortalaryna çenli bolan döwürde goňşy sasanylar bilen ylalaşykda we hyzmatdaşlykda ýaşamak başardypdyr. Hatda abdallar sasanylaryň agalygyny ykrar edip, olaryň goşunynyň düzüminde Rime garşy urşa hem gatnaşypdyrlar. Sasany patyşasy Bahram Guruň (420-438-nji ýý.) döwründe häzirki Baýramaly şäheriniň 35 km. demirgazyk-gündogar tarapynda ýerleşýän Küşmeýhanyň golaýynda sasanylar bilen abdallaryň arasynda gazaply söweş bolupdyr. Ol Bahram Guruň ýeňişi bilen gutarypdyr. Şondan soň sasanylaryň serhedi Amyderýanyň kenarlaryna çenli baryp ýetipdir. Emma bu üstünlik uzak dowam etmändir. Çünki ikinji gezek 484-nji ýylda sasanylar bilen bolan uruş abdallaryň peýdasyna tamamlanypdyr. Bu söweşde sasanylaryň patyşasy Firuzyň özi-de wepat bolýar. Şondan soň tagta geçen sasany şasy Kawad iki ýyllap abdallara salgyt tölemäge mejbur bolýar. Şeýlelik bilen abdallaryň özbaşdak döwleti döreýär.

### 3. Demirgazyk Türkmenistanyň ýerlei IV asyrdan VII asyryň ortalaryna çenli döwürde

*Afrigiler döwletiniň ýadygärlikleri*: Gabatgala, Pilgala, Köne Was, Maňňyrgala, Galalygyr. Demirgazyk Türkmenistanda çarwa

taýpalaryň gozgalaňlary sebäpli I asyrdan başlap ýagdaý çylşyrymlaşypdyr. IV asyrda bolsa, taryhda “halklaryň beýik göçüşi” ady bilen belli bolan çarwa taýpalaryň (gunlaryň) köpçülikleýin göçi başlapdyr. Ol taryhda *halklaryň beýik göçüşi* diýen ady alypdyr. Gunlaryň çozup gelmegi şol zamanlarda Hytaýdan we Mongoliýadan başlap Merkezi Aziýa çenli bolan ägirt giň ýere ýaýrapdyr. Çarwa taýpalar (alanlar, gunlar) Amyderýanyň aşak akymlaryndaky oturymly, ekerançylyk bilen meşgullanan ilatyň ýaşaýyş durmuşyna uly täsir edipdirler.

Bu ýagdaý Amyderýanyň aşak akymlaryndaky oturymly Horezmlileriň çarwa taýpalaryň hereketine garşy syýasy taýdan birleşmegine getirýär. Netijede, 304-nji ýylda bu ýerde Afrig diýen patyşanyň tagta geçmegi bilen täze Afrigiler nesilşalygy döreýär. Bu döwletiň başynda Afrigiler neberesinden bolan Horezmşa durupdyr. Afrigiler döwletiniň paýtagty ilkibaşda Toprakgala, soňra bolsa Kät şäheri bolupdyr. Afrigiler döwletinde köşk-galalaryň 13-si bolupdyr. Horezmde afrigiler nesilşalygy arap basybalyjylary gelýänçä, tä 712-nji ýyla çenli döwleti dolandyrypdyr. Afrigileriň agalygy döwründe öňki uly galalar berkidilip, täze geçirilen suwaryş ulgamlarynyň-kanallaryň ugurlarynda onlarça kiçi galalar hem gurlupdyr. Bu bolsa ilatyň oturymly durmuşa geçip, ekerançylyga aýratyn ähmiýet bermegine getiripdir. Ekerançylygyň giňemegi senetçiligiň ösmegine oňaýly täsir edipdir, çünki bu sebitde senetçilik bilen meşgullanýan adamlar hem ýeterlik bolupdyr.

Gündogaryň belli alymy Abu Reýhan Biruny (XI asyr) *“Horezmliler ýyl hasabyny Afrigden we onuň nesillerinden başlap ýöredipdirler”* diýip ýazýar. Ol şeýle hem Afrigiler döwletinde hökümdarlyk eden şalaryň 22-siniň atlaryny agzap geçipdir. Bu maglumatlar Afrigiler döwletiniň Merkezi Aziýada köp asyrlaryň dowamynda ýaşandyklaryny görkezýär. Gadymy Horezm oazisini ikä bölýän Amyderýanyň iki kenarynda-da şäherler-galalar gurlupdyr. Şol eýýamyň has gadymy ýadygärliklerinden Gabatgala, Pilgala, Köne Was, Maňňyrgala, Galalygyr ýaly galalary ýatlap bolar. Şol galalar Horezm döwletiniň syýasy, medeni, hojalyk merkezleri bolupdyr. Olaryň köpüsi orta asyrlarda-da saklanyp galypdyr.

III-IV asyrlarda Horezmde çarwa taýpalarynyň zor salmagy netijesinde ekerançylyk meýdanlary azalypdyr, käbir ýerlerde ýaşaýyş kesilip şäherler weýran bolupdyr. Kerwen ýollary gözegçilikden galypdyr, şol sebäpli ykdysady we söwda gatnaşyklary bozulypdyr.

VI asyrdan başlap Amyderýanyň sag kenaryndaky Toprakgala, Dumangala, Köne Was, Maňňyrgala, Galalygyr ýaly şäherler we galalar çarwa taýpalaryň çozuşlary netijesinde boşap galypdyr.

Demirgazyk Türkmenistanyň ýerleri VII asyryň ahyrlarynda VIII asyryň başlarynda içki gapma-garşylyklaryň ýitileşen ojagyna öwrülipdir. Ýurtda salgytlaryň agyrlygyndan ejir çeken şäherli garyp-pukaralaryň gozgalaňlary güýçlenipdir. Horezmdäki çylşyrymly hem dartgynly ýagdaýdan howatyr eden horezmşa araplara kömek sorap ýüz tutupdyr. Mundan peýdalanan araplaryň Horasandaky serkerdesi ibn Kuteýba uly goşun bilen 712-nji ýylda Horezme gelip gozgalaňlary basyp ýatyryp, bu sebitlerde araplaryň agalygyny berkarar edipdir.

## 4. Eftalylar (abdallar) döwleti

Merkezi Aziýanyň çäklerinde Kuşan imperiýasy ýykylandan soň, taryhda hionitler we abdallar (eftalylar) ady bilen belli bolan taýpalar peýda bolýar. Olar täze taýpa bileleşigini emele getirip, IV asyrda Sasany döwletiniň garşysyna göreşi güýçlendiripdirler. Bu täze emele gelen taýpa birleşigine soňra kidarlylar hem giripdirler. Gadymy Rim we Wizantiýa çeşmelerinde olara “ak gunlar”, “hionitler”, “kidarlylar”, “eftalylar”, kähalatlarda bolsa “abdallar” diýlip atlandyrylypdyr. Bularyň arasyndaky “abdallar” diýen at türkmen taýpalary bolan çowdurlaryň we saryklaryň urug toparlarynda häzirki günlere çenli saklanyp galypdyr. Taryhy çeşmelerde eftalylar diýen at patyşa Eftalynyň adyndan galypdyr diýlip berilýär.

IV asyrda hionitleriň we abdallaryň taýpa birleşigi bolup geçenden soň, olarda içki gapma-garşylyklar ýitileşýär. Şonuň üçin berk döwlet häkimiýetiniň zerurlygy ýüze çykypdyr we eftalylarda merkezleşen döwlet döräp başlapdyr. Bu döwletiň döräp başlapdyr.e häzirki Türkmenistanyň ýerleriniň Hazar deňzinden başlap Amyderýa çenli, Amyderýanyň boýundaky birnäçe welaýatlary, Murgap hem Tejen derýalarynyň ýokary akymlary, häzirki Owganystanyň birnäçe ýerleri giripdir. Şeýle-de Gündogar Eýranyň welaýatlary, Hindistanyň demirgazyk bölegi giripdir. Taryhy maglumatlara görä eftalylar döwletiniň paýtagty Peýkent şäheri (Buhara bilen Amyderýanyň aralygynda), başga maglumatlara görä Balh şäheri bolupdyr hem diýilýär.

Abdallar döwleti, bir tarapdan Wizantiýa we Eýran, beýleki tarapdan Hytaý we Hindistan arasynda amatly ýagdaýda ýerleşipdir. Hytaý bilen Alynky Aziýanyň arasyndaky "Ýüpek ýolunyň" bir bölegi olaryň elinde eken. Abdallaryň oturymly ilaty Hytaý bilen Wizantiýanyň arasyndaky bolýan söwda işlerine hem goşulypdyrlar. Alyp-satylýan zatlaryň arasynda ýüpekden başga-da aýna, gymmat bahaly daşlar, mata, hususan-da Merwde dokalýan matalar bolupdyr. Eftalylar döwletinde söwdanyň ösmegi bilen pul dolanyşygy giňäpdir. Olaryň söwda dolanyşygynda Eýranda ulanylan pehlewi hatly sasany manatlary bolupdyr. Eftalylarda sasany şasynyň ady görkezilen ýazgylardan başga-da goşmaça abdal ýazgylary hem bolupdyr. Emma bu çeşmeleriň esasynda taýpanyň ýa-da halkyň diliniň nähili bolandygyny takyk kesgitlemek kyn. Hytaý çeşmelerinde eftalylaryň dili türki dilden üýtgeşik dil diýilip berilýär. Soňraky barlaglar eftaly ýazgylaryny tohar hatlaryndan gelip çykandygyny tekrarlaýarlar.

Taryhy çeşmelerde hionitleriň we abdallaryň V-VI asyrlardaky durmuşlary, däp-dessurlary baradaky maglumatlar saklanyp galypdyr. Olaryň esasy bölegi oturymly ilat bolup, ekerançylyk bilen meşgullanypdyrlar. Çeşmelerde abdallarda iň ownujak zatlaryň ogurlygy üçin ölüm jezasy berilýändigi barada maglumatlar saklanypdyr. Biziň eýýamymyzyň IV-VI asylarynda dürli halklardan dörän Eftalylar döwletinde köp sanly dini garaýyşlar bolupdyr. Zoroastrizm dini bilen birlikde maniheýçilik dini hem Merkezi Aziýa, şol sanda Eftalylara-da ýaýrapdyr. Merkezi Aziýada zoroastrizm dini ýerli dini garaýyşlar bilen goşulypdyr. Dünýä dinleriniň biri bolan buddizm dini hem eftalylaryň arasyna ýaýrapdyr. Eftaly hökümdarynyň köşgünde gyzyl bilen bezelen budda buthanasy hem bolupdyr. Emma eftalylar esasan göge we oda çokunypdyrlar. Her gün irden olar Güne sežde edip onsoň nahar edinipdirler. Eftalylaryň içinde hristiançylyk dini hem ýaýrapdyr. Umuman, eftalylarda buddizm, hristiançylyk we maniheýçilik dinlerine ynanýanlar bolupdur.

Eftalylaryň häkimiýeti astynda birleşen taýpalaryň IV-VI asyrlara degişli arheologik ýadygärlikleri Günbatar Türkmenistanda Dehistanyň ýerlerinde ýerleşipdir. Hazar ýakasyndaky sähralarda abdallaryň ýaşan galalarynyň üsti açylmagy, olarda durmuşy gatlaklaryň dörändigini görkezýär. Şol ýerde söwda we senetçilik merkezleri bolan Gökjük, Şawdyz, Hanlydepe ýaly şäherler ýerleşipdir.

V-VI asyrlarda Sasanylar döwletiniň demirgazyk serhedinde yzygiderli uruşlar bolupdyr. Sebäbi sasanylar Etregiň boýunda, Köpetdagyň eteklerinde we Murgap jülgesinde ençeme galalary, gorag desgalaryny gurmaga mejbur bolupdyrlar. Eftalylaryň çozuşlaryndan goranmak üçin Sasany hökümdary Peroz Gürgen derýasyndan demirgazyk tarapda 300 km. golaý uzynlykda diwar saldyrypdyr. Şeýle hem Sasanylar döwletiniň demirgazyk-gündogar serhetlerini goramak üçin Mary sebitinde berkitmeler döredilipdir. Eftalylar bilen sasanylaryň arasynda halkara söwda ýollaryny eýelemek üçin yzygiderli göreş dowam edipdir. Hazar deňziniň kenaryny öz elinde saklamak üçin Ýezdigert II şol ýerde "Ýezdigerdiň Şähristany" galasyny gurdurypdyr. Emma, muňa garamazdan sasany goşunlary ýerli taýpalar bilen köp wagtlap göreşmeli bolupdyrlar.

V asyrda eftaly sasany bäsdeşligi dowam edipdir. Sasany patyşasy Bahram Guruň (420-437ý.ý.) goşunlary Mary şäheriniň golaýyndaky Kuşmeýhanyň ýanynda, soňra Ýezdigerd II (438-457 ýý.) goşunlary Balkan sebitinde eftalylary ýeňipdirler. Ýezdigerdiň ogly Peroz (459-484 ý.ý.) döwründe sasanylar bilen eftalylaryň arasyndaky göreş has-da güýçlenipdir. Perozyň alyp baran urşy ilki başda oňa üstünlik getiren hem bolsa Perozyň ýesir düşmegi bilen uruş eftalylaryň peýdasyna üýtgäpdir. Peroz 30 gatyr ýüklenen teňňe berip ýesirlikden boşapdyr, ogluny bolsa eftalylarda girew goýupdyr. Emma Peroz täzeden 484-nji ýylda Gorgo şäheriniň (Murgap bilen Amyderýanyň aralygynda) ýanynda ýene-de eftalylar bilen urşa başlaýar. Bu gezek Peroz öz goşunlarynyň köp bölegi bilen heläk bolýar. Şondan soň Sasany döwleti uzak wagtlap eftalylara paç tölemäge mejbur bolupdyr. Perozyň ogly Kawadyň döwründe (488-531 ý.ý.) hem sasanylar eftalylara salgyt töläpdirler. Emma VI asyryň ortalarynda Eftalylar döwleti gowşapdyr, mundan peýdalan sasany patyşasy Hosrow I Anuşirwan (531-579 ý.ý.) olara paç bermegini bes edipdirler. Üstesine-de eftalylar basym Göktürkmenleriň döwleti bilen çaknyşmaly bolupdyr. Sasanylar Göktürkmenler döwleti bilen bile hereket edip, eftalylara aýgytly zarba urupdyrlar. Netijede 563-567-nji ýyllar aralygynda eftalar döwleti doly syndyrylypdyr.

### 5.Beýik ýüpek ýoly we medeniýet

Beýik ýüpek ýoly Hytaýy Alynky Aziýa we Ýewropa bilen baglanyşdyrýan söwda kerwen ýoludyr. Hytaýyň daşary ýurtlara çykarýan harytlary diňe bir ýüpek mata bolmandyr. Olar daşary

ýurtlara çaý, farfor, bezeg üçin boýag, kagyz önümlerini hem çykarypdyrlar. Bu harytlar Ýewropanyň bazarlarynda geçginli eken. Ýöne Hytaýyň esasy harytlarynyň ýüpekdigini nazara alyp, bu söwda ýoluna "Beýik ýüpek ýoly" diýip at beripdirler. Hytaý harytlary ýüzlerçe ýyllaryň dowamynda Parfiýa döwletiniň üstünden geçýän söwda ýollary arkaly grek-rim dünýäsine äkidilipdir.

Bu söwda ýolunyň başlangyjy Hytaý täjiri, syýahatçysy Çžan Szýanyň ady bilen baglanşykly bolupdyr. Hytaýlylar 5 müň ýyl mundan ozal ýüpek gurçugyndan ýüpek almagyň usulyny tapypdyrlar. Hytaý täjirleri öz harytlaryny Merkezi Aziýanyň bazarly şäherleri bolan Buharada, Amulda, Horezmde, Merwde we beýleki şäherlerde ýerleşdiripdirler. Ýerli täjirler bolsa harytlary Siriýa, Müsüre, Wizantiýa ýetiripdirler. Hytaýlylar ýüpegi öndürmekligiň usulyny köp asyrlap gizlin saklan bolsalar-da, Merkezi Aziýa we Ortaýer deňziniň kenarýaka ýurtlaryna ýüpekçilik dürli ýollar bilen ýaýrapdyr. B.e. VI asyrynyň 50-nji ýyllarynda Wizantiýanyň imperatory Ýustinian I dolandyran ýyllarynda Wizantiýa syýahatçylary Hytaýdan öz hasalarynyň içini köwüp, ýüpek gurçuklarynyň tohumyny gizlinlikde alyp gaýdypdyrlar. Şondan soň Wizantiýada hem ýüpek öndürilipdir.

Beýik ýüpek ýolunyň birnäçe şahalary bolup, olar dünýäniň dürli künjegine uzapdyr. Olaryň biri Owganystanyň üsti bilen Hindistana giden bolsa, beýlekisi Wolga deryasynyň üsti bilen Gündogar Ýewropa ýurtlaryna gidipdir. Bu ýüpek ýoly bilen Hytaýyň, Hindistanyň şol sanda Merkezi Aziýanyň harytlary hem gadymy rus şäherlerine Kiýewe, Nowgoroda, Moskwa etirlipdir. Beýik ýüpek ýoly halkara söwda gatnaşyklarynyň ösmeginde möhüm ähmiýete eýe bolup başlapdyr.

Biziň eýýamymyzdan öňki II-I asyrlarda ýüpek ýolunyň ugrunda uly we kuwwatly Parfiýa döwleti ýerleşipdir. Söwda ýolunyň Parfiýanyň üstünden geçmegi Rim bilen Hytaýyň aralygynda Parfiýa döwletiniň kerwen ýollaryň üstünden agalyk etmegine mümkinçilik beripdir. Parfiýa täjirleri diňe bir Hytaý harytlaryny satyn almak ýa-da ony günbatar ýurtlaryna äkitmek bilen meşgul bolman, eýsem öz harytlaryny hem satypdyrlar. Parfiýa täjirleri öz harytlaryny Siriýaly, Gresiýaly, Rimli we beýleki Ýewropaly täjirlere satýan ekenler. Parfiýa kerwenleri günbatarda Siriýa, Ermenistana, Palestina we Müsüre çenli baryp ýetipdirler. Bu döwürde Türkmenistanyň ýerlerindäki şäherler hem söwda ýollarynda ýerleşip, uly ähmiýete eýe bolupdyrlar. Amyderýanyň kenarynda ýerleşen Amul (Türkmenabat)

şäheri söwda merkezleriniň birine öwrülipdir. Bu ýerden bir ýol Owganystana we Hindistana, beýlekisi Horezme, ýene bir ýol bolsa Merwe geçipdir. Merw şäheri şu döwürde hem ýüpek matalary, ýüpek halylary bilen dünýäde meşhurlyk gazanypdyr. Merwden kerwen ýollary Hyrada (Owganystana), Köneürgenje, Nişapura, uzapdyr. Merwden günorta gaýdan kerwen ýoly Sarahsa, Abiwerde (Kaka etraby) gelipdir. Şol ýerden ýol ýene-de ikä bölünip, birisi Nişapura beýlekisi Etrek-Gürgen sebitlerine aralaşyp Dehistanyň we Gürgeniň üsti bilen Kaspi deňziniň günorta-gündogar kenarlary bilen arap ýurtlaryna aralaşypdyr. Dehistan günorta-günbatar Türkmenistanyň uly ykdysady, söwda, hünärmentçilik we medeni merkezleriniň biri bolupdyr.

Bu döwürde Abiwerd “Beýik ýüpek ýolunyň” ugrunda ýerleşen demirgazyk Horasanyň uly şäherleriniň biri bolupdyr. Bu ýere Horezmden, Margianadan, Dehistandan, Hindistandan ýükli kerwenler gelip, söwda-satyk işlerini geçiripdirler. Sarahs hem Nişapur bilen Merwiň arasyndaky iri şäherleriň biri bolupdyr. Merwden çykan kerwenler Sarahsa, soňra Nişapura, Abiwerde, Nusaýa, Parawa we aňyrlygyna Dehistana gidipdirler.

Beýik ýüpek ýolunyň ugrundaky iň uly şäherleriň biri-de Ürgenç-häzirki Köneürgenjiň etrap merkezinde ýerleşen gadymy şäherdir. Ürgenç diňe bir Orta Gündogar ýurtlary bilen däl, eýsem Ýewropanyň birnäçe şäherleri bilen söwda medeni gatnaşykda bolupdyr. Arheologlar Köneürgençde ýasalan gap-gaçlary Nowgorod şäherinden tapypdyrlar. Şeýlelikde, Beýik ýüpek ýolunyň ep-esli bölegi Türkmenistanyň gadymy topragynyň üstünden geçipdir.

Beýik ýüpek ýolunyň şeýle uly taryhy ähmiýetini nazara alyp, ÝUNESKO-nyň karary bilen “Beýik ýüpek ýoly-gepleşikler ýoly-düşünişmek ýoly” diýen at bilen döredilen Halkara ylmy-gözleg topary Türkmenistanda 1989-1991-nji ýyllarda işlediler. Olar diňe bir gadymy medeniýeti öwrenmek bilen çäklenmän, eýsem bu ýoly täzeden dikeltmek meselelerini hem öwrendiler. Garaşsyzlyk ýyllary içinde Türkmenistanda Gündogar bilen Günbataryň, Demirgazyk bilen Günortanyň aralygynda syýasy, ykdysady medeni gatnaşyklary ösdürmek üçin demir we gara ýollar gurulyp “Beýik ýüpek ýoly” täzeden dikeldilýär.

*Medeniýet.*

Biziň eýýamymyzyň II-III asyrlarynda buddanyň wagyzçylary Merkezi Aziýa, esasan hem gündogar Türkmenistana köpçülikleýin

aralaşypdyrlar. Olar şol ýerlerde ýaşan ilatyň arasynda Buddany wagyz-nesihat edipdirler. Kuşan döwründen başlap buddizm Türkmenistanyň günorta-gündogar etraplaryna ýaýrapdyr. Gadymy Merwiň Gäwürgalasyndan budda ybadathanasy we Budda hudaýyň şekiliniň tapylmagy bu diniň täsiriniň uly bolandygyna şaýatlyk edýär. Hristiançylyk dini hem Parfiýa döwründe bu ýerlere aralaşyp başlapdyr. Sasanylar döwründe bolsa, hristiançylygyň merkezleriniň biri Merw bolup, bu şäherde az wagtlyk hristian mitropoliti hem oturypdyr.

Gadymy Türkmenistanyň çäklerinde şunuň ýaly dürli dinlere uýmaklaryna garamazdan, ilatyň esasy bölegi zoroastrizm-otparazçylyk dinine uýupdyr. Esasy dini däp-dessurlar şuňa laýyklykda alnyp barlypdyr.

Otparazçylyk dini Merkezi Aziýada, şol sanda Türkmenistanda ýaşan gadymy halklaryň arasynda-da giňden ýaýrapdyr. Bu dine uýmaklyk tä araplaryň Türkmenistana aralaşmagyna çenli dowam edipdir. Bu diniň ady onuň pygamberi Zaratuştranyň ady bilen baglanşyklydyr. Otparazçylyk dininiň dini taglymaty keramatly “Awesta” kitabynda beýan edilipdir. “Awestada” ähli zatlar biri-birine gapma-garşylykly iki topara: oňat we erbet zatlara bölünipdir. Otparazçylyk dini hakykat bilen ýalanyň, haýyr bilen şeriň, ýagşylyk bilen ýamanlygyň arasynda üznüksiz göreş gidýär diýen düşünjäni wagyz edipdir. Otparazçylyk dininiň ilkinji dörän ýeri Margiana hasameýilnamaýar. Zaratuştranyň wagyzlarynda adamlary oda çokunmaga çagyrypdyrlar. Wagyzçylar otdan çyra ýasap o dünýä baryp bolýar diýip düşündirýär ekenler. XX asyryň ikinji ýarymynda geçirilen gazuw-barlag işleriniň netijesinde, köne Murgabyň aşaky akymyndan otparazçylyk dininiň dörän ýeriniň Margianadygyny subut edýän maddy maglumatlar tapyldy. Otparazçylykda ýokary hudaýdan soň ot, suw, ýer, howa iň “keramatly” zatlar hasameýilnamaypdyr. Bu dini garaýyşda oda keramat hökmünde garalmagy adamzat jemgyýetiniň ýaşaýşynda oduň uly ähmiýete eýe bolandygyny görkezýär.

***Soraglar:***

1. Oguz türkmenleriniň Beýik Hun döwleti we we onuň daşary syýasaty.
2. Sasanylar döwleti we sasany-abdal gatnaşyklary. Eftalylar döwleti.

3. Demirgazyk Türkmenistanyň ýerleri yslam dininiň Türkmenistana ýaýramgynyň öňüsyrasynda.
4. Beýik ýüpek ýoly we onuň ähmiýeti hem-de medeniýet ýagdaýy.

## 4-nji tema

## ARAPLARYŇ MERKEZI AZIÝA ARALAŞMAGY. TÜRKMENISTANDA YSLAM DININIŇ ÝAÝRAMAGY. IX ASYRYŇ BAŞLARYNDA WE X ASYRYŇ AHYRLARYNA ÇENLI EMELE GELEN DÖWLETLER

(2 sagat)

Umumy okuwyň meýilnamasy:

1. Göktürkmenleriň döwletiniň döremegi.
2. Türkmenistana Yslam dininiň ýaýramagy. Yslam dini, Muhammet Pygamber we onuň egindeşleri. Halk gozgalaňlary we olaryň netijeleri.
3. Tahyrylar, Saffarylar we Samanylar döwletleri.
4. VII-IX -asyrlarda Türkmenistanda medeniýet.

### 1.Göktürkmenleriň döwletiniň döremegi

Aziyanyň we Ýewropanyň ägirt uly giňişliklerinde, Gündogarda Koreýa aýlagyndan başlap, Günbatarada Hazar deňzine çenli, Günortada Garagumdan demirgazyk deňzine çenli aralykda emele gelen oguzlaryň Göktürkmenler döwleti türkmen taryhynda uly yz galdyrypdyr. Göktürkmen döwleti özüniň etnik düzümi, medeni we ýaşaýyş durmuşlary boýunça dürli-dürli taýpalaryň harby-syýasy birleşmesi bolupdyr. Bu birleşmäniň başyny Altaýyň käbir goňşy taýpalary bilen birlikde çykyş eden türk taýpalary başlapdyrlar.

Göktürkmenler VI asyryň ortalaryna çenli Orhon, Ýeniseý derýalarynyň jülgelerinde ýaşapdyrlar. Oguzlar öz döwletini, ilini öz ilimiz, Göktürkmen döwleti diýip atlandyrypdyrlar. Ilki-ilkiler göktürkmenler kiçiräk beglik bolup, onuň hökümdaryna Bumyn han diýer ekenler. Emma ol zamanda göktürkmenler öz gündogar tarapynda ýerleşýän güýçli Žužanlar döwletine bakna, garaşly bolupdyrlar. Erksiz göktürkmenler žužanlaryň agyr sütemini çekip, salgytlaryny töläp, olara demir eredip, ýarag ýasap bermeli bolupdyrlar. 545-nji ýylda göktürkmenlere goňşulary bolan Weý

döwletinden ilçi gelipdir. Hytaý ilçisi hoşniýetli, dostlukly gatnaşyklary ýola goýmak üçin türkmen hany Bumyn han bilen duşuşýar. Bu şatlykly waka göktürkmenlerde uly ruhy galkynyşy, duýgyny döredýär. Güýçli goňşy döwlet bilen ýaran bolmak Bumin hana-da örän zerur bolupdyr we ol patyşa Wyn-diniň tekliplerini kabul edipdir. Bumyn han haýdan-haý işe girişip, özüniň ýakyn adamlaryny Günbatar Weý döwletine sowgat-serpaý bilen ugradypdyr. Ilçiler göktürkmenler bilen Günbatar Weý döwletiniň arasynda umumy duşmana garşy ýaranlyk hakynda şertnama baglaşypdyrlar. Şundan soň Bumyn han žužanlaryň tabynlygyndan çykmak üçin gozgalaň turzup, 50 müň öýli teles taýpasyny öz raýatlygyna goşýar. Netijede göktürkmenler tiz wagtyň içinde uly güýje öwrülýär. Özüne göwni ýeten Bumyn han žužanlara uruş etmek üçin delil, bolgusyz bahana gözleýär. Bumyn han Žužan hanyň gyzynyň özüne berilmegini sorap sawçy iberýär. Žužanlaryň hany Anahuan muny juda gaty görüpdir. Ol gel-gel meniň demir eredijim (göktürkmenler žužanlar üçin demirden gap-gaç, ýarag ýasapdyrlar) maňa şeýle teklip bilen ýüz tutup bildi diýip, dergazap bolupdyr. Bumyn hana geregi-de şoldy. Ol mundan peýdalanyp žužanlara garşy uruş yglan edýär. Uruşda Bumyn han üstün çykýar we Žužan döwletini basyp alýar, özüni han diýip yglan edýär. Şunuň netijesinde 552-nji ýylda Oguzhan neberesiniň hun taýpasyndan bolan Bumyn han Göktürkmen döwletini esaslandyrýar. Bumyn hana syýasatda, harby babatda, halkyň durmuş, hal-ýagdaýyny gowlandyrmakda bitiren hyzmatlary üçin “Il han” derejesi berilýär. Ilhanlyga göterilen Bumyn hany egindeşleri üsti ak keçeli ata mündirip güniň aýlanyşy ýaly dokuz gezek aýlapdyrlar we her aýlawda onuň öňünde baş egip tagzym edipdirler. Özbaşdak türkmen döwletini döretmek işinde Bumyn hana onuň inisi Istemi han ýakyndan kömek beripdir. Emma Bumyn han şol ýylyň ahyrlarynda tarpa-taýyn aradan çykýar. Onuň ýerine ogly tagta çykýar we Gara Yssyk han derejesini kabul edýär. Ýöne bu han hem 553-nji ýylda aradan çykýar. Şol ýyldan başlap tä 572-nji ýyla çenli Bumyn hanyň kiçi ogly Kuşu han Muhan han lakamy bilen Göktürkmen döwletini dolandyrýar. Onuň akylly-başly döwleti edara edişi göktürkmenler döwletini bütin Aziýada iň kuwwatly we uly döwlete öwrülmegine getiripdir. Muhan hanyň 550-560-njy ýyllarda geçiren ýörişleriniň netijesinde Sary deňiz bilen Wolga derýasynyň aralygynda ýaşan ähli çarwa taýpalar Göktürkmenleriň döwletine goşulypdyr.

*Göktürkmen döwletiniň ikä bölünmegi.* Muhan handan soňky hanlaryň döwründe Göktürkmen döwleti kem-kemden pese düşüpdir. Içki agzalalyklar, döwletiň düzümine giren taýpalar özbaşdaklyga ymtylyp ýurduň dürli ýerlerinde gozgalaň turzupdyrlar. Üstesine-de bu döwletiň içinde dürli syýasy toparlaryň arasynda häkimiýet ugrunda ýiti bäsleşikler, oňşuksyzlyklar dowam edipdir. Bu ýagdaýdan peýdalanan goňşy döwletler dyngysyz çozuşlary gurnap durupdyrlar. Netijede, Göktürkmenleriň döwleti bütinleý gowşaýar we 604-nji ýylda Gündogar we Günbatar Göktürkmen döwletlerine bölünýär. Göktürkmenleriň günbatar bölegine Istemi han ýolbaşçylyk edipdir.

Döwletiň Gündogar Göktürkmenler hem-de Günbatar Göktürkmenler döwletine bölünmegi netijesinde bolsa, Gündogar Göktürkmenleri 630-njy ýylda Hytaýda häkimiýet başyna gelen Tan nesilşalygynyň gol astyna düşýär. Şeýlelikde Gündogar Göktürkmenleri 50-ýyllap baknalygykda bolmaly bolupdyrlar. Olar öz garaşsyz döwletini dikeltmek üçin birňäçe gezek gozgalaň turzupdyrlar, emma olaryň hemmesi diýen ýaly şowsuz gutarypdyr. Emma gahar-gazaba münen göktürkmenler 682-nji ýylda uly güýç bilen täzeden gozgalaň turuzýarlar. Gozgalaňýň başynda Bilge hanyň kakasy Ilteriş Gutlug durýar. Ilteriş, Tonýukuk serkerdeleriň bilelikde ýolbaşçylyk eden göktürkmenleriň birleşen goşuny olaryň baknalykdan çykmagyna, Ilterişiň "Beýik han" diýlip yglan edilmegine getirýär. Ilteriş han Göktürkmen döwletiniň ozalky şan-şöhratyny ýaňadan dikeldýär, ýurdy tertip-düzgüne salyp, 693-njy ýylda bolsa dünýeden ötýär. Onuň yzynda iki sany ýaşajyk ogullary - Mogilýan we Kültegin galýar. Oglanlar ýaş bolandyklary sebäpli olaryň kakasynyň inisi Gapagan patyşa bolýar(dyzmaçlygy üçin oňa Gapagan han diýipdirler). Gapagan han 703-nji ýyla çenli döwleti berkidipdir. Hytaý bilen parahatçylykly şertnama baglaşypdyr. Bu şertnamanyň netijesinde Göktürkmenler bilen garyndaş uýgurlar, türgeşler, gyrgyzlar döwletden bölünip Hytaýyň raýatalaryna öwrülipdir. Muňa gahar eden Gapagan han 706-njy ýylda Huanhe derýasynyň boýunda hytaýlylar bilen söweşip ýeňiş gazanypdyr. Gapagan han döwletiň içindäki taýpalaryň agzyny birikdirmekde hem uly işleri amala aşyrypdyr. Gapagan 716-njy ýylda dünýeden ötensoň Ilterişiň uly ogly Mogilýan - Bilge ("Bilge" "akylly," "bilimli" diýmekdir) lakamy bilen 33 ýaşynda Göktürkmen döwletiniň beýik hany bolýar. Bilge han Hytaý bilen ýaraşyk baglaşmak üçin öz

ilçilerini iberipdir, emma Hytaý patyşasy şertnama baglaşmaga derek göktürkmennleriň üstüne 300-müňlik goşun eberipýär. Emma bu ýörüş hytaýlylar üçin sowsuz gutaryýar. 725-nji ýylda Hytaý hökümdary göktürkmenleriňkä ilçi ýollapdyr. Ilçileriň kabul edilmegi bilen Hytaý Göktürkmenler bilen parahatçylykly gatnaşygy dikeldýär. Bilge han hem Hytaý bilen oňat gatnaşyklary saklamaga çalyşypdyr. Şeýlelikde, bu iki halkyň arasynda serhet ýakalarynda gyzgalaňly söwda alnyp barylypdyr.

Göktürkmenler döwletiniň gülläp ösen döwri Bilge hanyň döwrüdir. Bilge han 683-nji ýylda eneden bolup, 51 ýasynda dünýeden ötýär. Bilge hanyň dolandyran döwründe onuň kiçi dogany Kültegin döwletiň goşunynyň baş serkerdesi wezipesini alyp barypdyr. Kültegin 731-nji, Bilge han bolsa 734-nji ýylda aradan çykypdyrlar. Göktürkmen döwletiniň iň soňky hany Ozmyş han bolupdyr. Onuň patyşalyk eden wagtynda döwlet has hem gowşaýar we 745-nji ýylda garlyk hem uýgur taýpalary tarapyndan basylyp alynýar.

**2.Türkmenistana Yslam dininiň ýaýramagy. Yslam dini, Muhammet Pygamber we onuň egindeşleri. Halk gozgalaňlary we olaryň netijeleri**

Arabystan ýarym adasynda yslam dinini esaslandyran Muhammet pygamber bolup, ol 570-nji ýylda Mekge şäherinde araplaryň kureýiş taýpasynyň haşym urugynda ýönekeý maşgalada eneden bolýar. Ir ýetim galýar. Muhammet entek dünýä inmänkä kakasy Abdylla, alty ýaşyna ýetende bolsa ejesi Emine aradan çykýar. Mundan soň Muhammedi atasy Abdyl Mutallyp öz ýanyna alýar, emma ol hem köp ýaşaman iki ýyldan soň ýogalýar. Indi Muhammede onuň kakasynyň dogany Abu Talyp hossarlyk etmeli bolýar. Ýaşajyk Muhammet agasynyň çekenesini bakypdyr. Ýetginjeklik ýaşlarynda Mekge şäheriniň baý täjirleriniň biri bolan dul aýal Hatyjanyň söwda işlerini alyp barypdyr. Goňşy ýurtlara gidip Hatyjanyň söwda-satyk işlerini berjaý edýär. Ol Hatyjanyň tabşyran işlerini akýürek bilen ýerine ýetirip, päk zähmet çekipdir. Onuň oňat häsiýeti, başarjaňlygy Hatyja ýarapdyr. Hatyjanyň ony sylap hormatlamagyna, özüni alyp barşyna Muhammediň hem syny oturypdyr. Bu duýgular 25 ýaşly Muhammediň 40 ýaşyndaky Hatyja öýlenmegine getirýär. Olaryň dört gyzy - Zeýnep, Rukyýa, Ummegülsüm, Patma we iki ogly-Kasym bilen Ybraýym bolupdyr.

Muhammet 40 ýaşyndaka öz önüp-ösen ýeri bolan Mekgede 609-610-njy ýyllarda bir hudaýa-Alla ynanmagy öňe sürüp, wagyz-nesihat etmäge başlapdyr. Emma Mekgäniň ilatynyň aglabasy Muhammediň ündeýän täze yslam dinini goldamandyrlar. Ýagdaý barha ýitileşipdir. Muhammediň tarapdarlarynyň üstünden gülüpdirler, köçelere çykanlarynda keseklăpdirler, täze dinden dänmeseler heläk etjekdiklerini duýduryp, onuň kastyna hem çykypdyrlar. Muhammet pygamber azar beriljegini bilip, özüni goldaýan kiçiräk topar bilen 622-nji ýylda Mekgeden Medinä göçýär-hijret edýär. Şol ýyldan başlap musulmanlaryň ýyl hasaby hijri ýyl hasaby bilen 1-nji ýyl diýlip ýöredilip başlapdyr. Medinäniň halky täze dini goldapdyr we ony ýaýratmaga kömek edipdirler. Muhammet Medinede täze dini jemagaty döredipdir. Pygamberiň esasy wezipesi Mekgäniň, ähli Arabystanyň yslama öwürmek bolupdyr. Medine bilen Mekgäniň arasynda sekiz ýyllap dyngysyz uruş gidipdir. Netijede, 630-njy ýylda Mekge boýun egipdir. Şundan iki ýyl geçensoň, 632-nji ýylda Muhammet pygamber Medinede dünýäden ötýär. Ol şol ýerde-de jaýlanýar. Pygamber ýogalandan soň, Mekgede häkimiýet onuň egindeşlerine -halyflara geçýär.

Muhammet pygamber dünýäden ötenden soň halyflyga onuň iň ýakyn egindeşleri geçýärler. Halyf arapça mirasdüşer, orunbasar diýmekdir. Ilkinji dört halyflar Ebu-Bekr, Omar, Osman we Aly bolupdyrlar. Türkmenler olara “Dört çaryýarlar” diýýärler. Halyflaryň hemmesi 30 ýyllap arap halyfatyny (döwletini) edara edipdirler.

Muhammet pygamberiň iň ýakyn egindeşi, ýakyn maslahatçysy hem gaýyn atasy Ebu-Bekr (632-634 ýý.) birinji halyf bolupdyr. Ebu-Bekr Muhammediň duşmanlary tarapyndan yzarlanan wagtlaram, Mekgeden Medinä göçüp giden wagty hem, onuň ýanyndan aýrylmandyr. Ol Muhammet pygamberiň aýaly Äşäniň kakasydyr. Ebu-Bekr iki ýyl halyf bolýar. Emma şol iki ýylyň içinde yslam dinini Arabystanyň öz içinde ymykly ornaşdyrýar we 634-nji ýylda 66 ýaşynyň içinde aradan çykýar.

Ebu-Bekrden soň halyf bolup, Omar (634 -644 ýý.) geçýär. Ol görnükli döwlet işgäri, yslama ak ýürekden hyzmat eden, garyp-gasarlaryň tarapdary, zalymlara garşy duran, adyl hökümdar bolupdyr. Ol yslamy ornaşdyrmakda netijeli işleri bitiripdir. Omaryň häkimlik eden 10 ýylynyň içinde yslam Yraga, Siriýa, Müsüre, Liwiýa ýaýrapdyr. Omar 644-nji ýylda bir gul tarapyndan öldürilýär.

Üçünji halyf Muhammet pygamberiň giýewisi Osmandyr ( 644-656 ýý.). Ol Muhammet pygamberiň iki gyzynyň Rukyýa hem Ümmegülsüm diýen gyzlarynyň adamsydyr. Araplar şonuň üçin oňa *Zun-Nuraýy*-iki şamçyragyň eýesi lakamyny beripdirler. Osman halyflyga 70 ýaşlarynda saýlanyp, 12 ýyl häkimlik edipdir. Onuň döwründe arap halyfaty has giňelýär we uly döwlete öwrülýär. Hezreti Osman Muhammet pygambere iberilen Gurhan sürelerini we aýatlaryny ýygnadyp bir ýere jemläpdir. Olary doly gözden geçirip, VII asyryň 40-njy ýyllaryň ahyrlarynda bütewi bir Gurhan kitabyny çykarýar we halka ýaýradýar. Emma hezreti Osman hem 656-njy ýylda dildüwişijileriň elinden heläk bolýar.

Dördünji halyf Muhammet pygamberiň doganoglany we gyzy Patmanyň adamsy hezreti Aly bolupdyr. Ol (656-661) 6 ýyl halyflyk wezipesini ýerine ýetiripdir. Alynyň halyflygy döwründäki täzelikleriň biri paýtagtyň Medineden Yrakdaky Kufe şäherine geçirilmegi bolupdyr. Alynyň halyflyk eden döwründe häkimlik ugrunda özara göreşler bolup durupdyr. Aly aradan çykandan soň musulmanlar iki uly topara bölünýär. Şundan soň Alynyň tarapyny tutýan topara şaýylar, onuň garşydaş toparyna bolsa sünniler diýilipdir. Aly musulmanlaryň arasynda batyr, gahryman adam hasameýilnamaylýar. Şuňa görä ol “şahymerdan”-“mertleriň patyşasy”, “esedulla”-“Allanyň şiri” lakamlaryny göteripdir. Hezreti Aly 661-nji ýylda Kuf şäherindäki metjitleriň birine girip barýarka haryjylar taýpasyndan biri ony agyr ýaralaýar, şol ýaradanam Aly aradan çykýar.

*Gurhanyň gelip çykyşy.* Türkmenler Kurany Kerimi Gurhan diýip atlandyrýarlar. “Kuran” sözi arapçadan türkmençä geçirlende “okamak” diýmegi aňladýär. Muhammet pygamber ýazybam, okabam bilmändir. Din alymlarynyň aýtmagyna görä, Alla oňa Jebraýyl perişdäniň üsti bilen öz wahyýlaryny-habarlaryny iberip durupdyr. Muhammet pygamber Jebraýyl perişdeden hem-de öz gulagyna Alladan eşidilen sözlerini ýatda saklap, hatly-sowatly adamlara aýdyp beripdir. Bu adamlaram aýdylanlary ýazga geçiripdirler. Muhammet pygamber dünýäden ötensoň, dört çaryýarlar Pygamberiň aýdyp ýazdyran süreleriniň, aýatlarynyň baryny toplapdyrlar. Emma bu süreler dürli-dürli düşündirilipdir, şonuň üçin ilkinji halyflar olary bir tertibe getiripdirler. Soňra bolsa, olary 640-njy ýyllaryň ahyrlarynda, halyf Osmanyň tagallasy bilen bütewi bir kitap görnüşde çykarylypdyr we ony “Kurany Kerim” diýip atlandyrypdyrlar.

Gurhan kitaby jemi 114 sürä (sura)-baba we 6666 aýada bölünipdir. ”Sure” sözi “möhim” diýen manyny aňladýar. Süreler öz içinde aýry-aýry aýatlara bölünýär. Süreler özleriniň möçberleri boýunça goýlupdyr. Has uly, uzyn süreler kitabyň başynda, gysgalary bolsa yzynda berilipdir. Süreleriň döreýiş wagtyna görä olar ikä - irkilere we giçkilere bölünýär. Olaryň 87 süresi Mekge süreleri diýilýär, 27 süresi Medine süreleri diýilýär. Mukaddes Gurhan kitaby “Fatyha” süresi bilen açylyp, “Nas” diýen süre bilen ýapylýar.

Kurany Kerimde dünýäniň emele gelşi, onuň gurluşy baradaky pikirlere görä, Alla asmany-zemini alty günüň içinde ýaradanlygy barada aýatlar bar. Allatagalla adamy ruhdan, toprakdan döredendigi barada aýdylýar. Gurhanda dünýäniň panydygy ahyrýetiň müdümidigi barada pikr öňe sürülýär. Gurhanda tire-taýpa dawalary ýazgarylýar. Diline, milletine, jynsyna garamazdan ähli musulmanlaryň bir doganlygy barada wagyz-nesihat berilýär. Gurhanda ýagşylyk-ýamanlyk, haýyr-şer, utanç-haýa, adalatlyk-adalatsyzlyk, borç, jogapkärçilik ýaly düşünjelere uly üns berilýär. Din adamlardan ýagşylygy, adalatlylygy, sahylygy, päkligi, garyp-gasarlara kömek bermekligi, maşgalada agzybirligi saklamagy talap edýär. Gurhanda ýakyn garyndaşlar bilen nika gatnaşyklaryny geçirmeklik ýazgarylýar. Gurhanda ene-ata hormat goýmaklyk barada aýatlar köpdir. “Ene-atalaryňyza ýagşylyk ediň, olar garrasalar sizden ýadadym diýmäň, olara igençli gürrüň etmäň, olar bilen mylakatly gürleşiň” diýip tabşyrýär. Gurhanda: Garyndaşlara, ýoksullara kömek edip durmak zerurdyr. Bu jemgyýetiň borjudyr, ony ahmal etmek iň uly günädir diýlip wesýet edilýär.

*Araplaryň Türkmenistanyň ýerlerine aralaşmaklary.* Täze dörän arap halyflygynyň daşary syýasaty basybalyjylykly häsiýetde bolupdyr. Sasanylar döwleti ýykylandan soň arap goşunlary günorta Türkmenistana çozup giripdirler. Olar ýerli halkyň güýçli garşylyk görkezmeklerine garamazdan bütin Horasany basyp alýarlar. Araplar özlerine garşylyk görkezen şäherleri, obalary ýakyp ýandyrypdyrlar, we olaryň ilatyny özlerine tabyn edipdirler. Emma ýerli halkyň araplara garaýşy hemme ýerde deň bolmandyr. Mysal üçin, Merwiň häkimi Mahye 651-nji ýylda araplara garşylyk görkezmän, eýsem olary gujak açyp garşylaýar. Şonuň üçin oňa araplar tarapyndan uly wezipe berilipdir. Ilat bolsa araplara 2 million dirhem pul tölemeli bolupdyr, onuň ilaty bolsa yslamy meýletin kabul edipdir. Nusaý we Abiwert şäherleri hem hiç hili garşylyk görkezmän araplara tabyn

bolupdyr. Şäherleriň ilaty yslamy meýletin kabul edipdirler. Emma Sarahsyň ilaty Nyzak Tarhanyň (709-njy ýyl) ýolbaşçylygynda araplara güýçli garşylyk görkezilipdir, muňa garamazdan basybalyjylar şäheri zabt edip alypdyrlar, ilatyny bolsa uçdantutma gyrypdyrlar. Şeýlelik bilen, araplara güýçli garşylyk görkezilmegine garamazdan, olar bütin Horasany eýeläpdirler. Ýerli han-begler bolsa, öz baýlyklaryny saklamak üçin garşylyk görkezmän araplara tabyn bolanlaryny kem görmändirler. Araplar Merwi basyp alanlaryndan soň, Murgap derýasynyň boýy bilen ýokaryk hereket edip, ýarym garaşsyz çarwa taýpalaryň, ýagny türki we eftaly taýpalarynyň garşylyklaryna duçar bolupdyrlar. Araplar Murgabyň boýundaky Merwerut şäherini we onuň töweregindäki galalary güýç bilen basyp alypdyrlar. Muňa garamazdan, günorta Türkmenistanyň halky ýene-de onlarça ýyllap araplara garşy urşupdyrlar. 716-njy ýylda araplar 100 müň goşun bilen Dehistanyň üstüne ýörüş edipdirler. Araplaryň garşysyna asly türkilerden (türgeşler taýpasyndan) bolan Dehistanyň patyşasy Sul göreşsiz Merkezi Aziýanyň günbatar sebitini araplara bermek islemändir we olara garşy göreşýän adamlary hemme tarapdan gollapdyr. Araplar alty aýlap galany gabawda saklapdyrlar. Gabawa düşen ilat berk garşylyk görkezipdir. Emma suw ýetmezçiligi sebäpli Sulyň araplar bilen ýaraşyk baglaşmagyna getiripdir. Gelnen ylalaşyga garamazdan, araplar galanyň ylatynyň müňlerçesini gyrypdyrlar. Diňe şondan soň Dehistanyň ähli ilaty araplara tabyn bolupdyrlar. Şeýlelik bilen, araplar 716-njy ýyla çenli häzirki Türkmenistanyň günorta bölegini, Hazar deňzinden Amyderýanyň kenarlaryna çenli doly basyp almaklyk doly tamamlapdyrlar.

Horezm VIII asyryň başyna çenli özbaşdaklygyny saklapdyr we arap halyfatyna garaşsyz bolupdyr. Emma araplar Türkmenistanyň demirgazyk ýerlerini eýelemegi, ilatyny yslamlaşdyrmaklygy meýilleşdirýärler. Horezm döwletiniň başynda şol wagtlar Afrigilerden bolan Horezmşa bolupdyr. Edil şol wagtlarda Horezmde han-begleriň eden-etdilikleri, ýagny erkin daýhanlary özlerine tabyn etjek bolmaklary halk gozgalaňynyň turmagyna sebäp bolýar. Üstesine-de Horezmde VIII asyryň başynda tagt üştünde hem göreş ýitileşipdir. Horezmşasynyň garşysyna onuň öz kiçi dogany Hurzat gozgalaň turzup, patyşanyň tarapdarlaryndan gazaply öç alypdyr, olaryň emläklerini, mallaryny, aýallaryny ellerinden alypdyr. Horezmşa kömek sorap Horasanyň hökümdaryna, Kuteýba ibn Muslima ýüz tutýar. Kuteýba mundan peýdalanyp Merkezi Aziýany

gutarnykly eýelemek üçin 712-nji ýylda uly goşun bilen Marydan çykyp Horezmde peýda bolýar. Gozgalaň araplar tarapyndan basylyp ýatyrylýar, gozgalaňçylaryň müňlerçesi heläk bolýar. Hurzady bolsa horezmşa öldüripdir. Şeýlelik bilen, araplar Türkmenistanyň demirgazyk ýerlerinde ymykly ornaşýarlar. Arap goşunlary Horezmden gidenden soň horezmşanyň araplary kömek sorap çagyrany üçin gazaba münen halk gozgalaň turzup, horezmşany öldüripdirler. Arap hökümdary Kuteýba ýene-de goşun çekip Horezme gelipdir. Ol gozgalaňy basyp ýatryp, Horezmşanyň ogluny we oňa kömekçi edip öz dogany Abdyllany goýupdyr. Arap hökümdaralary Ürgençde (häzirki Köneürgençde) bolupdyrlar, horezmşalaryň paýtagty bolsa, Amyderýanyň sag kenardaky Kät şäheri bolupdyr. Araplar soňraky ýyllarda Amyderýanyň aňyrsyndaky ýerleri hem eýeleýärler. Bu welaýatlary olar “Mawerennahr”- “derýanyň aňyrsy” diýip atlandyrypdyrlar. Halyfatyň düzümine giren ilat ýer salgydyny (hyraç) we jan salgydyny (jize) tölemeli bolupdyrlar.

*Halk gozgalaňlary we olaryň netijleleri.* Omeýýatlaryň agalyk eden döwürlerinde (VII asyryň 60-njy ýyllarynyň başyndan 750-nji ýyla çenli) Türkmenistanda halkyň hal-ýagdaýy juda ýaramazlaşypdyr. Ýerli halky yslamlaşdyrmak üçin ilki-ilkiler yslamy kabul edenlere berilen ýeňillikler indi berilmändir. Ilat ozalky ýaly bir wagytlyk paç, jan başyna salgyt, ýer salgydy ýaly agyr salgytlary tölemeli bolupdyrlar. Munuň üstesine-de arap halyfatynyň öz içinde hem tagt ugrunda göreş başlapdyr. Halyfaty dolandyrýan omeýýatlaryň topary-da, häkimeti ele aljak bolýan apbasylar topary-da öz üstünlikleri üçin köpçüligiň närazlygyndan peýdalanmaga çalyşypdyrlar.

VIII asyryň birinji ýarymynda halyfatyň içinde häkimlik ugrunda göreş ýaýbaňlanypdyr. VII asyryň 60-njy ýyllaryň başyndan halyflygy dolandyryp gelýän omeýýatlar nesilşalygy araplaryň arasynda goldaw tapmandyr. Muhammet Pygamberyň gyzy Patmanyň äri halyf Hezreti Alynyň nesilleri halyflykda ýokary häkimlige eýe bolmaga hukugy bolansoň, olar häkimiýet ugrunda göreşipdirler. Emma Pyhamberyň daýysy Apbasyň nesilleri diýilýänler häkimiýeti öz ellerine aljak bolup dawa tutupdyrlar we halyfatda giňden wagyz-nesihat işlerini alyp barypdyrlar. Bu döwürde beýleki ýerlerde bolşy ýaly, Türkmenistanda hem araplaryň ýerli hökümdarlaryna garşy gozgalaňlar turup, olary häkimiýetden agdarmaga çalyşypdyrlar.

Merkezi Aziýada, şol sanda Türkmenistanyň ýerlerinde omeýýatlara garşy gönükdirlen birnäçe gozgalaňlar bolup geçýär. Türkmenistanyň ilaty-da bu gozgalaňlara işeňňir gatnaşypdyrlar. Gozgalaňlara gatnaşan adamlaryň käbirleri häkimiýetiň çalyşmagy netijesinde özleriniň ýagdaýlary gowulanar diýip umyt edipdirler, beýlekileri bolsa gozgalaň has giň ýaýbaňlanar we ony araplaryň agalygyna garşy gönükdirmek bolar diýip düşünipdirler. VIII asyryň 30-njy ýyllarynda Horasanda Haris ibn Sureýj araplara garşy gozgalaň edipdir. Bu gozgalaňa Merwiň we beýleki welaýatlaryň iri ýer eýleri öz harby goşunlary bilen goşulşypdyrlar. Emma bu gozgalaň basylyp ýatyrylypdyr.

Abu Muslimiň gozgalaňy Merkezi Aziýada turan gozgalaňlaryň iň ulysy bolupdyr. Abu Muslim 747-nji ýylda gara baýdagy galdyryp, omeýýatlara garşy açyk göreş etmäge halky çagyrypdyr. Gozgalaňyň esasy maksady Omeýýatlar nesilşalygyny agdaryp, Apbasileriň häkimiýetini berkarar etmekden ybarat bolupdyr. Abu Muslim Merwiň günbatar çetinde birnäçe berkitmeleri gurupdyr. Onuň esasy daýanç ýeri Mahuwan obasy eken, bu ýerde ol birnäçe aýlap gozgalaňa taýýarlanypdyr we adamlary gozgalaňa çagyrypdyr. Mahuwan obasynda Abu Muslim özüniň hemme esgerlerine ýolbaşçylyk etmek üçin merkez döredipdir. Bu gozgalaňa hemme şäherlerden: Merwden, Serahsdan, Abiwertden, Nusaýdan, Hyratdan, Talkatandan, Balhdan we beýleki şäherlerden adamlar gelipdirler. Gozgalaňa jemi 100 müňe çenli adam gatnaşypdyr.

Abu Muslim 748-nji ýylda Merwi basyp alýar, Horasanyň hökümdary Nasr ibn Saýýar Merwi taşlap Nişapura çekilmeli bolýar. Abu Muslim soňra Eýrana, Yraga ýörüş edýär. Yrakda halyf Merwan II-niň goşuny derbi-dagyn edilýär. Soňra Omeýýatlaryň tarapdarlary birnäçe gezek söweşlerde ýeňilýärler. 750-nji ýylda bolsa halyf Merwan II tagtdan düşürilip jezalandyrylýar. Apbasylar omeýýatlaryň iň iri merkezi bolan Damask şäherini hem basyp alýarlar. Şeýlelik bilen, Muhammet Pyhamberyň daýysy, Apbasynyň nebereleri halyflygy basyp alýarlar. Apbasylar öz häkimligini berkitmek üçin, halyflygyň merkezini Damask şäherinden gündogora, Tigr derýasynyň kenaryndaky Bagdad şäherçesine geçirýärler. Şundan soň, arap Halyflygynda Abu Muslimiň “gadry bilinen” bolup, ol Horasanyň hökümdary wezipesine bellenilýär. Apbasylar Abu Muslimiň arkasyndan tagty eýelelärler. Emma olar Abu Muslimiň abraýyndan juda çekinipdirler, sebäbi Abu Muslim halyfatlygyň hemme ýerlerinde

ykrar edilen beýik serkerde hökmünde görülipdir. Şonuň üçin, halyf Abu Japar al-Mansur (754-775ýý.) ony aldaw ýoly bilen Bagdada, köşge çagyryp, 755-nji ýylda ähdiýalanlyk bilen öldürip Abu Muslimdan dynýarlar.

Şeýle gozgalaňlaryň biri-de 776-njy ýylda Mukannanyň ýolbaşçylygynda Merwde başlanypdyr. Ol Merkezi Aziýanyň ençeme ýerlerini öz içine alypdyr. Bu gozgalaň 7 ýyllap dowam edýär. Mukannanyň çyn ady Haşym ibn Hekimdir. “Mukanna” diýmeklik ýüzi perdeli adam diýmegi aňladýar. “Mukanna” diýilip at berilen gozgalaňçylar jemgyýetde deňsizligi ýok etmekligi hem-de arap agalygyndan azat bolmaklygy maksat edinipdirler. Merwde dogulan Mukannanyň ata-enesi garyp gatlakdan bolupdyr. Ol ýaşlygyndan gazanç edip kir ýuwmak işi bilen meşgullanypdyr. Ýetginjeklik ýyllarynda bolsa, arap agalygynyň soňuna çykmagy maksat edinipdir. Şondan soň ol ýurtda başlanan gozgalaňa goşulyp, soňra oňa baş bolupdyr. “Ak geýimliler” bilen araplaryň arasyndaky söweş. Mukannanyň gozgalaňyna gatnaşanlar ak eşikli bolany sebäpli olara “Ak köýneklileriň” gozgalaňy diýipdirler. Bu gozgalaň synpy häsiýetde bolupdyr, şonuň üçin Mukannanyň gozgalaňy Horasanda VIII asyryň birinji ýarymynda bolan gozgalaňlardan üzül-kesil tapawutlanypdyr. Apbasylar özlerine garşy gönükdürilen halk gozgalaňyndan gorkup onuň öňüni almaga çalyşypdyrlar. Emma Türkmenistanyň ýerinde araplara garşy başlanan gozgalaň şowsuz gutarypdyr. Mukanna ýesir düşüp, ony Bagdad şäheriniň türmeleriniň birine taşlaýarlar. Emma ugur tapyjy Mukanna iki ýyldan soň tussaglykdan gaçyp, Merwe dolanyp gelýar. Ol ozalkylaryndan-da hyjuwly apbasylara garşy ilat arasynda wagyz-nesigat işlerini geçirýär, öz adamlaryny Merkezi Aziýanyň dürli ýerlerine ugradýar. Apbasylar özlerine garşy gönükdürilen halk gozgalaňyndan gorkup Mukannany ele salmagy meýilleşdirýärler. Emma 776-njy ýylda Merwiň ýanynda başlanan bu halk hereketi basym möwjäp Amyderýanyň aňyrsyna-Mawerannahra geçýär we bu ýerlerde has giň gerim alýar. Mukannanyň gozgalaňyna Merkezi Aziýanyň oturymly ilatynyň araplara garşy göreşine çarwa türk taýpalary hem gatnaşypdyrlar.

Halyf barha güýjäp barýan gozgalaňlardan howatyr edip, gozgalaňçylaryň üstüne goşun ýollaýar. Muňa-da kaýyl bolman agyr goşuna baş bolup, gozgalaňy basyp ýatyrmaga halyfyň özi gelýär. Buharanyň golaýynda aldym-berdimli söweş bolup, ol umumy

ýaraşyk bilen gutarýar. Emma ýaraşyk şertlerine görä, gozgalaň etmezlige wada beren Mukanna VIII asyryň 80-nji ýyllarynda Buharada, Samarkantda, Kaşgaderýada ýene-de gozgalaň turuzýar. Arap hökümdarlary Mawerannahrda ýerli han beglerden goldaw tapyp, Merkezi Aziýanyň hemme ýerlerinde diýen ýaly arkaýyn hereket etmäge mümkinçilik tapypdyrlar. Şol sebäpli arap hökümdarlary Mukannanyň garşysyna uly güýçleri iberipdirler. Olar agyr söweşlerden soň gozgalaňy basyp ýatyrypdyrlar. Mukanna özüniň ýakyn tarapdarlary bilen galada gizlenipdir. Emma başga goldaw bolmansoň araplar galany güýç bilen basyp alypdyrlar. Mukanna olaryň eline ýesir düşmejek bolup, özüni heläkläpdir. Gozgalaňçylardan 700-si araplar tarapyndan jezalandyrylýar. Gozgalaň uzaga çekipdir, Mukannanyň tarapdarlary hemme ýerlerde yzarlanypdyr. Muňa garamazdan göreş köp wagtlap Merkezi Aziýanyň dürli ýerlerinde dowam edipdir.

### 3.Tahyryalr, Saffarylar we Samanylar döwleti

*Tahyrylar döwleti.* Halyfatyň düzüminden bölünip aýrylan, özbaşdak döwletleriň ilkinjisi-de Tahyr ibn Hüseýin tarapyndan döredilen Tahyrylar döwletidir. Tahyr ibn Hüseýin 811-nji ýylda iki doganyň, ýagny halyf Mamun bilen Harun ar-Raşidiň arasynda tagt üstünde bolan göreşde Mamunyň goşunyna serkerdelik edipdir. 813-nji ýylda ol Bagdady basyp alyp Mamunyň tagta çykmagyna hemaýat edipdir. Tahyr ibn Hüseýin birnäçe ýylyň dowamynda halyflygyň ähli goşunynyň baş serkerdesi bolup, 821-nji ýylda bolsa Horasanyň hökümdary bolýar. Şondan sön Tahyr Horasanyň ýeke-täk hökümdary bolup Bagdadyň görkezmelerinedir permanlaryna gulak asman başlaýar we köp wagt geçmänkä 822-nji ýylyň ahyrynda halyf Mamunyň adamlary tarapyndan zäherlenip öldürilýär.

Tahyr ibn Hüseýinden soň onuň ogly Abdylla ibn Tahyr (828-844) hökümdar bolýar. Ol tahyrylar neberesiniň iň görnükli hökümdarlarynyň biri bolupdyr. Abdylla ibn Tahyryň hökümdarlyk eden döwründe döwletiň ykdysady ýagdaýy oňatlaşypdyr

Muhammet Tahyryň hökümdarlyk eden ýyllary parahatlyk bolup, gowgasyz we çaknyşyksyz geçipdir. Emma onuň ömrüniň ahyrlarynda döwletiň çet gyralary bolan Seýistanda halk hereketi başlanypdyr. Ol gazylaryň-serhet esgerleriniň çykyşlary bilen bagly bolupdyr. Gazylaryň arasyndan şaffarylaryň nesilşalygyny esaslandyran Ýakup ibn Leýs saýlanyp çykypdyr. 861-nji ýylda ol

Seýistany basyp alypdyr, 863-nji ýylda bolsa tahyrylar bilen urşup Hyrady eýeläpdir. 873-nji ýylda paýtagt şäher bolan Nişapura girip Muhammet Tahyry tagtdan düşürip Horasana hökümdar bolupdyr. Netijede Tahyrylar döwleti 873-nji ýylda Saffarylaryň çozuşlary netijesinde synypdyr.

*Saffarylar döwleti.* Eýranyň çäginde dörän Saffarylar döwleti Ýakup ibn Leýs tarapyndan esaslandyrylypdyr. Döwletiň ady "saffary" diýen söz bilen baglydyr. Parsça "saffary" sözi "kümüş" diýmekdir. Ýakup entek hökümdar bolmanka zergär, şaý-sepleri bejerýän kümüşçi ussa ekeni, şol sebäpli bu döwlete saffarylar döwleti diýilipdir.

Saffarylaryň basybalyjylykly syýasaty beýlekileriň hasabyna ýurduň çägini giňeltmek, içeri syýasaty bolsa çozuşlardan goramak, ýurtdaky garşylyklary basyp ýatyrmak häsiýetli bolupdyr. Onuň diňe bir atly goşunynyň sany 15 müňe ýetipdir. Ýakup ibn Leýs meýletin ýaragly goşun bölümini hem döredipdir. 861-nji ýyldaky Tahyrylar döwletine garşy uruşy, 863-nji ýyldaky Hyrada çozuşy Tahyrylar döwletiniň soňky hökümdary Muhammet Tahyryň tagtdan agdarylmagyna getiripdir. Şondan soň Ýakubyň Horasanda at-abraýy has hem ýokary göterilipdir. Ýakubyň üstünlikleri Bagdad halyfyny heder etmäge mejbur edipdir. Şonuň üçin, Ýakup 874-nji ýylda halyfdan Horasany dolandyrmaga hukuk gazanýar. Üstünlikden başy aýlanan Ýakup ibn Leýs Bagdady, bütin halyfaty basyp almak üçin 876-njy ýylda Bagdada ýöriş edýär. Emma ilkinji çaknyşykda Ýakubyň goşuny derbi-dagyn edilýär. Ýakub üç ýyldan soň ölýär. Horasana onuň dogany Emir ibn Leýs hökümdar bellenilýär.

*Samanylar döwleti.* Samanylar Tahyrylardan-da öň Mawerennahrda häkimlik edip başlapdyrlar, emma olar Horasan häkimligine tabynlykda bolupdyrlar. Samanylaryň nesilbaşy Samany diýen adam bolupdyr. Ol Balh welaýatynyň Samany obasynyň eýesi bolupdyr. Ol ýerli hökümdar Asada hyzmat edip yslamy kabul edipdir, oglunyň adyna bolsa Asad dakypdyr. Asadyň dört ogly bolupdyr: Nuh, Ahmet, Ýahýa we Ylýas. Olar soňra halyf Mamunyň ýanynda hyzmatda bolupdyrlar, araplara garşy turan gozgalaňlary basyp ýatyrmaga gatnaşypdyrlar. Şonuň üçin, halyfyň görkezmegi bilen takmynan 819-821-nji ýyllaryň içinde: Nuh Samarkanda, Ahmet Fergana, Ýahýa Şaşa, Ylýas Gerat welaýatlaryna häkim bellenipdirler. Bu döwürde Nuh Samanylaryň ýaşulsy bolup nesilşalygy ýöredipdir. Nuh ölenden (842 ý.) soň, Ahmet nesilşalyga baş bolupdyr. Ahmet

heniz dirikä Samarkand şäherini ogly Nasra dolandyrmaga beripdir. 855-nji ýylda Ýahýa aradan çykandan soň Şaş welaýatam Ahmede goşulypdyr. 864-nji ýyldan başlap atasy ölenden soň, Nasr nesilşalygyň ýolbaşçysy bolýar. Bagdad halyfy 875-nji ýylda Nasry bütin nesilşalygyň ýolbaşçysy diýip ykrar edýär we oňa döwleti dolandyrmak üçin ynanç hatyny iberýär. Ysmaylyň Horasanda häkimlik ugrundaky göreşi. Nasr Samanylara täze birleşdirilen Buharany inisi Ysmayla berýär. Emma Ysmayl Buharadan alynýan 1 million 200 müň dirhemden Nasryň gaznasyna hiç zat geçirmänsoň, olaryň arasynda uruş başlaýar, netijede (888 ý.) Ysmayl ondan üstün çykýar. Emma Ysmayl agasy hökmünde Nasry nesilşalygyň ýolbaşçysy hökmünde galdyrýar. Diňe 892-nji ýylda Nasr aradan çykandan soň Ysmayl döwletiň ýeke-täk hökümdary bolýar. Ol 907-nji ýyla çenli döwleti dolandyrypdyr. Buhara bolsa onuň mülkine öwrülipdir. Ysmayl häkimiýeti ele alandan soň basybalyjylykly ýörüşlere başlapdyr. Ol Mawerennahryň kä bir welaýatlaryny (Talas we ş.m. ) Samanylaryň döwletine birleşdiripdir. Ysmaylyň kuwwatynyň artýanyny gören Bagdat halyfy biynjalyk bolup başlaýar. Halyf Ysmaylyň garşysyna Horasanyň hökümdary bolan Amr ibn Leýsi peýdalanypdyr. Emma uruş hereketleri Mawerennahrda bolman, Amyderýadan günortada bolup geçär. Ibn Leýsiň goşuny 900-nji ýylda Balhyň eteginde derbi-dagyn edilýär. Amr ibn Leýs bolsa ýesir alnyp, Bagdada iberilýär. Şondan soň, Ysmayl bütin Horasanyň hökümdary bolupdyr.

### 4.VII-IX asyrlarda Türkmenistanda medeniýet

Araplaryň gelmegi bilen Merkezi Aziýada ylmyň we medeniýetiň ösmegine giň mümkinçilikler döräpdir. Ekarançylygyň, suwaryş ulgamynyň, senetçiligiň, söwdanyň ösmegi, beýleki ýurtlar bilen söwda, medeni we diplomatik gatnaşyklaryň ösmegine ýol açypdyr. Bu özara gatnaşyklar medeniýetiň ösmegine, ylmy bilimleriň tomeýilnamamagyna amatly şertleri döredipdir. Bu ýagdaý takyk ylymlaryň peýda bolmagyna getiripdir. VIII asyrdan başlap Türkmenistanda matematika, geometriýa, astronomiýa, lukmançylyk ylymlary boýunça uly açyşlar başlanýar. Matematika ylmynyň ýüze çykmagy gönüden-göni Muhammet al-Horezminiň ady bilen baglanyşyklydyr. VIII asyryň ikinji ýarymynda IX asyryň 30-40-njy ýyllarynda ýaşan we işlän bu beýik alymyň asly gadymy Köneürgençden bolupdyr. Ol diňe bir matematika ylmy bilen meşgul

bolman eýsem astronomiýa, geometriýa, geografiýa we taryh ylymlary bilen hem meşgullanypdyr. Ol astronomiýadan ýer togalagynyň radiusyny we onuň uzynlygyny kesgitleýän iş ýazypdyr. Al Horezmi halyf Mamunyň çagyrmagy bilen Merwe göçüp gelýär we bu ýerde Mamunyň ýanyndaky ylmy merkezde dokuz ýyl işleýär. Emma Bagdad halyfy Merwden gaýdanda Horezmini hem öz ýany bilen alyp gidipdir. Şeýlelikde ol Merwdäki ylmy merkezi taşlamaly bolýar. Halyf Mamun Horezmini Bagdad köşgüniň garamagynda işleýän “Paýhas öýi” diýilýän ylmy merkeziň ýolbaşçysy edip belleýär we şol ýerde köp ýyllaryň dowamynda işleýär.

Horezminiň döwründe astronomiýa ylmyny ösdürmekde hem uly üstünlikler gazanylýar. Bu ugurda uly üstünliklere eýe bolan görnükli alymlaryň biri-de asly Merwli bolan Habaşdyr (Ahmet ibn Abdullah al-Merwezidir). Habaş hem Horezmi ýaly Bagdatda halyf köşgünde işläpdir, Habaş astronomiýany ösdürmäge öz goşandyny goşan beýik alymlaryň biri bolupdyr. Ol 832-nji ýylda astronomiýa boýunça düzülen tablisalaryň üçüsini düzýär we astronomiýa ylmynyň ösmegine uly goşant goşýar. VIII-IX asyrlarda Türkmenistanyň ýerlerinde medeniýetiň ösmegine diňe bir häkimleriň köşklerinde kitaphanalar, ylym öýleri açylman, eýsem ýerli häkimleriň, aýry-aýry adamlaryň öýlerinde hem kitaphanalar açylyp, golýazmalaryň ýygyndylary tomeýilnamaypdyr. Olar “ylym öýlerini” hem açypdyrlar, olarda metjitler, mekdepdir medreseler açylyp, okuwçylara talyp haklary tölenipdir.

*Edebiýat.* “Gorkut ata” eposy. Gorkut-ata türkmeniň paýhasly kethudalarynyň biri, şahyr we bagşy bolupdyr. Onuň doglan ýeri, önüp-ösen mekany Merwdir. Onuň kakasyna Gara hoja diýer ekenler. Akyldaryň çyn ady Gorkut bolup “ata” edebi lakamy bolupdyr. Gorkut ajap bir kitap ýazyp, onuň adyna “Gorkut ata” goýupdyr. Kitap Gündogar edebiýatyna mahsus bolan halypanyň şägirdine, atanyň ogluna öwüt berişi äheňde ýazylypdyr. Ondaky öwüt-nesigatlaryň esasy temasy türkmeniň gadymy taryhy, medeni, ruhy durmuşy baradadyr.

*“Ergenokon” dessany*. Ergenokon gadymy türkmen eposlarynyň biridir. Bu taryhy eposda göktürkmenleriň ýurt üçin, ar-namys üçin çekýän ýürek awylary görkezilýär.

*Orhan Ýeniseý ýazgylary*. Gadymyýetde dörän Oguz-Orhon ýa-da Orhon-Ýeniseý ýazuwy baý geçmişi bolan türkmen halkynyň taryhyny öwrenmekde bahasyna ýetip bolmajak gymmatly mirasdyr.

Ol gadymy türkmenleriň maddy we ruhy medeniýetiniň ýadygärligidir. Aslyýetinde oguz-orhon ýazuwy hem öňler “Orhon-Ýeniseý” ýazgylary diýilip atlandyrylypdyr. Onuň şeýle atlandyrylmagy ýöne ýerden däl eken, sebäbi şeýle atlandyrylmagyň özi ýazgylaryň türkmenleriňkidigini inkär edýärdi. Sebäbi onda türkmen halkynyň unudylan taryhy, ýagny göktürkmenleriň taryhy, olara baş bolan beýik şahsyýetleriň atlary berilýärdi.

Orhon-Ýeniseý ýazuwyny öwrenmäge belli türkşynas W.W.Radlow we dilçi hem taryhçy daniýaly alym W.Tomsen içgin girişýärler. B.Tomsen 1893-nji ýylda Orhon ýazgylarynyň türki taýpalaryň ýazuwlarydygy barada Daniýada alymlaryň öňünde çykyş edýär. Ol bu hatlaryň sagdan çepe okalýandygynyň üstüni açýar. Şonuň ýaly-da ýazgylardaky bellikleri deňeşdirip, onda 38 harpdan ybarat gadymy türkmen elipbiýiniň bardygynyň üstini açýar.

***Soraglar:***

1. Göktürkmenleriň döwleti we olaryň goňşy döwletler bilen gatnaşygy.
2. Yslam dininiň Türkmenistana ýaýramagy we halk gozgalaňlary hem-de olaryň netijeleri.
3. Tahyrylar, Saffarylar we Samanylar döwletleri hem-de olaryň durmuş-ykdysady ýagdaýydyr döwlet dolandyryş aýratynlyklary.

## 5-nji tema

## TÜRKMENISTAN X-XI ASYRLARYŇ SEPGITLERINDE. BEÝIK SELJUK TÜRKMENLERINIŇ DÖWLETI

(2 sagat)

Umumy okuwyň meýilnamasy:

1. Garahanly we Gaznaly türkmen döwletleri.
2. Beýik Seljuk türkmen döwleti.

### 1.Garahanly we Gaznaly türkmen döwletleri

*Garahanly türkmenleriň döwleti* asly türkmenlerden bolan Bilge Kül Kadyr han tarapyndan 840-njy ýylda esaslandyrylyp, döwletiň ady Bilge Kül Kadyr hanyň Gara han adyny almagy bilen baglanyşyklydyr. Kadyr handan soň döwletde ogullary Bazar Arslan

bilen Ogulçak han hökümdarlyk edýär. Bazar hanyň ogly Satyk Bugra kakasy ölenden soň agasy Ogulçak hanyň elinde ulalýar. Satyk Bugra han Samarkandy Buharany, Horezmi basyp alýar we öz döwletine birleşdirýär. Bugra han Samanylar döwletiniň üştüne çozýar we Samanylar Bugra hana garşylyk görkezip bilmeýärler. Garahanlylar döwletine Ýedisuw ýerleri (Semireçýe-Gazagystanyň Günorta-Gündogar bölegi) Gündogar Türküstan Kaşgar ýerleri tabyn bolupdyr. Satyk Bugra han 996-njy ýylda aradan çykýar. Onuň üç ogly bolupdyr. Onuň ýerine ogly Baýdaş Arslan han geçýär. Baýdaş Arslan han Süleýman adyny hem göteripdir. Onuň döwründe 200 müň öýli garlyk, ýagma, jyky boýlary musulmançylygy kabul edipdirler. Baýdaş hanyň döwründe tutuşlygyna yslam dinini kabul edilipdir. Baýdaş Arslan han Garahanly döwletiniň dagynyklyk ýagdaýyny aradan aýyrýar. Döwleti bir ýere birleşdirýär. Ol beýik hanlyk derejesine ýetýär. Baýdaş Arslan hanyň döwründe Garahanlylar döwletiniň welaýatlarynda gapma-garşylyk, närazylyk güýçlenýär. Köşk emeldarlarynyň arasynda oňa garşy dildüwşikler köpelýär. Baýdaş Arslan hana ol garşylyklary rehimsizlik bilen basyp ýatyrmak başardýar. Ol aradan çykandan soň tagt ugrunda göreş başlanýar. Baýdaş Arslan hanyň ogly ýaş bolupdyr. Onuň ýaşlygyndan peýdalanyp, Bugra hanyň beýleki ogly Iltegininiň ogly Osman özüni han diýip yglan edýär. Iki doganoglanyň arasynda dartgynly ýagdaý duşmançylyga öwrülipdir. Osman han uzak ýaşaman aradan çykýar. Onuň ýerine Esli han bolýar. Oňa hem uzak han bolmaklyk (3 ýyl) miýesser etmändir. Esli han aradan çykandan soň ýerine onuň ogly Şaban, soň onuň ogly Tugran han (18 ýyl), soň Aly han (20 ýyl) bolýar. Aly han döwleti berkitmäge çalşypdyr. Ol oguz beglerini hukuklaryny çaklendirmäge çalşypdyr.Garahanly türkmenleriň döwletiniň hökümdarlarynyň biri Nasyr bolup, ol Ilek han derejesine göterilipdir. Ol Abu Hasan Aly Arslan hanyň ogludyr. Nasyr Ilek han Garahanly hökümdarlarynyn arasynda Abbasy halyflygyny ilkinji bolup ykrar edipdir. Nasyr Ilek han Garahanly döwletiniň Günbatar bölegini edara edip, Samanylara garaşy göreşi dowam etdiripdir. 996-njy ýyldan ýörişiň netijesinde Samanylaryň ýerlerini bir bölegi (Syrdyrýanyn Katwan çölüne çenli kenarlary) Garahanlylaryň eline geçipdir. Nasyr Ilek han Samanylar döwletini ýykmak maksady bilen onuň paýtagty Buhara iki gezek ýöriş edipdir. Birinji ýörişiň (997) şowsuz gutarandygyna garamazdan, ikinji ýörişde (999) Garahanlylar üstünlik gazanmagy başarypdyrlar. Samanly neberesine degişli

hökümdar masgala agzalary Ötüken şäherine äkidilip, zyndana taşlanypdyr. Şeýlelikde Nasyr Ilek han taryhda Samanylar döwletini ýykan hökümdar hökmünde mälimdir. Samanylar neberesinden bolan Abu Ybrahym Muntansir zyndandan gaçyp, döwleti dikeltmäge synanyşsa-da, ol şowsuz tamalanypdyr. 1040-njy ýylda onuň öldürilmegi netijesinde bütin Mawerennahr Garahanlylaryň golastyna geçipdir. 1001-nji ýylda Horasanyň hökümdary bolan Gaznalylar bilen Mawerennahryň hökümdary Garahanlylaryň arasynda ylalaşyk baglaşylypdyr. Gaznalylar bilen Garahanlylaryň arasynda birnäçe gezek çaknyşyklar bolup geçýär. Nasyr Ilek han Mahmyt Gaznalynyň Hindistanda ýörişdediginden peýdalanyp, Horasany ele geçirmek isläpdir. Süýbaşy Teginiň serkerdeligindäki goşuny Nişapura we Tusa ýollapdyr. Inisi Japaryň (Jafer) ýolbaşçylygyndaky kuwwatlary bolsa Balha iberipdir. Emma Hindistandan yza dolanan Mahmyt Gaznaly olary derbi-dagyn edipdir. Ýeňilendigine garamazdan, Nasyr Ilek han Hatanyň (Hotan) häkimi Garahanlylaryň beýik hökümdary Ýusup Kadyr handan kömek sorapdyr. Ýöne Balhyň golaýynda bolan söweşde (1008-nji ýylyň ýanwar aýynyň 5-i) Garahanlylaryň birleşen güýçleri Gaznalylaryň piller bilen ýaraglanan güýçlerinden asgyn gelipdirler. Bu ýöriş Garahanlylaryň Horasany eýelemek üçin iň soňky ýörişidi. Bu ýeňliş Garahanly neberesiniň arasynda agzalalygyň tutaşmagyna sebäp bolupodyr. Nasyr Ilek han Gaznalylara garşy özüne kömek bermedik agasy beýik Hakan Dogan han (Ahmet bin Aly) bilen dawa giripdir. Döwleti Kaşgarda oturyp, edara edýän Dogan han Nasyr han bilen göreşmek üçin Mahmyt Gaznaly bilen ylalaşyk baglanyşypdyr. Nasyr Ilek hanyň Kaşgara ýörişi (1011-1012) şowsuz tamamlanypdyr. Mahmyt Gaznalynyň araçy bolmagynda doganlaryň arasynda ylalaşyk gazanylypdyr. Aradan köp wagt geçmänkä Nasyr Ilek han aradan çykypdyr. Aly hanyň ogly Mälik şanyň özüni alyp barşy oguzlaryň sabyr käsesine doldurýar. Oguz begleri Aly handan Mäligi ellerine bermegini talap edýärler. Mälik şa Oguz begleriniň özüne bolan duşmançylygy duýup, atasynyň ýanyna gaçyp barýar. Aly han oguz begleriniň talabyny ýerine ýetirmän, ogluna goşun berip oguz begleriniň üstüne iberýär. Olaryň garşylygyny zorluk bilen basyp ýatyrmaga synanşypdyr. Mälik şanyn garşysyna çykan goşuna gynyklardan Togrul beg serkerdelik edipdir. Uruş tärlerini ökde, batyr Togrul beg goşunynyň sany az bolsa-da Mälik şanyn leşgerlerini derbi-dagyn edýär. Aly hanyň hökümdarlygy

gowşaýar. Bu wakalar XI asyryň başlarynda bolup geçip, XI asyrda-da Gaznalylar döwleti güýçlenýär.

*Gaznaly türkmen döwletiniň* ilkinji hökümdary Alp Tegin bolupdyr. Ol Samany hökümdalarynyň türk gulamlarynyň biri bolup, ýonekeý gulamlykdan harby serkerdelige çenli derejelere ýetipdir. Ol Samanylaryň köşgünde uly abraýa eýe bolupdyr we Alp Tegin aradan çykandan, ýagny radan 14 ýyl geçenden soň onuň gulamlarynyň biri Söbük Tegin 977-nji ýylda paýtagty Gazna şäheri bolan özbaşdak döwleti döredýär. Oňa Gaznaly türkmen döwleti diýilmeginiň sebäbi-de şonuň bilen baglanyşyklydyr. Şu mynasybetli-de Gaznalylar türkmen döwletini döreden Söbük Tegin hasameýilnamaylýar. Söbük Teginiň ogly Mahmyt hem ýaşlykdan özüniň ugurtapyjylygy, harby işlerden oňat baş çykarýandygy we harby ussatlygy bilen beýlekilerden tapawutlanypdyr. Mahmyt 998-nji ýylda kakasy ölenden soňra, özara uruşlary döreden kiçi inisi Ysmaýyly ýeňýär we tagta çykýar. Onu dolandyran ýyllary (998-1030) Gaznaly türkmenleriň döwletiniň gülläp ösen döwri bolupdyr.Bu döwürde gaznaly türkmenleriniň döwletiniň çäkleri Hindistanyň demirgazyk günbatar raýonlaryndan Mawarennahara, Horezimden Eýranyň Yspyhan we Reý şäherlerini hem öž içine alyp, Yraga çenli giňeldipdir. Şeýle-de Mahmyt Gaznalynyň edara eden ýyllarynda ençeme harby ýörişler guralypdyr. Ol 1001-1026-njy ýyllarda Hindistana 17 gezek ýöriş gurapdyr. Bu ýorişler basyp alyjylykly häsiýetde bolup, talaňçylyklygy we butparazlygy ýok etmeklige gönükdirilipdir.

1025-nji ýylda Seljugyň ogly Ysraýyl (Arslan) Mahmyt Gaznalynyň huzuryna wekil edilip iberilipdir. Mahmyt Gaznalynyň razylygy boýunça, Seljuk türkmenlerine çarwaçylyk we ekerançylyk üçin mes toprakly Sarahs, Abywerd we Feraby ýerlerinde ornaşmak miýesser edipdir. Olaryň sany 4 mün çemesi öýli bolup, bu göçhä-göçlükde seljuk türkmenlerine Ýagmyr, Buka Takaş we Gyzyl ýaly serkerdeler ýolbaşçylyk edipdirler.

Seljuk türkmenleriniň Horasana gelmegi bilen türkmen meselesi ýüze çykýar. Gaznaly döwletiniň ýerli hökümdarlarynyň käbiri muňa garşy çykýarlar. Soltan Mahmyt seljukly türkmenleri ýer we öri meýdanlary üçin salgyt tölemäge borçly edipdir. Salgyt ýygnaýjylar bolsa kem-kemden salgydyň möçberini köpeldipdirler. Bu bolsa Seljuk türkmenlerinde nägilelik döredipdir. Şeýle adalatsyzlyk üçin olar Gaznalylaryň salgyt ýygnaýjylaryna gaýtawul görkezipdirler. Bu

ýagdaý Seljuk türkmenleri bilen Gaznalylaryň arasyndaky gatnaşyklary ýitileşdirýär.

Muňa gahary gelen Mahmyt Gaznaly Tusyň hökümdary Abulharis Arslana seljuk türkmenlerini jezalandyrmagy buýrupdyr. Arslan goşunlary bilen 1027-nji ýylda seljuk türkmenlerini toba getirmek üçin birnäçe gezek hüüm edipdir. Emma ol hiç hili ýeňiş gazanyp bilmändir. Seljuk türkmenleri Arslan jezibiň goşunlaryna berk gaýtawul beripdirler. Iki tarapdan hem köp ýitgiler bolupdyr. Ahyry Arslan jezip özüniň seljuk türkmenlerinden ejiz gelendigini boýun alypdyr. Şondan soň Mahmyt Gaznaly seljuk türkmenllerine garşy göreşmek üçin saýlama goşunlaryny ugradýar. 1028-nji ýylda Feraby şäheriniň golaýynda seljuk türkmenleri bilen gaznaly gopşunlarynyň arasynda aýgytly söweş bolýar. Bu söweşde seljuk türkmenleri köp adam ýitgisini çekipdir.

1030-njy ýylyň baharynda Soltan Mahmyt dünýäden ötýär. Onuň ogly Soltan Masudyň döwleti dolandyran döwründe, ýagny 1030-1040-njy ýyllarda Gaznaly türkmenleriň hökümdarlygy kem-kmeden gowşap başlaýar. Mahmyt Gaznaly aradan çykandan soňra, seljuk türkmenleri bilen gaznalylaryň arasyndaky gatnaşyklar has-da ýitileşýär. Bu döwre çenli Mawerannahrda we Horezmde syýasy durnuksyzlyk emele gelipdir. Bu ýagdaý ol ýerlerdäki türkmenleriň Horasana göçüp gelmeklerini getirýär. Şeýlelikde 1035-nji ýylda seljuk türkmenleriniň ikinji tapgyry Horasanda peýda bolupdyr. Olara Abu Süleýman Dawut Cagry beg we Abu Talyp Muhammet Togrul beg we olaryň agalary Musa Ýabgu ýolbaşçylyk edipdirler. Seljuk türkmenleriniň ikinji tapgyry Horasana göçüp gelenlerinden soň, olar Soltan Masuda habar iberip, Nusaý we Feraba sebitlerinden özlerine ýer, mallary üçin meýdanlar berilmegini haýyş edipdirler. Umuman, seljuk-gaznaly 1039-1040-njy ýyllaryň gyşyna çenli dowam edýär. Soltan Masut 1040-njy ýyllyň ýazynda urşy dowam etdirmek üçin Merwe tarap ugramagy ýüregine düwýär. Ol Seljuk türkmenleriň elinde galan iň uly şäher Merwi eýelemegi maksat edinýär. Seljuk türkmenleri Togrul begiň ýolbaşçylygynda maslahat geçirýärler. Maslahatda Masurt bilen ýüzbe-ýüz durup söweşmek makul bilinýär. Masudyň güýçden we ysgyndan gaçan goşuny 1040-nji ýylyň 24-nji maýynda Daňdanakana ýetipdir we şol ýerde hem söweş başlanypdyr. Söweş seljuklylaryň ýeňşi bilen tamamlanýar. Şeýlelikde 1035-1040-njy ýyllar aralygynda 5 ýyllap dowam eden seljukly türkmen gaznaly

urşy 1040-njy ýylda Beýik Seljuk türkmenleriniň döwletiniň esaslandyrylmagy bilen tamamlanýar.

**2.Beýik Seljuk türkmen döwleti**

Seljuk türkmenleriniň döwleti Daňdanakan söweşinden soň, Maryda bolan uly türkmen gurlutaýynda Garaşsyz diýip yglan edilip, oňa Togrul beg hökümdar, Çagry beg serkerde hökmünde bellenýär. Soltan Togrul beg Reýde (hökümdarlygy 1040-1063 ý.), Horasan hökümdary Çagry batyr (hökümdarlygy 1040-1060 ý.) Maryda galyp iki dogan agzybirlikde ýurdy dolandyrýarlar.

Seljuk türkmenleri öz guran döwletiniň çäklerini giňeltmäge başlaýarlar. Eýýäm 1040-njy ýylyň tomsunda Çagry beg Balhy basyp alypdyr, onuň yzyndan bolsa Horezme tarap ugrapdyr. Şoňa çenli Horezm Jendiň hökümdary Ýaňykendiň iň soňky ýabgusy bolan Aly hanyň ogly, seljuk türkmenleriniň köne duşmany Şa Mälik tarapyndan basylyp alynan eken. Şeýle-de bolsa, 1043-nji ýylyň ýazynda seljuklar bu ýerde doly ýeňiş gazanypdyrlar. Soňra Çagry beg Seýistany, Togrul beg Eýranyň üstüne ýöriş gurap, Hazaryň ýakasyndaky welaýatlary (Gürgen, Tabarystany, Azerbeýjany), Günorta Eýrany basyp alypdyr we öz paýtagtyny Reýe geçiripdir. Şonyň bilen bir wagtyň özünde Ermenistanyň, Gruziýanyň we Wizantiýanyň üstüne seljuk ýörişleri başlanýar. 1054-nji ýylda seljuk türkmenleri Yragyň üstüne ýörüş edýärler. Gysga wagtyň içinde seljuk türkmenleriň döwletiniň içine Balh, Jürjan, Tabarystan, Köneürgenç, soňra Jybal, Hemedan, Dinawar, Hulwan, Reý we Yspyhan birikdirilýär.

1063-nji ýylda Togrulbeg aradan çykandan soň Çagry begiň ogly Alp Arslan tagta geçýär. Ol öz garşydaşlarynyň hereketini ýok edip impertiýanyň gündogar we günbatar welaýatlaryny mäkäm birleşdirýär. Täze soltany Bagdat halyfy ykrar edýär. 1066-njy ýylda Alp Arslan özüniň körpe ogly Mäligi tagt mirasdüşeri diýip, yglan edipdir. Imperýanyň ähli begzadalary şazada wepaly bolmaga ant edýärler. Alp Arslan diňe bir söweş meýdanlarynda görkezen gahrymanlygy we gazanan ýeňişleri bilen däl, eýsem, kakasynyň döwletiniň häkimlik eden ýerlerinde döwleti ussatlyk bilen edara edip bilipdir we adalatlylygy bilen hem şöhrat gazanypdyr.

Soltan Alp Arslan hökümdarlyga geçen badyna harby ýörişlere başlapdyr. Ol 1064-nji ýylda Ermenistany, 1065-nji ýylda Gruziýany eýeläp, Gündogara ýörişlerini dowam etdirýär. Hyrat, Horezm we

başgada birnäçe ýerlerde bolan irili-ownukly pitneleri basyp ýatyrylýar we Jendi seljuklylara birikdiripdir.

1070-1071-nji ýyllarda Kiçi Aziýa Anadoly ýerlerine ýörişe ugraýar. Soltan Alp Arslan sanlyja aýyň içinde örän kän şäherleri we galalary eýeläninden soňra şol jelagaýlarda iň mäkäm, iň berk gala hasameýilnamaýan Wizantiýalylaryň elindäki Any galasyna ýöriş edipdir. Soltan Alp Arslan gan dökşukli çaknyşyklaryň netijesinde galany zabyt edip alýar. Soltan şäherde metjitdir medreseler gurduryp, ylym-bilim ulagmyny ýola goýupdyr.

Beýik soltan indi özüniň bar ünsüni Kiçi Aziýa tarap gönükdürýär. 1070-71-nji ýyllaryň ortalaryna çenli ol degerli ýagdaýlary doly bilmegi başarýar. Indi ol Wizantiýanyň imperatory Roman Diogen bilen duşuşmagy ýüregine düwýär we şol maksat bilen ony ýanyna öz ilçisi Saw Tegini iberýär. Sebäbi söweşmezden öň duşmany söweşsiz boýun egdirmekligi gazanmak üçin gepleşikler geçirmek oguz türki halklarynyň däbinde bardy. Netije-de seljuklar 1071-nji ýylyň 26-njy awgustynda juma güni söweşe girişýäler.

Soltan Alp Arslan öz goşunyny üç topara: sag, çep we merkezi ganatlara bölýär. Soltanyň özi köne däp boýunça merkezi ganata ýolbaşçylyk edýär. Seljuklaryň gadymy harby söweş däpleri boýunça her bir söweşde hökman bukuda goşmaça goşun saklanýardy. Bu söwşde hem şol taktika ulanylypdyr. Söweş ilki bilen seljuklaryň merkezi ganaty Alp Arslandan başlanýar. Seljuklaryň merkezi ganaty yza çekilen bolup, Wizantiýalylaryň daşyny gabaýardylar. Wizantiýa goşunynda uzlar, peçenegler hem bardy. Wizantiýa imperatory olaryň söweş tejribelerini we usullaryny öz garyndaşlaryna garşy gönükdürmekçidi. Entek söweş başlanmanka olar seljuk esgerleri bilen özlerine düşnükli dillerinde gepleşipdirler we guwanypdyrlar. Çünki, özlerini seljuklaryň garyndaşlarydygyny mälim edýärler. Şeýlelikde, söweşiň iň gyzgalaňly wagty olar seljuklaryň tarapyna geçýärler. Netijede wizantiýalylaryň sag ganaty çalt derbi-dagyn edilýär. Duşmanlar aljyraňlyga sezewar bolýarlar. Olaryň daşlary gabalýar we şol gün agşamara söweşiň ykbaly çözülýär. Imperator Roman Diogen hem ýesir düşýär.

Alp Arslan 1071-nji ýylda Malazgirt söweşinde Wizantiýalylardan üstün çykyp, imperatory ýesir alyp, ajaýyp ýeňş gazanýar. Bu ýeňişden soň Seljuk türkmenleri gündogarda 1072-nji ýýlda Buharany eýeleýär we şol ýyl Alp Arslan agyr ýaralanýar we aradan çykýär.

Çagry begiň agtygy Mälik şanyň döwründe (1072-1092) Seljuklar imperiýasynyň çäkleri has-da giňelýär. Döwürdeşleriniň pikirine görä Mälik şa Seljuk hökümdarlarynyň iň ukypluysy bolupdyr. Ol şöhratly ata-babalarynyň ýerlerini giňeltmek, onuň serhetlerini goramak syýasatyny dowam etdiripdr. 1079-njy ýylda Mälik şa Kawkaz ýerlerine ýöriş edipdir. 1080-nji ýylda Karsy eýelän soltan Wizantiýanyň Trapezund şäherine hüjüm edipdir. 1086-njy ýylda Seljuklar Kawkazda peýda bolýarlar we Gara deňize çenli baryp ýetipdirler. Mälik şa goşunyna üýtgeşmeler hem girizipdir. Ýygyn goşun görnüşinde bölünýär. Esgerlere we serkerdelere zähmet haky tölenipdir. Artykmaç hukukly serkerdelere hususy eýeçiliginde ýer emlägi hat-da tutuş şäherler obalar berlipdir.

Mälik şanyň döwründe döwletiň ýyllyk girdeýjisi iki ýüz on bäş milion dinara barabar bolupdyr. Ýurtda metjitdir medereseler we köşkler bina edilip, täze ylmy çeperçilik medeni edaralary açylypdyr. 1091-nji ýylda Mälik şanyň permany bilen imperiýanyň durmuşyny ähli uurlar boýunça beýan ediljek kitaplaryň bäsleşigi yglan edilýär. Ýöne soltan Mälik şa öz göwnüne ýaran kitabynyň-Nyzam al Mülküň ýazan “Syýasatnamasynyň” çap edilen gününe çenli ýaşamandyr. Ol 1092-nji ýylda aradan çykýar.

1092-nji ýylda 38 ýaşynda Mälik şa aradan çykandan soň, seljuklar dinastiýasynda tagt ugrunda özara tutluşyk başlanýar.

1092-nji ýylyň 14-nji oktýabrynda Nyzam al Mülk öldürilýär. Ol köşkdäki dildüwşikleriň gurbany bolýar. Mälik şa ölenden soňra Beýik seljuk-türkmen imperiýasy 4 bölege bölünýär

1.Yrak we Horasan seljuklary. Bular Beýik seljuklaryň dowamy hasameýilnamaýar. Gündogar seljukly türkmen toparynyň hökümdary Mälik şanyň ogly Sanjar (1118-1157) bolupdyr.

2.Kirman seljukly topary.

3.Siriýa seljukly topary.

4.Anadoly seljuklary.

Şeýlelik-de Mälik şa imperiýanyň iň soňky soltany hasameýilnamaýar. Ol aradan çykandan soňra tagt ugrunda göreşler has ýitileşýär.1092-nji ýylda Horasanda Mälik şanyň dogany Alp Arslan Argun Maryny, Balhy, Termezi, Nişapury basyp alypdyr.

1101-nji ýylda seljuklar imperiýasy paýlaşylanda Horasan Sanjaryň paýyna düşýär. Ol 1118-nji ýylda Horasanda elgarama patyşa bolýar. Soňra bolsa Horasanyň doly hökümdary bolýar. Ol Horasandan başga-da Balhy, Hyrady, Jürjany basyp alypdyr. Emma

soňra Horezmiň, Guruň we Seýistanyň hökümdarlary garaşsyzlygy gazanyp, Sanjara tabyn bolmandyrlar.1153-1157-nji ýyllarda Soltan Sanjar Balh sebitindäki oguzlara ýesir düşip, dört ýyl bendilikde bolýär. 1157-nji ýylda Soltan Sanjaryň ölmegi bilen seljuklaryň döwleti doly ýykylýar.

***Soraglar:***

1. Garahanly türkmenleriniň döwleti, onuň döremegi, ösmegi we taryh sahnasyndan düşmegi.
2. Gaznaly tärkmenleriniň döwleti. Seljuk-gaznaly gatnaşyklary.
3. Beýik Seljuk türkmenleriniň döwleti we onuň daşary syýasaty.

## 6-njy tema

## KÖNEÜRGENÇ TÜRKMENLERINIŇ DÖWLETI

(2 sagat)

Umumy okuwyň meýilnamasy:

1. Tabyn Köneürgenç türkmenleriniň döwleti.
2. Köneürgenç türkmenleriniň döwletiniň özbaşdaklygy, gülläp ösmegi.
3. Türkmenleriň mongol basybalyjylaryna garşy gahrymançylykly göreşi.

### 1. Tabyn Köneürgenç türkmenleriniň döwleti

Horezmdäki Anuşteginogullary dinastiýasynyň nesilbaşysy oguzlaryň begdili taýpasyndan bolan Anuştegindir. Bedgili Oguz hanyň Ýyldyz han diýen üçünji oglundan bolan agtygydr. Anuşgtegin ýaş wagtynda seljuk emiri Bilge tegin tarapyndan gulluga alnypdyr. Ol Seljuk soltany Mälik şanyň hyzmatynda bolypdyr. Görkezen oňat hyzmatlary üçin Seljuk soltany Mälik şa tarapyndan Anuş tegin tabyn Köneürgenç türkmen döwletiniň häkimi derejesi bellenilýär. Şol döwürde Köneürgenç türkmenleriniň ýerleri serljuklara garaşly bolupdyr.

Anuştegin ölenden soň onuň ogly Kutubeddin Muhammet (1097-1128) “Horezmşasy” derejesini alyp, tabyn Köneürgenç türkmenleriniň döwletini dolandyryp ugraýar. Bu derejede oňa Seljuk soltany Berkýaryk tarapyndan berlipdir. Merwde oňat bilim alan

alymlara, din wekillerine goldaw beren Kutubeddin Muhammet Seljuk soltany Mälik Sanjara (1118-1157) wepaly gulluk edipdir.

Tabyn Köneürgenç türkmenleriniň döwletiniň kuwwatly imperiýa bolmagynyň hakyky başlangyjyny goýan Kutubeddin Muhammediň ogly Alaeddin Atsyz (1128-1158) Horezmden demirgazykda ýaşaýan çarwa gypjak taýpalaryny we Maňgyşlak türkmenlerini özüne tabyn edipdir. Atsyz ýazyr, gaýy, kaňly, baýat ýaly türkmen taýpalaryndan goşun düzüpdir. Syrderýanyň aşak akymlaryndaky ýerleri, Maňgyşlak ýarym adasyny boýun egdiripdir. Atsyz we onuň mirasdüşerleri tabyn Köneürgenç türkmenleriniň döwletiniň garaşsyzlygyny gazanmak üçin tagalla baryny edipdirler. Özbaşdaklyk meýilleri üçin Soltan Sanjar 1138-nji ýylda Garagumuň üsti bilen Horezme ýöriş edip, Atsyzy jezalandyrypdyr. Emma gaçyp gutulan Atsyz ýene bir ýyldan Horezme baş bolupdyr. Bu döwürde Seljuklar döwleti-de gowşap ugraýar. Gündogardan çozup gelen garahytaýly taýpasy Seljuklara garşy bolan Garahanlylar döwletini boýun egdiripdir. 1141-nji ýylyň 9-njy sentýarynda Soltan Sanjaryň we Garahanlylaryň hökümdary Mahmydyň birleşen güýçleri bilen garahytaýlylaryň goşunlarynyň arasynda aýgytly söweş bolupdyr. Samankandyň golaýyndaky Katwan düzlügünde bolan bu söweşde seljuklaryň we garahanlylaryň goşuny derbi-dagan edilipdir. Seljuklaryň goşunynyň ýeňilenligini eşiden Atsyz Garahytaýlylary we Mawerenahryň merkezi bölegini eýeläpdir. Soltan Sanjaryň Termeze çekilenini eşiden Atsyz Marynyň üstüne çozup, Nişapuryň alkymyna gelipdir. Hat-da ol 1142-nji ýylyň 29-njy maýynda Nişapurda öz adyna metjitde hutba hem okadypdyr. 1153-nji ýylda Balhda ýaşaýan oguzlaryň gozgalaň turuzmagy we olaryň Soltan Sanjary 3 ýyllap ýesirlikde saklamagy ýykylyp barýan Seljuk döwletiniň dargamagyny has-da çaltlaşdyrýar. Atsyz emele gelen bu ýagdaýdan peýdalanyp, öz eýeleýän ýerlerini giňeltmäge çalyşypdyr. Amul, Merw, Sarahs, Nusaý etraplaryna ýöriş edip, oguzlaryň berk gaýtawulyna duçar bolup, yzyna dolanypdyr. Atsyz 1156-njy ýylda Günorta Türkmenistana iň soňky ýörişini geçirende Nusaýyň golaýynda aradan çykypdyr. Şeýlelikde, Atsyz 1156-njy ýylyň 31-nji iýulynda 61ýaşynyň içinde tabyn Köneürgenç türkmenleriniň döwletiniň seljuklylardan özbaşdaklygyny gazanmaga synanyşyp, emma bu hem başa barman aradan çykypdyr. Soltan Sanjar bolsa ýesirlikden boşap geleninden soňra, Beýik Seljuk döwletiniň öňki durkuny dikeldip bilmän, 1157-nji ýylyň 9-njy maýynda 73 ýaşynda dünýäden ötýär.

Atsyz aradan çykandan soň tabyn Köneürgenç türkmenleriniň döwletiniň tagtyna 1156-njy ýylyň 23-nji awgustda onuň ogly Abul Fath Il-Arslan (1156-1172) çykypdyr. Ol tabyn Köneürgenç türkmenleriniň döwletini Garaşsyz döwlet diýip resmi taýdan yglan edýär.

## 2.Köneürgenç türkmenleriniň döwletiniň özbaşdaklygy, gülläp ösmegi

Il-Arslan ilki Gürgeni we Dehistany boýun egdirip, 1160-njy ýylda ýazyrlaryň ýurduny tabyn etmek maksady bilen Balkan daglaryna tarap ýörişe ugraýar. Ýazyrlaryň baştutany goňşulykda ýaşaýan beýleki türkmenlere ýüz tutup, Horezm şalaryň Etrek-Gürgende goýup giden dikmesi Ygtyýar ed-Dine olara garşy bilelikde çykyş etmekligi teklip edýär. Netije-de ýazyrlary goldan birleşen türkmen taýpalarynyň güýji birbada üstün çykan-da bolsa, uzaga çeken gan döküşiklikden soňra Il-Arslana ýazyrlary özüne tabyn etmek başardypdyr. Il-Arslan garlyk taýpasy bilen Mawerannahryň Garahanly hanlarynyň özara dawasyna-da goşulypdyr. Ol 1158-nji ýylda öz goşunlary bilen Mawerannahara ýöriş edip, garlyklaryň Samarkandy we Buharany eýelemek ugrundaky söweşine gatnaşypdyr. Il-Arslan Horasanly oguzalara garşy göreşde käbir üstünlikleri-de gazanypdyr. 1165-nji ýylda bolsa Nişapura ýöriş edýär, emma bu şowsuz tamamlanýar we Horasana yzyna dolanýar. 1167-nji ýylyň aprel aýynda bolsa Nişapurda öz adyna hutba okadypdyr.

Ýurduň içindäki özara gapma-garşylygyň ýitileşmegi sebäpli Il-Arslan garahytaýlylaryň çozmak howpundan goranmak üçin degişli çäreleri geçirmeklige mejbur bolýar. 1171-1172-nji ýyllarda Horezme tarap ýörişe ugran garahytaýlaryň çozuşyndan Il-Arslan Syrderýadaky bendi ýykmakdan baş alyp çykypdyr. 1172-nji ýylda bolsa agyr kesel zerarly aradan çykýar.

Il-Arslan aradan çykansoň Köneürgenç türkmenleriniň döwletiniň tagtyna onuň kiçi ogly Soltan şa geçipdir. Il-Arslanyň uly ogly Alaeddin Tekeş şol wagt Horezimiň Jent welaýatynyň häkimi eken. Ol öz inisinden häkimiýeti basyp almaga kömek etmegini sorap, garahytaýlylara ýüz tutupdyr. Onuň öwezine salgyt tölemäge borçlanypdyr. Tekeş şol ýyl olaryň kömegi bilen Horezmi eýeläpdir. Şeýlelikde, Köneürgenç türkmenleriniň döwletiniň hökümdary bolandan soň Tekeş garahytaýlylaryň salgyt ýygnaýjysyny-da

öldüripdir. Mundan peýdalanan Solatnşa öz gezeginde agasy Tekeşi agdarmak üçin garahytaýlylara ýüz tutupdyr. Horezmden salgyt ýygnamaklyga höwesek garahytaýlylar munuň bilen hem razylaşypdyrlar. Emma Tekeş ýollary suwa basdyryp, duşmanyň öňe süýşmegine päsgel beripdir. Öz pirimi başa barmadyk Soltanşa Merwe we Sarahsa çekilip, bu ýerde tä ölýänçä (1193) hökümdarlyk edipdir.

Tekeş öz häkimligini berkidip, Horasana we Mawerennahra üstünlikli ýörişleri geçiripdir. 1187-nji ýylda bolsa Nişapury we Merwi eýeläpdir. Abbasy halyfy Nasyr (1180-1225) döwleti dolandyrmagy öz eline ayp, halyflykda diňe dini häkimýeti galdyrmak isleýän Seljuk soltany Togrul II-ä garşy göreşde kömek bermegini sorap, soltan Tekeşe ýüz tutupdyr. Tekeş Togrulyň goşunyny derbi-dagyn edip, 1194-nji ýylda Hemedany eýeläpdir. Şeýlelikde, Tekeş 1194-nji ýylyň 26-njy iýunynda Yrak tagtynda orturypdyr. Şondan soňra Abbasy halyflygy Köneürgenç türkmenleriniň döwletiniň seljuklara seredeniňde has howpludygyna düşünüpdir. Şonuň üçin halyf Nasyr Tekeşiň boýnuna dini we adminstratiw işlerde halyflyga tabyn bolmalydygy hakyndaky şertnama gol çekmegi talap edýär, emma Tekeş munuň bilen ylalaşmaýar. 1196-njy ýylyň iýun aýynda soltan Tekeşiň goşunlary bilen halyflygyň harby güýçleriniň arasyndaky gazaply söweş hem Köneürgenç türkmenleriniň döwletiniň peýdasyna tamamlanýar. Tekeşiň dolandyran soňky ýyllarynda Bagdat halyfy bilen gapma-garşylyklar has-da ýitileşýär. Tekeş Horasanyň üsti bilen Bagdada täzeden ýöriş edipdir, emma ol ýöriş wagty 1200-nji ýylyň iýul aýýnyň 4-ine keselläp aradan çykýar.

Tekeşiň ogly Mälikşa entek kakasy dirikä, 1197-nji ýylyň baharynda aradan çykypdyr. 1200-nji ýylyň 3-nji awgustynda Köneürgenç türkmenleriniň döwletiniň tagtyna Tekeşiň ikinji ogly Muhammet geçýär. Ol kakasy ölmänkä Kutubeddin lakamyny göteripdir. Soňra bolsa Alaeddin lakamyny alýar. 1203-nji ýylda Muhammet şa garahytaýlylaryň goldamagy bilen Horasany doly eýeleýär. Kakasynyň döwründe Gur döwletine (Demigazyk Hindistan we Owganystan) garşy başlanan urşy dowam etdirip, 1204-nji ýylda gurlary derbi-dagyn edýär hem-de Balh we Gazna ýerleri Köneürgenç türkmenleriniň döwletiniň düzümine goşulýar. Muhammet şanyň 1207-nji ýylda Ürgenje gaýdyp gelýär we Mawerennahry basyp almaga taýýarlanyp başlaýarr. Şol ýylda ol Buharany-da eýeläpdir. Özüniň Mawerennahrdaky ýagdaýyny pugtallandyrmak üçin ol Garahanly hökümdarlaryny jezallandyrypdyr. Şondan soňra

Samarkantda we Ürgençde Muhammet şanyň adyndan 1213-nji ýylda pul zikgelenip başlaýar, munuň özi Garahanlylar hökümdarlygynyň ýok edilendiginiň nyşanydy. Garahytaýlylar neberesini bolsa mongollaryň naýman taýpasynyň hökümdary Kuçlyk han ýok edipdir.

Samarkandy özüne täze paýtagyt edinen Muhammet şa bu ýerde şa köşgüni we metjitdir medereseleri gurmaga girişipdir. Ol örän şöhratparaz adam bolupdyr. Resmi dokumentlerde onuň ady “Isgender II” diýlip tutulypdyr. Şeýle-de onuň möhründe-de *“Allanyň ýerdäki saýasy”* diýen ýazgy bolupdyr.

**3.Türkmenleriň mongol basybalyjylaryna garşy gahrymançylykly göreşi**

Köneürgenç türkmenleriniň döwletiniň hökümdary Muhammet şanyň häkimiýeti gaty bir berk däldi, şeýle-de ol halk köpçüliginiň goldawyndan-da mahrumdy. Ýurduň ruhanylary-da oňa duşmançylykly seredip, onuň häkimligini çäklendirmäge çalyşýardylar. Döwletiň içinden gowşaýan şu döwürlerinde döwlete Gündogarda mongol agalygy hem-de çozuşy howp salýardy.

Köneürgenç türkmenleriniň döwleti bilen mongollaryň arasynda bir bada parahatçylyk gatnaşyklary saklanypdyr. Çingiz hanyň Hytaýy basyp alandygyny eşiden Muhammet şa mongollara ilçi iberipdir. Çingiz han olary hormat bilen kabul edip, özüni Gündogaryň hökümdary, Muhammet şany Günbataryň hökümdary hökmünde ykrar edýändigini we olaryň arasynda parahatçylygyň bolmagyny, täjirleriň bir ýurtdan beýlekisine arkaýyn gelip-gidip durmagyny isleýändigini aýdypdyr. Horezmşanyň ilçilerine jogap hökmünde Çingiz han asly horezmli, täjir Mahmyt ýalawajynyň ýolbaşçylygynda ilçileriň söwda kerwenini ugrdypdyr. 1218-nji ýylyň ýazynda ilçiler Mawerennahrda kabul edilip, Çingiz hanyň Muhammet şanyň güýjünden we ýeňişlerinden habarlydygyny, oňa parahatçylyk şertnamasyny baglaşmagy teklip edýändigini aýdypdyrlar. Çingiz han hatynyň ahyrynda “Muhammet şany edil öz ogullarynyň biri ýaly görýändigini” aýdypdyr. Bu sypaýyçylyk Gündogar diplomatiýasynda “Sen maňa garaşly” diýmegi aňladýardy.

Şu mynasybetli-de Muhammet şa gije, gizlinlikde mongol ilçisi Mahmydy ýanyna çagyryp, oňa horezmlidigi sebäpli öz Watanyna gulluk etmelidigini ýatladyp, Çingiz hanyň ýanynda öz içalysy bolup galmagy teklip edipdir. Mahmyt soltandan gorkusyna Çingiz hanyň

goşunynyň Horezmiňkiden azdygyny aýdýar. Şoňa esaslanyp, Muhammet şa Çingiz han bilen ýaraşyga razylaşýar.

Şeýlelikde, Çingiz han parahatçylyk şertnamasyny baglaşmak maksady bilen 1218-nji ýylda 500 düýeden 450 adamdan ybarat kerweni we ilçileri Horezme ugradypdyr. Syrderýanyň kenaryndaky Otrar şäherinde Muhammet şanyň nökerleri mongol kerwenini talapdyrlar. Bu wakanyň Muhammet şadan bidin bolmandygyna göz ýetiren Çingiz han, onuň ýanyna ilçi ýollap, Otrar säheriniň häkimini ibermegi we beýleki günäkärlere-de jeza bermegi talap edipdir. Muhammet şa bu talaba gödek jogap berip, ilçileriň sakgalyny kesip kowup goýberipdir. “Otrar gyrlyşygy” adyny alan bu waka Çingiz hanyň Merkezi Aziýa çozmagyna bahana bolupdyr.

Abanyp gelýän howpy duýan Muhammet şa Ürgençde harby geňeş çagyrypdyr. Duşmany nähili garşylamalydygy hakda birnäçe teklip orta atylypdyr. Ýeke-täk dogry maslahat Şyhabuddin Hywaky tarapyndan aýdylypdyr. Ol ähli goşuny birikdirip, mongolaryň öňünden çykmagy, uzak ýoldan aryp gelen mongol goşunyny Syrderýa boýunda garyşylap, baş söweşi olaryň boýnuna dakyp duşmany bir zarbada çym pytrak etmegi teklip edipdir. Emma Muhammet şa bu teklibi kabul etmän öz diýenini gögerdipdir. Ol goşuny bölüp, olary aýry-aýry şäherlere ýolamagy, her şäheriň özbaşyna goranmalydygy barada perman beripdir. Çünki, Muhammet şanyň özünden ätiýajy bardy. Ol Gypjaklardan düzülen goşunyna ynanmaýardy, bardy-geldi goşuny birleşdiräýse-de gypjaklylaryň dildüwşük esasynda özüni tagtdan agdaraýmagyndan heder edýärdi.

Mongol goşunlary bolsa, barha Günbatara tarap süýşüp başlaýar. 1220-nji ýylda Mawerennahryň esasy şäherleri Otrar, Buhara, Samarkant Mongollaryň eline düşýar. Çingiz han goşunlaryny birnäçe bölege bölüp, Merkezi Aziýanyň uly şäherlerini eýelemäge başlaýar. Özüniň serkerdelerini Jebe noýany we Subudaý batyry Muhammet şany tutyp getirmäge ýollapdyr. Muhammet şa bolsa Hazar deňziniň adam aýagy sekmedik adalarynyň birine özüni atýar we 1220-nji ýylda şol ýerde aradan çykýar. Ölmeziniň öň ýanynda ol ogullary Jellaleddini, Ozlag şany we Ak şany çagyryp, özüniň “Horezm şalaryň tagt mirasdüşeriniň Ozlak şa bolamlydygy baradaky öňki wesýetini üýtgedip, ony Jelaleddine geçirýändigini” yglan edipdir.

Jelalleddin Köneürgenç türkmenleriniň döwletiniň iň gaýduwsyz, hyjuwly soltany bolupdyr.

Türkan hatyn Durun sebitlerine, ol ýerden hem Eýrana gaçyp gidenden soň, Ürgençde gypjak serdarlary öz hökmürowanlygyny ýöredip başlaýarlar we täze gelen soltana garşy pitne turuzypdyrlar. Bu ýagdaýda Ürgenjiň mongollardan goranmagyna ýolbaşçylyk edip bilmejekligine göz ýetiren Jelaleddin özüniň kiçiräk ýygyny bilen Horasana gaýdypdyr. Onuň mongollar bilen ilkinji çaknyşygy 1221-nji ýylda Nusaýyň golaýýnda bolupdyr. Özüniň 300 atlysy bilen Nusaýyň golaýynda 700 adamlyk mongol otrýadyny ýeňmegi Jelaleddiniň mongolaryň üstünden gazanan ilkinji ýeňşidi. Bu ýeňişden soň Jelaledin ilki Nişapura, soňra kakasy tarapyndan özüne dolandyrmaga berlen Gazna (Owganystan) gidipdir. Oňa Merwiň öňki häkimi Mälik 40 müň goşuny bilen türkmen hany Seýfeddin hem 40 müň adamly goşuny bilen goşulypdyr. Gaznada Jelallediniň iki dogany Emin al-Mülk we serkerde Timur Mälik birigipdir. Garlyklaryň hany Azam Mälik we owganlylaryň goşunbaşysy Müzaffar Mälik hem Jelaleddine wepalydygy barada kasam edipdir. 1221-nji ýylyň tomusynda Toharystanyň Waleýan galasynda Jelalleddiniň goşuny mongollardan üstün çykypdyr. Soňra Jelaleddiniň goşuny Gazna şäheriniň golaýyndaky Perwana galasyndaky mongollaryň 45 müň adamlyk goşunyny-da çym-pytrak edipdir.

Çingiz han garşydaşynyň bu uly ýeňşini jogapsyz galdyryp biljek däldi. Ol Jelaleddin bilen boljak aýgytly söweşe taýýarlanýardy. Şol söweş 1221-nji ýylyň 24-nji noýabrynda Hind derýasynyň boýnundaky Nilýap geçelgesiniň ýanynda bolupdyr. Bu gazaply söweşde mongollar Jelaleddiniň goşunyny kenaryň gyrasyna gysyp getiripdirler. Mertlerçe ýeňilen Jelaleddin maşgalasynyň namysyny depeletmejek bolup aýalyny, ejesini, maşgalasynyň beýleki agzalaryny kert gaýadan derýa oklapdyr. Emma onuň ýedi ýaşly oguljygy duşmanyň eline ýesir düşüpdir we ol Çingiz han taarpyndan öldürilýär. Jelaleddiniň özi bolsa atyny derýa urup, sag-aman onuň ahyrky kenaryna geçipdir.

Şundan soň Jelaleddin üç ýyllap Hindistanda soňra, Günbatar Eýranda mongollara garşy göreşini dowam etdiripdir. 1227-nji ýylda ol Reýiň we Yspyhanyň golaýynda olary ýeňipdir. Onuň mongollara garşy göreşi ýerli halk köpçüligi tarapyndan uly goldaw tapypdyr.

Jelaleddin 1225-nji ýylda Ermenistanyň paýtagty Dwin şäherini basyp alypdyr we birleşen gürji-ermeni goşunyny derbi-dagyn edip, olara mongollara garşy birlikde göreşmegi teklip edip, gürjilere ilçi

ýollapdyr. Emma Gürji şazada aýaly Rusudan bu teklibi ret edipdir. Jelalleddin 1226-njy ýylyň 10-njy martynda Tbhis şäherini basyp alypdyr. 1227-nji ýylda Jelalleddin iki frontda Günbatar Eýranda mongollara, Zakawkaziýede bolsa gürjilere we ermenilere garşy göreş alyp barypdyr. 1228-nji ýylda onuň garşysyna Rum soltany Alaeddin Keýkubat, Müsir soltany Eşref, Ermeni patyşasy Getum Idagylar birlikde çykyş edipdirler. Ýewropanyň golaýynda bolan söweşde Jelalleddin ýeňlipdir.

Daş-töweregi duşman bilen gurşalan Jelaleddin olara garşy ölerini-galaryny bilmän söweşipdir. Emma mert, gaýduwsyz soltanyň ömür tanapy 1231-nji ýylyň awgust aýynyň 16-synda Gürjüstanda näbelli bir kürtüň arkasyndan uran naýzasy bilen kesilýär. Şunuň bilen birlikde-de Köneürgenç türkmenleriniň döwleti gutarnykly ýagdaýda ýykylýar.

***Soraglar:***

1. Tabyn Köneürgenç türkmenleriniň döwletiniň döremegi we Anuş tegin.
2. Garaşsyz Köneürgenç türkmenleriniň döwletiniň döremegi we türkmen hökümdarlarynyň harby diplomatiüasy.
3. Tärkmenleriň mongol basybalyjylaryna gary göreşi we Soltan Jelaeddin Meňburun.

## 7-nji tema

## TÜRKMENLERIŇ DÜNÝÄ ÝAÝRAMAGY HEM-DE DÖREDEN WE DOLANDYRAN DÖWLETLERI

(2 sagat)

Umumy okuwyň meýilnamasy:

1. Türkmen atabeglikleri we beglikleri.
2. Osmanly türkmenleriniň döwleti.
3. Türkmenleriň Garagoýunly we Akgoýunly döwletleri.
4. Hindistandaky tükmen döwletleri.

### 1.Türkmen atabeglikleri we beglikleri

Ata-babalarymyz dünýäniň ençeme ýerlerine ýaýrap, ululy-kiçili döwletleri esaslandyrypdyrlar. Şol göçhä-göçlükleriň esasy

sebäplerini-de ilatyň ýylsaýyn köpelmegidir tebigy baýlyklaryň (öri meýdanlarynyň, ekerançylyk üçin amatly ýerleriň, suwuň) ýetmezçilik etmegi bilen, şeýle-de içereki we daşarky duşmanlaryň zorlukly hereketleriniň barha (uruşlar, çozuşlar) güýçlenmegi bilen düşündirýärler. Haçan-da Seljuk türkmenleriniň döwleti esaslandyrylandan soňra türkmenler Kiçi Aziýa ýerlerine köpçülikleýin aralaşyp başlaýalar. Bu proses soltan Alp Arslanyň döwründe (1063-1072) başlanýar.

Kiçi Aziýada ilkinji dörän türkmen begliginiň hataryna Türkmenleriň tulynylar begligini (868-969), Türkmenleriň ihçidiler begligini (935-969), Türkmenleriň Izmir begligini (1081-1098), Türkmenleriň Dilmaçogullary begligini (1085-1192), Türkmenleriň danyşmentliler begligini (1092-1178), Türkmenleriň ahlatşalar begligini (1100-1207), Türkmenleriň artyklylar begligini (1102-1408) we beýlekileri görkezmek bolar. Özge ýurtlarda berkarar edilen beglikler wagtyň geçmegi bilen garaşsyzlyk ugrundaky göreşlere başlaýarlar we merkezi häkimýete boýun egmezlige çalyşýarlar. Olaryň birnäçesi bolsa özbaşdak döwleti esaslandyrandyklaryny yglan edýärler.

*Olardan Artyklylar begligi.* Bu türkmen hökümdarlygyny esaslandyran Diýarbekir soltanyň doly ady El Salyh Nasreddin Ebül-Feth bin Muhammet bin Gara Arslan bin Dawut bin Sökmen bin Artykdyr. Hökümdar Gara Arslan Beýik Seljuk türkmen döwletiniň soltany Alp Arslanyň serkerdesi Artygyň neslinden gelýär. Artyk serkerdäniň Sökmen we Il Gazy atly iki ogly bolupdyr, soňra olar Artyklylaryň şahalaryny döredýarler. Diýarbekir hökümdarlary artyklylaryň Sökmen şasyna degişli bolupdyr. Artygyň ady taryhy çeşmelerde Artyk beg Eksük hökmünde ýazylyp, 1091-nji ýylda aradan çyklandygy barada aýdylýar, emma onuň haçan doglandygy barada maglumat ýok. Artyk beg Horosanda, häzirki Türkmenistanyň topragynda ýaşanlygy, Rum iline ýygyn sürmek arzuwynyň bolsa ony döwrüniň iň güýçli hökümdary soltan Alp Arslan bilen birleşdirenligi bellidir.

Şu ýerde, edil Artyk begiň soltan Alp Arslana birigen döwründe, başga-da bir gaty dogumly, akylly we batyrgaý ýigidiň hem oňa birigendigi ýatlap geçmek gerek. Ol Çaka begdir. Çaka beg bilen Artyk beg bir döwürde diýen ýaly Soltan Alp Arslanyň hataryna geçýär.

Artyk ogullarynyň uzak wagytlap Seljuk türkmen döwletine hyzmat edenden soňra, ahyry özbaşdak döwlet gurýarlar. Olar, easasan Anadolyda Diýarbekir, Hasankeýf, Mardyn we Harpuf töwereklerinde 1102-1409-njy ýyllarda höküm sürýärler.

Bu hökümdarlyk 1101-nji ýylda Anadulyda Seljuk türkmenleriniň nebereleri tarapyndan gurulýar. Ony guranlar Alp Arslanyň meşhur serkerdesi Artyk begiň ogullary Sökmen bilen Ilgazydyr. Bu hökümdarlyk 1409-njy ýyla çenli dowam etdi, soňra birnäçe beglige bölünýär.

Şeýle-de bu hökümdarlyk Anadolynyň türkmenleşmegine uly kömek edýär, ylma-bilime uly üns berýär. Ilkinji mehaniki robotlar Artykly hökümdarlygynyň alymlarynyň oýlap tapandygy bellidir. Artyk begiň iki ogly - Sökmen bilen Ilgazy 1091-nji ýylda kakasynyň ölüminden soňra onuň ýerine geçýärler. Artyk ogullary begligi barha güýçlenip, üç sany aýry-aýry merkezde, has takygy Hasankeýf, Harpuf we Mardynda hereket edýär.

Artyk ogullarynyň Hasankeýf topary 1102-nji ýylda 1032-ni ýyla çenli dowam edýär. Ony Artyk begiň ogly Sökmen esaslandyrýar. Mosul emiri Kurbuga aradan çykan soň emir Garaja häkim bolmak isleýär, halk oňa garşy çykyp, Musanyň özlerine häkim bolmagyny isleýärler. Jezire emiri Çökürmiş bolsa Musa garşy çykýar. Musa Artyk ogullary hökümdary Şökmene kömek üçin ýüz tutýar we eger Mosuly ele geçirip bilse oňa Hasankeýf bilen bilen 10 müň bina bermegi wada edýär. Şeýlelikde Musa Çökürmüşin ýygynyny dagydyp, Mosuly eýeleýar. Ondan kän wagt geçmänkä Musa emir aradan çykýar. Soň Mosul we Hasankeýf Artyk ogullaryndan Şökmene geçýär.

*Zeňňi atabeg döwletiniň emele gelmegi.*

XII asyryň 20-30-njy ýyllarynda häzirki Yragyň we Siriýanyň demirgazygynda emele gelen baştutanlary türkmenleriň awşar taýpasyndan bolan Zeňňiler döwletiniň syýasy sahnada peýda bolmagy Beýik Seljuklar imperiýasynyň kem-kemden gowşap aýry-aýry feodal begliklere dargamagy bilen gös-göni baglanşyklydyr.

1127-1233-nji ýyllar aralygynda dolandyrylan bu neberäniň häkimligi Yragyň demirgazygyna, Anadolynyň demirgazyk-gündogaryna we Siriýa ýaýrapdyr.

Bu atabegligi esaslandyryjy Zeňňi Beýik Seljuk soltany Mälik şanyň bir türkmen serkerdesi we Halabyň häkimi bolan Aksunguryň ogly bolupdyr. Yrak Seljuklarynyň Mosulyň häkimi we şol bir wagtyň

özünde iki oglunyň atabegi (terbiýeçisi) edip belläpdir. "Ymadeddin" lakamyny alan Zeňňi Mosula häkim bolansoň özüniň döwletini gurmak baradaky arzuwyny amala aşyrmaga girişipdir.

Haçan-da 1118-nji ýylda seljuk soltany Muhammet Tapar ölenden soňra seljuk şazadalarynyň arasynda tagt ugrunda ýiti çaknyşyklar başlanan halatynda Ymadeddin Zeňňiniň baştutanlygyndaky Mosul goşunlary köşk mirasdary 14 ýaşly şazada Mahmudyň tarapyndan çykyş etmek bilen onuň soltan tagtyna çykmagynda uly rol oýnapdyr. Ol Sinjary, Habury, Nusaýbini we Harrany özüne tabyn edipdir. Onuň Halaby özüne boýun egdirmegi haçparazlaryň bu ýeri eýelemek umydyny puja çykarypdyr. Ol 1130-njy ýylda Halaby alsa-da, Hymsy boýun egdirip bilmän yzyna dolanypdyr. Şeýlelikde Zeňňi Hymsa çenli bütin Siriýanyň hökümdaryna öwrülipdir. Zeňňiniň häkimýetiniň güýçlenmegine Artyklar neberesi razy bolmandyr. Ýöne Zeňňi 4 müň adamlyk goşuny bilen artyklylaryň 20 müň adamly goşunyny yza çekilmäge mejbur edensoň, olaryň arasynda ýaraşyk baglaşylypdyr. Zeňňi Şehrizur we Kerkur etraplaryna-da öz häkimýetine tabyn edipdir. 1141-nji ýylda Amid şäherini eýeläp, öz adyna hutba okatmak şerti bilen bu ýeri Artyklardan Timurtaşa tabşyrypdyr. Börüleriň atabegligi hem Zeňňileriň häkimýetine tabyn bolmak zorunda galypdyr. Zeňňi 1130-njy ýylda haçparazlaryň elindäki Esarib galasyny alypdyr. Onuň ýolbaşçylygyndaky türkmenler 1144-nji ýylda haçparazlaryň esasy daýanç merkezi bolan Ufra ugrapdyrlar. Dört hepdä çeken gabawdan soňra şol ýylyň 24-nji dekabrynda şäher musulmanlaryň eline geçipdir. Ufranyň eýelenmegi yslam dünýäsinde Zeňňiniň abraýyny ýokary galdyrypdyr. Bu ýeňlişe ahmyr eden ýewropalylar ikinji haçly ýörişe taýynlyk görüp başlapdyrlar.

Atabeg Zeňňiniň Yrakdaky Seljuk soltanlary we Abbasy halyflary bilen aragatnaşyklary mahal-mahal üýtgeşmelere sezewar bolupdyr. Ol soltan Mahmudyň ogly Alp Arslana hemaýatkärlik edip, ony tagta geçirmek isläpdir. Emma soltan Mesudyň özüne garşy bolmagy zerarly Zeňňi oňa boýun bolmaga mejbur bolupdyr.

Ymameddin Zeňňi ömrüniň ahyrky günlerinde haçlylaryň Jezirede saklanyp galan daýnç beketlerini ýok etmek üçin ýörişde gezip ýören wagty Jabar diýen galanyň golaýynda 1146-njy ýylyň 14-nji dekabrybda 60 ýaşynyň içinde öz gulamlary tarapyndan öldürilipdir. Ol öldürilen yerinde Maşhat Aly derwezesiniň ýanynda

şehit ölen egindeşleriniň arasynda jaýlanypdyr. Soňra ogullary onuň guburynyň üstüne gümmez gurdurypdyrlar.

Şeýlelikde Ymadeddin Zeňňi ölenden soň onuň döwleti iki bölünýär. Atabeg Zeňňiniň mülkleri onuň ogullary Nureddin Mahmydyň we Seýfeddin Gazynyň arasynda paýlaşylypdyr. Mahmyt merkezi Halap bolan Siriýany, Seýfeddin merkezi Mosul bolan el-Jeziräni dolandyrmagy öz üstüne alypdyr.

*Zeňňilerin Mosul şahasy*. Seljuk şazadasy Alp Arslanyň atabegligiň hökümdarlygyny öz elinde jemlemek umydy başa baransoň Şehrizurdan çagyrylan Seýfeddin Gazy I Mosula gelip kakasynyň ýerine eýeläpdir. Ol Halapdaky dogany bilen ylalaşykly ýaşapdyr. Oňa Ufradaky gozgalaňy basyp ýatyrmaga kömek beripdir.

Mardindäki Artyk hökümdary Timurtaşyň Dara galasyny yzyna almagy bilen Gazy 1147-nji ýylda onuň garşysyna ýörişe ugrapdyr. Emma taraplar söweşmezden umumy dil tapmagy başrypdyrlar. Seýfeddin haçparazlara garşy göreşip, 1149-njy ýylyň noýabrynda Mosulda aradan çykypdyr.

Seýfeddin Gazynyň ýerine agasy Kutbeddin Mewdud geçipdir. Emma Nureddin Mahmydyň atabeg bolmagyny isleýän Sinjaryň häkimi Şemseddin Muhammet oňa bu şäheri tabşyrypdyr. Mewdud oňa garşy herekede geçse-de, ylalaşyk gazanylypdyr. Nureddin Sinjary agasyna berip onuň ýerine Hymsy we Rakkany alypdyr. Şundan soň iki dogan haçparazlara garşy göreşmek üçin öz güýçlerini birleşdiripdir. Olara 1164-nji ýylyň awgust aýynda Harymda haçparazlary ýeňipdirler. Bu ýeňiş gazanylmagyndan Zeýneddin Aly Küçügiň serkerdeligindäki Mosul esgerleriniň hem paýy bolupdyr. Kutbeddin Mewdud 1170-nji ýylyň 6-njy sentýabrynda aradan çykypdyr. Mewdud ýerine uly ogly Ymadeddin Zeňňi II-niň geçmegini wesýet edenem bolsa, naýyby Fahreddin Abdulmesihiň we dul galan aýalynyň täsiri bilen atabeglik kiçi ogly Seýfeddin Gazy II-ä berlipdir. Ymadeddin Zeňňi II Nureddin Mahmydy kömege çagyrypdyr. Nureddin Mosula girensoň, Seýfeddin Gazy II bilen ýaraşyk baglaşypdyr. Oňa laýyklykda Mosul Seýfeddin Gaza, Sinjar Ymadeddine berilýärdi.

Nureddin Mahmyt aradan çykansoň Seýfeddin Gazy II öň özüne degişli bolan Harran, Nusaýbin, Ufra, Habur, Seruj ýaly şäherleri yzyna almaga çalşypdyr. 1174-nji ýylda Eýýuby serkerdesi Salahaddiniň Damaska häkim bolmagy bilen Seýfeddin oňa garşy ýörişe taýýarlanyp, Ymadeddinden hem kömek sorapdyr. Emma ol

kömek bermändir. Eýýubi we Zeňňi goşunynyň arasayndaky söweş 1176-njy ýylyň 22-nji aprelinde Halabyň günortasyndaky Jibal el-Türkmen diýen ýerde bolupdyr. Ol söweşde Seýfeddin Gazy II ýeňlip Mosula çekilipdir.

Seýfeddin Gazy II-niň wesýetine laýyklykda onuň inisi Izzeddin Mesut atabeg bolupdyr. Daýysy Halabyň häkimi Mälik el-Salyhyň ölmüminden soň onuň mülkleri hem Izzeddine geçipdir. Sinjaryň häkimi Ymadeddin Zeňňi II Halabyň özüne berilmegini ondan talap edipdir. Salaheddin gowşak hökümdar Ymadeddiniň Halaba häkim bolmagyndan peýdalanyp Zeňňileriň üstüne ýörişe ugrapdyr. Ufrany, Hymsy, Rakkany, Serujy we Nusaýbini alypdyr. 1182-nji ýylyň noýabr aýynda Mosula gelip, ony bir aý gabasa-da, alyp bilmändir.

1183-nji ýylyň 29-njy aprelinde Amidi eýelän Salaheddin Halaba tarap çekilipdir. Ylalaşyga görä Ymadeddin Zeňňi II Halaby Salaheddine berýär we ýerine Sinjary we käbir obalary alýar.

Izeddin Mesut Salaheddiniň ýanynda bolup, haçparazlara garşy göreşe birnäçe gezek gatnaşypdyr. Salaheddiniň ölüminden soňra onuň öňki ýitiren ýerlerini yzyna almak baradaky synanşygy-da başa barmandyr. Ol keselläp Mosula dolanyp gelýär we şol ýerde aradan çykypdyr.

Izzeddin Mesudyň ýerine ogly Nureddin Arslan şa I atabeg bolupdyr. 1199-njy ýylyň awgustynda Arslan şa ýegenleri Kutbeddin Muhammet we Sanjar şa bilen birleşip, Merdini eýýubilerden halas edipdir. Biraz soňra Kutbeddiniň Nusaýbinde Eýýubi hökümdary el-Adylyň adyna hutba okadypdyr. Nureddin Arslan şa eýyubileriň täsirinden çykmak üçin jan etse-de üstünlik gazanyp bilmändir. Arslan şa 1211-nji ýylyň ýanwar aýynda aradan çykypdyr. Nureddin Arslan şa I ölensoň ogly el-Mälik el-Kahir Izzeddin Mesut atabeg bolupdyr. Ol hem 1218-nji ýylyň awgust aýynda aradan çykýar we ýerine 10 ýaşly ogly Nureddin Arslan şa II geçipdir. Bu arada Ymadeddin Zeňňi III häkmýeti eýelemek üçin Muzaffareddin Gökböri bilen ylalaşypdyr. Emma Bedreddin Lulu eýýubilerden Mälik Eşrefi kömege çagyryp, Ymadeddini ýeňipdir.

Arslan şa II aradan çykansoň ýerine 3 ýaşly dogany Nasreddin Mahmyt geçipdir. Eýýubi hökümdary Mälik Eşref 1220-nji ýylyň iýul aýynda Sinjary boýun egdirip, Zeňňileriň Mosuldaky häkimýetini syndyrypdyr.

*Zeňňileriň Halap şahasy.* Atabeg Zeňňiniň ölüminden soňra onuň ogly Nureddin Mahmydyň Halapda ýerleşendigini öň belläpdik.

Ol haçparazlara garşy göreşmekde köp hyzmatlar bitiripdir. Olaryň elinden Ufra, Artah şäherlerini alypdyr. 1149-njy ýylda Antakiýe şazadasy Raýmondy ýesir alyp öldüripdir. Soňra Famiýa galasyny zabt edipdir. Ol Börileriň elindäki Damask şäherine hem häkim bolupdyr. 1157-nji ýylyň iýun aýynda Kudusyň (Ierusalimiň) korolyny ýeňlişe sezewar edipdir. Nureddin 1164-nji ýylyň awgustynda Harm galasynyň ýanynda haçparazlaryň üstünden ajaýyp ýeňiş gazanypdyr. 1173-nji ýylda Anadolynyň Maras we Göksun şäherlerini eýeläpdir. Emma Gylyç Arslan II bilen ylalaşyp, alan ýerlerini goýup, yzyna dolanypdyr.

Nureddiniň edara eden ýyllarynda ýurtda köp sanly şypahanalar gurulypdyr. Olaryň iň ulusy we kaşaňy Damaskda ýerleşipdir. Uly ýollaryň ugrunda kerwensaraýlar bina edilipdir. Täjirleriň we beýleki ýolagçylaryň howupsuzlygy üpjün edilipdir. Nureddin Damasky eýeländen soň (1154) onuň söwdegärlerine hemaýat edipdir. Nureddinden öň döwletiň territoriýasynda 16 medrese bolan bolsa, onuň hökümdarlyk eden ýyllarynda bolsa okuw jaýlarynyň sany 40-a çenli artypdyr. Ol hut öz serişdeleriniň hasabyna Damaskda, Halapda, Babekde, Hamada we Himsde 20 medrese açypdyr. Şol medreseleriň bir toparynda onuň baş kazysy Ibn Abu Asrun sapak beripdir. Nureddin Mahmyt 1174-nji ýylda Damaskda aradan çykypdyr. Onuň ýerine geçen ogly el-Mälik el-Salyh Ysmaýylyň ýaşlygyndan peýdalanyp, Nureddiniň ýegeni Salahaddin eýýubi atabegligiň ýerlerini öz eline geçirip ugrapdyr.Ysmaýyl kesellänsoň öz ülkesiniň Mosuluň häkimi Izzeddin Mesuda berilmegini wesýet edipdir. Onuň 1181-nji ýylda aradan çykmagy bilen Zeňňileriň Halap şahasy dargapdyr. Zeňňiler haçparazlara garşy yslam güýçlerini birleşdirmäge synanşan atabegler neberesidir.

## 2. Osman türkmenleriniň imperiýasy

1277-nji ýylda Kiçi Aziýa Memlýuklarynyň çozuşlary başlanýar. Bu döwürde Kiçi Aziýa, Rum Seljuk döwleti üçin göreşýän mongollaryň we memlýuklaryň söweş meýdanyna öwrülipdir.

Seljuklar dinastiýasy XIV asyryň başlaryna ýaşandygyna garamazdan XII asyryň II ýarymynda olar ýurda ähli täsirini ýetiripdirler. Bu döwürde mongol hanlary Kiçi Aziýanyň üstünden arkaýyn geçip bilipdirler. Olar ýerli halka çendenaşa salgytlar salypdyrlar. Bu gazaply ezilişe Kiçi Aziýanyň halky çydaman, käwagtlar gozgalaň hem tutuzypdyrlar. Mongollara garşy çykyşlar

XIII asyryň 60-70-nji ýyllarynda has güýçlenipdir, ýagny 1261-nji, 1276-1278-nji ýyllarda uly gozgalaňlar bolup geçipdir. Mongollara garşy iň uly gozgalaňlary biri hem 1277-nji ýylyň ýazynda Zimriniň ýolbaşçylygynda başlapdyr. Bu gozgalaň ýurduň günorta-gündogaryndan Merkezi Anadola, Günbatarda Afon-Karahisara çenli baryp ýetipdir. Zimriniň maksady tagty basyp almak bolupdyr. 1277-nji ýylda Konýa girýärler we köşgi basyp alýarlar. Şol günüň ertesi gün Zimri "Syýawuş" ady bilen soltan diýlip yglan edilipdir. Ýöne onuň häkimiýeti diňe birnäçe aý dowam edipdir. Seljuk soltanlary we Mongol hökümdary gozgalaňçylara garşy goşun iberipdirler. Şeýlelikde, gozgalaňçylar ýene üstün çykýarlar. Ýöne soň Mongol Ilhany Abaka we Seljuk soltany Keý Hysrow III gozgalaňçylara goşun iberipdirler. Zimri bu gezek yza çekilmäge mejbur bolupdyr. 1278-nji ýylda bolan söweşde Zimri ýesir düşýär. Şeýlelikde, Rum Seljuk döwletindäki mongollara garşy iň uly halk gozgalaňy ýeňlişe sezewar bolupdyr.

Indi mongollara Rumy öz gol astynda saklamak diňe döwürleýin ýörişleriň üsti bilen başardýardy. Ilhan Geýhatdunyň ýolbaşçylygynda 1291-nji ýylda şol ýörişleriň iň ulularyndan biri bolupdyr. Ýörişde 7 müň adam ýesir alnypdyr.

XIII asyryň ahyrlarynda XIV asyryň başlarynda beýleki özbaşdaklyga ymtylýan begliklerden Seljuk ýerlerinde Osmanlar tapawutlanyp başlapdyr.

1277-nji ýylda Söwütde, Anadolyda mesgen tutan türkmen toparlary özleriniň daşary ýurt duşmanlary tarapyndan her hili horluklara sezewar edilýändigini, howandar, goldaw isleýändiklerini aýdyp, ata Watana-Maryda ýaşaýan howandarlaryna, Ärtogrul gaza ýörite habar ýetirýärler. Şol habar esasynda Maryda ähli türkmen taýplarynyň gatnaşmagynda maslahat geçirilýär. Netijede, Ärtogrul gazy 400 sany ýigidi bilen Anadolydaky türkmenlere goldaw-kömek bermek üçin ugraýar.

Ärtogrul gazynyň ýolbaşçylygynda Merwden ugran 400 atly serkerdelik tilsimatlaryny birkemsiz öwrenen saý ýigitlerdi.

Atabeglerden söweş, serkerdelik tilsimatlaryny öwrenen Osman gazy ýigrimi ýyldan soň, 1299-njy ýylda Türkiýede güýçli döwlet döredýär. Kakasy Ärtogrul gazy bilen Osman begiň guran döwleti soňlugy bilen Osman döwleti ady astynda dünýäniň üçden birini 600 ýyldan gowrak wagt ýaşaýar.

XIII-XIV asyrlarda Anadoluda ülkäniň syýasy, ykdysady, durmujşy we medeni durmuşda möhüm orny eýelän birnäçe jemgyýetçilik guramalary bolupdyr. bu guramalar Osmanly döwletiniň döremeginde uly orun oýnapdyrlar.

Umuman, Osman Gazynyň töweregine ýygnan egindeşleriniň arasynda köp sanly gazylar, ahiler we türkmen derwüşleri bar eken. Osman gazy basyp alan ýerlerini olara sowgat, wakf we mülk hökmünde paýlapdyr. Bu ýerler bolsa köplenç halatlarda täze obalaryň we şäherleriň düýbüniň tutulan ýerlerine öwrülipdir.

Ol döwürlerde Anadolynyň halky çarwalylardan, obalylardan we şäherlilerden ybarat bolupdyr. seljuklar Horasandan, Türküstandan Kiçi Aziýa göç eden wagtlarynda we mongol basybalyjylary wagtynda çarwalar bilen bir hatarda obalylar we şäherliler Anadola gelip ýerleşýärler.

Olar Anadolynyň ykdysady babatda güýçli bolmagyny üpjün edipdirler. Serhet ýakasyndaky beglikler Wizantiýanyň topraklarynda öňe süýşdigiçe yz tarapdaky ýerlerde täze-täze obalar we şäherler gurulýar.

Osmanlylaryň taryhyň sahnasyna çykan döwürlerinde Wizantiýa imperiýasy hemmetaraplaýyn gowşap başlapdy. Wizantiýanyň gyra çetlerinde ýerleşen welaýatlarda feodal ýer eýeleri merkezi häkimiýetiň gowşamagyndan peýdalanyp, özlerine degişli bolan ýerlerde doly agalyk etmäge başlaýarlar. Bu ýerler soňra Osmanlylaryň eline geçen wagty toprak döwledtiň mülküne degişli edilýär. osmanly düzgüni salgyt salmak meselesine ýeňillikler girizipdir. Şeýlelik bilen döwlet daýhanlary we beýleki önüm öndürijileri özüniň goragy astyna alýar. Osmanlylar basyp alan ýerlerindäki halklaryň dini ynançlaryna goşulmandyrlar. Bularyň Rum ilinde we Balkan ýarym adasynda güýçlenmegi döwletiň has-da ýokary göterilmegine getiripdir.

Ýeňiş yzyna ýeňiş gazanan Osmanlylaryň gysga wagtyň içinde galkynyp, ägirt uly döwlet ýagdaýyna gelmeginde Osmanly serkerdeleriň uly hyzmatlary bardyr. Ilkinji Osmanly soltanlary Wizantiýa imperiýasynyň Anadolydaky tgopraklaryny alyp, Fransiýa we Balkan ýarym adasyna aýak basýarlar. Soňra Orhon Gazy zamanynda Anadolydaky beýleki türkmen begliklerine garşy hem söweşýärler.

Osman Gazy kakasy Ärtorgul Gazynyň ýerine geçende 23 ýaşyndady. Osman Gazy Osmanly taryhyndaky ilkinji ýeňişi Ermeni-

Beli çaknyşygynda gazanýar. 1314-nji ýylda Bursanyň gabawy başlanýar. Ýöne Osman beg Bursanyň alnyşyny görmän aradan çykýar (1326). Ýeňşi onuň ogly Orhon beg tamamlaýar.

Orhon beg tagta çykandan soň, 1330-njy ýylda Iznigi basyp alýar. 1352-1354-nji ýyllarda Osmanlylar Balkan ýarym adasyna meýilleşdirilen ýörişleri gurap başlaýarlar. Eýýäm 1354-nji ýylda bütin ýarym ada Osmanlylaryň eline geçýär.

Orhon Gazy aradan çykandan soň, 1360-njy ýylda Osmanly tagtyna onuň ogly Myrat çykýar. Onuň ilkinji maksady Ankarany parahatçylykly ýol bilen almak bolupdyr. Şeýlelikde, 1361-nji ýylda Edirne Osmanlylaryň paýtagtyna öwrüldi.

Osmanly döwleti gün-günden ulalýardy. Goşunyň sany 60 müňe ýetipdi. Bu goşunyň bir aýagy Aziýa topraklarynda bolsa, beýleki aýagy Ýewropa topraklaryndady. Olar Ýewropanyň jümmüşine çenli aralaşyp, duşmanyň gözüni gorkuzypdyrlar. Eýýäm Bursadan Kosowa çenli bolan ülkelerde Soltan Myradyň hökümi ýöreýärdi.

1389-njy ýylyň iýun aýynda Myrat I uly goşuna ýolbaşçylyk edip, Serbiýa ýöriş edýär. Şol ýylyň iýun aýynyň 15-ine Osmanly goşunlary bilen Serb we Bosniýalylaryň arasynda Kosowa meýdanynda uly gandöküşikli söweş bolýar. Şu söweşde Osmanlylar ilkinji gezek Artileriýa ulanýarlar.

1389-njy ýylda Myrat I wepat bolýar. Onuň ogly Baýazid kakasynyň ýerine geçýär (1389-1402). Şondan soňra Serbiýa Osmanly döwletiniň wassaly bolýar.

Osmanly döwleti has-da beýgeldi. Soltan Stambuly almagy meýilleşdirip başlady. Ýöne edil şol wagt Gündogaryň hökümdary Teýmir ara düşýär.

Söweşde Osmanly goşuny ýeňilýär. Ankara pajygasy Ýyldyrym Baýazidiň gurup gutaran türk birligini ýaňadan dagatdy. Baýazit we esgerleri ýesir düşýär. Soltan Baýazit ýesirlikdekä 1403-nji ýylyň 8-nji martynda aradan çykýar. Soltanyň ogullary Anadolynyň dürli ýerlerinde döwletjikler gurýarlar.

Çelebi Mehmet derbi-dagyn bolan Osmanly döwletini der seçip täzeden bir ýere toplaýar. Ol 1421-nji ýylda 32 ýaşynda aradan çykdy. Ol *“Osmanly döwletini ikinji gezek guran patyşa”* hasameýilnamaýar.

1422-nji ýylda Soltan Myrat II Stambuluň üstüne ýöriş etdi we ony gabady. Ýöne bu ýoriş hem şowsuz tamamlandy. Sebäbi ýurtda gozgalaňlar başlaýar.

Soltan Mehmediň tagta çykmak dabarasy 1451-nji ýylyň 18-nji fewralynda Edirnede Tunja derýasynyň kenaryndaky täze köşkde geçirilipdir. Soltan Mehmediň esasy arzuwy Stambuly basyp almakdy.

Top guýmak işi Wizantiýanyň hyzmatyndaka gaçyp Soltan Mehmede sygnan Urgun atly bir wengere berilipdir. Ol heniz görülmedik uly toplary guýmaga söz beripdir.

Şeýlelikde, 1453-nji ýylyň 23-nji martynda Osmanly goşuny ýörişe başlaýar. Bu hereket şowly tamamlanýar. 1453-nji ýylyň 22-nji aprelinde ir bilen Osmanly floty şäheri top okuna tutup başlady. Wizantiýaly grekler gözlerine ynanmaýardylar. Imperator Konstantin Oragazes XI gaty uly howpuň bardygyny duýupdyr.

Maý aýynyň 28-inden 29-yna geçilýän gijäniň ýarymyndan soň hüjüme geçmäge buýruk berilýär. Gazaply ok atyşyklar başlanýar.

1453-nji ýylda Konstantinopol basylyp alynýar. 29-njy maýda bir döwür tamamlanyp, başga bir zamana başlanýar. Yslam gylyjy Wizantiýany ýykýar, emma Stambuly halas edýär.

Osamnlylar 1473-nji ýylyň awgust aýynyň 11-inde Akgoýunly hökümdary Uzyn Hasany ýeňip, Otlukbeli ýeňşini gazandy.

Soltanlyk süren otuz ýylynda ululy-kiçili 17 ýurdy basyp alan Soltan Mehmet Fatih täze ýörişledre taýýarlanýardy. 1481-nji ýylyň baharynda Müsüre garşy ýörişe çykjakdy. Ýörişe çykylanda Soltan birahatdy. Nesil yzarlap gelýän ysmaz keseli beterläpdi. Ol 1481-nji ýylyň maý aýynyň 3-ine ýolda aradan çykýar.

Stambulyň paýtagt bolmagy, Bosfor we Dardanel bogazlarynyň, Mermer deňziniň harby we söwda gatnawlary imperiýanyň baýlygyny artdyrýardy, daş-töweregine täsirini ýetirýärdi. Osman imperiýasy XVI asyrda hem gülläp ösmegini dowam etdirýär. Soltan Süleýman Kanunynyň (XVI asyr) çykaran kada-kanunlary döwleti berkidýär. Selim I Ýowuzyň 1512-1520-nji ýyllar aralygynda Siriýany, Müsüri, Aljiri, Mekge we Medinäni öz raýatyna geçirmegi bilen dünýä musulmanlarynyň Halyflygy Osman imperiýasyna berilýär. Soňra Krym, Abbisiniýa we Demirgazyk Afrika ýerleri hem şoňa birikdirlýär.

Ýewropa ýurtlarynyň birleşip, koloniýalar edinmek üçin täze bazarlary eýelemek we kapitalistik jemgyýeti ösdürmäge bolan islegleri Osmanly imperiýasynyň bähbidine ters gelipdir.

Soňky ýyllarynda Ýewropalylar bilen bolan uruşlarda ýeňlişe sezewar bolmaklyk, Soltan raýatyndaky ençeme ýerleriň imperiýadan bölünip aýrylmagyna getirýär.

XX asyryň başynda Ýewropanyň imperialistik döwletleri koloniýalary edinmek üçin I Jahan urşuny turuzýarlar. Awstriýa Germaniýa birleşigine girip, antanta ýurtlaryna garşy göreşen Tükiýe soýuzdaşlary bilen birlikde uruşda ýeňilýär. Ölüm-ýitime, maýyp-müjrüplige, aç-ýalaňaçlyga duçar edilen halk köpçüligi watan dönüklerine, imperialistik haýynlara garşy aýgytly söweşe galýar. Watançy ýaş serkerde, ökde guramaçy Mustafa Kemal Paşa (1881-1938) halkyň Milli-Azatlyk hereketine baş bolup, Türkiýäni duşmanlardan azat edýär. Gelmişek goşunlar 1922-nji ýylyň sentýabr aýynda ýurtdan kowulýarlar. Soltanlyk ýatyrylandan soň, Türkiýäniň Beýik Millet Mejlisi döwleti edara etmekligi öz ygtyýarlygyna alýar. 1923-nji ýylyň 23-nji oktýabrynda Türkmiýe Jemhurýeti-Respublika ulgamly, Konstitusiýaly döwlet gurluşyna başlaýar. Ilkinji döwlet ýolbaşçylygyna Jemhurbaşkany diýilip, beýik öňbaşçy Mustafa Kemala Atatürk saýlanýar.

Şeýlelikde, Osmanly imperiýasynyň ömri gutarýar we ýerine häzirki dünýäniň öňdebaryjy döwletleriniň hataryna geçen Türkiýe Respublikasy döreýär.

### 3.Türmenleriň Garagoýunly we Akgoýunly döwletleri

*Garagoýunly türkmenleriň döwleti.*

Garagoýunly we Akgoýunly türkmen uluslary Günbatar Aziýanyň topragyna haçan we haýsy ýol bilen gelipdirler diýen soraga orta asyr taryhy çeşmeleriniň berýän jogaby bir-birine çapraz gelýän birnäçe toparlara bölünýär.

XVI asyryň hindi taryhçysy Ibrahim Harir özüniň “Taryh-i humaýun” diýen eserinde Akgoýunlylar Häzirbegjan we Yrak ülkelerinde seljuklar döwründe ýaşapdyrlar we seljuk soltanlary olara Diýarbekiri we onuň töweregini ikta görnüşinde sowgat beripdir diýip tassyklaýar. Şeýlelikde garagoýunly we akgoýunly ili gadymy oguzlaryň-türkmenleriniň gös-göni nesilleri bolup çykyş edýärler.

1366-njy ýylda Baýram Hoja Mardini gabaýar we öz garşysyna çykan artyklaryň güýçlerini derbi-dagyn edýär. Şu waka bilen baglanyşykly artykly hökümdary Mälik Mansuryň ilçisi Jelair soltanynyň huzuryna Bagdada baryp Baýram Hojanyň çapawulçylygy barada habar berýär we ony garagoýunlylara garşy ýörüş etmeklige çagyrýar. Soňky ýyllaryň baharynda Jelair soltany Uweýis garagoýunlylar bilen ilkinji gezek çaknyşypdyr we olaryň arasynda gandöküşlikli söweş bolup geçipdir. Şol söweşde Baýram Hoja ýeňilip

öz uluslary we agşamlary bilen söweş meýdanynda gaçyp gitmäge mejbur bolupdyr.

Baýram Hoja 1380-nji ýylda ölüpdir. Şeýlelikde Baýram Hoja tükeniksiz dawalar zerarly öz içinden ýumrulyp, mongol döwletleriniň gowşamagyndan peýdalanyp garagoýunly güýçlerini birleşdirilen we olary döwlet tertibi görnüşinde jebisleşdiren ilkinji türkmen begliklerininň biridir.

Baýram Hojadan soň garagoýunly ulusynyň baştutanlygyna Nasyr-ad-Din Gara Muhammet (1380-1389) geçýär. Gara Muhammediň edara eden ýyllarynda garagoýunlylar öz ýagdaýlaryny ep-esli pugtalandyrypyrlar we goňşy welaýatlara täsirlerini artdyrypdyrlar. Haçanda soltan Uweýsiň ogullarynyň arasynda tagt ugrunda dawa tutuşanda Gara Muhammet soltan Ahmediň tarapynda çykyş edýär we açyk meýdan söweşinde onuň bäsdeşleriniň güýçlerini derbi-dagyn edýär. Özem garagoýunly hökümdary soltan Ahmediň öňünde şeýle şert goýýar, ýagny garagoýunlylar soltan goşunlary goşulmazdan diňe öz güýçleri bilen söweşmeli we ýeňiş gazanan halatlarynda harby olja doly suratda olaryň eline geçmeli. Soltan Ahmet bu teklip bilen razylaşmaga we söweş gidip duran halaty bir gapdaldan syn edip durmaklyga mejbur bolupdyr. Bu söweşde garagoýunlylar ýokary harby ussatlyk görkezip ajaýyp ýeňiş gazanýarlar we olaryň eline baý olja düşýär. Bu ýeňiş garagoýunlylaryň harby kuwwatlylygyny we syýasy abraýyny ýokary göterýär we şondan soň olaryň goňşy ýurtlaryň üstüne çapawulçylygy güýçlenip ugraýar.

1387-nji ýylda garagoýunly ýygynlary ilkinji gezek Teýmiriň goşunlary bilen çaknyşypdyr. Garagoýunly güýçleriň aýgytly hereketleri netijesinde çagataý goşunlary öz söweş tertibini ýitirip tertipsiz ýagdaýda baş-başdaklyk bilen yza çekilip ugrapdyrlar. Teýmiriň özi hem söweş meýdanyndan gaçyp gitmäge mejbur bolupdyr.

Türkmenleriň Töwrizde hökümdarlygy uzaga çekmändir. Güýçli içeri agzalalyklar zerarly tiz wagtdan olar Töwrizi terk etmäge mejbur bolupdyr. Taryhy çeşmeleriň habar bermegine görä Gara Muhammet 1389-njy ýylda başga bir türkmen emiri Gara Hasan bilen bolan söweşde heläk bolupdyr.

Gara Ýusup Garagoýunly türkmenleriň döwletiniň hökümdary bolup, ol Gara Mämmediň doganynyň ogludyr. Gara Ýusup dogany

Müsür Hojanyň tagta dawasyny bes etdirenden soň, Garagoýunly türkmenleriň döwletiniň başyna geçipdir.

1393-nji ýylda Yragy tabyn eden agsak Teýmir bu ýerden Akgoýunly we Garagoýunly türkmen beglerine habar ýollap, olaryň özlerine tabyn bolmagyny talap edipdir. Gara Ýusup barmasy kyn gaýaly daglara çekilipdir. Teýmirleňiň Hindistan saparyndan dolanyp, gündogar Anadolyda gaýtadan peýda bolmagy Gara Ýusuby ýene kyn güne goýupdyr. Ol ata-babalaryň özüne miras galdyran ýurduny Wan kölüniň töweregindäki ýerleri taşlap, Mosula çekilipdir. Gara Ýusup Jelaýyr hökümdary soltan Ahmet bilen bilelikde ilki bada Müsür memlýüklerine sygynmak üçin ýola düşüpdir. Emma Halabyň naýyby Demirdaş olaryň ýoluny kesip, Müsüre goýbermändir. Şeýle bolnsoň olar Osman-türkmen soltany Ýyldyrym Baýezide delalat isläp, onuň huzuryna barypdyrlar.

1400-nji ýylda agsak Teýmir Osman-türkmen topraklaryna aralaşyp, Siwasy eýeläpdir. Agsak Teýmir Beýezidiň ilçilerine öz duşmany Gara Ýusubyň berilmegini talap edipdir. Emma Baýezid bu talaby ýerine ýetirmändir. Gara Ýusup Osmanly topraklaryny taşlap, Yraga gelipdir. Bagdady eýeläp, gysga wagtlygam bolsa Yragyň esasy bölegininiň häkimi bolupdyr.

Ankara söweşinde (1402-nji ýylyň iýun aýynyň 28-i) Ýyldyrym Baýezidi ýeňen agsak Teýmir Gara Ýusuba agyr zarba urmak üçin Miranşany uly goşun bilen ugradypdyr. Olaryň arasynda bolan uly söweşde (1403) Gara Ýusup ýeňilipdir. Onuň bir aýaly we ähli söweşlerde ýanynda bolan dogany ýaraly teýmirileriň eline ýesir düşüpdirler we öldüripdirler. Gara Ýusubyň özi zordan gaçyp janyny gutarypdyr we Damaska gidipdir. Damaskyň häkimi Gara Ýusuby we Ahmet Jelaýyry ilki oňat garşylapdyr. Agsak Teýmir Müsür soltany Ebul Ferejden duşmanlarynynyň öldürilmegini talap edensoň, zyndana taşladypdyr. Zyndandan boşansoň (1404) Gara Ýusup ilki Mardine, ol ýerdenem Mosula gelipdir. Onuň Akgoýunly begi Gara Ýülük Osman bilen çaknyşygy netijesinde tamamlanypdyr.

Teýmir ýogalansoň (1405) Gara Ýusup özüniň öňki hökümrowanlyk eden ýerlerini gaýtaryp alypdyr. Teýmiriň agtygy Ebu Bekiri iki sapar agyr ýeňlişe sezewar etmegi (1407) Gara Ýusubyň abraýyny artdyrypdyr. Bu yeňiş netijesinde ol Teýmiriň imperiýasynyň möhüm bir parçasyny bölüp aýryp, ol ýerde Garagoýunly türkmenleriň döwletini gurupdyr.

1409-njy ýylda Akgoýunly begi Gara Ýülük Osman Mardini gabap, Artykogullaryny gysaja salypdyr. Artykly hökümdary Mälik Salyh kömek sorap Gara Ýusuba ýüz tutupdyr. Şäheri Akgoýunlylaryň howpundan halas eden Gara Ýusup gyzlarynyň birini Mälik Salyha nikalap berip, ony Mosulyň häkimligine belläpdir. 1410-njy ýylda Erzinjany alypdyr. Özüne garşy çykyp Töwrüzi eýelän köne dosty Ahmet Jelaýyry söweşde ýeňipdir. Häzirbegjany ogly Pir Pudaga Yragy bolsa şa Muhammede beripdir. 1411-nji ýylda Gara Ýusup Töwrüzde türkmen beglerini ýygnap, ogly Pir Pudagy mirasdar diýip yglan edipdir. 1412-nji ýylyň ahyrynda Kura derýasynyň boýunda bolan söweşde Gara Ýusup Kahetiýanyň patşasy Konstantiniň, Şirwanşasy Ybraýymyň we Şekanyň hökümdarynyň goşunlaryny derbi-dagyn edipdir. Gara Ýusup 1415-nji ýylda Häzirbegjandaky Soltaniýany alýar, soňra Bagdady eýeleýär.

Gara Ýusup ömrüniň ahyrynda günbatarda Müsüriň memlük soltanlaryna, gündogarda bolsa Teýmiriň ogly Şahruha garşy göreşmeli bolupdyr. Mirasdar ogly Pir Pudagyň biwagt ölümi Gara Ýusubyň bilini büküpdir. Teýmiriň ogly Şahruh atasynyň köne duşmanynyň ejizländigini duýup, 1420-nji ýylyň awgust aýynyň ahyrynda Hyratdan ýörişe ugrapdyr. Ýöne Şahruh onuň bilen söweşmeli bolmandyr. 13-nji noýabrda Gara Ýusup aradan çykypdyr. Gara Ýusubyň ogullarynyň (Muhammet, Isgerder, Ispend, Jahanşa, Abu Seýit) hersiniň bir ýerde bolmagy netijesinde goşunda agzalalyk başlanypdyr. Mundan peýdalanyp Şahruh Soltaniýany, Töwrüzi eýeläpdir.

Gara Ýusup Günorta Häzirbeýjany gös-göni özi edara etmek bilen döwletiň galan ýerlerini öz ogullaryna mülkler görnüşinde paýlap beripdir. Döwletiň paýtagty Töwriz şäheri bolupdyr.

Soltan Şahruh ölenden soň, (1447) Jahanşa özüni garaşsyz döwletiň baştutany hökümünde alyp barypdyr. Jahanşa Gara Ýusup Türkmeniň ogludyr. Jahanşah Hakyky dädesi Gara Ýusup ölenden soň 1437-nji ýylda şalyk koşgüne çykyp, 30 ýyl patşalyk edenden soň, 1467-nji ýylda Akgoýunly taýpasyndan bolan Uzyn Hasan bilen eden söweşinde ölýär.

Akgoýunly soltany Uzyn Hasan söweşde ýeňip, Garagoýunly hökümdary Jahanşany hem-de onuň ogly Muhammet Mürzäni öldürdipdir, beýleki ogly Ýusubyň bolsa gözlerini oýdurypdyr.

Hasan Aly Gargoýunly türkmenleriň döwletiniň hökümdary, onuň dolandyran ýyllary 1467-1469-njy ýyllar. Ol Jahanşanyň ogludyr.

Aly tagta geçen badyna kakasyny öldüren Uzyn Hasanyň garşysyna uly goşun toplapdyr. Akgoýunlylar bilen Garagoýunlylaryň arasynda uly söweş başlanýar. 1468-nji ýylyň awgustynda bolan bu söweşde Hasan Aly ýeňilip, Häzirbegjana gaçypdyr. Özüni yzarlaýan Uzyn Hasan begden gaçyp gutulmajagyna göz ýeten Hasan Aly 1469-njy ýylyň maý aýynda öz janyna kast edipdir. Onuň ölüminden soň, Uzyn Hasan 1469-njy ýylda Kermany, 1470-nji ýylda Bagdady eýeleýär we Garagoýunly türkmenleriň döwleti ýykylýar.

*Akgoýunly türkmenleriniň döwleti.*

Akgoýunlylar oguzlaryň baýandyr urugyndan bolup, olar oguzlaryň düker, baýat, çepki taýpalaryna esaslanyp güýçlenýärler. Tur Aly begiň döwründe bolsa akgoýunly türkmenler Trabzon Rum soltanlygyna hüjüm edýärler. Trabzon imperatory bu hüjümleriň öňüni almak üçin Akgoýunly begiň ogly Gutly bege öz gyzyny beripdir.

Gutly begiň ogly Ahmediň döwründe,Akgoýunlylar Garagoýunlylar döwleti bilen birnäçe gezek söweşipdir.Akgoýunly döwletiniň syýasy täsiriniň ösmeginde Ahmed begiň dogany Gara Osmanyň ýa-da Gara Ýülügiň orny ulydyr. Ol özüniň gaýratlygy bilen beýlekilerden tapawutlanypdyr. Gara Osman 1389-njy ýylda Kazy Burhaneddiniň elinden Şiwasy basyp alýar. Ol Osmanlylaryň gol astyndan çykmanlygy üçin Osmanlara garşy Müsüriň Memlýuk soltany Berkuk bilen ylalaşýar. Soňra Teýmirleň Anadola ýöriş edende ol ony parahatçylykly garşylaýar we onuň penasyna girýär. Teýmirleň bolsa ony Diýarbekire hökümdar edip belleýär.

Garagoýunlylar bilen Akgoýunlaryň arasyny has ýitileşdiren zatlaryň biri hem Gara osmanyň ogullarynyň biri Alybegi garagoýunly soltan Gara Ýusubyň nökerleri tutup, zyndana salýarlar

Aly beg köp wagt zyndanda oturýar. Onuň zyndandan sypmak nesibesi Teýmirleniň ogly, Şahruhyň Azerbeýjana garagoýunlylaryň üstüne ýeňiş etmegi bilen amala aşýar, Aly begiň ýatan zyndanyna Şahruhyň ogly Baýsenger baryp,ony zyndandan çykarypdyr.

Aly begiň beýleki ogly Hasan beg ol pursatdan peýdalanyp Diýarbekiri basyp alýar. Soňra bolsa dogany Jahangiriň bolýan şäheri Mardine ýöriş edýär hem-de şäheri gabaýar. Ýöne bu ýerde Hasan beg doganyna garşy uruşmazlygy töwella edip, olaryň enesi Sara hatyn ýüz tutýar.Şundan soň Akgoýunly döwletiniň iň ösen döwri bolan

Uzyn hosanyň döwri başlanýar. Uzyn hasanyň hakyky ady Hasan bolup, onuň boýy uzyn bolandan soň oňa Uzyn Hasan diýipdirler. Ol şu at bilen hem taryha giripdir.

Akgoýunlar döwletiniň döwlet diýip atlandyrylmagy, onuň nyşany bilen baglanşyklydyr

Akgoýunly türkmenleriň döwleti Uzyn Hosanyň 1453-1478 ýylyň döwründe gülläp ösýär. Bu döwürde onuň ýerleri giňelip,döwletiň güýçli ösen derejä ýetýär. Akgoýunly döwletiniň paýtagty Tebliz bolupdyr. Uzyn Hosan özüne patyşa titulyny alyp,soň onuň nesilleri hem göteripdir. Uzyn hosanyň döwründe akgoýunlylar garagoýunlylar bilen söweş göreş alyp barypdyrlar. 1467-nji ýylda Muşyň (Ermenistanda) ýakynyndaky söweşde akgoýunly döwletiniň şasy Jahan şanyň goşunlarynyň derbi-dagyn edýärler. Uzyn Hasan Ýewropanyň we Aziýanyň köp döwletleri bilen diplomatik gatnaşyk saklapdyr.

Patyşanyň köşgüne Rusdan, Wenesiýadan, Wengriýadan Awstriýadan, Polşadan we beýleki döwletlerden ilçiler gelipdirler, bu gatnaşyklar olaryň arasyndaky söwda we syýasy ýagdaýlar has berkidipdir. Daşary syýasat döwletde Aziýada we Ýewropada diplomatiki ukyplylygy bilen meşhur bolan Uzyn Hasanyň ejesi Sara hatyn uly rol oýnapdyr.

XV asyryň ortalarynda gündogaryň beýleki döwletlerinde bolşy ýaly, Akgoýunly döwleti hem osmanlylaryň basyp alyşlaryndan howatyrlanypdyr.

Osman basyp alyşlary Wenesiýa, Wengriýa, Polşa, Awstriýa we Ýewropanyň beýleki döwletlerine howp salypdyr. Olar Uzyn Hasana osmanlara garşy durup biljek güýçli soýuzdaş höküminde seredipdirler we onuň bilen ýakynlaşypdyrlar.

Olar Akgoýunly döwletine bolan syýahatda gymmatly ýazgylary ýazyp galdyranlygy bilen hem belidir. Uzyn Hasanyň ilçileri hem Wenesia köşgünde arzyly we hormatly myhman bolupdyr. Wenesiýanyň ilçisi Ambrojo Kontarini Akgoýunly döwletiniň patyşasy bilen osmanlara garşy bilelikde hereket etmek baradaky meýilnamaý ylalaşýarlar. Şol wagt onuň köşgünde wenger ýaly we polýak ilçiler hem bolupdyr. Ýöne Uzyn Hasana Ýewropa döwletleri bilen soýuz baglanyşmak başartmaýar.

Osmanlar garşy bileleşige baştutanlyk edýän Uzyn Hasany özüniň esasy duşmany hasaplaýan osmanlylar bilen Akgoýunly türkmenleriň arasyndaky uruş 1472-nji ýylda başlapdyr we ol Kiçi

Aziýada bolup geçipdir, 1473-nji ýylda Molasiýanyň (Ýefratda) ýanynda bolan söweşde Uzyn Hasan ýeňiş gazanypdyr.

Osmanly çozuşlarynyň öňüni alandan soň Uzyn Hasan goňşy döwletleriň üstüne ýöriş edýar .1453-nji ýylda Diýarbekiri eýeleryär. Uzyn Hasanyň iň şowly ýörişleriniň biri hem onuň Gruziýa eden ýörişidir. Ol 1477-nji ýylda Gruziýa eden ýörişinde ýurdy tozdyryp köp olja alypdyr, bulardan başgada 5 sany ýesir alyp gaýdyp ony ýasawullaryna paýlapdyr.

Akgoýunlylar döwleti özüniň ösen döwründe Rus kniýazlary bilen hem gatnaşyk saklapdyrlar. Esasan hem olaryň gatnaşyklary ykdysady häsiýete eýe bolan bolmaly. Kaspiniň we Wolganyň üstünden edilýän söwda gatnaşyklary täjirleriň ünsini çekip bilipdir. Ondan başgada ruslar bilen syýasy gatnaşyklar hem bolupdyr. Wenesiýan ilçisi Kontanini 1475-nji ýylda Uzyn Hasanyň köşgünde moskwaly ilçi Mark bilen duşandygyny ýazypdyr, soň ol Şemadany rus ilçihanasyna ýolbaşçylyk edipdir.

Uzyn Hasan ölenden soň Akgoýunly döwletinde tagt ugrundaky dawa başlaýar. Ol göreşde Ýakup patyşa öňe saýlanypdyr. Ýakyp patyşanyň döwründe (1478-1490) Akgoýunly döwleti öňki şöhratyny saklap bilipdir. Ýakubyň döwletinde 1480-nji ýylda Bijan ogly Süleýman begiň baştutanlygyndaky goşuny osmanlylaryň goşunyny ýeňýär we Baýazit II ýaraşyk soramaga mejbur bolýar. Ýöne eýäm Ýakubyň döwründe döwlet içinden gowşap başlaýar,üznüksiz agyr salgytlar, yzygiderli uruşlar we feodallaryň hem emeldarlaryň özbaşdaklaryna ymtylmagy ýurdy pese düşüp başlapdyr.

Sürgal ýerleriň eýeleri patyşanyň häkimiýetini äsgermäni özbaşdak özbaşdak güýçlenip başlapdyrlar. Ýakup patyşa ölenden soň XV asyryň 90-njy ýyllarynda Akgoýunly döwletiniň tagtyna 8 sany bäsdeş geçmäge synanşypdyrlar. Şol özara uruşdan soň tagta Rüstem patyşa (1492-1497) geçýär. Mundan soň ýene-de özara tagt ugrundaky göreşler başlapdyr. Iki ýyla çeken özara tagt ugrundaky göreşler Akgoýunlylar döwletini düýpli pese gaçan döwlet 1499-nji ýylda iki bölege bölünipdir. Akgoýunly döwletiniň ikinji bölegine patyşalyk edýän Myrat şanyň gol astyna Yrak we Farsa geçipdir. Bu bölünen iki döwlet hem uzak ýaşamandyr 1501-nji ýylda sefewi şasy Ysmaýyl I Elweniň döwletini, 1503-nji ýylda bolsa Hemedanda bolan söweşde Ysmaýyl I Myraty ýeňýär. Şondan soň özara uruşlaryň netijesinde tapdan gaçan Akgoýunly döwleti ýaşamagyny bes edýär. Onuň ýerine Sefewi türkmenleriň döwletini gurdylar.

## 4.Hindistandaky türkmen döwletleri

Deli soltanlygy başda XII asyryň soňunda Gur soltany Muizziddin Muhammet Şam tarapyndan gurulan bolsa-da, ol özbaşdaklyk derejesini alyp bilmändir. Türkmen serkerdesi Aýbeg Gur soltanyndan rüstem gelip, Lahorda kutbuddin (diniň sütüni) derejesi bilen 1206-njy ýylda tagta çykýar. Şol döwürden başlap Deli soltanlygy özbaşdaklygyny yglan etdi. Kutbuddin Aýbegiň asly türkmenistanly türkmenlerdendir. Ol kiçiçikkä Nyşapur kazysy Fahreddin Abdylezizi el-Kufi tarapyndan satyn alynypdyr, onuň çagalary bilen bilelikde edep-terbiýe alypdyr, güýçli nöker hem okçy hökmünde ýetişdirilipdir. Onuň hökümdarlygynyň serhedi Penjapdan Buhara, Kaşmirden Orta Hindi ýaýlasyna çenli uzapdyr. Deli soltanlygy tä 1526-njy ýyla çenli höküm sürýär, medeni merkezi hökmünde Deli şaherine uly üns berilipdir. Deli soltanlygynyň hatarynda türkmen soltanlyklaryndan Memluklar, Halaçlar, Togalaklar, Seýitler, Ludiler bolupdyr.

Kutubşa türkmenleriniň döwleti Garagoýunly türkmeleriň Hindistanda guran döwletidir. Ony 1512-nji ýylda Soltanguly Türkmen binýat edipdir.

Garagoýunly türkmenleriň döwleti Jahanşadan soň özüne gelip bilmän, emir Allagulynyň serdarlygynda adamlarynyň uly bölegi Horasana, Hindistana çekilýärler.

Hindistanda Kutub şalar döwletiniň düýbüni tutan Baýram Hojanyň neberelerinden Öwezguly Piriň ogly Soltanguly Türkmendir. Olaryň nebereleri ilki günorta Hindistanda, Dekkanda Bahmany döwletine sygynypdyr. Soltanguly Türkmen şol ýerede Bahmany döwletiniň serdary Mahmyt şanyň elinde tälim-terbiýe alýar. Bahmany döwletiniň synmagy bilen , Hindistandaky garagoýunly türkmenler Soltanguly Türkmeniň serdarlygynda özbaşdak döwleti yglan edýärler.

Döwlet sebitde her tarapdan güýçli derejä çykýar. Soltanguly Türkmen Golkondanyň iň meşhur soltanyna öwrülýär. Garagoýunly Kutub şalar döwleti 1687-nji ýyla çenli sebitde özbaşdak hereket edýär. Garagoýunlylaryň nesilleriniň Hindistanda özlerini aldyrandygy, şol ýerde görnükli şahyr hem döwlet işgäri Baýram hanyň “Hanlar hany” derejesini alandygy mälimdir.

Türkmenleriň baharly kabylasyndan bolan Muhammet Baýram han, takmynan, (1497-1498) 1500-1505-nji ýyllarda Badahşanynda dogulýar. Ol harby serkerde, döwlet işgäri, filosof, saganda hem şahyr

bolupdyr. Onuň ata-babalary XVasyrda Günbatar Eýranda, Azerbaýjanyň günorta taraplarynda uly döwlet guran garagoýunly türkmenlerden bolup, hökümet gullugynda, harby işlerde edermenlik görkezen adamlar eken. Baýram hanyň babasy Şiraly beg Hyratda häkimlik eden Soltan Hüseýin Baýkaranyň (1471-1506) köşgünde hem hyzmat edipdir. Baýram hanyň kakasy Seýfaly beg Gaznadan gubernatorlyk wezipesini alyp barypdyr. Ol Ýakyn Gündogarda ady belli taryhçy Mürze Jahan şanyň neslinden bolup, Hindistandaky Mogol imperiýasynyň baştutany Babyr bilen ýakyn gatnaşyk saklap, onuň goldawyndan peýdalanypdyr. Baýram han XVI asyryň başlarynda Balh, Badahşan sebitlerine göçüp baran Seýfaly begiň maşgalasynda dünýä inipdir, başlangaç bilimi hem harby hünärleri şol ýerde alypdyr. Balhyň iň güýçli alymlary oňa sapak beripdir. Baýram hanyň ylma we sungata bolan söýgüsi onuň harby serkerde bolandygyna garamazdan, ömrüniň ahyryna çenli saklanypdyr. Balhda pars we arap dillerini düýpli öwrenýär. Şol döwrüň okuw programmasyny goşgy düzmekligiň aruz formasyna esasy orun berlipdir. Baýram han hem aruz formasynda goşgy düzen belli şahyrlaryň biridir.

Ol orta boýly, bugdaý reňk, on iki süňňi ýerbe-ýer, mertebeliligi ýüzünden görnüp duran, peşeneli adam bolupdyr. Aýratyn çalasynlygy bilen illeri haýran galdyrypdyr, öz ata-babalarynyň kesp käri bolan çapyksuwarlyk, gylyç oýnatmak, naýza sançmak, ok atmak ýaly bir näçe harby hünärleri ezberlik bilen özleşdiripdir. Baýram han 16 ýaşynda Humaýunyň goşunyna meýletin girýär. Goşunda ol çäksiz batyrlygy, dogumlylygy, düşbüligi, harby taýdan ugurtapyjylygy bilen tapawutlanýar. Hatda bir ýyl geçmäkä, ol şazada Humaýunyň ýakyn egindeşleriniň biri we geňeşçisi bolýar. Baýram han ilki şa Ysmaýyl Hataýynyň (1487-1524), soňra Mogollar dinastiýasyny esaslandyran Muhammet Babyryň (1483-1530) goşun serkerdesi bolýar. Babyr ölenden soň onuň ogly Humaýun (1508-1556) imperator (1530-1556) bolýar. Humaýunyň häkimlige geçen döwri Beýik Mogol imperiýasynyň gowşan döwrine gabat gelýar. Mogol imperatory Humaýun bilen onuň doganlary Mürze Eskeriniň, Kamran Mürzäniň, Mürze Hindalyň tagt üstündäki dawalary sebäpli Mogol imperiýasy dargaýar.

1539-nji ýylda Mogollaryň howply duşmany, owgan taýpasynyň sury tiresinden bolan Şir şa özüni imperator diýip yglan edýär. Numaýun ondan gaçyp gidýär. Baýram han Humaýunyň bähbidine

güýçli diplomatik işler alyp barýar. Humaýun Baýram hanyň maslahaty bilen Babyryň mirasdüşeri, Eýran şasy Tahmaspdan harby kömek soraýar. Eýran şasy harby kömek berýär. Eýran goşunynyň kömegi, Mogollaryň edermenligi we owgan serdarlarynyň arasyndaky dawanyň Mogol goşun serkerdesi Baýram han tarapyndan oňat peýdalanylmagy netijesinde Demirgazyk Hindistanda Beýik Mogol imperiýasy gaýtadan dikeldilýär. Baýram han imperator Humaýunyň ähli ýörişlerine we diplomatik işlerine gatnaşýar, imperatoryň ýanynda uly wezipe eýeleýär hemde onuň hakyky dosty bolýar.

Humaýun Baýram hanyň Döwlet derejisindäki akyl-paýhasyna uly baha beripdir we öz aralaryndaky dostlugy garyndaşlyk gatnaşygy bilen berkitmek isläpdir. Baýram han nem özüniň Hümaýuna wepalylygyny ençeme gezek sud edipdir.

1540-njy ýylda Kannawujyň etegindäki uruşda Baýram han Mogol goşunynyň awangardyna serkerdelik edýär we Şir şanyň goşuny bilen bolan söweşde esir düşýär. Şol wegtlar batyr, harby serkerde Baýram hanyň şohraty, at-owazasyeýýäm owgan ýurduna hem ýaýran eken. Şir şa her edip, hesip edip ol batyr türkmeni öz tarapyna yrmak isleýär. Oňa iň ýokary derejeler, ummasyz peşgeşler wada edýär, emma Baýram han Şir şanyň teklibini inkär edýär. Şol aralykda Baýram han oňaýyny tapyp, Humaýunyň tarapdary, gwalioryň gubernatory Abul Kasym bilen gaçýar. Şir şa Baýram hanyň gaçandygyny eşidip, ony tutup öldürmegi buýurýar. Gujaratyň ýolunda ol iki gaçgak ýene-de esir düşýär. Bu gezek ony Gujaratdan gaýdyp gelýän Şir şanyň ilçisi esir alýar. Abul Kasymyň daşky keşbi Baýram hana örän meňzeş bolupdyr.

XVI asyryň ortalarynda Babyryň imperiýasynyň territoriýasy giňelýär. Munda talantly goşun serkerdesi Baýram hanyň hyzmaty uludyr. Baýram hanyň Mogollaryň ýeňişlerine goşandy, onuň pähim paýhasyüçin Mogol imperatory Humaýun Eýran şasy Tahmasp bilen bilelikde Baýram hana şol döwrüň iň ýokary harby derejesi “hanlaryň hany” we ähli türkmen taýpalarynyň aksakgalydiýan tituly berýär.

Humaýünyň karary bilen Baýram han Gandaharyň gubernatorlygyna bellenýär. Baýram hanyň Gandahary dolandyrmaga bellenmegine Humaýunyň doganlary Kamran Mürze, Mürze Eskeri, Mürze Hindal garşy bolýarlar we Baýram hana her hili şyltaklar atyp, Humaýuna ýamanlaýarlar, ýöne paýhasly Humaýun beýle zatlara ynanman, ony öz ogly Ekbere atalyk belleýär. Ekber on dört ýaşyna baranda, Mogol imperatory Humaýun aradan çykýar we ýaşajak

Ekber Beýik mogol imperiýasyna imperator bellenýär (1556-1605). Ekber on sekiz ýaşyna ýetýançä, Baýram han Beýik Mogol imperiýasyny Ekberiň ady bilen dolandyrýar. Ekber Baýram hanyň wepalylygyna, pähim-paýhasyna hormat goýupdyr we oňa "Han baba" diýip ýüzlenipdir. Humaýunyň goýup giden wesýetnamasy esasynda Baýram han Babyryň agtygy, şa neberelerinden bolan Selime şoltan begime öýlenipdir we ömrüniň ahyryna çenli Ekberiň atalygy hem baş weziri bolupdyr. Baýram han ynsan üçin möhüm häsiýetlerden söz açyp , her bir ýigide üç sany sypatyň hökmandygyny nygtapdyr:

1.Häkimleriň ýanynda özüňi alyp barmagy başarmaly;
2.Garyp-gasarlaryň göwnünden turup, olara duýgudaşlyk etmeli;
3.Alymlaryň ýanynda aýtjak sözüni bilip aýtmaly.

Baýram hanyň Abdyrahym atly ogly bolýar. Oňa-da "Hanlaryň hany" diýen ýokary dereje berlipdir. Ol bäş dilde goşgy düzen uly şahyr bolupdyr.

Bayram hany 1561-nji ýylyň 31-nji dekabrynda arkasyndan pyçaklap öldürýärler. Baýram hanyň diňe bir sany goşgular ýygyndysy ele salnypdyr, şonda onuň pars dilinde ýazan goşgularynyň 718 setiri ýerleşdirilipdir. Onuň türkmen dilindäki goşgularynda geçmişde türkmen, özbek, gazak, gyrgyz, garagalpak halklary üçin ortalyk bolan çagataý diliniň täsiri duýulýar. Ulanan esasy goşgy formalary gazal hem rubagydyr. Goşgularynyň agramly bölegi söýgi remasynda, galanlary harby gahrymançylyk we aýry-aýry şahslary taryp edýänşygyrlardyr. Baýram han özüniň döredijiligi, ýadawsyztagallasy bilen Merkezi Aziýa, Owganystan, Horasan, Eýran, Hindistan ýaly gadymy Gündogar ýurtlarynda halklaryň medeni hyzmatdaşlygynyň ösmeginde hem-de olaryň özara dostlugynyň pugtalanmagynda ägirt uly rol oýnan şahsdyr.

***Soraglar:***

1. Türkmenleriň dünýäniň dürli künjeklerinde döreden we dolandyran atabeglikleri we beglikleri hem-de olaryň daşary syýasaty.
2. Osman türkmenleriniň döwletiniň döremegi hem-de olaryň halkara hyzmatdaşlygyna we gatnaşyklaryna täsiri.
3. Türkmenleriň Garagoýunly we Akgoýunly döwletleri.
4. Hindistanda esaslandyrylan  tükmen döwletleri we olarda ajaýyp binagärlik sungaty.

## 8-nji tema

# TÜRKMENISTAN XIII ASYRYŇ II ÝARYMYNDA WE XVI ASYRDA

(2 sagat)

Umumy okuwyň meýilnamasy:

1. Mongol basybalyşlarynyň netijesinde Türkmenistanyň ýerleriniň paýlaşylmagy.
2. Türkmenistan Temirleň we temiriler döwründe.
3. Türkmenistan XV asyrda.
4. XVI asyrda türkmenleriň goňşy döwletler bilen gatnaşygy.

### 1.Mongol basybalyşlarynyň netijesinde Türkmenistanyň ýerleriniň paýlaşylmagy

Mongol basypalyşlaryndan soň türkmen ýerleri Çingiz hanyň nesilleriniň arasynda paýlaşylýar. Demirgazyk Türkmenistan Altyn Ordanyň düzümine girýär. Günorta Turkmenistan bolsa Hulaguiler döwletiniň gol astyna düşýär. Ýöne ýerli ilat çingizçiler häkimiýetine tabyn bolmak islemändir. XIII asyryň ortalarynda Horasanda, Günbatar Eýranda mongol agalygyna garşy ýerli ilatyň gozgalaňy başlanýar. Mongollaryň täze hökümdary Mengu kagan (1248-1259) bu ýerlerde öz agalygyny pugtalandyrmak üçin birnäçe gezek harby ýöriş geçirýär. Ol 1252-nji ýylda öz dogany Hulaguini biçak köp goşun bilen Horosana, Eýrana we Alynky Aziýa iberýär. 1257-58-nji ýyllarda Hulaguiler Günbatar Eýrany, Bagdady, Zakawkaziýanyň we Siriýanyň bir bölegini basyp alypdyr. Umuman, Amyderýadan Müsüre çenli aralyk, şol sanda Horasan Hulaguiler döwletiniň düzümine giripdir. Bu döwletiň düzümine Owganystan, Azerbeýjan, Ermenistan, Mesopotamiýanyň birnäçe ýerleri, Kiçi Aziýanyň gündogar bölegi giripdir.

1263-nji ýylda Hulagu “Ilhan” (Halklaryň hökümdary) titulyny alypdyr. Bu tituly onuň oruntutarlary-da saklap galypdyr. Şonuň üçin olaryň döwleti “Ilhanylar döwleti” diýlip atlandyrlypdyr.

Türkmen ýerleri ugrunda çingizçileriň iki döwleti-Hulaguiler we Çagataýlar özara göreşipdir. XIII asyryň 90-njy ýyllarynda Hulaguiler döwletini öz içine alan durmuş-ykdysady krizis, halk gozgalaňlarynyň barha köpelmegi mongol han-begleriniň bir bölegini döwleti pugtalandyrmak barada käbir çäreleri görmäge mejbur edýär. Bu syýasy özgertmäni geçirmek Hulaguiler döwletiniň hany Gazan han

(1295-1304) döwründe başlanýar. Ýurtda emele gelen kynçylyklardan çykmak maksady bilen hulaguilerden bolan Gazan han döwrüne käbir özgertmeler girizilipdir. Olar esasan aşakdakylardan ybarat!

Goşuny saklamak üçin ilatdan alynýan salgyt ýatyrylypdyr. Ýurtdaky agyr ýagdaýa çydaman gaçyp giden adamlar gaýtarylyp getirilmeli edilipdir.

Ilatdan alynýan salgytlary hasaba almak we bu barada ozalky ýaly baş-başdaklyk gadagan edilipdir. Ýurduň hemme ýerinde ýeke-täk pul, agram we uzynlyk ölçeg ulgamy (düzgüni) girizilipdir. Özgertmäniň esasy tarapdary Gazan hanyň iň ýakyn kömekçisi, wezir Reşit ed-Din bolupdyr. Reşit ed-Din örän bilimli adamlaryň biri bolup 1295-nji ýylda wezir wezipesine bellenilipdir. Şeýlelikde ol Ilhanylar (Hulagular) döwletinde ikinji adama öwrülýär. Ol döwletde örän köp özgerişler geçirip, döwleti merkezleşdirmekde hem uly rol oýnapdyr. Ol edil iki asyr öň Beýik Seljuk türkmenleriniň merkezleşen döwleti ýaly etmek isläpdir. 1317-nji ýylda ol wezipesinden boşadýar. Soňra bolsa, 1318-nji ýylyň iýun aýynyň 18-ine ogly Ibraýym bilen gynalyp öldürilýär. Reşit ed-Din öz syýasaty bilen özüni gorap bilmese-de, onuň ýazan eseri müdimi taryhy esere girýär. Ol türkmenleriň taryhy barada birnäçe iş ýazan belli awtordyr. Özgertmeleriň düýp mazmuny esasan salgytlary hem-de dürli görnüşdäki bolçulyklary kadalaşdyrmaga, pul özgertmesini geçirmäge we mongol goşunyna paý ýer bermäge syrygypdyr. Gazan hanyň özi hem yslam dinini kabul edipdir. Öň islan ýerinde göçüp-gonup ýören, basylyp alnan halklary talap, döwletiň hasabyna oturymly ilatdan salgyt ýygnap ýören mongol goşunbaşylary we esgerleri indi ýerleri ikta düzgüni esasynda, ýagny goşunda gulluk edeni üçin almaga borçly edilýär. Bu bolsa olaryň kem-kemden oturymlylyga we ekerançylyk hojalygyna ýykgyn etmegine getiripdir. Özem olar ikta ýerlerini nesilden-nesle miras galýan eýeçilik görnüşinde alypdyrlar. Özgertme boýunça daýhanlar iktadaryň ýerine resmi taýdan berkidilipdir. Şeýlelikde, Gazan hanyň bu özgertmesi önümçilik gatnaşyklarynyň pugtalanmagyna mümkinçilik döredipdir.

Geçirilen özgertmeler netijesinde XIV asyryň başlarynda Horasanyň şäherleri belli bir derejede ösüşe eýe bolýar. Ýurdumyzyň üstünden geçýän Beýik Ýüpek ýolunyň ugrunda söwda gatnaşyklary täzeden janlanýar. Senetçilik we ekerançylyk babatda öňe gidişlik duýulýar.

Üznüksiz özara uruşlar Hulaguiler döwletiniň harby kuwwatyny gowşadýar. Bu ýagdaýgan peýdalanyp, Çagataý ulusynyň we Altyn Ordanyň hanlary birnäçe gezek Horasanyň üstüne çozýarlar. Şeýlelikde, türkmen ýerleri mongollaryň iki döwletiniň arasyndaky bäsdeşlik zolagyna öwrülýär. Hulaguileriň ozalky döwleti çagşap, birnäçe özara duşmançylykly döwletjiklere bölünýär. Şeýle ýagdaý XIV asyryň ortalarynda Merkezi Aziýanyň köp ýerinde mongol basybalyjylaryna garşy halk hereketleriniň ýaýbaňlanmagyna getirýär, ýöne olar ýerli ilatyň milli döwletiniň döremegine getirip bilmeýär.

Çingiz hanyň imperiýasy bölünen mahalynda, Horezm tutuşlygyna diýen ýaly Juçynyň nesilleriniň ulusyna tabyn bolupdyr. XIII asyryň 40-njy ýyllarynda Juçynyň ogly Baty hanyň basybalyjylykly ýörişleri netijesinde Altyn Orda döwleti döräpdir. Onuň paýtagty Aşaky Powolžedäki Saraý şäheri eken. Gündogar dillerindäki çeşmelerde Altyn Orda “Juçynyň ulusy” diýlip atlandyrylypdyr. Demirgazyk Türkmenistan Maňňyşlak, Balkan etraplary hem şol ulusyň düzümine giripdir.

Altyn Oradanyň ilaty esasan boýun egdirilen gypjaklardan, alanlardan, bulgarlardan ybarat bolupdyr. Mongollaryň özi hanlykda ilatyň ujypsyz bölegini düzüpdir. Şonuň üçin olaryň ýagdaýy-da Hulaguiler döwletindäki ilatyň ýagdaýyndan gowy bolmandyr. Altyn Ordanyň syýasy taryhy daşarky we içerki uruşlardan doly bolupdyr. Baty hanyň döwründe (1236-1256) Altyn Orda mongol uluslarynyň iň ulusy we güýçlüsi bolup, Mawerannahryň we Semireçýäniň bir bölegini hem özüne tabyn edipdir.

XIII asyryň 80-nji ýyllarynyň ortalarynda Altyn Ordada han häkimýetiniň hukugyny çäklendirmek üçin iri baý toparlarynyň özara uruşlary başlanýar.

XIII asyryň ortalarynda türkmen taýpalary mümkingadar mongollaryň Juçy ulusynyň iň uzakdaky we çetdäki welaýatlarynda ýaşapdyrlar. Şeýle ülkeleriň biri-de Demirgazyk-Günbatar Türkmenistan hasameýilnamaypdyr. Bu ýere mongol talaňçylaryndan halas bolmak üçin goňşy welaýatlardan hem gaçgaklar köpçülikleýin gaçyp gelipdirler. Agyr salgytlar we ýygymlar bilen halys ezilen Horasan daýhanlarynyň bir bölegi eline ýarag alyp, mongol sütemine garşy gozgalaň turzan bolsa, beýleki bölegi Demirgazyk-Günbatar Türkmenistana gaçyp gitmäge mejbur bolupdyr. Şeýlelikde, Demirgazyk Türkmenistanda, Üstýurtda, Maňňyşlakda türkmen taýpalarynyň köpüsi jemlenipdir.

Mongol agalygy döwründe demirgazyk türkmenleriň hojalygy esasan ýarym çarwa görnüşli bolupdyr. Iki asyryň sepgidinde Derýalygyň we Sarygamyşyň suwlulandyrylmagy ol ýerdäki türkmenleriň ekerançylyk bilen meşgullanmagyna mümkinçilik döredipdir. Aýratyn-da Wezir, Şemahgala we Adak şäherleriniň töwereklerinde oturumly hojalyklar peýda bolupdyrlar.

Mongol basybalyjylary tarapyndan harabaçylyga öwrülen Gürgenç XIII asyryň II ýarymynda täzeden dikeldilip başlanylýar. Sebäbi Gürgenjiň üstünden esasy kerwen ýollary geçýärdi. XIII asyryň ahyrlarynda we XIV asyryň başlarynda Merkezi Aziýanyň hem-de Hytaýyň harytlarynyň esasy bölegi Ýewropa ýurtlaryna hut şu ýol bilen äkidilipdir. Şonuň üçin Gürgenjiň üstünden geçýän uly söwda ýoly diňe bir Aziýa däl, Ýewropada hem oňat mälim bolupdyr. 1333-nji ýylda Horezme gelen syýhatçysy Ibn Batuta Gürgenjiň tarypyny ýetiripdir. Italiýa syýahatçysy Pegallottiniň tassyklamagyna görä, Ýewropa täjiri Gürgençden aňryk gitmese-de bolýan eken, çünki ol özüni gyzyklandyrýan Aziýa harytlarynyň hemmesini Gürgenç bazarlaryndan tapypdyr.

Özbek hanyň (1312-1342) döwründe Altyn Oradnyň kuwwaty has güýçlenýär. Onuň ogly Jany beg (1342-1157) mahalynda Horasan basylyp alynýar. Balkan daglaryndaky, Demirgazyk Garagumdaky, Üstýurtdaky türkmenler Jany bege tabyn bolmaga mejbur bolýarlar. Olar mongollara salgyt tölemäge-de, goşun bermäge-de borçly edilýär.

Jany begiň ogly Berdi begiň (1357-1361) uazaga çekmedik hökümdarlygyndan soň Altyn Ordada ýene gan döküşikli özara uruşlar başlanýar. Şu çylşyrymly ýagdaýda ýerli ilatýň mongol zulumyna garşy göreşi täzeden möwç alýar. Muňa türkmen taýpalaryda işeňňir gatnaşýarlar. Balkanda, Uzboýuň töwereklerinde ýaşaýan türkmenler mongol agalygyny ykrar etmän ugraýar.Munuň özi hakykat ýüzünde Horezmiň täzeden döreýändigini, ýagny ýarym garaşly döwlete öwrülýändigini aňladypdyr. Eýýäm XIV asyryň 60-njy ýyllarynda Horezm doly özbaşdaklygyny gazanýar we Altyn Ordany ykrar etmeýär. Uruşlar netijesinde ysgyndan gaçan Altyn Orda teýmirileriň ýörişleriniň yzyna serpikdirip bilmeýär. Mongol zulumynyň soňyna çykylýar.

Mongol basybalyşlary türkmen taýpalarynyň birleşmegine päsgel beripdir. Mongol agalygyna doly boýun egmek islemedik türkmen toparlarynyň birnäçesi Türkmenistandan demirgazyk,

günbatar, günorta ugurlara göçüpdir. Esasan Uly Balkanda, Kiçi Balkanda, Derýaaralykda, Uzboýdyr Maňgyşlakda mekan tutupdyrlar. Olar mongollara degişli bolan Altyn Orda bilen Hulagu uluslarynyň aralygyndaky giň territoriýada hiç kime-de doly boýun bolman ýaşapdyrlar.

XIII asyryň ikinji ýarymyndan başlap Günbatar Türkmenistanda we Maňgyşlakda ýaşaýan türkmen tireleriniň arasynda salyrlaryň täsiri güýçlenip başlaýar. Rowaýatlarda Salyr Ogurjygyň demirgazyk türkmenleriň ata-babalarydygy, beýleki tarapdan, onuň Maňgyşlak we Balkan türkmenlerini serkerdelik edenligi aýdylýar. Köpçülikleýin göçhä-göçlük türkmenleriň Salyr-Ogurjyk babanyň ýolbaşçylygynda biri-birinde ýakyn Horezm-Uzboý-Balkan-Maňgyşlak sebitlerinde ýaşamagydyr.

XIII-XIV asyrlarda türkmenleriň uly taýpa birleşmesine öwrülenleriniň biri-de ärsarylardyr. Halk içindäki rowaýatlara görä, bu tiräniň döreýşi Ogurjyk alp we Ärsary baba bilen baglanşyklydyr. Ogurjuk alpyň çowlugy Ärsary babanyň baştutanlygynda XIV asyrda türkmen taýpalarynyň içinde serkerde, taýpa baştutany hökmünde tanalýar. Ol ärsary türkmenleriniň baştutany hasap edilýär. Ärsary baba XIII-XIV asyrlar sepgidinde ýaşapdyr. Ol XIII asyrda Balkan ýerlerinde ýaşan ärsary taýpalaryna ýolbaşçylyk edipdir. Ol diňe bir harby serkerde bolman, türkmen taryhynda öçmejek yz galdyran magaryfçy hökmünde hem tanalýar. XIII-XIV asyrlarda ýaşan bu taryhy şahsyýete Şyh Şerif hoja dini ündewlere, nesihatlara degişli işleriň ençemesini arap dilinden türkmençä terjime etdirip köpçülige ýaýradypdyr. Ol işler “Muin el-Murid” (Muritler-şägirtler üçin gollanma) ady bilen bellidir.

Ärsary babanyň ady türkmen taýpalarynyň içinde bellidir. Ol Horasanyň dikmesi bilen söweşýär. Tüwer (Düker) guýusynyň ýanynda bolan söweşde wepat bolýar. Häzirki wagtda Gyzylgaýadan 35 km uzaklykda, Tüwer obasynyň golaýynda onuň mazary bar. Ärsary baba mazaryna ýurdumyzyň ähli ýerlerinde zyýarata barýarlar.

## 2. Türkmenistan Temirleň we temiriler döwründe

Türkmenistanyň XI-XV asyrdaky taryhy Orta Gündogaryň taryhynda uly yz galdyran teýmirileriň we onuň oruntutarlary bilen baglanyşyklydyr. XIV asyryň 60-njy ýyllarynda Sufy dinastiýasyna degişli, asly türki-mongol çarwa han-beglerinden bolan Teýmirleň Mawerannahryň Keş (Şährisebz) welaýatynyň hökümdary bolýar.

Onuň bir aýagy agsak eken . Şonuň üçin ol taryhda Teýmirleň adyna eýe bolýar (Leň-parsça “ agsak” diýmek). Teýmirleň 1366-njy ýylda Samarkandy eýeläp, 1370-nji ýylda Mawerennahryň doly hökümdary bolýar. Ol Çagataý ulusyna doly eýe durjak bolup 1372-nji ýylda Horezme ýöriş edýär. Horezmiň hökümdary Hüseýin Sufy Teýmirleňiň goşunlaryna berk gaýtawul berýär, ýöne ol tarpa-taýyn ölýär. Onuň oruntutary Ýusup Sufy bolsa Teýmirleň bilen ýaraşyk baglaşýar.

1373-nji we 1376-njy ýyllarda Teýmirleňiň Horezme eden ýörişleri-de degerli netije bermeýär. Şonuň üçin 1379-njy ýylyň başlarynda Teýmirleň güýç toplap Horezme täzeden ýöriş edýär. Bu sapar ol Gürgenji aňsatlyk bilen basyp alýar. Sebäbi şol wagtlar Gürgençde baý toparlaryň özara oňşuksyzlygy dowam edýär eken. 1388-nji ýylda Teýmirleň Merkezi Aziýanyň çäklerinden çykyp, Günbatara basybalyjylykly ýörişe giden mahalynda, Horezmiň hökümdary Süleýman Sufy we Altyn Ordanyň hany Togtamyş Mawerannahra çozupdyrlar. Teýmirleňiň howlukmaçlyk bilen yzyna gaýdyp gelmegi olary gaçmaga mejbur edýär. Gahar-gazapdan ýaňa donuna sygyp bilmedik Teýmirleň Gürgenjiň üstüne bäşinji gezek harby ýöriş geçirýär. Ol Gürgenji düp-düz edip, şol ýerde arpa ekmegi buýrupdyr. Şäher 10 günläp talanypdyr, ilatyň köpüsi Samarkanda göçürilipdir. Geljekde, Gürgenç az-kem dikeldilen hem bolsa, ozalky ýaly Gündogaryň iň baý we möhüm söwda merkezleriniň biri bolmak derejesine hiç wagt ýetip bilmändir.

Teýmirleň Günorta Türkmenistana hem birnäçe gezek talaňçylykly ýörişler geçirýär. Ol 1381-nji ýylda Keleti, Merwi, Nusaýy dolandyran Aly begi we Gürgeni, Mazanderany Dahstany öz häkimýeti astynda saklan emir Walyny özüne boýun egdiripdir.Tiz ara Aly beg we emir Waly ýene-de Teýmirleňe garşy çykyş edipdirler. Bu bolsa 1382-nji ýylda Horasanyň üstüne Teýmirleňiň täze ýöriş etmegine getiripdir. Onuň goşunlary Kelet galasyny gabaýar.Aly beg jezalandyrylyp öldürilýär. Gozgalaňa gatnaşan türkmen taýpalarynyň käbir topary, esasan hem jangurbany tiresi Daşkendiň töwereklerine göçürilýär. Emir Wali hem Teýmirleňiň raýatyna tabyn bolmakdan boýun gaçyrypdyr. Muny bahana edinen Teýmirleň 1384-nji ýylda goşunlary bilen Sarahs, Abywert, Nusaý we Durun şäherleriniň üstünden geçip, Gürgeni we Mazenderany basyp alypdyr.

Teýpmirleňiň harby güýjüniň esasy bölegini çarwa taýpalardan bolan meýletin goşun düzüpdir. Onuň düzüminde türkmen atlylary

hem bolup, olar uzak harby ýörişlere gatnaşypdyrlar. 1391-nji ýylda Altyn Orda edilen ýörişden Şyh Dawudyň ýolbaşçylygyndaky türkmen nökerleri aýratyn tapawutlanypdyr. Teýmirleň 1389-1391-nji we 1394-1395-nji ýyllarda birnäçe gezek basybalyjylykly ýörişler geçirip, imperiýasyny giňeldipdir. Onuň düzümine Merkezi Aziýa, Altyn Orda, Türkiýe, Siriýa, Demirgazyk Afrika, Zakawkaziýa, Eýran we Demirgazyk Hindistan giripdir. Imperiýanyň paýtagty Samarkant şäheri bolupdyr.

Teýmirleň özüni ýeňilmez serkerde hökmünde tanatjak bolup, basyp alan ýurtlarynda erbet elhençlikler edipdir. Onuň goşunlarynyň geçip giden yzyndan diňe ýakylan şäherler we obalar galypdyr. Basyp alnan ýurtlaryň iň ökde hünärli senetçilerini Mawerennahra äkidipdir. Olary Samarkant we Keş şäherlerinde ajaýyp ymaratlar gurmakda ulanypdyr.

### 3.Türkmenistan XV asyrda

*Türkmenistan XV asyryň I ýarymynda.*

Teýmirleňiň imperiýasy syýasy we ykdysady taýdan mäkäm bolmandyr. 1391-njy ýylda günorta horasanly türkmenler we oturymly ilat Togtamyşyň tarapyna geçip, gozgalaň turuzýar. Gozgalaň Teýmirleňiň ogly Miran şa tarapyndan rehimsizlik bilen basylyp ýatyrylýar we 10 müňe golaý adam öldürilýär. 1405-nji ýylda Teýmirleň ölenden soň, onuň imperiýasy ikä bölünýär. Olaryň birinjisine tutuş Horasan, şol sanda Günorta Türkmenistanyň ýerleri giripdir we paýtagty Hyrat şäheri bolupdyr. Ol Teýmirleňiň ogly Şahruh tarapyndan dolandyrylypdyr. Ikinjisine Mawerannahr we Horezm ýerleri degişli bolup, Samarkant şäheri onuň paýtagtyna öwrülipdir. Bu ýerleri Şahruhyň ogly Ulugbeg dolandyrypdyr. Teýmirleňiň nesilleriniň arasynda häkimiýet ugrundaky özara göreşler imperiýany gowşadan hem bolsa, 1507-nji ýyla çenli basylyp alnan ýerlerde olaryň täsiri saklanyp galypdyr. Şahruhyň Horasany dolandyran döwründe (1405-1447) önümçilik gatnaşyklarynda, ekerançylykda we şäher senetçiliginde käbir üstünlik gazanylypdyr. Döwleti dolandyrmakda Şahruh harby-çarwa han-beglere däl-de, esasan ilatyň ekerançylyk we söwda bilen baglanyşykly toparlaryna daýanypdyr. Şonuň üçin hem mongollar tarapyndan ýumrulan Merw oazisiniň suwaryş sistemalaryny dikeltmek işleri geçirilipdir. 1410-njy ýylda Murgap derýasyndaky bendi dikeltmek başlanýar. Munuň özi ekerançylygy birneme janlandyrýar. Şol döwürde Merw oazisinde

ösdürilip ýetişdirilen ýokary hilli pagta we galla Hyrada hem äkidilipdir.

Teýmirler döwründe ekerançylygyň ösüşi garamaýak daýhanlaryň gün-güzeranyny känbir gowlaşdyrmandyr. Sebäbi özara tozgunçylykly uruşlar, keseki basybalyjylaryň jebir-sütemleri we salynýan dürli salgytlar olaryň ýagrynysyna ýel çaldyrmandyr. Döwletiň ýa-da aýry-aýry han-begleriň peýdasyna girizilen hyraç esasy salgyt bolupdyr. Mundan başga-da bigar (suwaryş sistemalarynda, gurluşyk işlerinde we ş.m-lerde mejbury işlemek borçlulygy), jan salgydy, mal salgydy, ýerli administrasiýany ekläp-saklamak üçin alynýän dürli görnüşli salgytlar daýhanlary agyr güne salypdyr.

Horasan 1507-nji ýyla çenli, ýagny 100 ýyldan gowrak wagtlap Teýmirileriň elinde galypdyr. Şol wagtyň içinde ol ýrede önümçilik gatnaşyklary ösüp, berkäpdir. Ekerançylykda we şäher senetçiliginde üstünlikler gazanylypdyr

XV asyrda Horasan daýhanlarynyň köpüsiniň öz ýerlerini ekip bejermäge gurby çatmandyr. Şonuň üçin olar baý adamlaryň hojalygynda ülüşli kärendeçi bolup işläpdirler.Teýmiriler döwründe iri ýer eýeçiligi ösüpdir we onuň iň möhüm görnüşi süýürgal bolupdyr. Süýürgal miras geçän ýer bolup, onda ilatdan salgyt ýygnamaga, bigar borçlulyga we sud-administratiw işleriniň hemmesine ýerli iri ýer eýeleriniň özi erk edipdir. Kähalatda tutuş etraplar hem, uly welaýatlar hem süýrgal edilip berilýär eken.

Süýürgal türkmenleriň içki durmuşynda dörän sosial-ykdysady gatnaşyk däldir. Ol keseki ýurtly basybalyjylaryň ornaşdyran sistemasydyr. Süýürgal boýunça basybalyjy hökümdarlar harby gatnaşyklaryna laýyklykda belli-belli nöker baştutanlaryna uly ýer böleklerini beripdirler. Olar bolsa şol ýerlerde hakyna tutma nökerleri işledip, hökümdarlarynyň talaby boýunça gerek diýlen wagtynda atly nökerleri bilen taýýar bolmaly bolupdyr.

Mülkleriň belli bir bölegi, metjitleriň we musulman ruhanylaryň wakf ýerleri salgyt tölemekde köp ýeňilliklerden peýdalanýar eken. Şol ýerleriň eýesine ýeňillikleri kanunlaşdyrýan tarhan haty gowşurylypdyr. Iri ýer eýeleriniň bähbidini goraýan salgyt sistemasy Teýmiriler döwletiniň hazynasyna girýän girdejini ep-esli kemeldipdir. Munuň öwezi daýhanlara we senetçilere täze salgytlaryň salynmagynyň hasabyna doldurylypdyr. Bu bolsa ilatyň aşaky sosial

gatlaklarynyň nägileligini döredip, synpy göreşiň ýitileşmegine getiripdir.

1405-06-njy ýyllarda Ogurjalyda (Uzboýuň Kaspi deňzine guýýan ýeriniň golaýyndaky şäher) we Dahstanda türkmen taýpalary uly gozgalaň turuzypdyrlar. Teýmiriler döwletiniň emeldarlarynyň eden-etdiligine garşy Hyratda hem halk gozgalaňy bolupdyr. Olaryň hemmesi-de güýç bilen basylyp ýatyrylypdyr.

Teýmiriler döwründe Günorta Türkmenistanyň hojalygynyň az-kem ösmegine we senetçiligiň köne däpleriniň saklanyp galmagyna garanazdan başda belleýşimiz ýaly, mongol çozuşyndan öňki derejesine ýetip bilmändir. Bu bolsa içerki we daşrky söwdanyň pese düşmegine öz täsirini ýetiripdir.

*Türkmenistan XV asyryň II ýarymynda.*

Teýmirileriň tükeniksiz özara uruşlary we sähraly taýpalaryň çapawulçylygy mongol zulumynyň ýetiren zyýanlaryny ýok etmäge päsgel beripdir. 1447-nji ýylda Şahruh ölenden soň, onuň mirasdüşeri Ulugbeg bilen teýmirileriň beýleki şazadalarynyň arasynda häkimýet ugrunda göreş başlanýar. Ulugbege Horasany elde saklamak başartmandyr. Birnäçe weýrançylykly uruşlardan soň Horasan teýmirileriň şazadasy Abdyl-Kasym Baburyň eline geçýär we ol Gürgende berk ornaşýar. Soňra ol Nusaýy, Ýazyry basyp alýar we 1449-njy ýylda Merwi, Hyrady eýeleýär.

Babur ölenden (1457) soň , Horasanda han-begleriň eden-etdiligi güýçlenýär. Oňa Mawerannahryň teýmirilerden bolan hökümdary Abu Seýit we Zakawkaziýadaky garagoýunly türkmen taýpasynyň serdary Jahan şa gatnaşypdyrlar. Netijede, Horasany Abu Seýit tä 1468-nji ýyla çenli dolandyrýar.

Abu Seýit ölenden soň, uzaga çeken özara uruşlar netijesinde teýmirileriň neslinden bolan soltan Hüseýin Baýkara (türkmen folklorynda-Soltansöýün) Horasanyň hökümdary bolmak başardýar.

Han-begleriň arasyndaky tükeniksiz ululy-kiçili uruşlaryň bolandygyna garamazdan, soltan Hüseýin özi ölyänça (1506), Horasany elde saklaýar. Soltan Söýün 37 ýyllap Horasanyň hökümdary bolýar, ömrüni feodal dagynyklyga garşy, boýun synmajak bolýan goşun serkerdelerine, ýerli häkimlere, hatda öz ogullarynyň edýän oýunlaryna garşy öreşip geçipdir. Şonuň üçin hem Horasanyň hojalyk we ykdysady durmuşy Mawerennahra garanyňda has ýokary derejede we abat bolupdyr. Sebäbi Soltan Söýün döwründe Mawerannahryň timuritlerden bolan şazada häkimleri bir topar

özbasdak, biri-biri bilen duşmançylykly häkimliklere bölünip, diňe özara uruşlar bilen meşgul bolupdyrlar. Bu bolsa ykdysadyýetiň pese düşmegine, halkyň hal-ýagdaýynyň ýaramazlaşmagyna getirýärdi. Onuň häkimýetiniň berk bolmagynda işdeş egindeşi we baş weziri , görnükli şahyr Aly Şir Nowaýy (Myraly, 1472-1487) uly rol oýnapdyr.

Soltan Söýün Horasanyň hökümdary bolany üçin, onuň kuwwatly we adalatly döwlet gurmak ugrundaky tagallasyna Alyşir Nowaýynyň işjeň kömek edendigi üçin, bu iki şahs türkmen halkynyň aňynda uly orun alypdyr. Şonuň üçin hem Soltan Söýün bilen Alyşir Nowaýynyň atlary türkmenleriň arasynda örän ýörgünli bolýar we biri-birinden aýrylmazdyr. Soltan Söýün bilen Alyşir Nowaýy Horasanyň ykdysadyýetine, medeniýetiniň ösmegine köp üns beripdirler, bölünişik we özbaşdaklyk tendensiýasy bilen kesellän gedem feodallar, şazadalara, köşkdäki dildüwşiklere garşy barlyşyksyz göreş alyp barypdyrlar.

Soltan Söýün Baýkaranyň dolandyran ýyllarynda ýurduň çäkleri Ürgenji, häzirki Türkmenistanyň esasy bölegini we Owganystanyň demirgazyk welaýatyny öz içine alypdyr. Şol territoriýada ýaşan türki halklaryň ählisi-de Nowaýyny öz arkadaýanjy, hossary hasaplapdyrlar. Nowaýy ylym-bilimi jany-teni bilen söýüp, onuň ösmegi üçin elinden gelen mümkinçiligi edipdir.Orta asyr syýahatçysy Wamberi *“Buharanyň hem Mawerannahyryň taryhy”* diýen eserinde *“Nowaýy diňe Horasanda üç ýüz ýetmiş ymarat saldyrypdyr. Şol ymaratlaryň esasy bölegi metjit, medrese, kerwensaraý, köpri, keselhana, kitaphana ýaly halkyň ylym-biliminiň pajarlap ösmegi üçin zerur jaýlardyr”* diýip, maglumat beripdir. Eger-de biz Türkmenistanyň Mary, Ahal, Balkan welaýatlarynyň Horasana girenligini göz öňünde tutsak, onda Nowaýynyň saldyran ymaratlarynyň esasy böleginiň biziň topragymyza degişlidigini ynam bilen aýdyp bileris. Nowaýy Maryda *Hysrowy* medresesini saldyrypdyr. Onuň talyplaryna ýokary talyp haklaryny belläpdir. Nowaýy halkyň aň-düşünjesiniň ösmegi üçin saldyran ymaratlaryny esasan öz hasabyna gurdurypdyr.

Soltan Söýün bilen Alyşir Nowaýynyň dostlukly gatnaşyklary, sylaşykly işi 20 ýyl çemesi dowam edýär. Nowaýy köşkdäki pyssy-pujurlyklara garşy aýgytly göreş alyp barypdyr.

Türkmen taýpalarynyň han-begleri Teýmiriler döwletiniň emeldarlary bilen dil tapmaga, soýuz baglaşmaga mejbur bolan hem

bolsa, olara doly boýun egmän, belli bir derejede özbaşdaklygyny saklap bilipdirler. Türkmen taýpalary demirgazyk tarapdan Deşti-Gypjagyň özbek çarwalarynyň çozuşlaryna häli-şindi sezewar bolupdyr. Deşti-Gypjagyň hökümdary Juçy neslinden bolan Abl-Haýyr (1426-1468) 1430-njy ýyldan başlap Türkmenistanyň çäklerine aralaşypdyr we gysga wagtlaýyn Horezmi basyp alypdyr. Soňra özbek hany Mustafa Derýalygyň kenarlaryny hem-de Wezir şäherini eýeläpdir.

Şeýlelikde, XV asyryň ortalaryndan başlap, demirgazykdaky türkmen taýpalarynyň bir bölegi özbek hökümdarlarynyň gol astyna düşüpdir. Birneme gijiräk özbek hanlary Türkmenistanyň beýleki territoriýalaryna-da aralaşyp başlapdyr.

## 4.XVI asyrda türkmenleriň goňşy döwletler bilen gatnaşygy

XVI asyryň ortalarynda Etrek-Gürgen boýlarynda ýaşan “Söýünhan” ýa-da “Ýaka türkmenler” esasan gyzylbaşlaryň döwleti bilen Köneürgenjiň (Horezm) arasynda, ýagny iki oduň arasynda heläkçilik çekýärdiler. Bularyň üstüne bir tarapdan-a gyzylbaşlar häkim belleýärdiler, ikinji tarapdanam Könürgenjiň (Horezmiň) Durundaky ýarym özbaşdak häkimleri öz agalygyny dikeltjek bolup synanyşýardylar. Durun häkimi Alp-Soltan Eýrana garşy duşmançylykly syýasaty Astarabat türkmenleriniň üsti bilen amala aşyrmakçy bolýardy. Ol bu ýerde ýöriş edip, okly-gökleňlerden salgyt ýygnamak bilen meşgullanypdyr. Umuman, Astrabat türkmenleriniň syýasy ýagdaýy çylşyrymlaşýardy. Eýran olary Horezmiň raýaty diýip ykarar etse-de, özüne bähbitli pursat bolan wagty “Söýünhan” ýa-da “Ýaka türkmenleri” Astrabatdaky gyzylbaşlaryň dikmesine tabyn bolmalydyr diýip talap edýärdi.

Bu türkmenler ekarançylygy maldarçylyk, balykçylyk we awçylyk bilen utgaşdyryp alyp barýardylar we islese-islemeselerde Astrabat häkimine baglydylar. Olar Astrabada täze hökümdar bellenipdir diýip eşitseler, ony gutlamaga gelýädiler, sowgat berýärdiler. Bu bolsa türkmenleriň belli bir derejede Astrabat häkimlerine tabyndyklaryny görkezýär. Emma bu tabynlyk örän ýüzleýdi, durnukly däldi. Şonuň üçin hem şa Tahmasp türkmenlerden ätiýäjy elden bermejek bolup, Gürgenç derýasynyň kenarynda Mubäräk-Abat diýen galany gurdurýardy. Bu gala Astrabadyň 18-km demirgazyk-gündogarynda türkmenleriň oturan ýerinde, häzirki Akgala şäheriniň territoriýasynda ýerleşen bolmaly. Özem diňe

Astrabady türkmenlerden goramak maksady bilen salynypdyr. Emma bu galanyň gurulmagy-da türkmenleriň Astrabada salýan howpunyň öňüni alyp bilmändir.

Ýeri gelende aýtsak, okly türkmenlerini pars dili çeşmelerde "Ohlu" diýip ýazýarlar. Abulgazy bolsa gös-göni "Okly" ýa-da "Okly-Gökleň" görnüşinde, ýagny türkmenleriň öz dilinden eşidenini ýazýar.

*Türkmen ýerlerini eýelemek ugrundaky sefewi-buhara bäsdeşligi.*

XIII-XVI asyrlarda demirgazyk-günbatar, günorta Eýran, Azerbeýjan, Ermenistan sebitlerinde ýaşan Akgoýunlylar döwleti-de, Garagoýunlylar döwleti-de XV asyryň ahyrlarynda gowşapdy. Bu ýagdaý Akgoýunlylaryň soltany Uzyn Hasan (1453-1478) aradan çykandandan soň mese-mälim bolup, 1500-nji ýylda Akgoýunlylar döwletiniň ikä bölünmegine getirdi. Şol agzalalayklardan sefefileriň neslinden bolan Ysmaýyl şa peýdalanyp, 1501-nji ýylda Akgoýunlylardan bölünipdi. Şeýlelikde, XVI asyryň başynda Azerbeýjanda Sefewiler dinastiýasynyň düýbi tutulypdyr.

Ysmaýyl şa 1580-nji ýylda Eýrany eýeläpdir. Munuň özi Sefewileriň-Azerbeýjanyň Eýran döwletiniň döremegini aňladýardy. Bu döwlet Hortezmdäki Teýmiriler döwletiniň synmagyndan peýdalanyp, türkmen ýerlerini eýelemek meýilnamasyny düzüp ugraýar. Şol döwürde Şeýbany hanyň ýolbaşçylygynda dörän Buhara hanlygy-da türkmen ýerlerine ymtylýardy. Şeýdip, Sefewiler döwleti bilen Buhara hanlygynyň arasynda türkmen ýerleri ugrunda göreş başlanypdyr. Günorta Türkmenistan söweş meýdanyna öwrülipdi.

Ysmaýyl şanyň 1510-njy ýylda Horasana uly goşun bilen gelmegi Sefewi-Buhara garşylygynyň iň ýitileşen pursady bolupdy. Şol wagtda Hyratda bolan Şeýbany han urşa taýyn däldi. Mawrennahrdan kömek gelýänça ol Merwde gizlenipdi. Şeýlelikde iki keseki ýurtly basybalyjy Merwde duşuşýar. Iki basybalyjynyň goşunynyň arasynda 1510-njy ýylda Talhatanbabanyň golaýynda bolan söweş bilen bellidir. Söwdeşde Şeýbany han öldürilýär. Talhatanbaba söweşi Horasan ugrundaky Sefewi, Buhara bäsdeşliginiň gutaranlygyny aňlatmaýar. Sebäbi ondan soň hem Buhara hanlary birnäçe gezek (1513-1514, 1521) ýöriş geçirip, kä halatda Merwi-de, Hyrady-da eýeleýär. 1513-nji ýylda Ýsmaýyl şa Bathyzda Buhara goşunlaryny ýene derbi-dagan edýär.

1550-nji ýylda Astrabada gyzylbaşlaryň Şahberdi Soltan atly dikmesi gelýär. Türkmenler ony gutlamaga gelipdirler, sowgat

getiripdirler. Gutlamaga gelenleriň arasynda Aba atly bir ýaş ýigit bar ekeni. Şahberdi soltan şoňa gözüni dikipdir, ýagny gözi gidipdir. Sene ýazyjy Hasan bek Gumly Şahberdi soltany akmak emir diýip atlandyrýar we türkmenleriň şol samsyga sowgat getirenini geň görüpdir. Aba okly taýpasynyň serkerdesidi. Oňa Şahberdi soltanyň gözüni aýyrman seretmegi beýlekiler üçin Abany ýaňsylamaga bahana bolupdyr we bu bolsa onuň gulagyna ýakmajak bolupdyr. Abulgazy Abanyň adyny diňe "Ababeg" diýip tutýar.

Aba beg bu masgaraçylyga gahary edip, Astrabady taşlap gaýdýar we taýpasynyň içine gelip, Şahberdi soltanyň okly taýpasyna wekil edip iberen garyndaşy Şatyr begi öldürýär. Ol öz töweregine batyr ýigitleri ýygnap, atly goşun döredýär. Aba bege temmi bermek üçin Astarbatdan çykan Şahberdi soltan bilen bolan söweşde üstün çykyp, ony hem öldürýär. Şeýlelikde, Ababeg, Aba Serdar adyny alyp, türkmenleriň Astrabat häkimlerine umuman gyzylbaşlara garşy gozgalaňyna ýolbaşçylyk edýär. Abanyň Şahberdi soltana eden gahary gozgalaň üçin bahana bolýar.

Aba Serdaryň gozgalaňy 1550-njy ýylda başlanan döwründe şa Tahmasp hem günbatarda Türkiýe döwleti bilen uruşýardy. Ol türkmenleriň tozgunçylykly çozuşlaryna çydaman, öz paýtagtyny Töwrizden Kazwine geçirmäge mejbur bolupdyr. Aba Serdar şa Tamaspyň dikmesini öldürenden soň basym Asdrabady eýeleýär. Onuň gozgalňy 5 ýyla golaý üstünlikli dowam edipdir. Şa Tahmaspyň Aba Serdaryň gozgalaňyny basyp ýatyrmaga eli degenokdy. Ol türkleriň garşysyna alyp barýan uruşlary bilen başagaýdy. Şu ýagdaýdan peýdalanyp Aba Serdar tä 1554-nji ýyla çenli Astrabady bir özi sorapdyr. Haçanda şol ýyl Eýranyň goşunlary onuň gozgalaňyny basyp ýatyrmak maksady bilen Astrabada gelende, Aba serdar Horezmiň Durundaky dikmesi Aly Soltana kömek üçin ýüzlenýär.

Horezm hany bilen ylalaşyga gelýär. Birleşen türkmen-hywa goşuny ýeňiş gazanýar. Uly üstünlik Aba Serdaryň bütin Etrek-Gürgen türkmenleriniň uly serdaryna-hanyna öwürýär.

Elbetde, Eýranyň regulýar goşunlary gelýänçä gyzylbaşlaryň ýerli häkimleri Aba Serdaryň gozgalaňyny basyp ýatyrmaga birnäçe gezek synanyşyk edipdirler. Emma hötdesinden gelip bilmän, her gezek ýeňilýärdiler we özleriniň men diýen öňe çykan adamlarynyň köpüsini ýitiripdirler. Eýran ýazuw çeşmelerinde Aba serdaryň ýaka türkmenlerindendigini, pitneçilik üçin ata çykyp gan döküşlik edesi

gelýändigini, bulagaýlyk isleýändigini we onuň bu tutan işiniň we aýdýan zatlarynyň boş samramadygyny belleýärler. Aba serdar barada näme ýazsalaram, astrabatly gysylbaş häkimleri oňa hiç hili degerli garşylyk görkezip bilmändir. Elbetde, bu ýagdaý Aba Serdaryň at-abraýynyň arşa çykmagyna, umuman Astrabat türkmenleriniň owazasynyň artmagyna getirdi.

Eýranyň regulýar goşunlarynyň Astrabada ýöriş etmegi mynasybetli Aly-soltan Eýranyň goşunlarynyň has köpdügine göz ýetirip, açyk söweş etmäge gorkupdyr we gepleşige başlapdyrlar. Eýranlylara-da geregi şoldy. Olar derrew ylalaşyga gelip, iki arada şertnama baglaşypdyrlar. Şertnama boýunça Aly soltan Aba Serdaryň öz taýpasyna dolanyp, Astrabat häkimleri bilen ylalaşykly ýagdaýda ýaşajakdygyna söz berýär. Gyzylbaşlarýň harby serkerdeleri bolsa oňa hiç hili azar bermejeklerini aýdypdyrlar. Şeýle şertnama baglaşyp, Aly soltan yzyna dolanypdyr. Bu şertnamanyň gyzykly ýeri Aba serdary çetde galdyryp, onuň adyndan Aly soltana wada berip, onuň gelejekde özüniň oňat alym boljakdygyna kepil geçmegidir. Bu bolsa, birinjiden-ä, Aba serdaryň jogapkärçiligini Aly solatnyň öz boýnuna almagyny aňladýar. Ikinjidenem Aly soltanyň diňe öz bähbidine araýandygyny, Aba seradyň gozgalaňyny öz peýdasy üçin ulanýandygyny görkezýär.

Ol Astrabada baranda, wagtyny biderek ýitirmän, gozgalaň eden türkmenlerden Horezmiň gaznasyna ýygnalmaly salgytlary doly ýygnap alypdyr. Bu işe onuň hut özi baştutanlyk edipdir. Şeýlelikde, ol Aba serdaryň gozgalaňynyň beren miwesini ýeke özi ýygýar. Astarabat türkmenleriniň arasynda öz täsirini güýçlendirip, olary özüniň salgyt töläp ýören raýaty hasap edipdir.

Emma Aba serdaryň hem Astrabat türkmenleriniň arasynda abraýy uludy. Oňa diňe bir okly taýpasy tabyn däldi, eýsem bütin türkmenleriň arasynda, ähli Astrabat welaýatynda ol ykrar edilen baş serkerde hökmünde tanalypdyr.

Aly soltanyň gyzylbaşlar bilen Aba serdaryň indiden beýläk özüne ylalaşykly alyp barjakdygy barada eden şertnamasy basym bozulýar. Eýýäm 1557-1558-nji ýyllarda Aba serdar Astrabady gaýtadan gutarnykly suratda basyp alypdyr. Yerli häkimler bu gezek hem hiç hili garşylyk görkezip bilmändirler. Aba serdar gyzylbaşlaryň goşulary bilen ençeme gezek söweşler edip, yza çekilmäge we ýene-de Aly soltana kömek üçin ýüz tutmaga mejbur bolupdyrlar.

Abulgazynyň maglumatyna görä, Aly soltan şol wagt üç müň goşun bilen Astrabada türkmenlerden nobatdaky salgydy ýygnamaga gelen ekeni we garaşylmadyk ýerden Eýran goşunlary bilen ýüzbe-ýüz bolup sataşypdyr. Ol Gürgen kenaryna çekilip gyssagly goranmaga taýynlanypdyr. Iri çägeli haltalardan, çöküp oturan düýelerden berkitme ýasap, lageriň daşyna hendek gazypdyr.Onuň esasy üç müň sany pyýada goşunyny gyzylbaşlaryň 12 müň regulýar goşuny gabapdyr. Aly soltan güýjüň deň däldigi zerarly zordan goranypdyr. Diňe gyzylbaşly serkerdeleriniň ýaýdanmaçlyk edip, aýgytly herekede geçmezligi we olaryň agzalalygy ony ölümden halas edipdir.

Bu söweşiň gidişi barada we onuň dowamynda Aba serdaryň tutan orny, eden hereketleri barada Abulgazynyň berýän maglumatlary üns bermeklige mynasypdyr.

Söweşiň iň dartgynly pursatynda Aba serdar Aly soltandan öz atlylary bilen gyzylbaş goşunlarynyň arkasyndan urmaga rugsat bermegini haýyş edýär. Şu rugsady almak üçin Aba serdar Aly soltanyň lagerine ýany bilen 300 sany tanymal adamlardan ybarat atlysyny alyp, ýörite gelýär. Ol lageriň öňündäki açyk sähra meýdana gelip, hemme atlylara atdan düşüp atlarynyň jylawyndan tutup durmagy haýyş edýär we Aly soltan göwnüne hiç hili müňkürlik getirmesin diýip bir özi onuň huzuryna barýar.

Aba serdaryň şeýle seresaplylyk etmegi Aly soltandan ätiýajy bolany üçin gerek bolupdyr. Ol özbek hany özüne ynanmaz, Aba serdar dönüklik etjek bolýandyr öýdüp, müňkür bolar diýen niýet bilen bir özi kellesini etegine salyp, Aly soltanyň ýanyna barýar. Aba serdaryň özüni şeýle batyrgaý alyp barmagy netijesinde Aly soltan oňa ynanypdyr we gyzylbaşlaryň arkasyna aýlanyp çozuş etmegine razylyk beripdir.

Aba serdar öz atlylaryny alyp gidenden soň Aly soltanyň ýakynlary oňa “Sen ýaňkyny nähak sypdyrdyň, ol hökman dönüklik eder” diýip igenipdirler.

Aba serdaryň gyzylbaşlaryň arkasyndan hüjüm etmegi örän şowly bolupdyr. Aly soltanyň goşunlary bilen birleşip Eýran goşunlaryny ýeňipdirler, köp adamlary gylyçdan geçiripdirler, Gürgeniň suwuna müň adama çemesi gark bolupdyr. Aly soltan bilen Aba serdar ummasyz mukdarda olja alypdyrlar. Hasan bek Rumlynyň ýazmagyna görä, süri-süri atlar eýesiz galyp, jylawlaryny basyp, altyn çaýylan eýerlerini ýalpyldadyp, eýeriň aşagyndan salynýan galyň

gyzyl teletinden edilen eýerligini lowurdadyp sährada iki ýana gezmeleşip gezipdirler.

Özbekleriň alan oljasynyň möçberiniň köpdügini Aly soltanyň diňe öz atbakarlarynyň 700 at ýygnandygy görkezýär. Bu bolsa Aly soltanyň paýyna düşen ähli oljanyň diňe ondan biridi.

Horezm soltanlaryna salgytlar tölemek bilen, Etrek ýakasyndaky türkmenler özleriniň Eýrana garaşsyzlygyny azyndan 10-12 ýyl saklapdyrlar. Eýran hökümeti Aba Serdaryň garşysyna goşunlaryny ýollamaga milt edip bilmändir. Emma onuň begzadalardan bolan eýranly aýaly we aýalynyň hyzmatkärleri dildüwşük gurap, gije ukuda ýatan Aba Serdary 1558-nji ýylda süýji ukuda ýatyrka, öz gylyjy bilen urup, onuň kellesini alypdyrlar. Şeýlelikde, halk herekedine serkerdelik eden serdar gaflat ukusynda ýatyrka dönükligiň we dildüwşigiň pidasy bolupdyr.

Aba serdar öldürenlerinden Aly soltan soň telim gezek 1561-1565-nji ýyllarda Horasana talaňçylykly ýörişler edip, olja ýygnamasyny dowam etdiripdir.

*Etrek-Gürgen türkmenleri XVI asyryň II ýarymynda.*

1565-nji ýylda Aly soltan hem ölüpdir, onuň oruntutarlary bolsa, Eýranyň şalary bilen oňat gatnaşyklar etmäge çalşypdyrlar we hat-da özlerini onuň golasty diýip hasap edipdirler. Emma şol şertlerde şanyň gullukçylary Etrek derýasyndaky türkmenleriň işlerine gatyşmaga we olardan salgyt ýygnamaga ýürek edip bilmändirler. Astrabat oblasty tutuşlygyna diýen ýaly türkmenleriň elinde galypdyr.

Emma türkmen han begleriniň bir bölegi üçin, zähmetkeş türkmenleri elgarama etmek we ekspluatasiýalamak işinde kömek almak maksady bilen Eyranyň feodal döwleti bilen ýakynlaşmak bähbitli bolupdyr. Oturymlylyga we ekerançylyga geçen taýpalaryň han begleriniň arasynda bu meýiller aýratyn hem güýçli bolupdyr, çünki oturymlylyga geçiş prosesinde feodalçylyk gatnaşyklary güýçlenipdir. Şoňa görä ekerançy eýmir taýpasynyň kethudasy Allaýar begiň Eýran bilen ýakynlaşmagyň we oňa tabyn bolmagyň tarapdarlarynyň baştutany bolandygy tötränden däldir.

Aba serdar ölenden soň, Etrek-Gürgen sähralary türkmen taýpalaryna, daglyk tokaýlyk ülkelere bolsa Eýran çeşmeleriniň siýahpuşlar diýip at beren ýerli daglar taýpalarynyň feodallaryna degişli bolupdyr. Bu ýerde şa emeldarlarynyň real häkimleri bolmandy. Ahyr soňunda olar Astrabatdan gaçmaga mejbur bolupdyrlar. Bu XVI asyryň 80-nji ýyllarynyň aýagynda bolupdyr.

Eýmirleriň kethudasy Allaýar beg ine şeýle ýagdaýda öňe çykypdyr. Baý we täsirli adam hökmünde ol ýaka türkmenleriniň Etrek-Gürgen boýundaky beýleki taýpalaryň arasynda-da uly abraý gazanypdyr. Emma, Eýran taryhçysy Isgender Munşi Allaýar begiň hat-da Eýmir taýpasynyň üstünden häkimligi hem umuman uly bolmandy, ol "özüni paýhasly alyp barmaly bolupdyr, aýratyn kän jedel edip ýörmändir" diýip, nygtap görkezýär. Munuň özi Allaýar begi kanagatlandyrmadyk bolmagy çemeli, şoňa görä ol "şaha özüniň wepalydygyny we oňa tüýs ýürekden garaýandygyny bildirip", şa Apbas 1 (1587-1628) bilen gatnaşyklar edip ugrapdyr. Allaýar bege han adyny berip, ýörite hat iberip, şa ony Astrabat welaýatynyň hökümdary edip belläpdir. Şeýlelikde türkmen feodal-urug serdary Eýran feodal döwletiniň emeldary bolupdyr, munuň özi deňe bir onuň abraýyny götermek bilen çäklenmän, belki onuň taýpadaşlarynyň üstünden hem hakyky häkimiýet beripdir. Bu waka 1593-nji ýa-da 1594-nji ýylda bolupdyr.

Onuň häkimiýeti uzaga çekmändir. 1596-njy ýylda ol ölüpdir we şa Astrabatyň hökümdary edip, onuň ogly Muhammetýar hany belläpdirler. Emma türkmen han-begleriniň arasynda Allaýar hanyň täsiri ep-esli derejede onuň hut özüniň şahsy abraýyna esaslanypdyr we onuň mirasdaryna şonuň ýaly tasiri hat-da şanyň goldawy hem üpjün edip bilmändir. Çarwa okly taýpasy Muhammetýar hanyň garşysyna çykypdyr. Çarwa taýpalarynyň han begleri köne patriarhal urug adatlaryna pugta ýapyşypdyrlar we Eýran feodal döwletine tabyn bolmaklyk olar üçin az bähbitli bolupdyr diýip çaklamak bolar. Sada türkmenler-çarwalar we çomrular Eýrana tabyn bolmagyň garşysyna üzül-kesil meýil edipdirler. 1597-nji ýylda Muhammetýar han okly türkmenleri tarapyndan öldürilipdir. Han-begleriň öldürilendikleri ýa-da türkmenleri Eýran feodal hökümdarlaryna satan hanyň garşysyna halk gozgalaňynyň bolandygy mälim däl. Her halda şanyň goýan adamyndan öç alynmagyna halk duýgudaşlyk edipdir.

Okly taýpasy tä 1598-nji ýyla çenli, ýagny Günorta Türkmenistany gutarnykly boýun egdirmek maksady bilen, şa Apbasyň ýöriş başlan mahalyna çenli, garaşsyz bolup galypdyr. Okly taýpasynyň serdary Kary han *"beýleki kethudalar we uluslaryň ýaşululary bilen maslahatlaşyp"*, şaha boýun egmegi ýüregine düwüpdir. Emma han-begleriň bu gorkakçylyk syýasaty halkyň gahar-gazaby we gozgalaňyny döredipdir. Gozgalaň edenler şanyň ilçisini ýaralapdyrlar, onuň goşunyny derbi-dagyn edipdirler we Demirgazyga göçmäge başlapdyrlar. Muny aňan şa Apbas öz jan goraýjylaryň

başynda durup gozgalaňçylaryň yzyndan kowupdyr. Etregiň kenarynyň golaýynda olaryň gonalgalarynyň bir böleginiň yzyndan ýetipdir we ony rehimsizlik bilen derbi-dagyn edipdir. Kary han uly bolmadyk goşuny bilen Etregiň aňyrsyna gaçypdy. Beýleki taýpalaryň-salyrlaryň, gökleňleriň, eýmirleriň gazaply talaňyndan gorkan ýaşulular şanyň ýanyna baryp, boýun egýändiklerini bildiripdirler.

Etrek ýakasyndaky türkmenler Eýrana ine şeýle tabyn etdirilipdirler. emma şol ýerlerde türkmen taýpalarynyň üstünden şanyň hökümdarlarynyn häkimiýeti hiç mahal onçakly mäkäm bolmandyr, gozgalaňlar we uruşlar dyngysyz bolupdyr. Gürgen-Etrek sähralarynda Eýranyň agalygyny pugtalandyrmak üçin şa Apbas I hut şol 1598-nji ýylda Gürgenjiň kenarynda Astrabatdan demirgazyk tarapda 20 km biraz uzaklykdaky Mübäregabat galasyny dikeltmegi buýrupdyr.

*XVI asyrda türkmen-Hywa, maňgyşlak gatnaşyklary.*

Hywa hanlygynyň emele gelmegi.

XVI asyrda türkmenleriň ykbaly Buhara hany Şeýbany we onuň oruntutarlarynyň Merkezi Aziýany eýelemek üçin alyp baran syýasaty bilen ep-esli derejede baglanşyklydyr.1504-nji ýylda Şeýbany han Gürgenji on aýa çeken gabawdan soň eýeläp, gysga wagtyň içinde Murgap oazisini, Balhy, Horasany özüne tabyn edensoň, sefewi şasy Ysmaýyl bilen 1510-njy ýylda Talhatanbabada çaknyşmaly bolupdyr. Ol söweş Şeýbany goşunlarynyň derbi-dagyn edilmegi we onuň özüniň öldürilmegi bilen tamamlanypdyr.Ysmaýyl şa tizara Horezmi-de öz döwletine birleşdirýär. Gürgençde, Wezirde oturan Eýran hökümdarlarynyň syýasatyndan nägile bolan Horezm ilaty gyzylbaşlara garşy dildüwşük gurap, 1511-nji ýylda Çingiz hanyň daşkyrak neslinden bolan özbek hany Ilbarsy Horezm tagtyna çykarýar.

Horezmde berkleşenlerinden soň, Ilbars we onuň dogany beýleki türkmen taýpalaryny tabyn etmek maksady bilen, birsyhly ýörişler edip başlapdyrlar. 1523-nji ýylda Şa Ysmaýylyň ölmeginiň öň ýanynda (ol 1524-nji ýylyň ýanwar aýynda ölüpdir), Ilbars Horasanyň üstüne ýöriş edipdir we ol ýerden kän olja bilen öwrülip gelipdir. 1524-nji ýylda, şanyň ölendigini bilip, Ilbars goşunlary bilen ýene Horasanyň üstüne ugrapdyr. Ahaldaky we Etrekdäki Eýran hökümdarlary gaçyp gidipdirler we bu ýurtlaryň ikisini hem Ilbars basyp alypdyr. Şol wagtdan bäri Horezm döwletinde biri-biriniň arasy

Garagum çöli bilen bölünen iki sany esasy welaýaty tapawutlandyrypdyrlar: olaryň biri Suw boýy ýagny Horezmiň özi we ähtimal, Sarygamyş kölüniň kenarlary, beýlekisi bolsa Dag boýy, ýagny Köpetdagyň etekleri eken. Horezm soltanlarynyň Günorta Türkmenistanda daýanç punkty Durun bolupdyr, oňa Horezmden baş ýol barýar eken. Günorta Türkmenistanyň üstünden Sefewileriň häkimligi wagtlaýynça şeýle gutarypdyr. Şa Ysmaýylyň ölmeginden peýdalanyp, Buhara hany Ubeýdulla Maryny basyp alypdyr we 20-30-njy ýyllarda Hyradyň hem Günorta Horasanyň üstüne birnäçe gezek ýöriş edipdir.

Şol wagtyň özünde Horezm soltanlary goşunlaryny Balkanlaryň we Maňgyşlagyň üstüne sürüpdirler hem ençeme söweşlerden soň türkmen taýpalaryny tabyn edipdirler. Emma Abylgazynyň sözleri boýunça türkmen taýpalarynyň birentegini tabyn edip bilmändirler. Tabyn edilen türkmenlere salgytlar (zekat ) salynypdyr.

Han Ilbars ölenden soň, tizlikden onuň kowum-garyndaşlarynyň arasynda özara ganly, tagt üstündäki uruşlary turupdyr. Şol uruşlardan peýdalanyp,Balkan hem Maňgyşlak türkmenleri gozgalaň edipdirler we hanyň salgyt ýygnaýjylarynyň-beretdarlarynyň 40-syny öldürüpdirler. Ürgenjiň hökümdary Sufiýan han we onuň garyndaşy hem soýuzdaşy Aktaý han dawalary ýatdan çykaryp, gozgalaňçylaryň üstüne çozuş edipdirler, şunda kän erkek adamy, aýaly we çagany öldüripdirler we ýesir alypdyrlar. Gozgalaň eden beýleki türkmenler-ärsarylar, Horasan salyrlary, tekeler, ýomutlar we saryklar-daglar bilen gurşalgy Çotak diýen suwsuz gyrda gizlenipdirler. Ol ýere diňe bir dar ýodajyk bilen aralaşmak bolýar eken. Özbek goşuny bu tebigy galany alyp bilmändir, emma ony gabamaga başlapdyr. Suwsuz galan türkmenler üç günden soň boýun egmäge mejbur bolupdyrlar we boýun egmek şertleri hakynda gepleşikler etmek üçin öz aksakallaryny iberipdirler.

Şertler agyr bolupdyr: türkmenler 40 mün goýun, has takygy öldürilen her bir beratdar üçin müň goýun bermeli bolupdyrlar. Şol sanda 16 müňüsini ärsarylar, 16 müňüsini horasanly salyrlar we 8 münüsini tekeler, ýomutlar we saryklar beripdirler. Şonden beýläk bu jerime her ýylda tölenýän salgyda öwrülip, türkmenlerden ençeme nesilleriň dowamynda alynypdyr. Şol salgytlaryň möçberi hakynda Abylgazynyň we XIX asyrdaky Hywa ýazgylarynyň berýän maglumatlary biri-birine birneme laýyk gelmeýän bolsa-da, şonuň ýaly salgytlary beýleki türkmen taýpalary hem töläpdirler.

Abylgazynyň berýän maglumatlary boýunça içerki salyrlar 16 müň goýun töläpdirler, esenililer hem şonça, arabaçylar 4 mün, gökleňler 12 müň goýun töläpdirler; Bulardan başga-da, bu taýpalaryň hemmesi esasy salgydyň mukdarynyň 10 göterimi möçberinde *“hanyň huruçlygy üçin ”* goýunlary bermeli bolupdyrlar. Abylgazynyň sözleri boýunça, adakly hyzyrlar, alililer we düýeçiler däne bilen salgyt töläpdirler, emma alililer bilen düýeçiler, mundan başga-da, mal hem beripdirler. Munis we Agehi onuň tersine adaklylar goýun bilen (ýylda 13200 goýun), hyzyr ililer we düýeçiler bolas däne bilen salgyt töläpdirler diýip aýdýarlar.

Şeýlelik bilen XVI asyryň 20-nji ýyllarynda şondan ozal ýarym garaşysyz bolan demirgazykdaky türkmen taýpalarynyň esasy köpçüligi kese ýerli taýpalaryň agyr feodalçylyk zulumyna düşüpdir. Şol zulum bütin agyrlygy bilen garyplaryň gerdenine düşüpdir, emma närazylyk türkmen han-beglerini öz içinde hem bolupdyr, çünki garyplaryň öndürýän goşmaça önümi kem-käs türkmen aksakallarynyň ellerinden sowa gidipdir we ýyrtyjy özbek emeldarlary tarapyndan garbalyp alynýar eken. Mundan başga-da, türkmen han-begleri syýasy taýdan hem çäklendirilipdir, Horezm hanlarynyň esasy daýanjy bolan özbek harby kethudalary olary ikinji orna gysyp çykarypdyrlar. Agyr zulumdan we eden-etdilikden gaçyp gitmäge çalyşmaklyk, ekerençylyk üçin ýaramly bolan ýere mätäçlik we goňşy çarwa taýpalaryň (XVII asyrdan başlap, aýratyn-da galmyklaryň ) dyngysyz çozuşlary demirgazyk türkmen taýpalaryny günorta tarap köpçülikleýin göçüp başlamaga imrikdiripdir we mejbur edipdir. Bu göçhä-göçlük ençeme asyra çekipdir. Kä wagtlarda munuň arasy kesilipdir ýa-da hatda, Günorta Türkmenistanda öz nobatynda halkyň üstünden zulum güýçlenen mahalynda, yzyna öwrülip gaýtmaklyk bilen-de çalşypdyr, emma soňra, aýratyn-da XVII asyrda Derýalygyň suwy kesilenden soň we Sarygamyş köli tiz guramaga başlanda, şol göçhň-göçlük täze güýç bilen gaýtadan başlanypdyr. Derýalygyň suwunyň kesilmegi we Sarygamyş kölüniň gurap başlamagy ozalky türkmen ýerlerinde ekerançylyk hojalygynyň bütinleý diýen ýaly ýok bolup gitmegine sebäp bolupdyr.

*Hywa hanlarynyň Günorta Türkmenistany eýelemek ugrundaky göreşleri.*

XVI asyryň 30-njy ýyllarynyň ikinji ýarymynda öz aralarynda gazaply duşmançylyk eden köp sanly Horezm soltanlarynyň arasynda iri ýer eýesi, gujurly, namysjaň Dinmuhammet han öňe çykypdyr. Ol

baryp ýaş ýigitkä galp hatyň kömegi bilen özüniň uly ýaşly garyndaşlaryndan birine degişli bolan Durunyň içki galasyna girip, bu möhüm şäheri ele alypdyr. Şol pursatda Horezm soltanlarynyň eýelik edýän ýerleri uly howpa duçar bolupdyr. 1536-1537-nji ýyllaryň gyşynda Eýran şasy Tahmasp I Hyradyň üstüne nobatdaky ýörişini edip, Nusaý we Abywert şäherleriniň içinden geçipdir hem şol şäherleri 1538-nji ýylda Dinmuhammet hana berkidipdir. Tizlikde Buhara hany Ubeýdulla Horezmi basyp alypdyr we Horezm hanynyň neslinden bolan adamlaryň köpsüni öldüripdir ýa-da ýesir edip alyp gidipdir. Horezm hanynyň aman galan urugdaşlary Duruna Dinmuhammet hanyň ýanyna gaçypdyrlar.

Dinmuhammet Horezmi almak ugrundaky göreşe taýýarlanmaga başlapdyr. Şol wagta çenli ol şa Tahmasp bilen ýakynlaşyp bilipdir we ondan Nusaýy hem Abywerdi golasty mülk hökmünde alypdyr. Ol harby kömek sorap türkmen han-beglerine ýüz tutupdyr, hususan-da, adakly hyzyr taýpasynyň serdarlaryna teklip edipdir. Bu teklip türkmen iri-urug han beglerini doly derejede kanagatlandyrypdyr we bu teklip kabul edilipdir hem-de Dinmuhammet han türkmen goşunyny edinipdir. 1539-njy ýylda Hazaraspyň ýanynda türkmen atlylarynyň kömegi bilen duýdansyz zarba urup, Buhara goşunyny derbi-dagyn edip, ýokary goşunbaşylaryň hemmesini ýesir alypdyr.

Dinmuhammet han Horezmi öz kowum-garyndaşlarynyň elinde galdyryp, bütin ünsüni özüniň Günorta Türkmenistandaky eýelik edýän ýerlerini giňeltmäge çekipdir. Ilkibada Ahaly we Etegi eýeläp, soňra Marynyň üstüne çozupdyr we ony alypdyr.

Dinmuhammet Eýran bilen arany sazlap, şa Tahmaspyň adyndan Horezmiň Horasandaky mülküni edara eden bolsa, onuň kiçi dogany Aly soltan (çagaka Dinmuhammet bilen şa Tahmaspyň huzuryna baran) Eýran barada duşmançylykly syýasaty alyp barypdyr. Ol Horezmde han tagty ugrunda mirasdüşerleriň üçünji gezek çaknyşygy bolan wagty has işeňnirleşipdi, Sufýan hanyň nesillerini Horezmden kowup çykarmaklyga gatnaşypdyr. Ol Ürgençden Duruna gaýdyp 1548-1549-njy ýyllarda Astrabadyň üstüne talaňçylykly çozuşlar edipdir. Soňra okly taýpasyndan bolan türkmenleriň we Astrabadyň tokaýlarynda ýaşaýan Sýahpuşlaryň (garageýimlileriň ) kömegi bilen şol ýerde öz agalygyny dikeltjek bolup, Eýran bilen uzak wagtlap göreş alyp barypdyr.

Horezmliler XVI asyryň 50-nji ýyllaryň aýagynda hanlygyň tagty ugrunda köp sanly mirasdüşerleriň dördünji çaknyşygy bolýar.

Umuman, şeýle zabun çaknyşyklar nobatdaky hanyň ölümi bilen baglylykda wagtal-wagtal gaýtalanyp durýardy. Dördünji çaknyşyga gatnaşýanlar ikä bölünip, ikisi-de kömek üçin Aly soltana ýüz tutupdur. Ol Hojam hanyň tarapyny alany üçin beýleki bäsdeşlik eden şazadanyň maşgalasyny gyryp gutarýarlar.

Hojam hany gadym ritual esasynda ak keçäniň üstünde oturdyp, üç gezek ýokary göterýärler we üç gezek "Allahy ekber" diýip, ony Horezmiň hany bolany bilen gutlapdyrlar. Hojam han Aly soltana minnetdarlygyny bildirip, oňa Horasandaky mülkünden başga-da Ürgenjiň Hazarasty Ket galasyny berýär. Öz iki doganyna bolsa Hywa galasyny we ärsarylaryň uly depe, güneş hem-de garabekawül tirelerni berkidipdir. Döwürdeşleri Aly-soltana Horezm hany hökmünde garapdyrlar. Hojam hanyň ady han-da, özi Aly soltanyň elinde bolupdyr. Aly soltan bolsa gaty güýçlenip, "Daglaryň ýurdunam, derýalaryň ýurdunam" soraýan hojaýyn bolýar, ýagny Horasanyň-Horezmiň häkimine öwrülýär. 40 müňlük berk düzgün-nyzamly goşun döredipdir. Özbeklerden düzülen atly nökerleriň atma-at sanawyny düzüp, olara pul töläpdir, pyýada goşuna-da türkmenlerden ýygnalýan zekadyň hasabyna goýun paýlap beripdir.

Aly soltanyň esasy pişesi Horasana tarap yzygiderli we guramaçylykly çozuşlary gurap durmak bolupdyr. Ol her ýyl ýaz çykan badyna Ügençden Horasana gaýdyp, şol ýerde tomsuny geçirip, güýz aýlary yzyna dolanýar ekeni. Aly soltanyň Eýrana ýörişleri tä ölýänçä dowam edipdir.

Onuň oruntutarlary Abylmuhammet han, Jelan han we Nurmuhammet han Dinmuhammet hanyň dogany bolan Aly soltan (ol Ürgenje, Hazaraspa we Käte hem eýelik edipdir) tarapyndan basylyp alnan Duruny elden gideripdirler, emma her halda güýçli iri ýer eýeleri - hökümdarlar bolup galypdyrlar. Olaryň döwletlerinde türkmen han-begleriniň ähmiýeti kem-kemden ýokary galyp ugrapdyr.

XVII asyryň ýazuw çeşmelerine görä, ýokary Uzboý we Sarygamyş türkmenleri (üç il-üç taýpa, ýagny adakly hyzyrlar, alililer we düýeçiler ) hasylyň ondan bir bölegini töläpdirler, şoňa görä olarda XVI asyrda hem ekerançylyk hojalygynyň bolandygyny çaklamak bolar. Şunda adakly hyzyrlar diňe däne bilen salgyt töläpdirler, düýeçiler we alililer bolsa sürülerden hem salgyt beripdirler, ýagny maldarçylyk-ekerançylyk ýarym çarwa hojalygyny saklap galypdyrlar. Uzboý türkmenleriniň sürýän ekin meýdanlary, baglary we üzümleri hakynda hem ilatyň has baý böleginiň öz maly bilen tomsuna çölüň

jümmüşine guýulara göçüp baranlygy hakynda gürrüň beren Abylgazynyň öz eserinde getirýän maglumatlary şaýatlyk edýär. Şeýlelik bilen XVI asyrda Uzboý we Sarygamyş türkmenleriň çomrulara we çarwa ýa-da ýarym çarwa maldarlara bölünendigi gümansyzdyr. Elbetde, Ürgenjiň, Weziriň we Boldumsazyň töwereginde ýaşan Derýalyk türkmenleriniň hojalygy hem şonuň ýaly bolupdyr. Olara XVI asyryň birinji ýarymynda "raýatlar" hökmünde, ýagny şu ýerde gadymy Horezm ilatynyň nesilleri bilen deň esaslarda salgyt töleýän ilat hökmünde garalypdyr.

*XVI asyrda türkmen-buhara gatnaşyklary.*

Türkmenistanyň XVI asyrdan XIX asyryň ortalaryna çenli bolan taryhy Eýran, Horezm (Hywa), Buhara hem-de Russiýa ýaly goňşy döwletler bilen ýakyndan baglanşyklydyr. Sebäbi şol döwürde Türkmenistanyň ýerleri goňşy döwletleriň düzümine giripdi. Olara iň bolmanda nominal (kem-käsleýin) raýat bolupdyr. Türkmeniň özbaşdaklygyny saklan ýerleri-de goňşy döwletler tarapyndan yzygiderli talaňçylyklara sezewar edilýärdi. Olar ýerli-ýerden türkmen ülkesine göz gyzdyrýardy. Şeýlelikde, 350 ýyl çemesi wagtlap türkmen ýerleri türkmenlere bagly bolmadyk sebäplere görä jeň meýdanyna öwrülipdir. Her halda keseki ýurtly basybalyjylara türkmen halkyny doly boýun egdirmek başartmandy.

Hywa hany Eýran şasy, Buhara emiri türkmen ýerlerini öz döwletleriniň düzüminde hasaplaýardylar. Eýranyň, Hywanyň, Buharanyň köşk taryhçylarynyň ýazan işlerine ynansaň, hakykatdan hem XVI asyrdan XIX asyryň I ýarymynda Turkmenistanyň ýerleri goňşy döwletleriň düzümine giripdir. Bu düşunje diňe gadymy Horezm topragynda we Lebap etraplarynda ýaşan türkemler babatda dogrudyr. XIX asyryň soňky çäreginden başlap, "Zakaspiý oblasty" diýilip atlandyrylan territoriýanyň ilaty XVI asyrdan XIX asyryň I ýarymynda tutuş hiç döwletiň düzümine-de girmändi. Mejbur bolan halatynda, belli bir derejede wagtlaýynça olaryň raýatlygyny ykrar edendigine garamazdan, olar özbaşdak ýaşapdyrlar. Her näçe jan çekse-de, hile gursa-da, uruş alyp barsa-da türkmen ýerlerinde dikmelerini bellese-de, türkmenleri boýun egdirmek, wassal etmek Eýran şalaryna, Hywa hanlaryna, Buhara emirlerine başartmandy. Goňşy döwletleri dolandyryjy toparlar türkmen ýerlerinde agalyk edýändigini aňlatjak bolup, türkmenlerden käbirine, hanlyk derejesini-de, olara ynanç möhürini-de berýärdi. Halk şol hili adamlara känbir üns bermeýärdi, boýun hem egmeýärdi. Şoňa görä-de Hywa

hanlarynyň, Eýran şalarynyň we Buhara emirleriniň türkmen ýerlerindäki dikmeleri hakyky häkimlikden mahrumdy. Türkmen jemgiýeti halkyň öz saýlan, ykrar eden hanlary, serdarlary, aksakallary, ruhanylary tarapyndan dolandyrylýardy.

Eýran, Buhara, Hywa, Russiýa bilen uruşlaryň bolandygyna garamazdan, parahat döwürlerde söwda ykdysady, hojalyk, medeni gatnaşyklar ýitmändi. Munuň özi durmuşyň zerurlygydy we taryhy ösüşiň kanunalaýyklygydy.

Baryp XV asyryň I ýarymynda häzirki Gazagystanyň territoriýasynda çarwa taýpalaryň döwleti emele gelipdir. Ol döwlet özbek taýpalaryny we deşdi gypjagyň beýleki çarwa taýpalaryny wagtlaýynça birleşdiripdir. Gypjaklaryň, Özbekleriň ýaşaýan sähra çöllük raýonlaryna Deşti-gypjak diýip at berýadiler.(deşt-çöl diýmek) şeýle at bilen umuman Hazar deňzinden gündogarda ýerleşen tükeniksiz we gyrak-bujaksyz çöllükleriň hemmesini, tä häzirki Eýrandaky Türkmen sähradan başlap, Ural derýasyna çenli aralykda gündogara tarap ýaýylyp ýatan giňişlikleri *Deşti-gypjak* diýip atlandyrýarlar.

XV asyryň 30-njy ýyllarynda şol döwletiň hökümdarlarynyň Horezimi basyp almak synanşyklary başlanýar. Şol asyryň ortalaryndan başlap, Syrderýanyň aşak akymlaryna süýşen Abulhaýryň baştutanlyk edýän özbek taýpalary häli-şindi Mawrennahra (Buhara, Samarkanda) we Horezme talaňçylykly çozuşlar edýärdiler. Türkmen taýpalary Demirgazyk tarapyndan Deşti-gypjagyň özbek çarwalarynyň çozuşlaryna häli-şindi sezewar bolupdyrlar. Deşti-gypjagyň hökümdary, Juçy nesilden bolan Abyl-Haýyr (1426-1468) 1430-njy ýyldan başlap, Türkmenistanyň çäklerine aralaşypdyr we gysga wagtlaýyn Horezmi basyp alypdyr. Soňra özbek hany Mustafa Derýalygyň kenarlaryny hem-de Wezir şäherini eýeläpdir. Bu çozuşlaryň esasy maksady harby olja almak, ýesir sürüp äkitmek hem-de Merkezi Aziýanyň baý medeni ýerlerini içgin öwrenip, olary basyp almagyň mümkinçiliklerini agtarmakdy. Çarwa han begleriniň arasyndaky dawalar şol döwletiň gowşamagyna eltipdir. Emma XV asyryň aýagynda Şeýbany hanyň dolandyran wagtynda ol döwlet ýene-de berkäpdir.

Merkezi Aziýany göçme özbek taýpalarynyň basyp almagy Abulhaýyr hanyň agtygy Şeýbany hanyň ady bilen baglanşyklydyr. Ol 1451-nji ýylda dogulýar. Abulhaýyr ölenden soň özbek taýpalarynyň (uýgur, naýman, goňrat, nukus, maňňyt, gypjak, ganly, guşşy, içki we

ş.m.) arasynda içki urşlar başlanýar. Muhammet Şeýbany we onuň doganlary ir ýetim galyp, Astrahan hanynyň ýanyna gaçyp gidipdirler. Bu şazadalar birneme ulalanlaryndan soň Deşdi-gypjaga dolanyp gelýärler we gapdalyna atly toparlaryny ýygnap hanlyk ugrunda göreşip başlaýarlar. Bular Abulhaýyryň agtygy bolany üçin, teýmirleriň käbir nesilleri bilen garyndaşlyk gatnawy bardy we özleriniň hanlyk ugrundaky göreşinde şolaryň kömegine daýanýardylar. Samarkantdan Buhara gelip ýaşap gidýärdiler, birek-birege goldaw edýärdiler. Çarwa han begleriniň özara gapma-garşylygyna garşy uzaga çeken göreşden soň Şeýbany han özbek taýpalarynyň ep-esli bölegine öz häkimýeti astynda birleşdiripdir we olaryň Merkezi Aziýanyň ekerançylyk welaýatlaryna aralaşmagyna baştutanlyk edipdir. Şeýbany öz öňunde esasan göçme taýpalary öz töweregine birleşdiri, Deşti-gypjakda öz agalygyny dikeltmek, şeýle hem XVI asyryň başynda halys gowşan teýmirileriň ýurduny basyp almak maksadyny goýupdy. XV asyryň aýagynda Şeýbany Syrderýarynyň aşak akymynda çalt goşun toplady, onuň çalt hereket edýän goşunlary Merkezi Aziýany basyp almaga taýýarlanýardy. Edil X-XI asyrlarda şol ýerlerde seljuklaryň baştutanlygynda oguzlaryň-türkmenleriň güýç tomeýilnama, Merkezi Aziýa ýörüş edişi ýaly, XV asyryň aýagynda XVI asyryň başynda bu hereketi Şeýbany hanyň baştutanlygynda göçme özbek taýpalary gaýtalady. Özara gapma-garşylykly urşlary we pitneleri bilen tütmelenýär.Teýmiriler döwleti özbekleriň çozup girmeklerine ýeterlik derejede durnukly garşylyk görkezip bilmändir. Şeýbany hanyň Mewrennahry basyp almaga teýmirileriň özleriniň basybalyjylary üçin amatly ýagdaý döredip, öz tagt dawalaryna özbek han beglerini çekendikleri bilen ýeňilleşipdir. Syrderýanyň golaýyndaky şäherleri eýeländen we ol ýerde berkleşenden soň Şeýbany han Mawrennahryň üstüne uly basybaljylyk ýörişlerini başlapdyr. Teýmirleriň goşunlary özbek taýpalarynyň has köp sanly tomeýilnama goşunlary tarapyndan örän aňsatlyk bilen derbi-dagyn edilipdir, ilatlary zor garşylyk görkezen onçakly kän bolmadyk şäherleriň garşylyk görkezmegi gazaplylyk bilen basylyp ýatyrylypdyr. Teýmir şazadalary gaçyp gidipdirler, Şeýbany han bolsa 1501-nji ýylda bütin Mawrennahry diýen ýaly eýeläpdir. Şeýbany hanyň öz tarapyna çekýän musulman ruhanylary we aýratyn hem sopy derwiş, çarwa özbek han-beglerine bu göreşde uly kömek beripdirler.

1503-nji ýylda Teýmir hökümdarlarynyň has güýçlisi bolan, Horasany dolandyran soltan Huseýin Baýgaranyň eýelik eden ýerlerine Şeýbany hanyň goşunlarynyň ýörişleri başlanypdyr. 1506-njy ýylyň ýazynda Soltan Hüseýiniň ölmegine çenli uruş kä ol tarapyň, kä beýleki tarapyň üstünlik gazanmagy bilen dowam edipdir. Şeýbany han örän gysga wagtyň içinde Hyrady, Maryny, Ürgenji we hat-da Astrabady hem eýeläpdir. Onuň basybalyşlary öz zamany üçin adaty bolan talaňlar we parahat ilaty horlamak bilen bilelikde barypdyr. Şeýbany hanyň paýtagty Samarkant şäheri bolupdyr. Şeýle bolup, Buhara hanlygy emele gelipdir. Türkmenistanyň ýarym çarwa we çarwa taýpalary täze basybalyjylara örän güýçli garşylyk görkezipdirler.

Şeýlelikde, teýmiriler imperiýasy dagandan soň, XVI asyryň başynda Şeýbany hanyň ýolbaşçylygynda Zerewşen derýanyň aşak akymlarynda täze döwlet-Buhara hanlygy emele gelýär. Kem-kemden Amyderýanyň orta akymlarynyň ilki sag, soňra çep kenarlaryndaky giňişlikler hem onuň täsirine düşüpdir. Şeýdibem Amyderýanyň orta akymlarynda ýaşan türkmenleriň ýerleri Buhara hanlygynyň düzümine giripdir.

*Buhara emeldarlarynyň türkmen ýerlerini eýelemek ugrundaky alyp baran göreşleri.*

Şeýbany han ölenden soňra şeýbanylaryň döwletinde han-begleriň dagynyklygy başlaýar. Birbada Amyderýa boýlary, şol sanda Horezm hem sefewileriň eline geçýär. Emma 1524-nji ýylda şa Ysmaýyl ölýär we Horezmden onuň dikmelerini kowupdyrlar.

Hywa hanlygynda tagt üstünde göreş gidýän wagty Buhara hany Ubeýdulla Horasana talaňçylykly çozuşlar edýär. Sefewi patyşasy Tahmasp (1524-1576) Horasanyň howpsuzlygyny saklamak maksady bilen Horezm döwletine doslukly gatnaşyklar teklip edýär. 1537-nji ýylda Ubeýdulla han Horasanyň üstüne ýörişlerini ýene dowam etdiripdir. Şa Tahmasp Buhara hanynyň talaňçylykly çozuşyna garşy Hywa hany bilen ylalaşyga gelýär. Ol Buhara hanyň talaňçylykly çozuşlaryna garşy ulanmak maksady bilen Dinmuhammedi diňe bir Durnuň dälde, eýsem Nusaýyň we Abuwerdiň häkimi edip belläpdir. Eýran bilen Buharanyň arasyndaky duşmançylykdan öz hususy bähbidini arap, Ubeýdulla hanyň Maryda goýan häkimi bilen dilleşip, Dinmuhammet Mary ýerlerini hem gol astyna geçirýär.

Horezm hanlygynyň Eýran bilen ýakynlaşyp başlamagy Dinmuhammediň gös-göni şa Tahmaspyň adyndan hereket etmegi,

onuň Marynyň Buharadaky dikmesi bilen dilleşip, ahyrda-da Maryny öz gol astyna geçirmegi Ubeýdulla hanyň 1539-njy ýylda Horezme ýöriş etmegine sebäp bolupdyr. Onuň bu ýörişine Daşkendiň, Samarkandyň, Gissaryň töwereginde ýaşan özbek han-begleri-de gatnaşydyrlar. Mawrennahryň özbekleri birleşip, Horezmiň özbeklerini tertibe salmak maksady bilen, ol ýerdäki özbek dinastiýasyny Ilbarsyň nesillerini gyrany üçin jezalandyrmakçy bolup ýöriş edipdirler. Emma bu özboluşly häsiýete eýe bolupdyr, ýagny garyndaş-garyndaşyňka gelip, eýle bolmaň, beýle bolmaň diýen ýasly äheňinde geçipdir.

Horezmi hiç bir garşylyksyz alyp, bir-iki sany günäkäri-de jezalandyryp, ýerli ilata, şol sanda türkmenlere-de hiç hili azar bermändirler.

Ubeýdulla hanyň bir eden zady, olam Horezmdäki özbekleri dört bölege bölüp, Buhara, Samarkanda, Gissara we Daşkende tarap göçüripdir. Bu bolsa Horezm-de bir-birleri bilen bäsleşýän, harby güýje öwrülýän toparlary dargatmak maksady bilen geçirilen syýasy çäredi.

Ubeýdulla han Ürgençde öz ogluny dikme edip goýýar. Diri galan Horezm hanynyň nesilleri Dinmuhammediň ýanyna gelýär. Dinmuhammet türkmenleriň kömegi bilen Ubeýdulla handan üstün çykýar. Göçürilip äkidilen özbekleri yzyna gaýtaryp getirýär we Horezmiň tagtyny täzeden dikeldýär.

Eýran ýazuw çeşmlerinde Dinmuhammediň Horezmdäki ýeňşiniň şa Tahmaspyň Buharanyň üstünden gazanan ýeňşi hökmünde garaýarlar.

Şol döwürde Şeýbanylaryň Mawrennahrdaky döwletinde üznüksiz içki göreşler dowam edýärdi. Bu göreş diňe XVI asyryň aýagynda birneme peselipdir. Ubeýdulla han ölenden soň (1539) Buharada takmynan 30 ýyllap mirasdüşerleriň arasynda han tagtyny eýelemek ugrunda örän gazaply, birek-biregi gyrmak bilen gutarýan göreş gidýär. Şonça ýyllap dowam eden göreş netijesinde han tagtyna Abdulla han II (1567-1598) çykýar.

Şeýbanylaryň döwleti Abdulla han II gol astyna geçip, Buhara hanlygy emele geldi. Ol 1557-nji ýylda ilki Buhara hany bolýar, soňra kem-kemden güýçlenip, 1583-1598-nji ýyllarda bütin Mawrennahryň, ýagny hemme özbekleriň hany diýen tituly alýar. XVI asyryň II ýarymynda Buhara hanlygy güýçlenip, basybalyjylykly ýörişleri ýaýbaňlandyrylýar. Ol Mawrennahrda özüniň ýagdaýyny

beýikleşdirip, Buhara hanlygyny Şeýbany hanyň zamanasyndaky ýagdaýa getirmegi, ýagny onuň araçäkleri şol derejede giňeltmegi öz öňünde maksat edip goýýar. Ol bu wezipäni amala aşyrmak ugrunda tä ölýänça 31 ýyllap uruşlar alyp barypdyr, köp zähmet we serişde sarp edip, yhlas siňdiripdir. Netije-de, XVI asyryň II ýarymynda Abdulla han Buhara hanlygynyň araçäklerini hem gündogarda hem-de günbatarda ep-esli derejede giňeldipdir.

Abdulla hanyň Amyderýadan bäri geçip Horezm hanlygynyň üstüne, Horosana, şol sanda günorta Türkmenistanyň territoriýasyna edýän ýörişleri örän uzak dowamly we çekeleşikli bolupdyr. Ol Maryny, Nişapury, Sebzewary, Maşady eýelemek üçin, bu ýerlere tozgunçylykly çozuşlary dowam edýärdi. Ahyrda-da ol Horasanyň bu esasy şäherlerini özüne birikdirmegi başardy. Abdulla hanyň goşunlarynyň Horezm hanlygynyň üstüne edýän çozuşlarynyň-da yzy kesilmeýärdi. Abdulla hanyň ogly 1583-nji ýylda Maşady basyp alanda örän gödek hereket edipdir. Ol şäheriň baý hazynasyny we harytlardan doly bazarlaryny talamak bilen kanagatlanman, ilaty elhenç gyrgyna beripdir. Abdulla hanyň Eýrana we Horezme garşy syýasaty bu iki döwletiň ýakynlaşmagyna getirýär. Eýran bilen Horezm bileleşip, Abdulla hanyň garşysyna göreşmekçi bolýarlar. Emma bularyň güýji ýurdy goramagyň hötdesinden gelip bilmändir. Abdulla han Horezmi hem-de Horasany Buhara tabyn edipdir.

Şu wakalar bolýan döwründe Abdulla han ölýär, onuň ogluny hem öldürýärler. Bu bolsa Horasanda-da, Horezimde-de buharalylaryň agalygynyň tamamlanmagyna getirdi. Abdulla han ölenden soň Buhara hanlygy Amyderýadan bäri geçmändir we talaňçylyk çozuşlar bes edilýär.

Buhara hany Abdulla iki öz goşunlary bilen Horasanyň we Horezmiň üstüne ugrapdyr.

XVI asyryň 90-njy ýyllarynda Türkmenistanyň Hazar deňzinden başga bütin territoriýasy diýen ýaly Buhara hanlary tarapyndan basylyp alynýar.

***Soraglar:***

1. Türkmenistanyň ýerleriniň paýlaşylmagy. Hulaguiler, Altyn Orda we Çagataý ulusy.
2. Teýmiriler zamanasy we syýasy-ykdysady özgertmeler.
3. Türkmenistanyň ýerleri XV asyryň sepgitlerinde we durmuş-ykdysady özgertmeler.

## 9-njy tema

## X-XVI ASYRLARDA TÜRKMEN HALKYNYŇ MEDENIÝETI
(2 sagat)

Umumy okuwyň meýilnamasy:

1. Türkmen halkynyň X-XIII asyrlardaky medeniýeti.
2. XIII-XVI asyrlarda Türkmenistanda medeniýet.

***1. Türkmen halkynyň X-XIII asyrlardaky medeniýeti***

Türkmen halkynyň özboluşly hem-de gadymy medeniýeti bolup, ol asyrlaryň dowamynda kämilleşip, dünýä medeniýetine-de özüniň saldamly goşandyny goşýar. Şu mynasybetli-de häzirki wagtda biz Kerimeddin Aksaraýyň, Ýazyjyogly Alynyň, Reşideddiniň, Mahmyt Kaşgarlynyň, Nejep Ýazyksyzyň, Jelaleddin Rumynyň we türki ylmynyň genji-hazynasyna girýän beýleki alymlaryň eserlerini bahasyna ýetip bolmajak mukaddes kitaplar hökmünde okaýarys. Olaryň at abraýy, olaryň mirasy indi biziň hem milli buýsanjymyzyň çeşmesine öwrüldi.

Türkmen edebiýatynyň genji-hazynalary bolan „Gorkut atanyň kitaby“, „Görogly“, „Döwletýär“ eposlary, „Ýusup-Ahmet“ dessany, Ýunus Emräniň, Garajaoglanyň Burhaneddin Siwaslynyň, Baýram hanyň, Abdyrahym hanyň we beýlekileriň ähli esreleri türkmeniň ýanyp duran watanparazlygy, merdi-merdanalagy, edermenligi, gahrymançylygy baradaky eserlerdir.

*Şäher gurluşygy, ymaratçylyk.*

Arap basypalyşlaryndan soň Türkmenistanyň ýerlerinde gümmezli jaýlaryň uly kerwensaraýlaryň gurluşygy has-da ösüpdir. Kerwensaraýlaryň töwereginde ýaşaýyş we hojalyk bähbitli dürli binalar salnyp, olaryň daşyny beýik haýatlar gurşapdyr. Yslam dininiň ornaşmagy bilen ýurdymyzda metjitdir medreseleriň gurluşygy giň gerim alypdyr. olaryň arhitektura nagyşlarynyň içinde arap hatynyň okamasy kyn bolan kufy (şekil bilen) ýazgysy siňdirilipdir. Ýazgy esasan Gurhandan alnan jümleler bolupdyr.

X-XII asyrlarda bina edilen ymaratlaryň hatarynda Talhatanbaba (XI asyr), Maşatata (Dahystan XI asyr) metjitleri, Mäne baba (Abu Seýit XI asyr), Sarahs baba (Abulfazl XI asyr) mawzoleýlerini agzamak bolar. Bu ymaratlary ýerli ussalaryň salmagy türkmen medeniýetiniň ýokary derejede ösmeginiň subutnamasydyr.

Orta asyrlar döwründe türkmen ussalary metjit we mawzoleý gurmakda diňe öz ýurtlarynda däl, eýsem goňşy ýurtlarda-da meşhur bolupdyr. Olardan sarahsly ussalaryň guran binalary has tapawutlanypdyr. Umuman X-XII asyrlarda Sarahs ussat ymaratçylarynyň merkezi bolup, ol ýerde özboluşly täsin arhitektorlar mekdebi döräpdir.

XII asyrytň 40-njy ýyllarynda bina edilen Soltan Sanjaryň mawzoleýi Türkmenistanda iň uly arhitektura ýadigälikleriniň biridir. Ony dörediji sarahsly ussa Muhammet ibn Arsyzdyr. Mawzoleýiň beýikligi 30 metrden gowrak bolup, onuň mawy gümmezi uzaklardan seleňläp görünýär.

Gündogaryň iri şäherleriniň biri Gürgençde ajaýyp monumental medeniýet desgalarynyň birnäçesi gurlupdyr. Il-Arslanyň, Tekeşiň, Fahr ed-din Raziniň (Halk arasynda “Pahrazy” diýilýär) mawzoleýleri şolaryň ajaýyp nusgasydyr. Horezm şasy Tekeşiň mawzoleýi Merkezi Aziýada özboluşlylygy boýunça örän täsindir. Tekeş bu mawzoleýi ölmezinden öň bina edipdir.

Merkezi Aziýada iň beýik ymarat hasameýilnamaýan (häzir boýy 59 metr) Gürgençdäki minaranyň gurluşygynyň düýbi Emir Mamunyň ogly Aly Mamun tarapyndan 1011-nji ýylda tutulypdyr. Nämälim sebäplere görä, ol bitirilmän taşlanypdyr. Horezmiň hökümdary Gutlug Temir döwründe (1321-1336) ol gutarnykly bina edilipdir. IX-XII asyrlar Türkmenistanyň territoriýasynda şäher gurluşygynyň we arhitekturanyň güýçli ösen döwri hasameýilnamaýar. Bu döwrüň jaý gurluşygynda ussalar ýörite ýasalan we nagyşlanan bişen kerpiçleri ulanypdyrlar. Mawzoleýleriň daşky diwarlary hem-de gümmezleri köplenç mawy syrçalar bilen bezelipdir. Nusaý, Ýazyr, Merw, Abywerd, Kufen, Sarahs, Gürgenç, Yzmykşir, Mizdahkan, Dahystan, Amul ýaly şäherler has abadanlaşypdyr we meýdany giňelipdir. Şäher abadançylygynyň esasy alamatlarynyň biri-de orta asyr hammamydyr. Hammamda gyzgyn we salkyn buga ýatylýan we massaž edilýän otaglar bolupdyr. Jaýlaryň ýer asty gowy ýyly geçirijilik sistemasy arkaly gyzdyrylmagy ýerli gurluşykçylaryň uly inženerçilik ukybynyň bolandygyny subut edýär. Şeýle hammamlaryň galyndylary Nusaýda, Dahystanda, Merwden tapyldy.

Öňden dowam edip gelýän senet önümçiligi birneme ilerläpdir. Şäherler keramiki, metal işläp bejermegiň zergärçiligiň esasy merkezleri bolupdyr. Aýratyn-da Merw küýzegärleriniň işleri

nepislikde tapawutlanypdyr. Merwli ussalar ýokary derejedäki çeper önümleri faýanslary, haýwan we adam sýužetli gap-gaçlary, önümçilik geometrik epigrafik äheňli, sünälenip edilen zatlary ýasamagyň tehnologiýasyny özleşdiripdirler. Küýzeleri galyp bilen haşamlamak, oňa gaçyp barýan haýwanlaryň şekilli ösümlik suratyny çekmek giň ýaýrapdyr. Dürli görnüşdäki syrçaly reňkler ulanylypdyr. Çüýşe öňümçiligi hem ösüpdir. Dürli reňkdäki aýnalaryň ululy-kiçili owadan çüýşe gaplar, flakonlar, bugurlar, monjuklar ýasalypdyr .

Metaldan (esasan bürünçden) ýasalan tabak, kündük, jam, şlem, galkan ýaly önümlerde şol döwrüň suratynyň dürli görnüşleri beýan edilipdir. Horezmde ýasalan kümüş tabagyň ýüzüne çekilen başa-baş göreş sahnasy örän çeperçilik bilen görkezilipdir. Bu tabak häzir Sankt-Peterburgyň döwlet erimitažynda saklanýar.

*Ylmy-medeni merkezler.*

X-XII asyrlarda çeperçilik medeniýeti güýçli ösüpdir. Türkmen topragy ýüzüne her-hili güller basylan ajaýyp ýüpek, kendir, nah, ýüň matalar we nepis dokalan halylary bilen şöhratlanypdyr. X asyra degişli Merw matasynyň biziň döwrimize çenli gelip ýeten nusgalary bar. Olaryň käbiriniň ýüzüne kufi usulynda ýazylan hatlar dokalypdyr. Şu hatlar köplenç halyfyň kimdigini bilipdir, matanyň senesini, ussanyň adyny anyklapdyr. Horasan halysynyň örän seýrek gabat gelýän nusgalaryndaky gyrawa jähek nagyşlaryna türkmen halyçylarynyň şu gündäki işlerinde-de görmek bolýar. Horasanlylaryň halysy ýakyn Gündogarda “Seljuk halysy” diýip kabul edilipdir.

Seljuklar döwrüniň şäherleriniň köpüsiniň daşy galalar bilen gurşalypdyr. Galanyň içinde hökümet edaralary, bazarlar, kerwensaraýlar, hünarmentleriň mähelleleri ýerleşipdir. Seljuk zamanynda Jeýhunyň günbataryndaky Amul şäheriniň ilaty 1 milliona golaý bolupdyr. Seljuk döwründe hassahanalar, hammamlar we beýleki haýyr-sahawat edaralary köp mukdarda gurlupdyr.

Beýik Seljuk türkmen döwleti ylym dünýäsinde uly yz galdyran döwletdir. Seljuk soltanlarynyň ählisi döwletiň gülläp ösmeginiň ylma we bilime baglydygyna oňat düşünipdirler. Ylym-bilim belli bir ulgama tabyn edilip, döwlet syýasatynyň esasy ugruna öwrülipdir. Meşhur wezir Nyzamylmülküň ady bilen baglanyşykly Nyzamyýe medreseleri yslam äleminde abraýly okuw mekdeplerine öwrülipdir. Nişapurda, Balhda, Hyratda, Basrada, Tusda, Amulda Nyzamiýe medreseleri hereket edipdip. Ilkinji Nyzamiýe Alp Arslanyň zamanynda 1066-njy ýylda Bagdatda gurlupdyr.

Seljuk soltanlary ylym adamlaryna hemmetaraplaýyn hemaýatkärlik edipdirler. Mälik şanyň hemaýaty bilen 1074-1075-nji ýyllarda ilki Yspyhanda, soňra Bagdatda obserwatoriýa gurlupdyr. Onda Omar Haýýam, Ebul Muzaffar Isfizari, Mamun ibn Nejip el-Wasiti ýaly alymlar işläpdir. Seljuk zamanasynda taryh ylmy hem ýokary derejä ýetipdir. Döwrüň taryhçylary-da seljuk soltanlaryň howandarlygyndan peýdalanypdyrlar. Beýik Seljuk-türkmen soltany Sanjar özüniň ýarym asyrdan gowrak dowam eden hökümdarlygynda ylma, medeniýete howandarlyk etmekde nusga bolan soltanlaryň biridir. Ol döwrüniň beýik alymlaryny öz töweregine jemläp, olara goldaw beripdir. Onuň döwründe Merwli meşhur taryhçy we geografiýaçy Abu Sad as-Samany (1113-1167) öz meşhur eserlerini döredipdir. Horezmli alym az-Zamahşary Soltan Sanjaryň dostlaryndan biri bolupdyr. Ol özüniň “Mukaddimet-ül-edebi’ eserini Soltan Sanjara sowgat beripdir.

Soltan Sanjaryň köşgünde onuň goldawyndan peýdalanan alymlaryň ýene biri Omar bin Sehlah el-Sawidir.

Kitaphanalar Beýik Seljuk türkmen döwletiniň medeni derejesiniň ýokarydygynyň hakyky subutnamalaryň biridir. Döwletiň düýbi tutulan ýeri bolan Merw özüniň meşhur kitaplary bilen yslam dünýäsinde mälim bolupdyr.

*Edebiýat.*

Beýik Seljuk soltanlaryň köşgünde Emir Muezzi, Omar Haýýam, Auhadeddin Enweri... ýaly ençeme şahyrlar hemayat görüp, döwlet-galamyny işledipdirler. Soltan Sanjaryň köşgünde şahyrlaryň orny elmydama törde bolupdyr. Şolaryň biri-de soltanyň döwürdeşi, hakyky ady Manije bolan, Mahesti lakamly şahyr we ezber küştçi aýal bolupdyr. Meşhur zenan şahyr Mahestiniň döredijiligi soltan Sanjaryň döwründe güllap ösüpdir.

Sopuçylyk ylymynda uly yz goýan Ymam Gazaly Beýik Seljuk türkmen soltanlary Mälik şanyň we onuň ogly Sanjaryň döwründe ýaşap geçipdir. Soltan Sanjar onuň nesihatlaryny diňläpdir.

XI-XIII asyrlarda Beýik Seljuk türkmen hanedany we Könürgenç türkmenler döwletiniň döwründe Türkmenistanyň medeniýeti has gülläp ösüpdir. Bu döwürde Merwde, Gürgençde, Nusaýda we beýleki şäherlerde uly medeni hem ylmy merkezler ösüp ýetişipdir. Olaryň döremegi üçin köplenç ýerli häkimler baýlar serişde gysganmandyrlar. Gürgençdäki Mamumyň akademiýasy hem şeýle merkezleriň biridir. Onda dünýä berlli alymlar Abu Reýhan Beruni,

Ibn Sina, taryhçy we filosof Abu Sahr Masihi, alym lukman Abul Hasan Hammam, matematik Abu Nasyr Arrak we başgalar işläpdirler. Bu bolsa türkmen topragynyň dünýä ylmyna we medeniýetine ummasyz goşant-goşan mekana öwrülmegine ýetiripdir. Ony dünýä belli lukman we filosof Ibn Sinanyň (Awisenna 980-1037) we beýlekileriň döredijiligi subut edýär. Ibn Sina 1017-nji ýylda Gürgençden gidip, Nusaýda Abiwertde ýaşaýar. Onuň medisina boýunça ýazan işleri şu gün hem ylymda ähmiýetini ýitirenok. Gündogaryň iň beýik alymlarynyň biri-de Kät (häzirki Beruni) şäheriniň eteginde doglan (973-1048) Abu Reýhan al Beruni bolmaly. Ol öz döwrüniň syýasy ýagdaýynyň çylşyrmlylygy sebäpli Owganystan, Eýran, Hindistan ýaly ýurtlarda sergezdançylyk edipdir. Sergezdançylygy alym ylmy maksatlar üçin peýdalanypdyr. Umuman, ensiklopediýaçy alym Beruny ylmy işleriň 150 töweregini ýazypdyr.

Orta asyrlaryň beýik türki alymy, lingwisti XI asyrda ýaşan Mahmyt Kaşgarlydyr. Onuň ömri we döredijiligi barada bize entek köp zat belli däl. Ol XI asyryň 20-30-njy ýyllarynda Hytaýyň günbatarynda Gazagystanyň araçägine ýakyn Taşgar şäherinde eneden bolýar. Mahmyt Kaşgarlynyň işleriniň iň ähmiýetlisi onuň 1072-74-nji ýllarda ýazan "Diwane lugat et türk" ("Türki sözleriň diwany") sözlügidir.

Orta asyrlarda ylmyň we medeniýetiň gülläp ösen ýerleriniň biri hem Merwdir. Onda XIII asyra çenli uly kitaphanalaryň onusy bolup, olaryň birine "Aziziýe "diýilip, onda 12 müň toma golaý kitap saklanypdyr. Gürgenjiň we Merwiň alymlar köşklerinde ýerli alymlardan başga-da dünýäniň dürli künjeklerinden gelen görnükli alymlar ylmy iş alyp barypdyrlar. Şeýle alymlaryň biri-de Ýakuty bolmaly. Ol "Ýurtlar sözlügi", "Edebiýatlar sözlügi" ýaly ensiklopedik eserlerini döredipdir.

XII asyryň görnükli alymlaryndan lukman Zeýin et Din Abu Brahy el Jürjanynyň geometriýa we fizika ylymlary bilen gyzyklanan alym kazynyň atlaryny tutmak bolýar. Horezmde işlän el Jurjany uly medisina ensiklopediýasyny döredip, ony Horezm şasy Kutub et Din Muhammede bagyşlapdyr. Ol öz ömrüniň soňky ýyllaryny Merwde geçirip, şol ýerde-de 1139-nji ýylda aradan çykypdyr.

XII-XIII asyrlarda Türkmenistanda dünýä belli alymlaryň başga-da uly topary ýaşapdyr. Şolaryň biri Merwde doglan görnükli taryhçy Abu Seýit as-Samanydyr. (1113-1167.) Onuň nebereleri Merwde uly mülklere eýelik edipdir. Ata-babalary hem alymlar toparyna degişli

bolupdyr. as-Samany arap dilinde 40-dan gowrak eser döredipdir. Ol Bagdadyň, Merwiň taryhyna we geografiýasyna degişli 20 tomdan gowrak eserleriň hem awtorydyr. Olaryň köpüsi biziň günlerimize çenli gelip ýetmändir.

Asly nusaýly Muhammet ibn Ahmet an Nesewi mongol çozuşynyň pajygaly wakalarynyň giňişleýin beýan eden awtorlaryň biridir. Ol Jelal ed Din Meňburnyň mürzesi, egindeşi bolup, özi-de wakalaryň janly şaýadydyr.

X-XI asyrlarda çeper edebiýatyň ösüşinde sopuçylyk şygryýeti belli bir orun eýeläpdir. Horasanly derwüş Mänede doglan şyh Abu Seýit (968-1049) şol ugruň görnükli wekilleriniň biridir. Edebiýatyň şeýle žanryny soňra Horasanly şahyr we alym Omar Haýýam ösdüripdir. Onuň eserleri çuň filosofik mazmunlydyr. Omar Haýam 1074-1075-nji ýylda Merwdäki soltan obserwatoriýasynda işläpdir.

Türkmen edebiýatynyň ösüşi Seljuklar döwründe uly ähmiýete eýe bolupdyr. Ol geljekki edebiýatyň ösüşiniň esasyny goýupdyr. Türkşynas Ý.E.Bertels Seljuklar döwründe Türkmenistanyň territoriýasyna 50-den gowrak şahyryň ýaşap geçenligini belleýär. Bu döwürde edebiýat parsy we türki dillerde ýazylypdyr.

Şeýle-de Hoja Ahmet Ýasawy edebiýat we din babatdaky sarpasy belent tutulan şahsyýetleriň biridir. Ol 1103-nji ýylda häzirki Gazagystana Çimkent welaýatynyň Türküstan etrabynyň Saýram obasynda eneden dogulýar. Ýedi ýaşynda kakasy Şyh Ybraýym aradan çykandan soň, olar ejesi Garasaç we bütin maşgalasy bilen Ýassy (häzirki Türküstan) şäherine göçýärler we onuň Ýasawy lakamy-da şol şäherde ýaşanlygy bilen baglanşyklydyr. Ýaş Ahmet ilki Ýassy şäherinde dini mekdepde, soňra Buharada yslam dininiň Merkezi Aziýadaky sopuçylyk ýörelgesini esaslandyranlaryň biri Hoja Ýusup Hemedanydan (1045-1138) sapak alýar. Hoja Ýusup Hemedany aradan çykandan soň onuň mukaddes derwüşhanasynda kethuda bolup, köplere ylym, edep-ekram öwredýär. Ata Watanyna Türküstana gaýdyp gelip, sopuçylyk işini dowam etdirýär. Sopuçylyk ýoly barada ol “Fakyrnama”atly kyssa eserini döredipdir.

Hoja Ahmet Ýasawy dünýäden ötenden soň halk içinde onuň ady “Hezreti soltan öwlüýä” diýip tutulyp başlanypdyr. Onuň ady we hikmetleri Merkezi Aziýada, Eýranda, Azerbeýjanda, Arabystanda meşgurlyga eýe bolýar.

## XIII-XVI asyrlarda Türkmenistanda medeniýet

XIII-XIV asyrlaryň sepgidinde şäher durmuşy ähli ýerlerde diýen janlanyp ugrapdyr. Şäherlerde kem-kemden gurluşyk-dikeldiş işleri ýaýbaňlanyp başlapdyr. Altyn Ordanyň uly şäherlerini Günorta ýurtlaryň bazarlary bilen baglanyşdyrýan möhüm kerwen ýollarynyň Gürgenjiň üstünden geçmegi, onuň çalt dikeldilmegine mümkinçilik beripdir. XIV asyryň 30-njy ýyllarynda Gürgenç giň köçeleri, baý bazarlary, köp sanly owadan ymaratlary bolan, uly, gözel şäher bolupdyr. Şonuň ýaly-da Gutlug Temiriň minarasy diňe bir Köneürgençde ýa-da türkmen topragynda saklanyp galan ymaratlaryň arasynda däl, eýsem, tutuş Merkezi Aziýada iň beýik binalaryň biridir.

Horezm ýerlerini Sufylar dinastiýasynyň dolandyran döwründe (XIV asyryň 60-70-nji ýyllarynda) arhitektura we senetçilik-bezeg sungaty kämil derejä ýetipdir. Şol ýyllarda Gürgençde halk arasynda Törebeg hanymyň ady bilen meşhur Sufylar dinastiýasynyň nebere gubury-mawzoleýi salnypdyr. Teýmiriň 1372-88-nji ýyllardaky ýörişleri netijesinde Gürgenç şäheri bütinleý diýen ýaly weýran bolupdyr. Şondan soň onda gurluşyk işleriniň arasy uzak wagtlap kesilipdir.

XV asyrda Köneürgenjiň 60-70 kilometirlik demirgazyk-günbatar tarapynda ýerleşen Wezir şäheri (häzirki Döwkesengala harabalygy) ykdysady we medeni ösüşde öňe saýlanypdyr. Şol döwürde şäherde bişen kerpiçden hem daşdan 3 sany mawzoleý gurlupdyr. XIII-XIV asyrlaryň sepgidinde Günorta Türkmenistanyň territorioýasynda şäher görnüşli, uly bolmadyk ilatly punktlaryň birnäçesi bolupdyr. Şolaryň biri Merw oazisiniň demirgazyk günbatar çetinde, häzirki Gökgümmez harabalyklarynyň ýerleşen ýerinde döräpdir. Bu şäherde esasy şyhlar ýaşapdyr, şäher ilatynyň aglaba köpüsi küýzegärlik hem-de demir işläp bejerýän hünärment önümçiligi bilen meşgullanypdyr.

XV asyrda Günorta Türkmenistanyň ýerlerinde medeni taýdan ýokary göteriliş duýulypdyr. Ol gurluşyk işlerinde has-da aýdyň ýüze çykypdyr. Magtymguly etrabyndaky Mahtym we Öwezberdi şyh mawzoleýleri, Änewdäki Jemal ed-Din şyhyň mawzoleýi, Mänedäki Abu Seýidiň mawzoleýiniň öňündäki hanaka, Merwdäki ashaplaryň (Bureýda we Hekim) mawzoleýleri, Abdylla han galadaky metjit hem medrese, başga-da onlarça ymarat şol döwürde gurlan binalardyr. Sarahsdaky Abul Fazlyň, Mänedäki Abu Seýidiň mawzoleýlerinde rejeleýiş-dikeldiş işleri alynyp barylypdyr.

XV asyryň I ýarymynda Günorta Türkmenistanyň şäherlerinde mongollaryň döwri bilen deňeşdireniňde belli derejede ykdysady-durmuş kadalaşyp ösüpdir. Bu döwürde gadymy halkara söwda ýollary ýene-de janlanypdyr. Soltan galadan günorta tarapda täze Merwiň Abdyllahan galanyň düýbi tutulypdyr. Tutýan meýdany Soltangaladan has kiçi bolsa-da bina edilişinde Merkezi Aziýanyň şäher gurluşygynyň ýeten derejesi has ýokary ussatlyk bilen peýdalanylypdyr. Şäherde hökümdaryň köşgi, metjit, medrese hammamlar, kerwensaraýlar salnypdyr. Uly bazar meýdançasy bolupdyr. Abdyllahangala şäher abadançylygynyň elementleri (suw desgalary, howuz, ýagyş suwuny üçekden syrykdyrar ýaly dik ternawlar) bilen üjün edilipdir.

Il arasynda "Hajymelegiň tamdyry"ady bilen meşgul bolan Soltangala bilen Abdyllahanagalanyň aralygynda çig kerpiçden salynan buzhana ymaratlarynyň biziň günlerimize çenli saklanan galyndylarynyň ikisi hem XV asyrda gurlupdyr. Buzhanalar Merw hökümdarlarynyň hajatlary üçin peýdalanylypdyr.

Teýmirileriň agalygy döwründe Günorta Türkmenistanyň uly şäherleriniň käbirinde suw saklamak üçin niýetlenilen ýörite howdanlar (sardobalar) gurlupdyr. Şonuň ýaly howdanlar Merwde hem-de Änewde bolupdyr.

*Çeper senetçilik, zergärçilik*

XV asyrda Nusay, Durun, Merw, Abywerd, Sarahsa ýaly şäherlerde we olaryň töwereginde ýerleşýän obalarda keramiki önümleri ödürýän ussahanlaryň işi janlanyp başlanypdyr. Bu ýerlerde ýasalan küýze önümleri ussatlarça nagyşlanandygy, dürli görnüşliligi, dury syrça bezegi, hiliniuň juda ýokarylygy bilen tapawutlanypdyr.

Türkmenistanda çüýşe önümçiligi-de, haly dokamak işleri-de belli bir ösüşe eýe bolupdyr. Ussalar dürli reňkli aýnalardan ululy-kiçili gaplary, atyr müşk guýmak üçin niýetlenilen kiçijik çüýşeleri, monjuklary we başga-da birnäçe şuňa meňzeş zatlary öndüripdirler. Türkmen gelin-gyzlary nepis hem owadan halylary dokamagy dowam etdiripdirler. Olaryň dokan halylary eýýäm şol döwürde Günbatar ýurtlarda ýokary bahadan geçipdir.

Türkmenleriň zergärçilik sungaty-da täze däpler bilen baýlaşdyrylypdyr. Onuň esasy görnüşleriniň biri-de zergärçilikdir. Kümüş we altyn şaýlar öz inçeden nepis tehnikasy, ýokary çeperçilik hili bilen tapawuntlanypdyrlar. Türkmen zenanlaryň dakynýan ýüzük, gulakhalka çapraz-çaňňa, gulýaka, gupba, heýkeldir düwme ýaly köp

sanly şaýlary olara özboluşly görk beripdir. Öňden däp bolup gelşi ýaly, türkmen zenanlary dünýä belli halylary dokamagyny dowam etdiripdirler.

Türkmeniň halysynda onuň parlak geçmişi lowurdap durandyr. Haly hakykatdan hem türkmen halkynyň hiç wagt, hiç kimi ýeňdirmän, belent göterip gelen baýdagydyr.

*Ylym.*

XIII-XV asyrlarda Türkmenistanyň territoriýasynda gelip çykyşy boýunça türkmen ýa-da täleýi türkmen topragy bilen basgly bolan görnükli alymlardyr şahyrlaryň birnäçesi ýaşapdyr. Olar ajaýyp eserleri döredip, soňky nesillere miras galdyrypdyrlar. XIII asyryň ahyryndan başlap, arap diliniň durmuşdaky ähmiýetiniň pese düşmegi, megerem, Hulaguylar döwletinde pars diliniň täsiriniň güýçlenmegi bilen baglydyr. Aly şahyr, Muhammet Horezmi, Nusaýly alym Sadaddin Masut ibn Omar at-Taftazany (XIV asyr), türkmenler arsynda Pilmahmyt ady bilen meşhur bolan Mahmyt Pälwan (1247-1326), abywerdli Baba Söwdaýy, Möwlana Ruhy Ýazyry yslam teologiýasynyň görnükli wekilleriniň biri Wepaýy (XV asyr), Gündogaryň beýik akyldary Alyşer Nowaýy (1141-1501) we başgalar şol döwrüň şahyrdyr alymlaryndandyr.

Wepaýy ylym we edebiýat äleminde 1484-nji ýylda türkmen dilinde mesnewi formasynda çap edilen "Rownak ul-yslam" (Yslamyň şamçyragy) atly kitaby bilen meşhurdyr. Bu kitap 29 bölümden ybarat bolup, onda yslamyň düýp özeni bolan 5 parz (iman getirmek,bäş wagt namaz okamak,remezan aýynda bir aýlap agyz beklemek, baý bolsaň zekap bermek, gurbuň çatsa Mekge-Medinä zyýarat-haj etmek) dogrusynda birin-birin durlup geçilýär. Yslam dininiň kada-kanunlaryny çeperçilik serişdeleri arkaly ündeýän "Rownak ul-yslam" köne mekdeplerde okadylan ýörgünli kitaplaryň biri bolup, uzak wagtlap hyzmat edipdir.

Möwlana Ruhy Ýazary görnükli şahyr hem-de alym hökmünde özüni tanadypdyr. Alymdan tälim almak üçin Merwden, Sarahsdan, Abywertden, Eyranyň birnäçe şäherlerinden talyplar gelipdirler.

Bütin ömrini ýokary mekdepleriň talyplaryna bagyş eden Sadaddin Masut ibn Omar at-Taftazany dini sholastika degişli 9 sany uly göwrümli iş ýazypdyr. Olaryň birnäçesi öz döwründe dini mekdeplerde okuw gollanmasy bolup hyzmat edipdir. At-Taftazany Sarahs, Gürgenç, Samarkant ýaly şäherleriň ýokary dini mekdeplerinde işläpdir.

*Türkmen edebiýaty, halk döredijiligi.*

Myraly hem Soltansöýün hakynda rowaýatlary, dessanlary eşitmedik, “Nowaýy” heňini we şol heňde sanalyan aýdymlary diňlemedik türkmen az-azdyr. Türkmen halky ir döwürden bäri Nowaýa hut öz şahyry hökmünde garap gelipdir. Azady, Andalyp, Magtymguly, Gaýyby, Mollanepes ýaly türkmen klassyky edebiýatynyň meşhur wekilleri ony öz halypasy hasaplapdyrlar.

Türkmenleriň arasynda Nowaýynyň şeýle meşhurlygy onuň ömrüniň döredijiliginiň belli bir derejede türkmen halkyndan daş däldiginden habar berýär. Teýmiriler dinastiýasynyň soňky wekilleriniň biri bolan Husaýyn Baýkaranyň (1469-1506) baş weziri bolup işläp (1472-87), Horasanyň medeni taýdan gülläp ösmegi üçin birnäçe çäreleri durmuşa geçiripdir. Ol ýurduň uly şäherlerinde gözel ymaratlary okuw jaýlaryny kitaphanalary hammamlary gurdurypdyr. Wenger alymy A.Wamberi: “… Alyşir diňe bir Horasanda medrese, rabat (kerwensaraý), köpri metjit, keselhana, okalga ýaly gurluşyklardan 370 sany jaý salmagy buýruk beripdir.” diýip, öz işleriniň birinde ýazýar. XV asyryň ikinji ýarymynda Nowaýynyň emri bilen Abdyllahangalanyň içinde Husrawiýe atly medrese salynypdyr. Onda köp sanly talyp okapdyr. Talyplaryň pul bilen üpjünçiligine baş weziriň hut özi ýolbaşçylyk edipdir. Türkmen halkynyň ruhy medeniýetinde bagşylyk, sazandalyk sungaty, garry adamlaryň çagalara erteki-rowaýat aýdyp bermegi, milli oýunlar uly rol oýnapdyr.

Ýaş nesle bilim, sowat öwretmek metjitlerde medreselerde alnyp barylypdyr. Bu iş jemagatyň ýa-da şahsy sowgat sylagyň, hudaý ýoluna bagyşlanan serişdeleriň hasabyna ýola goýlupdyr.

Türkmen taryhynda öçmejek yz galdyran magaryfçylary hem bolupdyr. Şolaryň biri-de Ärsary baba bolupdyr.

Ärsary babanyň (XIII-XVI asyr) Şyh Şeref Hojanyň kitaby üçin 40 düýe nyýaz berendigi, il günüň sowatlylygy ugrunda irginsiz aladalanandygy barada rowaýatlar saklanyp galypdyr. XIII-XIV asyrlarda ýaşan bu taryhy şahsyýete Şyh Şeref Hoja dini ündewlere, nesihatlara degişli işleriň ençemesini arap dilinden türkmençä terjime etdirip, köpçülige ýaýradypdyr. Ol işler “Muin el -murid” (Müridler-şägirtler üçin gollanma)” ady bilen bellidir. Daşary ýurtlarda ýaşan hem döreden türkmen şahyrlarynyň ilkinjieriniň hem iň görnüklilerinden biri Jelaleddin Rumudyr. Jelaletdin Rumy sopuçylygyň iň uly pirleriniň biri, il arasynda Bahawetdin Balet ady

bilen tanalan Huseýin Hatyby ogly Balhynyň maşgalasynda 1207-nji ýylyň 30-njy sentýabrynda Owganystanyň Balh şäherinde dünýä inipdir. Bu maşgalanyň asly oguz seljuk kowymyndan örän önümli isäp, Rumynyň 2073 gazaly, ençeme kasydany (waspnama), 4000 setirden gowrak pelsepewi hem ririki rubagyny, jemi 44 müň setir şygyry öz içine alan "Diwany kebiri" sopuçylyk şygyrýetiniň täji hasameýilnamaylýar. Bu eser manyly setirleriň, harasatly hem batyrgaý pikirleriň ummasyz bir hazynasydyr.

Beýik ynsan, dana şahyr ylahy şygyryň ussady, halypalaryň halypasy, pirler piri möwlana Jelaletdin Rumy Konýa şäherinde aradan çykypdyr. Bu döwürde daşary ýurtlarda dowam eden türkmen edebiýatynyň görnükli wekilleriniň biri-de Ýunus Emredir. Ýunus Emräniň nirede dünýä inip, haýsy ýerde hem näwagt dünýäden ötendigi dogrusynda maglumatlar ýok diýen ýalydyr.

Daşary ýurtlarda dowam eden türkmen edebiýatynyň görnükli wekillerniň biri-de Garagoýunly türkmenlerinden bolan Muhammet Baýram han Baharlydyr (1505-10-1561). Baýram han Täjigistanyň Badahşan diýen ýerinde dünýä inipdir. Ol 16 ýaşynda Babyr şanyň ogly Humaýunyň ýigitleriniň arasynda gulluk edipdir.

Umuman, türkmenler asyrlarboýy diliniň, sazynyň hem döwre guramasynyň arassalygyny, özboluşlygyny saklamagy başarypdyr. Munuň aňyrsynda onuň milli buýsanjy, özüne göwni ýetmesi bardyr. Hut şonuň üçin hem, tas müň ýyl mundan ozal ýazylan eserleri-de arkaýyn okap oturmaly. Hoja Ahmet Ýasawynyň, Ýunus Emräniň, Nowaýynyň, Nesiminiň, Fizulynyň eserlerini ýa-da "Gorkut ata" eposyny okanyňda türkmen ruhunyň baýlygy has-da buýsandyrýar.

***Soraglar:***

1. X-XIII asyrlarda Türkmenistanda medeni ylym-bilim merkezleri.
2. Binagärçilik sungaty we onda musulman arhiteturasynyý beýany.
3. Edebiýat we sungat. Gazanylan üstünlikler, ylmy açyşlar we oýlap tapyşlar.
4. XIII-XVI asyrlarda Türkmenistanda medeniýetiň ösüşi.

## 10-njy tema

## XVII-XVIII ASYRLARDA TÜRKMENLERIŇ SYÝASY-TARYHY ÝERLEŞIŞI WE OLARYŇ DURMUŞ-YKDYSADY ÝAGDAÝY HEM-DE JEMGYÝETÇILIK DURMUŞY WE HOJALYGY

(2 sagat)

Umumy okuwyň meýilnamasy:

1. XVII-XVIII asyrlarda türkmenleriň syýasy-taryhy ýerleşişi we olaryň göçhä-göçlüginiň sebäpleri.
2. Türkmenleriň jemgyýetçilik durmuşy we hojalygy.

### 1. XVII-XVIII asyrlarda türkmenleriň syýasy-taryhy ýerleşişi we olaryň göçhä-göçlüginiň sebäpleri

Türkmenler XVII-XVIII asyryň ortalarynda dagynyk ýagdaýda giň territoriýada ýaşapdyrlar. Olaryň ýurdy gündogarda Amyderýanyň boýlaryndan günbatarda Kaspi deňzine çenli, demirgazykda Mangyşlakdyr Hywa etraplaryndan, günortada Türkmen-Horasan daglaryna çenli aralygy öz içine alypdyr. Elbetde bu uzak döwrüň içinde türkmen tireleriniň ýaşan ýerleri özlerine bagly bolmadyk sebäplere görä birnäçe gezek üýtgäpdir.

XVI-XVII asyrlarda türkmenler esasan Uly we Kiçi Balkan daglarynda, Maňgyşlakda, Kaspiniň kenar ýakalarynda, Uzboýda, Üstýurtda, Sarygamyşda, Ahalda, Merwde, Pendide, Horezmde, Lebap etraplarynda we Garagumda ýaşapdyrlar. XVII asyrdan başlap, ata-Watanymyzyň gadymy künjekleriniň biri bolan Amyderýanyň orta akymlarynda türkmenleriň sany ýene-de artyp başlaýar.

Bu ýerde mekan tutan tireleriň iň köp sanlysy ärsarylardyr. Olar bu töwereklere XVII asyrda göçüp gelipdirler. XVII-XVIII asyrlarda Amyderýanyň boýlarynda salyrlaryň we saryklaryň uly topary ýerleşýär. Soň olaryň bir bölegi ýerli tireler bilen garyşýarlar, beýleki bölekleri bolsa XVIII asyryň II ýarymynda Merw, Ýolöten, Sarahs etraplaryna geçýärler.

XVII-XVIII asyryň sepgidinde Sarygamyş-Uzboý ýerlerinden Demirgazyk Türkmenistanyň üsti bilen Lebap topragyna tekeleriň bir bölegi-de göçüp gelipdir. Olar XVIII asyryň ahyrlarynda Merwe göçüp, ol ýere Ahal tarapdan gelen tiredeşleri bilen birleşipdir.

XVIII-XIX asyrlarda Amyderýanyň orta akymlarynda baýatlar, alililer, çendirliler, hydyrililer, agarlylar, igdirler, çowdurlar,

saýatlylar, halaçlylar, garlyklar we beýlekiler ýaşapdyrlar. XVI-XVII asyryň göçhä-göçlügi döwri türkmenleriň tire düzüminde uly öwrülşikleriň bolan wagtydyr. Oňa öňki köp sanly, uly tireleriň ownamagy, täze uly tireleriň peýda bolmagy, öňki tire birleşmeleriniň ýerine täze birleşmeleriň döremegi häsiýetlidir. Takmynan, XVII asyryň ortalaryndan başlap, içki, daşky salyr birleşmeleri, Esen han, Söýün han ili, ýaka türkmenleri ýatlanmandyr. Onuň tersine, XVII asyrda täze güýçli teke-ýomut-saryk birleşmesi döreýär. Türkmenleriň durmuşyndaky tire birleşmeleriniň taryhynda teke-ýomut-saryk birleşmesi iň söňky uly tire birleşigidir. Bu birleşik, megerem, XVII asyryň ikinji ýarymyna-soňky çärýegine çenli dowam edipdir. Teke-ýomut-saryk birleşigi türkmen halkynyň taryhynda uly rol oýnapdyr. Ol esasanda, şol döwürde Orsýetiň raýatynda hasameýilnamaýan, gowy ýaraglanan galmyklaryň türkmen ýerlerine çozuşlarynyň öňüni almaklyga türkmen tireleriniň agzyny birikdirmeklige ýardam edipdir. Şeýle ýagdaýda tekeleriň, ýomutlaryň we saryklaryň töwereginde jebisleşýän ownuk türkmen tireleriniň sany barha artypdyr. Netijede, XVII asyrda öňki az sanly tekeler, ýomutlar, saryklar türkmenleriň iň uly tirelerine öwrülipdir.

XVII asyryň ortalaryndan başlap, türkmen tireleriniň Orsýetiň günorta ýerlerine geçmekleri-de başlanýar. Bu prosses ilki bilen Maňgyşlak türkmenleriniň üstüne galmyklaryň çozmagy bilen baglydyr. Russiýa ýerlerine ilki aralaşan türkmenler çowdurlardyr. Eger olaryň ilkinji topary Russiýa ýerlerine XVII asyryň ortalarynda aralaşan bolsalar, beýleki bir uly bölegi ol ýere soňrak-XVIII asyrda barýarlar. Russiýa ýerlerine çowdurlardan başga-da igdirler, abdallar, hojalar göçüpdir. Olar soň Demirgazyk Kawkazda mekan tutunypdyrlar. Şondan soňra-da Stawropol, Astrahan türkmenleri diýen düşünje döräpdir. Şolaryň nesilleri bolsa, täze Watanlarynda biziň günlerimize çenli-de ýaşap gelýärler.

Türkmenleriň uly tireleriniň biri bolan tekeleriň köp sanly bölegi XVII asyryň ahyrlarynda Günorta Türkmenistana süýşüp başlaýarlar. Galan kiçiräk bölegi bolsa, şol döwürde ilki Amyderýanyň aýak, soňra orta akymlaryna tarap süýşýärler. Tekeleriň bu topary XVIII asyrda Murgap oazisinde ýurt tutunýarlar.

XVII asyrytň ahyrlarynda XVIII asyryň başlarynda tekeleriň Günorta Türkmenistana gaýdan toparyna belli türkmen serkerdesi Keýmir kör ýolbaşçylyk edipdir. Tekeleriň täzeden Ahala gelmekleri we ekerançylyk zonalarynda ýerleşmekleri ol ýerleriň ilatynyň etniki

düzüminiň üýtgemegine getirýär. Ahalda öňden bäri ýaşap gelýän mehinlileriň, garadaşlylaryň, alilileriň, ýemrelileriň, gökleňleriň köpüsi Hywa ýa-da Etek oazislerine göçmäge mejbur bolýarlar Ýöne olaryň bir bölegi öňki ýurtlarynda galýarlar.

XVII asyrda Maňgyşlagyň kenar ýakalarynda türkmen tireleri ýaşamaklaryny dowam etdiripdirler. Olar esasan hojalar, şyhlar, çowdurlar, abdallar, ärsarylar we beýlekilerdir.

*Türkmenleriň göçhä-göçlükleriniň sebäpleri.*

XVIII asyryň bütin dowamy we XIX asyryň ortalary türkmen tireleriniň bir ýerden başga ýere köpçülikleýin göçmekleriniň soňky etaby boldy. Ýokarda belleýşimiz ýaly, XVIII asyryň 80-nji ýyllarynda tekeleriň Ahaldan gaýdýan uly topary 10 müň öýli hojalyk Mopak serdaryň ýolbaşçylygynda Tejende ýurt tutunýarlar. Ýöne XVIII asyryň ahyrlarynda-XIX asyryň başlarynda Mopak serdaryň ili Tejen-Merw-Tejen-Mäne-Çäçe-Sarahs-Tejen-Merw aralygynda telim gezek ýurtlaryny çalyşmaly bolýarlar. 1857-nji ýylda bolsa Gowşut hanyň ýolbaşçylygynda Merwe göçüp bardylar.

XVIII asyryň 80-nji ýyllaryndan bäri Merwde saryklar ýaşaýardy. Olar bu ýere iki ugurdan: Ahal we Lebap taraplaryndan göçüp gelipdirler. XVIII asyryň 20-nji ýyllarynda saryklar Durunyň we Mehiniň töwereklerinde ýaşapdyrlar. Olar soň kem-kemden Etege, Mäne-Çäçe ol ýerden hem, Murgabyň boýlaryna barypdyrlar.

Lebap ýerlerinden göçüp gaýdan salyrlar XVIII asyryň ikinji ýarymynda köne Sarahs galasynyň töwereginde ýerleşýärler. Emma Eýran şasy olara bu ýerde uzak ýaşamaga mümkinçilik bermeýär. Şol sebäpden salyrlar Ýolöten-Merw sebitlerine göçmäge mejbur bolýarlar. XIX asyryň 80-nji ýyllaryna çenli bolan döwürde salyrlaryň ýagdaýy ýeňil bolmaýar. Olar birnäçe gezek Merw-Sarahs aralygynda göçmeli bolýarlar.

XVIII asyryň başlaryna çenli uly tireleriň birine öwrülen ýomutlar esasan Astrabat, Etrek we Gürgen etraplarynda ornaşýarlar. Öňden bäri ol ýerlerde ýaşap gelýän söýünhan türkmenleri saýylýan salyrlar, eýmirler, oklular bolsa Günorta Türkmenistana süýşýärler. Ýöne, şol döwürde ýomutlaryň käbir toparlary Ahalda we Merwde ýaşapdyrlar. XVIII asyrda ýomutlar iki topara bölünýärler. Olaryň kenar ýakasyndaky topary täze tebigy şertlere çalt öwrenşip ol ýerde galýarlar. Olara Japarbaýlar we Atabaýlar tireleriniň wekilleri degişlidir.

Ýomutlaryň ikinji topary - Baýramşalylar XVIII asyryň başlarynda Hywa topragyna aralaşýarlar we ýurt tutunýarlar.

## 2.Türkmenleriň jemgyýetçilik durmuşy we hojalygy

Türkmenistany Russiýanyň basyp almazyndan öňki türkmençilik zamanynda syýasy ýagdaýlaryň çylşyrymly bolmagy zerarly, umumy taýpa maslahatlary ýygy-ýygydan geçirilipdir. Şonda ilatyň ähli agzalaryna degişli möhüm harby-hojalyk meseleleri, uruş yglan etmek, ylalaşyk gazanmak, şertnama baglaşmak, täze ýere-ýurda göçmek, suwaryş desgalaryny, ýaplary gazmak, arassalamak, bent gurmak we olara gözegçilik etmek, ilaty, ekinleri, mallary duşmandan goramak, gala salmak, ýeri-suwy tireler arasynda paýlamak ýaly meseleler ara alynyp maslahatlaşylypdyr hem-de belli karara gelinipdir.

XIX asyrda türkmen taýpalarynyň oturumly ýerleri belli bir derejede kadalaşýar. Özara önüşyksyzlyklar azalýar we merkezleşen döwlet döretmäge meýiller döräp başlaýar. Esasan hem Baharly, Bamy, Gökdepe, Sarahs etraplarynda teke türkmenleriniň agalygynyň we agzybirliginiň güýçlenip başlamagy goňşy döwletleriň patşalaryny ynjalykdan gaçyrýar.

XIX asyryň oratalarynda Eýran bilen Hywanyň arasynda türkmen topragy ugrundaky göreş has-da ýitileşýär.

1855-nji ýylda Sarahs söweşinde, 1857-58-nji ýyllarda bolup geçen Magtymguly (Garrygala) söweşinde, 1861-nji ýylda Mary söweşinde daşarky güýçleriň derbi-dagyn edilmegi türkmen tire-taýpalarynyň agzybirliginiň netijesidi. Bu söweşlered teke, ýomut, gökleň, salyr, ärsary we beýleki tireler birleşip, ýow gaýtardylar.

Söweşde serdara uly orun degişli bolupdyr. Çaknyşykda garşydaşyňdan rüstem gelmek, agyr goşuny söweşden kän bir ýitgisiz alyp çykmak serdaryň-goşunbaşynyň söweşjeň tilsimlerini kesgitläpdir.

Harby demokratiýanyň kada-kanunlaryna laýyklykda türkmenler han, goşunbaşy, serkerde saýlap-seçenlerinde nesilden-nesle geçirmek düzgünine eýermändirler.

Türkmenler öz serkerdelerini seçenlerinde, diňe şonuň ukybyna-gujuryna, aňyna-düşünjesine seredip, hemmataraplaýyn ölçerip-döküp, çynlakaý pikir alyşmak arkaly saýlapdyrlar. Diňe bir goşunbaşy, han, serkerde saýlanjak adamyň özüniň däl, hatda maşgalasynyň hem ähli ahlak sypatlaryny nazarda tutupdyrlar.

Serdar, serkerde, goşunbaşy harby tälime ussat bolanda, ol her hili ýagdaýlarda-da üstünlikli hereket etmäge ukyply bolýar.

Soňky sekiz asyryň dowamynda türkmen halkynyň özbaşdak döwleti bolmandygy üçin, onuň bitewi goşuny hem bolmandyr. Ýone, bu ýagdaý türkmenlerde serkerde ýigitleriniň bolmandygyny aňlatmaýar. Ilat ondan-oňa göçüp-gonup ýörse-de, olar öz mekanlaryny daşarky howupdan goramagy başarypdyrlar.

Eýsem, türkmen bäş müň ýyllyk taryhda ýetmişden gowrak döwleti nähili gurupdyr? Olary nähili saklapdyr? Sekiz asyrlyk döwletsizlik döwründe ýurduny nähili gorapdyr?

Elbetde, munuň aslynda türkmeniň gahrymançylykly ruhy-halkymyzyň edermenlik, mertlik ýaly ajaýyp gylyk-häsiýetleriniň jemi ýatandyr. Türkmenler özüniň söweşjeňlik sypatlarynyň aýdyň mysallary bilen taryha giren halk. Döwletiň wezipesini türkmençilik hem adat tutupdyr we halky agzybirlikde dolandyrypdyr.

*Türkmenleriň hojalygy.*

XVII-XIX asyryň birinji ýarymynda türkmen hojalygy köppudakly bolupdyr.

XVII ayrdan başlap türkmenler barada kitap ýazan awtorlaryň aglaba köpüsi türkmenler çarwa, göçme halk diýseler-de, beýleki birileri türkmenleriň maldarçylygy ekerançylyk bilen utgaşdyrýandyklaryny ýazypdyrlar. Ikinji pikir türkmenleriň hojalyk kärine berilen dogry häsiýetnamadyr. Biz oňa aşakda anyk maglumatlar esasynda göz ýetireris.

Emma bu babatda ýene-de bir zada üns bermek gerek. Olam XVII-XIX asyrlarda, XX asyryň başlarynda türkmenler hakynda kitap ýazan günbatar ýewropaly we orsyýetli awtorlaryň käbirleriniň türkmen hakykatyny ýoýýanlygydyr. Sebäbi şol adamlaryň pikiriçe, geçmişde, has takygy türkmen ülkesini patyşa Russiýasy basyp almazyndan öň türkmenleriň esasy käri çarwaçylygam, ekerançylygam, hünärmentçiligem däl-de alamançylyk bolupdyr. Eger olaryň sözlerine ynansaň, ata-babalarymyz il çaspyp, galtamançylyk edip eklenipdirler. Ekin ekmekligi ýa-da mal bakmaklygy, hamala diýersiň özlerine mynasyp däl kär hasaplapdyrlar we olardan baş çykarmandyrlar. Elbetde, bular hakykatdan örän daş pikirdir. Sebäbi ata-babalarymyz ekin ekmänem, mal bakmanam, hünärmentçilik bilen meşgullanmanam başarypdyrlar. Olar köp pudakly hojalyk alyp barypdyrlar.

Olar sähel mümkin bolan halatlarynda ekerançylygy, hünärmentçiligi, söwdany we hojalygyň beýleki pudaklaryny çarwaçylyk bilen utgaşdyrypdyrlar. Bu ýagdaý olaryň sosial-ykdysady, medeni ösüşine şol sanda hojalyk işlerine-de güýçli täsir edipdir.

XVII asyryň ortalarynda Hywa hany we taryhçysy Abulgazynyň maglumatlaryna görä, XVI-XVII asrlarda tekeleriň, ýomutlaryň, saryklaryň, gökleňleriň, arabaçylaryň hasan ili türkmenleriniň hojalygynda maldarçylyk esasypudak bolupdyr. Üç ili adyny alan adakly-hyzyrlylarda, alililerde we düýeçilerde bolsa ekerançylyk ösüpdir.

Alymlaryň çaklamalaryna görä, XVI-XVII asyryň ortalarynda Sarygamyşda, Uzboýuň ugrunda ýaşaýan türkmenler 50 müň ga çemesi ýere ekin ekipdirler. Bu bolsa şol döwürde sarygamyşly we uzboýly türkmenleriň maldar-ekerançy bolandyklaryna güwä geçýär. XVII asyryň ortalarynda Sarygamyşa Amyderýanyň suwunyň gelmeginiň kesilmegi ol ýerde ýaşaýan ilatyň başga ýerlere geçmekligine getirýär we hojalyk käriniň üýtgemegine täsir edýär.

Ata-babalarymyz oturymly ýagdaýa esasan XVIII asyrda geçipdirler. Şol döwürde türkmenleriň uly tireleriniň aglaba köpüsi Kaspiniň gündogar kenarlaryndan Hywa hanlygynyň ýerlerine, Köpetdagyň eteklerine göçüpdirler. Günorta we günorta-gündogar Türkmenistanda tekeler, salyrlar, saryklar, beýleki az sanly tireleriň köpüsi ýurt tutunypdyrlar. XIX asyryň ortalarynda olaryň hojalygynda ekerançylyk esasy pudaga öwrülipdir.

Ilatyň belli bir bölegi çarwaçylyk bilen-de meşgullanypdyr. Günorta Türkmenistanda çarwa toparlar gum eteklerinde, Merkezi Garagumda, Tejen-Murgap derýalarynyň aşak akymlarynda ýaşapdyrlar.

*Ýere-suwa we öri meýdanlaryna eýeçiligiň görnüşleri.*

XVIII-XIX asyrlaryň sepgidinde Demirgazyk Türkmenistanda ýaşaýan türkmenlerem, esasan oturymly durmuşa geçipdirler. Olar Hywa hanlaryndan atlyk düzgüni boýunça ýer-suw alýardylar. Ýone Demirgazyk Türkmenistandaky türkmenleriň gum eteklerinde, Garagumda maldarçylyk bilen meşgullanýan toparlary-da bardy.

Türkmen çarwalary öz nobatynda ussat ekerançy bolupdyrlar. Ekerançylykda ak ekinler (bugdaý, arpa, jöwen dary, künji), bakja ekinleri (gawun, garpyz, kädi), belli derejede pagta we s.m. ekipdirler. Geçen asyrlarda diňe Günorta Türkmenistanyň ýerlerinde ýabany

ösýän bugdaýyň 40-dan gowrak görnüşleri bolupdyr. Umuman alanyňda bolsa, XIX asyryň ortalarynda Türkmenistanda bugdaýyň ýabany we eldekileşdirilen 150-160 çemesi görnüşi bolupdyr. Ata-babalarymyz gawun-garpyzyň hem ýüzlerçe sortuny ösdürip ýetişdiripdirler. Köpetdagyň eteklerinde, Murgapdyr Lebap etraplarynda belli bir derejede bagçylyk hem ösüpdir.

Tut agajynyň köpçülikleýin ekilmegi ýurdumyzda ýüpekçiligiň ösmekligine we onuň hojalygyň bir pudagyna öwrülmekligine şert döredipdir. Ekerançylyk iki usulda, has takygy düme we suwarymly alnyp barylypdyr. Düme ekerançylygy esasan dag eteklerinde giňden ýaýrandyr.

Ata-babalarymyzyň köppudakly hojalygynda hünärmentçilik, söwda, awçylyk ýaly ugurlary-da uly ähmiýete eýe bolupdyr. Türkmen hünärmentçiliginde, senetçiliginde haly, dürli matalar, dolak, saçak dokamak, keçe etmeklik, jorap örmek, kümüş şaý-seplerini, demir, küýzegärçilik önümlerini öndürmek, telpek we aýakgap tikmek ýaly onlarça işler uly orun tutupdyr.

Bu döwärde türkmen hojalygynda mal eýeleri täjirlere, syýahatçylara oduna gidýän ýer işläp bejerýän adamlara iş mallaryny kireýine beripdirler. Hojalygyň bu ugry mal eýelerine köp peýda getirpdir.

XVI asyrdan XIX asyryň ortalaryna çenli bolan döwürdäki çylşyrymly syýasy ýagdaý argyşa gidýan, söwda edýän adamlara kerwenlerini daşky güýçlerden, talaňçylardan gorar ýaly ýörite garawul tutmaga mejbur edipdir.

***Soraglar:***

1. XVII-XVIII asyrlarda türkmenleriň syýasy-taryhy ýerleşişi we olaryň aýratynlyklary.
2. Türkmenleriň göçhä-göçlüginiň sebäpleri we netijeleri.
3. XVII-XVIII asyrlarda türkmenleriň jemgyýetçilik durmuşy we hojalygy.

## 11-nji tema

## XVII-XIX ASYRYŇ ORTALARYNDA TÜRKMENLERIŇ GOŇŞY DÖWLETLER BILEN GATNAŞYGY

(2 sagat)

Umumy okuwyň meýilnamasy:

1. Türkmen-Eýran gatnaşyklary.
2. Türkmen-Buhara gatnaşyklary.
3. Türkmen-Hywa gatnaşyklary.
4. Türkmen-Rus gatnaşyklary.

### 1.Türkmen-Eýran gatnaşyklary

Türkmen halkynyň uzak we şöhratly taryhynda XVIII asyryň aýratyn orny bardyr, çünki bu döwür syýasy wakalardan doludyr. XVIII asyr biziň ata-babalarymyzyň halkyň özbaşdaklygy ugrunda gaýduwsyz göreş alyp baran zamanasydyr. XVIII asyryň 20-nji ýyllarynda Eýrandaky gyzylbaşlaryň (sefewileriň) dinastiýsy öz möwritini geçirip dargap başlaýar, ýurda baş-başdaklyk, bulam-bujarlyk aralaşýar. Bu pursatdan peýdalanyp, Horasanda Nedirguly hanyň mertebesi kem-kemden artyp başlaýar. Ýeri gelende aýtsak, Nedir 1688-nji ýylda Etekde, häzirki Kaka etrabynyň günortasyndaky Kelat diýen galanyň golaýynda dogulýar. Özüniň ýaşlyk ýyllaryny töweregine atly nökerini ýygnap, çapawulçylyk edipdir, soňabaka Abywerdiň häkiminiň hyzmatynda duran, Etekde, Ahalda, Marydam ýaşaýan türkmenleriň garşysyna göreş alyp barypdyr. Ol ilki başda Etekdäki Abywerd, Bowgaja, Garahan, Gozgan gala, Niki gala, Zagçent gala, Deregez töwereklerinde ýaşaýan, soňabaka Nusaý, Hurmant, Durun etraplarynda oturýan türkmenlere garşy harby hereketler alyp barýar. 1724-nji ýylda Nedir Horasanyň demirgazyk tarapyna özi häkimlik we serkerdelik edip başlaýar. 1726-njy ýylda bolsa ol gyzylbaşlaryň iň soňky patyşlaryndan Tahmasp II-niň gullugyna girýär. Maşadyň häkimi Mälik Mahmydy öldürýär we bütin Horasany öz eline alyp, Nedirguly adyny Tahmaspguly ady bilen çaşyrýar. Şol ýylam öz inisi Ybarýym hany Mary türkmenlerine temmei bermek üçin iberýär. Soltanbendiň ýanynda bolan söweşde türkmenler ýeňilýär, bent ýykylýar, Bozaryk, Apbasabat diýen ýerlerde ýesir düşen gajarlary alyp Maşada gaýdýar.

1729-30-njy ýyllarda Nedir Eýranyň gündogar böleginden owganlary, günbataryndan hem osmanly türkleri kowup çykarýar.

Şeýlelikde, Ol Eýranyň syýasy bitewiligini gazanan, “ýurduň azat ediji” adam hökmünde onuň şöhraty artýar, mertebesi arşa çykýar. 1731-nji ýylda şa Tahmasp ölýär, onun deregine entek juda ýaş şazada Apbas III-ni tagta çykaryp, Nedir onuň adyndan ýurdy edara edýär. Emma 3-4 ýyldan olam ölýär. Indi Nediriň öňünde şa tagtyny eýelemek üçin hiç hili päsgelçilik ýokdy, hemme şazadalar gyrlyp gutarypdy. 1736-njy ýylyň Nowruz baýramyna gabatlap, Nedir şa saýlamak maksady bilen Mugan sähralygynda Ählihalk gurultaýyny çagyrýar. Gurultaýa gatnaşan 20 müň wekiliň, nökerler bilen bilelikde 100 müň adamyň “haýyşy” boýunça Nedir şa tagtyny eýelemäge razylyk berýär. Saýlawdan soň Nedir öz ýaranlaryna sahylyk bilen zerli serpaý we ýesir düşen ýaş gyzlardan gyrnak paýlaýar.

Şalyk tagtyny eýelän wagtyndan başlap Nedir Eýranyň öňki serhetlerini dikeltmek üçin çäklenmejekdigini aýan etdi we basybaljylykly uruşlara taýýarlanyp başldy. Ol Maryny, Soltanbendi dikeldip, harby taýýarlyklaryň daýanç bazasyna öwürýär. 1737-38-nji ýyllarda Owgan taýpalaryna boýun egdirdi, Hyrady, Käbili, Gandahary aldy, ”Beýik mongollaryň” döwletine garşy uruş yglan etdi we 1739-njy ýylyň martynda Delini basyp aldy. Şondan soňra Buhara bilen Hywany basyp almaklyga girişdi. Ol Amyderýa boýunda 1100 sany gaýyk ýasamagy buýrup, olaryň üstüne galla azyk, top-ýarag, ok-däri ýükläp, derýa boýunça Türkmenabada (Çärjewe) tarap ugradýar, özi bolsa 1740-njy ýylyň 20-nji awgustynda Kerkä gelip, agyr leşgerini üçe bölüp derýanyň çep-sag kenary bilen aşaklygyna süýşüp ugraýar. Derýanyň çep kenarynda oturýan Lebaply ärsarylar Nedire boýun synmajak bolup, hemmesi derýa boýy bilen Horezme, Üstýurda, Maňgyşlaga tarap çekilipdirler. Nediriň köşk taryhçysy Mehtihan Astrabat türkmenleriniň şa goşunlarynyň duzagyna düşmändigini belleýär.

Nedir şa Buhara ýöriş etmek maksady bilen Çärjew galasynyň düýbünde düşläp, agyr leşgeri derýanyň sag kenaryna geçirmek üçin gaýyklardan ýüzmek köpri gurdurýar. Goşunlary derýadan geçiren güni Nediriň huzuryna Buharadan Hekim beg Atalyk ýörite wekiller we gymmat baha sowgatlar bilen gelip üç günläp myhmançylykda bolýar. Nedir şa onuň eline perman ýazyp berýär we öz adyndan Buharada hereket etmegi üçin artykmaç hukuklar beripdir. Şundan soň Atalyk Buhara Abylfeýz hanyň ilçisi hökmünde däl-de, Nedir şanyň ygtyýarly wekili hökmünde gaýdyp gelýär we hanyň köşgüne barman, Mirarap medresesinde düşleýär. Ol şähere jar çekdirip, Nedir şanyň

gelýändigini kimiň şu mesele bilen bagly işi çyksa, özüne ýüz tutmalydygyny habar berýär. Hekim beg Atalygyň özüni beýle tekepbirlik bilen alyp barmagy Abylfeýz hany ynjalykdan gaçyrýar we ony hile, soň bolsa güýç bilen gola saljak bolýar. Emma başarmaýar we özüniň çykgynsyz ýagdaýa düşendigine göz ýetirip, köşk hyzmatkärleri bilen Nedir şanyň öňünde dyza çökmek üçin ýola düşýär. Atalyk we başga derwezeden çykyp, Abylfeýziň yzyndan ýetýär we ikisi bile Nediriň huzuryna gelýär. Bu duşuşyk Zerewşan derýasynyň boýundaky Çarbakyr diýen ýerde bolup geçýär.

Boýun synyp gelen Abylfeýzi Nedirşa hoşniýetlilik bilen kabul edýär. Onuň bilen garyndaşlyk açyp gyzyna öýlenýär, başga bir gyzynam öz inisi Alyguly hana alyp berýär. Emma Nedir Buharany Hekim beg Atalygyň üsti bilen edara edipdir, salgyt ýygnapdyr, özbeklerden we türkmenlerden goşunynyň üstini ýetiripdir, bu 10 müňlük otrýada serkerde edip, Atalygyň ogly Muhammetrahymy bellädir. Şeýlelikde, Buharany basyp almak üçin goşun çekip gelen Nedir şanyň bu meselesi ap-aňsat çözülipdir. Ol Buharadan gaýtmanka Abylfeýz hana Hywa hany Ilbarsyň adyna hat ýazyp, oňa-da öz göreldesine eýerip, Nedir şanyň öňünde boýun synmagy maslahat bermegi tabşyrypdyr. Hywa hany Abylfeýziň maslahatyny almandyr, haty getiren wekillerinide öldüripdir we aç-açan boýnyýogunlyk edipdir.

Buhara hanlygyny eýelemek Nedir şa üçin harby gezelenç ýaly bolan bolsa, Hywa hanlygynda ol örän güýçli garşylyga duçar bolupdyr. Ilbars han asly gazaklardan bolup, özüni Çingiz hanyň neslinden hasaplapdyr. Nedir şa Hindistandaka Horasana çozuş edipdir. Şonuň üçin hem Nedir şa Ilbars hana owaldan dişini çarhlap ýören eken.

1740-nji ýylyň oktýabr aýynyň 7-sinde Nedir şanyň goşunlary Buharadan çykyp, Horezme tarap ugraýar. Ilkinji söweş Çärjew-Dänew etraplarynda Horezm türkmenleriniň atly goşunlary bilen bolýar. Goşunlar ýene-de ýüzüp, köpriden geçip, topy-tophanalary, ýarag-esbaplary, azyk-harytlary, gaýyklara ýüklüp, derýa bilen goşun hem çep kenar boýunça oktýabr aýynyň 19-ynda Horezme ugraýarlar. Noýabr aýynyň 3-inde agyr leşger Düýeboýun obasynda düşläpdir. Ilbars han nökerlerini Hazarasp galasynda jemleýärdi. Emma ol açyk söweşe girmäge gorkýardy we galanyň içinden çykman gizlenýärdi. Pitnegiň eteginde bolan söweş hereketlerine ýene-de, esasan, türkmen atly goşuunlary gatnaşýar. Bulara ýomut serkerdesi Muhammedaly

Uşak baştutanlyk edýärdi. Söweş adatdan daşary çekeleşikli we gan döküşikli häsiýetde geçýär. Nedir şanyň hut özi Eýranyň şol, sanda türkmenler bilen köneden hasaply horasanlylaryň saýlama goşunlaryna baştutanlyk edip söweşe girýär. Eýran goşunlarynyň agdyklyk edýändigine göz ýetiren türkmenler yza çekilmäge mejbur bolýar. Şeýlelikde Horezmiň territoriýasyna entek girmänkä-de, giren badyna-da, Nedir şa ilki bilen türkmenleriň gazaply garşylygyna duçar bolýar.

Pitnegiň ýanyndaky söweşden soň Nedir şa Hazaraspda gizlenip ýatan Ilbarsyň üstüne ugraýar. Ilbars han galadan gaçyp, derýa boýy bilen Hanka galasyna gaçýar. Hazaraspyň ýanynda türkmenler Nedir şanyň goşunlary bilen ýene-de söweşe girýär. Emma bu söweş hem olar üçin şowsuz gurtarýar, köpüsi ýesir düşýär. Ýesirleri şanyň huzuryna alyp gelenlerinde Nedir şa jomartlyk edip, olara mähribanlyk bildirýär, sylag hormat bilen ýesirlikden boşadyp her haýsynyň öz iline, dogduk obasyna baryp, ýomutlary we beýleki türkmenleri köşeşdirmegi we şa tarapyndan olara merhemet ediljekdigie habar bermegi aýdýar. Ýomut serkerdelerini bolsa Nedir şa öz köşgünde hyzmat etmäge çagyrypdyr we Eýranyň-Turanyň haýsy ýerinde ýurt tutmak isleseler, olara iň gowy ýerleri bölüp berjekdigini aýdypdyr. Nedir şanyň ýekeje haýyşy bardy, bu-da türkmenleriň özüne tabyn bolmagyny we nöker gullugyny berjaý etmegini sorapdyr. Emma türkmenler Nedir şa hyzmat etmekden boýun gaçyrypdyrlar we Köneürgenje tarap çekilipdirler.

Nedir şa Ilbars hany yzarlap, Hanka galasyny gabapdyr we ony zabt edip almak üçin dört tarapdan pyýada goşunlary sürüpdir. Üç günläp galany top-okuna tutupdyr. Gabawa düşen özbek serkerdeleri noýabr aýynyň 14-inde galadan çykyp, Nedir şanyn aýagyna ýykylypdyrlar. Ilbars hany we onuň ýakynlaryny-da galadan süýräp çykaryp, Nedir şanyň gaşyna getiripdirler. Ol ýeňlen duşmanyň günäsini geçmek barada gadymdan gelýän dessury bozup, Ilbars hany we onuň 20 sany wezir-wekillerini eden-etmişleri üçin ölüme buýrupdyr. Hywa hanlygyny gutarnykly eýeländen soň, Nedir şa onuň adminstartiw işlerini düzgünleşdirýär. Hywadaky 12 müň guly azat edip, olary Horasan ugradýar we Abywerdiň günortasynda ýörite Hywaabat galasyny gurduryp, şoňa göçürip getirýär. Olary azyk, mal bilen üpjün edýär.

Nedir şa Hywadaky işlerini tamamlap, Türkmenabada, Marynyň üsti bilen Horasana gaýdýar, öz dogduk mekany Kelatda uly toý

berýär we Kawkaza, Dagystana, Rumystana harby ýörişlere gidýär. Emma Horezmde Nediriň goýup giden dikmelerine garşy halk herekeri köşeşmeýärdi. Ilbars hanyň ogly Abylgazy bilen Nediriň dikmesi Artyk ynagyň arasynda gizlin göreş dowam edýär. Bu göreşe salyrlar bilen ýomutlar hem işjeň gatnaşýardy we ahyrky netijede Artyk ynak öldürilýär. Türkmenler gozgalaň edip, ikä bölünýärler, salyrlar bilen ýomutlar bäsleşip, Horezmde öz harby agalygyny gazanmak ugrunda göreşýärler. 1744-45-nji ýyllarda ýomutlar Horezmde Pitne turzup, Nedir şanyň inisi Alyguly hanyň jeza beriji goşunlary bilen aldym-berdimli uly söweşler alyp barýarlar. Bulara Etrek-Gürgen ýomutlary-da kömege gelýär. Bu gozgalaňa igdir, çowdur, arabaçy, pelleçi, tekeleriň bir bölegi gatnaşypdyr. Diňe salyrlar Abylgazy han bilen gatnaşyk edýärdiler. Horezmli türkmenler aýratyn-da ýomutlar, Nedir şa ölýänçä öz pitneçiligini dowam edipdirler. Şeýle gozgalaňlar Astrabatda, Mazendaranda, umuman Nedir şanyň imperiýasynyň hemme künjeklerinde-de dowam edýärdi we olardan rehimsizlik bilen öç alynýardy. 1747-nji ýyl Nediriň şalyk eden iň soňky ýyly bolýar. Imperiýanyň dürli ýerlerinde gozgalaňlar, pitneler zalymlyk bilen ýatyrylýardy, günäli-günäsiz adamlar müňläp gyrylýardy. Nedir özüniň iň ýakyn adamlaryndan ýowuzlyk bilen öç alýardy, hat-da öz oglunyň hem gözüni oýdurypdyr. Ol hemme kişä müňkür bolup, melanholiýa keseline duçar bolýar, onuň üçin köşk dowzaha dönýär. Çünki ol ýekedi, gijelerine ýatman, ýalňyz galan iň bagtsyz adamdy. Onda-munda Nedir ölüpdir diýen her-hili myş-myşlar ýaýraýar. Nedir şa köşk adamlaryndan goşunbaşylardan aýratynda öz ildeşleri bolan awşarlardan öler ýaly gorkýardy. Ol hatda gaçmak hyýalyna-da münüp, ýanynda hemişe eýerli atlary saklapdyr. 1747-nji ýylyň iýun aýynyň 19-ynda Goçandyň golaýynda Muhammetguly hanyň baş tutanlygynda awşar begleri gije Nediriň serperde çadyryna kürsäp girýärler we uzak garşylyk görkezenden soň ony öldürýärler.

Nedir şa ölenden soň onuň imperiýasy pagyş-para bolup dargaýar. Hindistan, Owganystan, Hywa, Buhara, Kawkaz we beýlekiler bölünip aýrylyýar. Horasanda adyl şa ady bilen Alyguly han hökümdar bolýar. Emma ony bir ýyl geçmänkä, Nediriň dogany Ybraýym tagtdan agdaryp gözüni oýduryar. Ybraýymy hem öz nobatynda Nediriň agtygy Şahruh öldürip, tagta çykaryar. Şaýy ruhanalary Şahruhyň garşysyna gozgalaň edip, ony-da tagtdan düşürip gözüni oýduryarlar. Şeýle wakalar biri-birine sepleşip dowam edip

duryar. Günorta Eýranda bolsa Zentleriň dinastiýasy häkimýeti eýeleýär. Şeýlelik bilen, Nedir şanyň zamanasy bolan XVIII asyryň birinji ýarymy tamam bolýar.

1753-55-nji ýyllarda Ahmet şa Dürrany Maşada, Nişapura ýöriş edende Etrek-Gürgen türkmenlerine ýüzlenip, bile hereket etmäge çagyrýar. Türkmen kethudalarynyň 28 sanysy Ahmet şanyň Gandahardaky kabulhanasyna barypdyr. Etrek-Gürgen türkmenleri Gajarlar bilen zentleriň arasyndaky häkimýet dawasyna-da işjeň gatnaşypdyr, ahyrda Eýranda gajarlar dinastiýanyň berkarar bolmagyna uly ýardam edipdir. 1797-nji ýylda gajar Agamuhammet han (Agta han) şalyk dinastiýasynyň düýbüni tutýar.

XIX asyrda türkmen halkynyň örän baý syýasay taryhy bardyr. Ol bütin asyryň dowamynda goňşy despotik döwletleriň sütemine, harby ekspansiýasyna garşy göreş alyp bardy. 1813-nji ýylda Etrek-Gürgen türkmenleri Fataly şanyň Astrabatdaky dikmeleriniň zulumyna garşy gozgalaň etdiler. Gökleňler bilen ýomutlar bile hereket edip, gajar häkimleriniň jeza beriji otrýadlary bilen söweşipdirler.

1858-nji ýylda Japargulynyň goşunlary Magtymguly (Garrygala) etrabyna gelýärler. Gökleňler abanyp gelýän howpuň öňünde birleşen güýç bilen durmak üçin tekelere we ýomutlara çapar gönderipdir. Ahaldan Nurberdi han, Etrekden Mahmyt işan goşun toplap, Magtymguly (Garrygala) etrabyna gelip ýetişipdirler. Gökleňler bulary güler ýüz bilen garşylap, olar bilen bilelikde Japarguly hana garşy birnäçe söweşler edýärler. Japarguly han Magtymguly (Garrygala) etrabyny top okuna tutýar, gökleňler çep, ýomutlar sag ganatdan, tekeler hem ortadan Eýran goşunlarynyň üstüne çozuş edip, baş söweşde üstün çykypdyrlar. Şeýleleikde, Garrygala söweşinde Nurberdi han bilen bir hatarda Ýagşy Mergen, Durdy batyr, Öwezli tentek, Mahmyt işan, Pena serdar dagy şahsy gahrymançylyk görkezipdir. Bu söweş üç sany iň uly hem-de kuwwatly türkmen taýpalarynyň birleşen tagallasy netijesinde ýeňiş bilen tamamlanýar. Bu bolsa türkmenleriň ömür boýy arzuw eden jebisleşme prosesiniň ajaýyp mysaly bolýar. Bu wakalar Abdysetdar Kazynyň "Jeňnamasynda" öz beýanyny tapypdyr.

1860-njy ýylda Horasanyň häkimi Hemze mürzäniň we serkerde Mürze Mämediň (Gara sertibiň) baştutanlygynda gajar goşunlary Mara ýöriş edýär. Bular 30 müňlük, 33 toply agyr goşun bilen iýul aýynda Gowşutbendiň ýanyndaky galany eýeläpdir. Emma Gowşut

hanyň baştutanlygynda Mary tekeleri bulary galadan çykarmandyr, oduna-suwa çykanyny ýesir tutup, Murgabyň sag kenaryndaky Goşaseňňir gala iberýärdiler. Nasretdin şanyň goşunlary aýgytly hereket edip bilmän, telim aýlap galadan çykyp bilmändir. Ahyry derýa boýy bilen Goşaseňňire tarap ugramakçy bolanlarynda, türkmenler bularyň geçjek ýollaryny suwa basyryp, özleri belet ýollary bilen çozuş edipdir, bukuda ýatyp, güpbasdy oýnuny gurupdyr. Gajar goşunlary köp ýitgi çekip, Goşaseňňir galasynyň gabadynda derýanyň bäri ýüzünde düşleýär. Birnäçe günläp gala top okuna tutulýar, emma snarýadlar gala ýetmän ýarylýardy, tekeler derýadan geçip, ençeme gün aldym-berdimli söweşleri alyp barýarlar. Gowşut hanyň ýaraşyk baglaşmak üçin eden synanyşyklary netije bermeýär. Şundan soň aýgytly söweş bolýar. Eýran goşunlary howsala düşüp, oktýabryň üçüne geçilen gije assyrynlyk bilen yza çekilmekçi bolýar. Emma tekeleriň bu zatlardan habary bardy, gajar goşunlarynyň geçjek ýerlerinde bukuda ýatyp, ýollary ýene-de suwa basdyrypdyrlar. Iki kolonna bolup ýola düşen gajar goşunlary batyp-çümüp, haýal hereket edýärdi we daň atan badyna tekeleriň güýçli zarbasyna duçar bolýarlar. Derbi-dagyn edilýär, ähli emlägi, toplary olja alynýar, serbazlar süri-süri edip ýesir alynýar. Diňe serkerdeler gaçyp gutulýar. Bu söweşlerde Gowşut hanyň egindeşleri Amansähet serdar, Berdinyýaz serdar, Täç Gök serdar, Rahmanguly han, Abdylla şyh, Artyk ärsary, Hally batyr ýaly onlarça gerçekleriň atlaryny Abdysetdar Kazy, Dowan şahyr, G.Blokwil dagy ýatlap geçýärler.

### 2.Türkmen-Buhara gatnaşyklary

XVIII asyryň ortasynda Buharada aştarhanlylaryň dinastiýasy synyp, Muhammet Rahym han maňgytlar dinastiýsyny esaslandyrýar. Soňra Danial begiň (1758-85) we Şamyrat Welnamynyň (1785 -1800) zamanynda Buhara emirligi belli bir derejede kuwwatlanýar. Şamyrat Welnamy uly ýygyna baş bolup, Maryny basyp alýar, Baýramaly hany öldürýär, gajarlary Buhara, Samarkanda göçürýär, Soltanbendi ýumurýar. Şondan soň Mary oazisi tutuşlygyna türkmenleriň, (saryk, salyr, teke) eline geçýär. Soltanbendiň ýykylmagy, Murgap oazisinde ekerançylygyň ösmegini bökdeýärdi, bendi dikeltmek üçin edilen synanyşyklar hem netije bermändir.

1821-1823-nji ýyllarda türkmenleri Buhara emiri Mirhaýdaryň garşysyna gozgalaň edipdir. Bu gozgalaňa Soltannyýaz beg baştutanlyk edýär, Seýitnazar Seýdi-de onuň mürzesi bolupdyr.

Buhara emirleri, Hywa hanlary Lebabyň üstüne dökülip, ýerli ilaty heläk edýärlet. Gozgalaň basylyp ýatyralandan soň, ilatyň bir bölegi Mara göçmäge mejbur bolýar. Soltannyýaz begden başga-da ärsarylaryň gozgalaňyna Gurban beg, Sapa beg, Halyl batyr, Nepes aksakal, Begnazar, Mollanyýaz weli dagy baştutanlyk edipdir. Bu gozgalaň barada Seýdiniň şygyrlarynda maglumatlar berilýär.

### 3.Türkmen-Hywa gatnaşyklary

XVIII asyryň II ýarymynda Merkezi Aziýada, Eýranda, Owganystanda uruşlar köşeşýärdi, dawalar, häkimiýet ugrundaky göreş, dagynyklyk möwç alyp, hemme ýerde hemmeler biri-biri bilen uruşýardy. Hywa hanlygynda häkimiýet ugrundaky göreş 20-30 ýyllap dowan edýär. Muňa özbekler, türkmenler, gazaklar käwagt bolsa Buhara hanlary işjeň gatnaşypdyr. Hywa hanlary her ýylda 1767-70-nji ýyllarda bolsa her aýda diýen çalşyp durýardy. Kimiň-kim bilen näme üçin uruşýandygyna düşer ýaly däldi. Hywa taryhçylary bolsa özbeklerden bolan hanlaryň, atalyk ynak, guşbegi, perwanaçy, mehter, arbap, daruga, öýdeçi ýaly wezipelei adamlaryň hemmesi serhetlerini magtap ýazýarlar, arşa çykaýarlar, türkmenleri bolsa başdan-aýaga “döwletiň duşmany” diýip, diňe ýamanlap, ýerden alyp-ýere sokýardylar. Bu darkaşa aýratyn hem ýomutlar bilen salyrlar işjeň gatnaşýardy. Ýomutlara Meňligeldi sakaw, Dönmez serdar, Kahyrguly serdar, Nyýazgylyç beg dagy, salyrlara-da Myrat guş beginiň ogly Annaberdi beg, Nazar atalyk, Awdyjepbar beg, Atgyran beg, tekeleriň bir bölegine Myrat Zaman beg dagy baş tutanlyk edýärdi. Ýomutlar bilen çowdurlar Hywada häkimligi öz eline aljak bolup, özbek serkerdesi Muhammedemin ynagyň garşysyna göreşse, salyrlar bilen tekeler ony goldap, ýomutlaryň garşsyna hereket edýärdiler. Asly türkmen bolup bir-birlerine garşy göreş alyp barmagy tire-taýpa dagynyklygyň özara içki uruşlaryň tipiki mysalydyr. Beýle ýagdaýda etniki birlik, milli aň-düşünje, watan hakdaky mukkades zatlar ikinji derejä geçýär.

Horezmli ýomutlar çowdurlaryň arka durmagy bilen iki gezek Hywa hanlygynyň häkimýetini öz eline alyp, 1764-65-nji we 1770-nji ýyllarda agalyk sürüpdir. Bular Hywany ikinji gezek eýelände salyr serkerdelerini öldürip, salyrlary Horezmden çykyp gitmäge mejbur edipdirler. Olar derýa boýy bilen ilki Türkmenabada, soňra Mara, Ýolötene, Talhatana, aralaşypdyrlar. 1770-nji ýylda Muhammedemin Buharadan Hywa gaýdyp gelýär we öz tarapdarlaryny jemläp,

ýomutlara garşy urşy dowam etdirýär. Söweşlerde ýomutlar asgyn gelýär, olaryň serkerdeleri wepat bolýar ýa-da ýesir düşýär. Muhammedemin şu uruşlarda ýeňiji bolup çykýar. Emma ol özüne han diýdirmän, tä 1790-njy ýylla çenli 20 ýyllap ynak tituly bilen hökümdarlyk edipdir. Şeýlelikde, Horezm türkmenleriniň durmuşynda göreşlerden we muşakgatlardan doly XVIII asyr tamamlanýar, emma birek-biregi çapmak-çapylmak dowam edýärdi. Bu tükeniksiz uruşlaryň aňyrsynda örän ýiti sosial mesele, ýagny ýer-suw meselesi ýatýardy.

XIX asyryň birinji ýarymynda Hywa hanlary Muhammetrahym (1806-1825), Allaguly (1826-1842), Rahymguly (1842-1846) we Muhammedemin-Mädeniň (1846-1855) Etrek-Gürgene, Ahala, Etege, Tejene, Sarahsa, Mara her ýyl diýen ýaly talaňçylyk ýörişler edýärdi, ilatyň özüni we malyny sürüp äkidýärdi, ekinini zaýalaýardy, harmanyny otlaýardy. Şeýle ýörişler aýratyn hem Mädeminiň döwründe güýçlenipdi. 1852-nji ýylda ol Maryda saryk çopanlaryny öldürip, 40 müň düýe, 80 müň goýun sürüp äkidýär. 1854-nji ýylyň aýagynda Mädemin ýedinji gezek Mara ýörişe ugraýar. Şu-da onuň iň soňky ýörişi bolupdyr. Şol döwürde tekeleriň aglabasy Sarahsda oturýardy we Oraz ýaglydan soň Gowşudy han saýlapdyr. Tekeleriň bir bölegi Hojam Şüküriň baştutanlygynda Murgabyň aýagyna-Garaýaba göçüpdi. Sarahs tekelerine Maşadyň häkimi, Garýabyňkylara Hywa hany agram salýardy. Mädemin Sarahs tekeleriniň Mara göçüp gelmegini talap edýär. Emma bular muny ret edýär. Sebäbi Maşatda Sarahsdan köp adamlar girew saklanýardy we eger-de tekeler Mädeminiň diýenini etserler, onda Maşatdan ätiýajy bardy. Mädemin dergazap bolup, goşunyny Sarahsa sürýär, Gowşudyň we ruhanylaryň töwellasyny alman uruş edýär. Söweşde Gowşut özüniň ezber serkerde hem-de diplomatdygyny görkezýär. Mädeminiň ýomut nökerlerine hat ýollap, olary öz tarapyna çekýär, söweşde üstün çykyp, Mädeminiň goşunlaryny derbi-dagyn edýär,özüniň-de kellesini alypdyrlar. Şundan soň Hywa hanlary Günorta Türkmenistana bir gezegem ýöriş etmändir, Sarahs tekeleri-de Maşadyň häkiminden sypmak maksady bilen Mara göçüpdirler.

Hywa hanlaryna nöker gullugyny berjaý edýän horezmli ýomutlaryň Sarahs tekelerine duýgudaşlyk etmegi netijesinde Mädeminiň ölmegi, goşunyňda derbi-dagyn edilmegi ýomutlar bilen Hywa hanlarynyň arasynda düwün salýar. Horezm ýomutlary gozgalaň edip, bir ýylyň içinde Hywa hanlarynyň ýene-de ikisini

öldürýärler. Bu gozgalaň belli serkerde Atamyrat han baştutanlyk edip, ol 12 ýyllap (1855-1867) dowam edýär. Gozgalaňçylar kä ýeňip, kä ýeňlip örän tutanýerlilik bilen göreşýärler. Hywa hany Seýitmuhammet Rahym I (1856-11865) Horezm türkmenlerini ikä bölüp, olary gozgalaňçy ýomutlara garşy goýmagy başarýarlar, olary gabawa düşürýär, rehimsizlik bilen öç alýar. Ýomutlaryň tarapynda duran 300 sany çowdur ýesirleriniň gözüniň oýulyşyny öz gözi bilen gören A.Wamberi bu elhenç zalymlygy beýan edende adamyň ini dyglaýar. Hanyň buýrugy bilen Hanabatda oturýan ýomutlaryň suwuny kesýärler. Netijede gozgalaň ýeňilýär, Atamyrat han bolsa öz garyndaşlary bilen ilki Krasnowodska (häzirki Türkmenbaşy şäheri), soň Çelekene gelýär. Kyýat hanyň agtygy Salyh han bulara hossarlyk edýär. Atamyrat Orsýetiň raýatyna geçmek üçin tä ölýänçä hereket edipdir we 1873-nji ýylda Hywa ýöriş eden rus goşunlaryna ýol salary bolup dogduk mekanyna dolanýar.

**4.Türkmen-Rus gatnaşyklary**

Pýotr I zamanyndan başlap Maňgyşlak we kenarýaka türkmenleriň Orsýet bilen hem aragatnaşygy ösüp başlaýar. Elbet-de bu gatnaşyklaryň esasynda türkmenleriň söwda ykdysady bähbitleri durýardy, ýagny özlerine gündelik gerek azyk, galla, senagat, manafaktura önümlerini diňe bir Eýranyň Hywanyň, Buharanyň bazarlaryndan alman, eýsem deňiz ýollary arkaly rus bazarlaryndan getirmegi göz öňünde tutýardy. Türkmenler Astrahana Wolga boýunça ýokarlygyna ýüzüp, köp şäherlere kerwen ýoly bilen Orenburga söwda gatnaýardylar. Olaryň bir bölegi XVII asyrda Astrahana, nogaý sähralaryna, Demirgazyk Kawkaza Stawropala göçüp gidipdi. 1713-1714-nji ýyllarda belli türkmen täjiri Hojanepes Astrahana baryp, ol ýerde Pýotr I bilen duşuşmak üçin Peterburga gidýär. Ol Pýotr I-e Buharada "gyzylly çägäniň" bardygy hem-de Amyderýanyň ozal hazar deňzine akandygy we ýene-de ony köne hanasyna sowuk boljakdygy barda habar berýär. Bu iki mesele Pýotr I gyzyklandyrýar. Hindistana ýol açmak üçin Hazar deňzini we Amyderýany öwrenmek üçin A.Bekowiç-Çerkasskiniň ekspediýalaryny iberýär. Emma bu ekspedsiýalaryň iň soňkusy şowsuz gutarýar, Hywa hany Şirgazy, 1717-nji ýylda ekspedisiýany dargadýar. Bekowiçem öldürýär. Orsýet Pýotr I-den soň hem Merkezi Aziýa, Hazar deňziniň gündogary bilen gyzyklanmasyny bes etmedi. Florio Beneweni, W.Kopytowiskiý, M.Ladyženskiý, I.Tokmaçýew,

Gmelin, Woýnowiç dagy yzly-yzyna gelip, XVIII asyrda türkmen kenarlaryny öwrenýärdi. Pýotr I-iň döwründen başlap, Orsýet bilen Merkezi Aziýanyň arasynda gatnaw açyldy, ýol salyndy. Bu ýol XIX asyrda Merkezi Aziýanyň basylyp alynmagyna getirdi.

***Soraglar:***

1. Türkmen-Eýran gatnaşyklary. Garrygala we Mary-gajar söweşleri hem-de olaryň netijeleri.
2. Türkmen-Buhara gatnaşyklary we türkmenleriň harby syýasaty.
3. XVIII asyryň II ýarymynda Türkmen-Hywa gatnaşyklary we daşary syýasatyň çylşyrymlaşmagy.
4. Türkmen-Rus gatnaşyklary we netijeler. Durmuş-ykdysady özgertmeler.

## 12-nji tema

## TÜRKMENISTAN RUSSIÝA IMPERIÝASYNYŇ DÜZÜMINDE

(XIX asyryň II ýarymyndan 1917-nji ýyla çenli)

(2 sagat)

Umumy okuwyň meýilnamasy:

1. Patyşa Russiýasynyň türkmen ýerlerine aralaşmaklarynyň sebäpleri we Günbatar Türkmenistany eýelemegi. Gazawat gyrgynçylygy.
2. Türkmen halkynyň 1879-1881-nji ýyllardaky Watançylyk urşy. Merw sebitiniň patyşa Russiýasynyň düzümine girizilmegi.
3. Türkmenistan XIX asyryň ahyrynda we XX asyryň başlarynda.

### 1.Patyşa Russiýasynyň türkmen ýerlerine aralaşmaklarynyň sebäpleri we Günbatar Türkmenistany eýelemegi. Gazawat gyrgynçylygy

1983-nji ýyla çenli taryhy edebiýatda ykrar edilen ýeke-täk kesgitleme bolup, onda “Türkmenistan Russiýa döwletine birikdirildi” diýlen garaýyş bardy. Şol ýyl TKP MK-nyň “Türkmenistan SSR-niň we TKP-niň döredilmeginiň 60 ýyllygy we Türkmenistanyň Russiýanyň düzümine meýletin girmeginiň 100 ýyllygy hakda” diýen kararyň jar edilmegi şeýle kesgitlemäniň özgerdilmegine getirdi.

Şunlukda “birikdirildi” diýen esasy konsepsiýa “meýletin girdi” diýen konsepsiýa bilen çalşyryldy.

Bir konsepsiýanyň ýerine beýleki biriniň ornaşdyrylmagy “ýokardan”, resmi guramalar tarapyndan emeli ýol bilen amal aşyryldy. Munuň özi taryh ylmynda uly bulaşyklygyň ýüze çykmagyna alyp bardy. Şeýle ýagdaý şol döwürde jemgyýetde başyna giden hökmürowanlygyň bolanlygy zerarly wolýuntarizm we subýektiwizm meýilleriniň agalyk edýänligi sebäpli döräpdi.

“Meýletinlik” konsepsiýasy ylmy analiziň netijesi bolman, ol diňe ideologik ýörelgeleriň barlygyndan peýdalanyp, ony-da görnetin gyşartmalara daýanyp girizilipdi. “Meýletinlik” konsepsiýasy ylmy jemgiýetçilik tarapyndan goldaw tapmady. Şol konsepsiýany tasa getirmek maksady bilen soňky iki-üç ýylyň dowamynda käbir alymlar, ozaly bilen-de, onuň awtorlary synanyşyk baryny etdiler. Emma ol garaşylan netijäniň çykmandygy indi hemmä-de aýan.

Patyşa Orsýeti Türkmenistany zora daýanyp güýç bilen imperiýanyň düzümine birikdiripdi. Türkmen iliniň ägirt uly imperiýanyň tabynlygyna alynmagy patyşa Orsýetiniň Merkezi Aziýada we Gazagystanda alyp baran umumy basybalyjylykly syýasatynyň düzme bölegi bolupdy.

Patyşa Orsýetiniň türkmen ilini boýun egdirmek maksady bilen alyp baran syýasaty ýerli ilat tarapyndan görkezilýän garşylygyň barha güýjemegine alyp barypdyr. Munuň hut şeýledigini geçen asyryň 70-nji ýyllarynda, ylaýta-da Krasnowodsk harby bölüminiň döredilmegi bilen basybalyjylykly häkimiýetleriň alyp baran talaňçylykly syýasaty sebäpli ilat arasynda dörän närazylyk görkezýär. 1873-nji ýylda Hywa hanlygyndaky türkmenleriň arasynda, soňrak gökleň ilinde ýaýbaňlanan “kiçi partizan” uruşlary, iň soňunda-da Gökdepe sebitlerindäki ýaragly çykyşlary munuň anyk subutnamasydyr. Bu bolsa öz gezeginde türkmen ilinde garaşsyzlyk ugrundaky göreşiň ýaýbaňlananlygyny alamatlandyrdy.

Türkmenleriň özleriniň milli döwletiniň bolmanlygy, garaşsyzlyk ugrundaky halk hereketiniň başyny çatmaga maý bermändir. Bu bolsa şol mahalky taryhy şertleriň aýratynlygy bilen baglydyr.

Türkmen jemgyýetiniň tehniki-ykdysady taýdan juda asgyn bolmagy güýli döwletiň öňünde durmagy, döwlet gurmakda köp päsgelçilikleri döretdi. Ors döwleti tarapyndan diplomatik ýollar arkaly amal edilen çäreleriň birnäçesi türkmen taýpalary üçin bilinmän

hem galypdyr. Şeýle hem bu ülkede durmuşa geçirilen ykdysady çäreler aňylman geçilip gidipdir. Basybalyjylykly syýasatyň düýp maksatlaryny-da ýerli ilatyň özüçe düşünip ondan degerli manyny çykaryp bilmän heläkçilige sezewar edilen ýeri az bolmandyr. Haçan-da patyşa hökümeti zora daýanmak syýasatyny aç-açan geçirip goşun çekip ugranda, ýurt öz garaşsyzlygy ugrundaky göreşe çynlakaý aýaga galypdyr.

Patyşa Orsýeti tarapyndan Türkmenistanyň basylyp alynyşynyň edebiýatda beýan ediliş taryhyny 5 döwre bölmek mümkin. Olar: XIX asyryň ikinji ýarymy-XX asyryň 30-nji ýyllarynyň ortalaryna çenli bolan döwür; üstümizdäki asyryň 30-nji ýyllaryň ortalary–50-nji ýyllaryň ahyry; 60-80-nji ýyllaryň ortalary; 80-nji ýyllaryň ikinji ýarymy–90-nji ýyllar we häzirki döwürdir. Bu döwürleriň häsiýetli aýratynlyklary nämeden ybarat?

Patyşa Orsýetiniň Türkmenistany basyp almakdaky harby ýörişlerine gatnaşyp, wakalary amala aşyran, müňlerçe türkmeniň bigünä ölümine günäkär bolan patyşa ofiserleri, generallary öz işlerinde türkmenleriň zalymlyk bilen tabyn edilendigini boýun alypdyrlar. Bu babatda M.A.Terentýewiň “История завоевания Средней Азии”, N.I.Grodekowyň “Война в Туркмении” diýen işlerinde we beýleki onlarça işlerde anyk durlup geçilýär. Ors ofiserlerinden başga-da Günbatar Ýewropaly we Amerikaly birnäçe awtorlar hem wakany bolşy ýaly beýan edip, ony bayp almak diýip häsiýetlendiripdirler. Basyp almaklygyň sebäbini bolsa, ilki söwda-ykdysady, soňra strategiki maksatlar bilen düşündiripdirler.

XX asyryň 20-30-njy ýyllarynda marksistik sowet taryh ylmynyň kemala gelmegi bilen öňki wakalara “täzeçe” çemeleşmek peýda bolup ugrady. Sowet professional taryhçylary türkmen iliniň boýun egdirilmekligini iki hili, ýagny, basylyp alynmak we birikdirilmek häsiýetinde beýan edip başladylar.

1959-njy ýylda Daşkent şäherinde geçirilen ýörite ylmy konferensiýada dürli pikirleriň aýdylandygyna garamazdan, Merkezi Aziýa halklarynyň, şol sanda, türkmenleriň hem patyşa Orsýetine birigenligini resmileşdiren konferensiýa öwrüldi. Bu pikir ýurdy dolandyryjy kompartiýanyň talaby boýunça gelnen pikirdi we hakykatyň ýoýulmagyna tarap ädilen ädimdi.

80-nji ýyllarda sowet taryh ylmy öňki SSSR-iň birnäçe halklarynyň patyşa Orsýetiniň düzümine meýletin girenligini ylmy taýdan “esaslandyrypdy”. Onuň esasy maksady şol halklaryň indi

ençeme ýüzýyllyklardan bäri dostlugyny, doganlygyny subut etmeklikdi. Yene-de iki syýasat, ýagny, patyşa Orsýetiniň kolonial syýasaty we sosializm ýyllarynyň birek-birege bolan gatnaşygy bir perdede goýuljak bolnupdy. Bu ýöntem, durmuş logikasyna laýyk gelmeýän syýasatdyr. 1983-1984-nji ýyllarda M.G.Gapurowyň, A.A.Roslýakowyň, M.Annanepesowyň “Baky doganlyk” kitabynyň çap edilmegi bu konsepsiýanyň finaly bolupdy.

“Meýletinlik” konsepsiýasynyň türkmenistanly awtorlary türkmen tireleriniň 80 % we ilatynyň 92-96% Orsýetiň düzümine meýletin girenligi hakyndaky delillere esaslanýarlar.

Islendik uly uruşda her bir ilatly punktda aýgytlaýjy, urşuň ykbalyny kesgitleýji uruş bolmaýar. Ol belli-belli ýerde bolýar. Patyşa Orsýetiniň Türkmenistany basyp almak ugrundaky urşundaky Gazawat we Gökdepe söweşleri-de şeýle söweşlerdir.

Türkmenistan patyşa Orsýeti tarapyndan koloniýa edinmek üçin basylyp alnypdy. Bu babatda imperialistik döwletler bolan Orsýetiň we Angliýanyň arasynda göreş gidipdi we ol Orsýetiň peýdasyna çözülipdi. Öz taryhynda hiç bir basybalyja-da doly boýun egmedik türkmen halky XIX asyryň ikinji ýarymynda ors ýaragynyň öňünde durup bilmändi we imperialistik Orsýetiň düzümine mejbury ýagdaýda giripdi.

Taryhy wakalara ser salsak, onda Orsýediň Orta Aziýa hüjüm etmekliginiň esasan ol ýurtda kapitalistik gatnaşyklaryň ösüşi bilen baglydygyna göz ýetirýäris. 1861-nji ýylda Orsýetde krepostnoýçylyk düzgünininiň ýatyrylmagy netijesinde we kapitalistik gatnaşyklaryň giňişlikleýin ösüp başlamaklygy bilen sarizm täze ýerleri, ýurtlary özleşdirmeklige, basyp almaklyga ýüz uruldy. Ondan-da başga XIX asyryň 70-nji ýyllarynda Orsýet amerikan pagtasyndan kesilensoň dokma senagatyna çig mal pagta eker ýaly ýer gözläp başlapdy. Şeýle ýer hökmünde hem Merkezi Aziýa, şol sanda Türkmenistan amatly hasameýilnamaypdy.

XIX asyryň ortalaryna çenli bolan döwürde sosial ösüşde yza galan we kiçi döwletleriň dünýäniň imperialistik döwletleri tarapyndan özara paýlaşylmagy soňky basgançagyna ýetipdi. Iňlisler Eýrana, Owganystana, Hindistana gelipdirler we Orta Aziýada hojaýynlyk sürmekligiň meýilnamalaryny biçýärdiler. Bu ýagdaý heniz özbaşdaklygyny saklamany başardan Merkezi Aziýanyň baý ýerlerine ors höwesini-de güýçlendiripdi we patyşa Orsýediniň bu ýerleri eýelemek ugrundaky göreşiniň esasyny düzüpdi.

Görşümiz ýaly, patyşa russiýasy Türkmenistana dostlukly, türkmen halkynyň sosial-ykdysady ösüşini ýokalandyrmak maksady bilen gelmändi. Onuň öňde goýan esasy maksady dünýä paýlaşygyndan hakyny almak, koloniýa edinmek, ony talamak we onuň hasabyna hem baýlaşmakdy. Bu maksat ors sarizmine başardypdam. Ine, şu hakykatdan ugur alsak, onda Orsýediň, Merkezi Aziýanyň beýleki ýerleri ýaly, Türkmenistany hem basyp alanlygy köre mälim bolar. Türkmenistanyň Orsýet tarapyndan basylyp alnyşyny beýan etmezden öň ýene bir meselä üns bermelidiris. Taryh ylmynda ýurdumyzyň Orsýet tarapyndan basylyp alynmaklygy ýa-da onuň birikmekligi hakynda gürrüň edilende näme üçindir köplenç öňki Zakaspi barasynda gürrüň edilýär-de, umumy netije çykarylýar.

Bu meselä täzeçe çemeleşmek zerurdyr. Türkmenistanyň basylyp alnyşy hakynda gürrüň edilende, öňki Hywa hanlygynda we Buhara emirliginde ýaşan türkmenleriň boýun egdirilişini-de nazara almalydyrys. Eýran-ors, owgan-ors gepleşigi, özara “ylalaşygy” esasynda türkmenleriň böleklere bölünişini we olaryň uly toparynyň Watanyndan jyda düşüşlerini, soňra bolsa eýranlydyr owganly türkmenlere öwrülişlerini unutmaly däldiris. Ine, şu faktlaryň hemmesi birin-birin derňelip, okyjylar köpçüligine ýetirilip netije çykarylsa, diňe şonda Türkmenistanyň patyşa Russiýasynyn düzümine meýletin birigenligi ýa-da basylyp alnandygy mälim bolar.

*Patyşa Russiýasynyň Günbatar Türkmenistany eýelemegi. Gazawat gyrgynçylygy.*

Türkmenleriň patyşa Orsýedi bilen gatnaşygy hakynda gürrüň gozgalanda ilkinji nobatda Günbatar Türkmenistan göz öňünde tutulýar we onuň Orsýede parahatçylykly meýletin birigenligi nygtalýar. Bu pikir belli bir derejede hakykata ýakyndyr. Sebäbi bu Türkmenistanyň günorta-gündogar etraplarynyň ilaty: ýomutlar, gökleňler, abdallar, igdirler, çowdurlar, hojalar we beýlekiler XVIII asyrdan başlap, Orsýet bilen ýakynlaşmak, beýleki duşmanlardan goranmak üçin onuň penakärliginden peýdalanmak syýasatyny saýlap alypdyrlar. Ors raýatlygyna geçmeklik syýasatyny öňe sürenlerde az bolmandy we XIX asyryň ortalaryna çenli bolan döürde 23 müň çemesi hojalyk ýa-da 115 müň çemesi adam ors raýatlygyny kabul edindi.

Ýöne Günbatar türkmenleriň Orsýet bilen ýakynlaşmaklygy şeýle bir meýletinem bolmandy. Orsýet türkmenleriň milli bähbitlerini göz öňüne tutmazdan, olara sala salmazdan Eýran bilen araçäk

meselelerini maslahatlaşmak ugrunda we bu babatda ylalaşyklara gol çekipdi. Eýýäm 1837-nji ýylda Tiflisde ors patşasy Nikolaý I bilen Eýran şasy Muhammet şanyň unamaklygynda Etrek derýasyna araçäk hökmünde kesgitlemek barada ylalaşyga gol çekilipdi. Üns berip görüň, Günbatar türkmenler entek ors raýatlygyna ýuridiki taýdan geçmänkäler, Orsýet özüniň Eýran bilen araçägini kesgitleýär.

Orsýet 1869-njy ýylda Eýran bilen türkmen meselesine ýene-de dolanyp gelýär we täze ylalaşyga gol çekýär. Bu ylalaşykda türkmenleriň milli bähbidi göz öňüne tutulmaýar we ors-eýran täsir zonasy Etrek derýasy boýunça kesgitlenilýär. Netijede Etrekden aňyrdaky türkmenler eýran, bärdäkiler bolsa ors agalygyna degişli hasaplanaylýar. Bu faktlar megerem günbatar türkmenleriň Orsýede bolan garaýşyna täsir eden bolsa gerek.

Patşa Orsýediniň günbatar türkmenler baradaky syýasaty XIX asyryň ortalaryna çenli hoşniýetlidi. Ol döwürde ors-türkmen gatnaşyklarynda birek-birege ynam esasy ugurdy. Emma soň bu meselede düýpli özgerişlikler bolýar. Orsýedi dolnadyryjy toparlar hiç kime boýun egmeýän türkmenleri ýaragyň güýji bilen boýun egdirmek syýasatyny saýlap alýarlar. Ol syýasat Patşa Orsýediniň umuman, Merkezi Aziýanyň basyp almaklyga başlan agressiw syýasatynyň sostaw bölegidir.

Deňiz kenaryndaky türkmenleriň Orsýet raýatlygyna meýletin girenligi ykrar edilen fakt. Ýöne ol meýil bütin türkmen kenaryna däl-de diňe Maňňyşlak-Çeleken aralygyna degişlidir. Sebäbi bu ýerleriň ilaty has irräkden orslar bilen gatnaşykda bolupdylar. Olaryň bir bölegiu Orsýediň raýonlaryna göçseler , beýleki bir bölegi Orsýete wepalylyk barada kasam edipdirler we patşa Orsýetine howandar hökmünde seredipdirler. Emma olar patyşa Orsetiniň startegik maksatlaryndan bihabardylar. Ýöne soňraky wakalar garşylýan netijeleri bermändi.Indi giçdi.

Gürgen, Etrek, Balkan, gündogarda Gyzylarbada (Ahala) çenli töwereklerde ýaşaýan çarwa ilat ors goşunynyň barlag-serenjam işleri netijesinde Orsýetiň düzimine giripdi. Olar Orsýetiň garşysyna durup bilmejekdiklerine, durasalarda jeza aljakdyklaryna göz ýetiripdirler we alaçsyz ýagdaýda ak patyşanyň raýatlygyna geçmäge razylaşypdyrlar. Şeýle pikiri tassyklaýan arhiw dokumentleri bolsa ýeterlik. Şonuň üçin ýokarda agzalan ýerleriň ilaty Orsýete meýletin birigipdir diýip bolmaz.

XIX asyryň 60-njy ýyllaryna çenli bolan döwürde patyşa hökimeti Kaspiniň kenar ýakasynda peýda bolmaklygyny ykdysady-söwda bähbitleri bilen düşündirýärdi. Soň onuň üstine syýasy bähbitler hem goşuldy. 1865-nji ýylda Kaspiniň Gündogar kenaryny eýelemek meselesi boýunça ýörite komissiýalar döredilipdi. 1874-nji ýylda bolsa Orsýetiň Kawkaz gosunynyň Baş komanduýuşşysy harby ministrine ýazan hatynda Krasnawodskiniň eýelenmeginiň Orsýet üçin diňe harby ähmiete eýdedigini nygtaýär. Diýmek XIX asyryň 70-nji ýyllarynda Patyşa Orsýeti günbatar türkmenleri hakyndaky syýasatyň düýp mmazmunyny açyk beýan edip ugrady. Ol bolsa kenar ýakalaryny eýeläp beýleki türkmen ýerlerine aralalşmak we eýelemekdi.

Türkmen ýerlerini eýeläýmek Orsýet üçin ýeňil, ýüz ugryna çözäýmeli mesele däldi. Bu babatda Orsýet Angliýanyň, Owganystanyň, Eýranyň, Turkiýanyň kömegi bilen garşy çykyp biläýmek mümkinçiligi bilen howatyrlanýardy. Şona gorade Orsyetin dasary isler ministrliginin gosun yolbascylaryna yazan hatynda “Turkmenler bilen doslukly gatnasygy” saklamagyn, olary Orsyet bilen gatnasyk etmekliginin peydalydygyny dusundirmekligin zerurlygy nygtalyardy. Patysa hokimeti turkmeleri ozüne öwrenişdirjek bolup olara az kem azyk komegini berýärdi. Tire-oba çylaryna sowgat serpaý ýapýardy. Emma bu fakta kä bir taryhy işleriň edilişi ýaly, patyşa sarizimine “Parahatçylykly syýasaty hökiminde garalsa ýalňyş bolar. Şol wagtky patyşa hökimetiniň nähili çäräni durmuşa geçirjek bolandygyna garamazdan, ol syýasy imperiýalistik döwletiň koloniýal, başganyň ýurdyna basyp almaga niýetlän syýasatydyr.

Orsýetiň goşun komandowaniýasy uzak wqagtlap boş ýatmandyr. Eýýäm 1870-nji ýylyň Baýdak aýynda Uly Balkan daglarynda rozwetka işlerine başlapdy we Daş Arbatgalany eýelek maksada laýyk hasameýilnamaypdyr. Mollasara we Mihaýlow aýlagyndaky Mihaýlow lpunktyny eýelenipdi. Şeýlelikde, 1870-nji ýylyň Alp-Arslan aýynda Türkmenitanyň Günbatar etraplarynyň patyşa sarizimi tarapyndan eýelenmekligi başlanypdyr. Elbetde, bu prosede uruş hereketleri, gan döküşlik bolmady. Ýerli halkyň orslar bilen söwda edip, olara düýeleri kreýine beredikleride az bolmandyr.

Patyşa Russiýasy Türkmen ýerlerini eýeledigiçe ony resmi ýagdaýda öz düzimine goşýardy. Eýýäm 1868-nji ýylyň Garaşsyzlyk aýynyň 21-de çap edilen “Orenburg we Günbatar Sibir general

gübernatorlynyň sähraýy oblastlaryny dolandyrmak baradaky wagtlaýyn düzgünnnama” boýunçä Maňgyşlak aýratyn pristawlyk diýlip yglan edilýär. Ol Orenburg general-gubernatorlygynyň Ural oblatyna degişli edilip, onuň başynda harby adam goýulýar.

Russiýanyň täsiri astyna geçýän ýereleriň hasabyna 1870-nji ýylda Krasnowodsk uprawleniýesi esaslandyrylyp, tizdenem ol pristawlygy öwrülýär we Kawkaz goşunlarynyň baş komanduýuşşisinyň Garamagyna berilýär. Şol bir wagtda Maňňyşlak pristawlygy hem “asudalygy we tertibi berk saklamak üçin” Dagystan oblast goşunlarynyň komanduýuşisiniň ygtyýaryna berilýär.

Iki pristawlygyň bir elde jemlenmezligi patyşa Russiýasynyň türkmen ýerlerine alyp barýan işjeň syýasatyna laýyk gelenokdy. Şonuň üçin 1874-nji ýyllyň Gurbansoltan aýynda “Zakaspi (“Zakaspiniň aňyrsy”,ýagny Russiýanyň paýtagty Peterburakdan seredeniňde “Kaspi deňziniň ayrsy” diýmekdir) ülkesini harby taydandolandyryşyň wagtlaýyn düzgünnamasy” kabul edilýär. Şol düzgünnama boýunça Jansyz goltukdan (Sesarewiç aýlagy-Maňňyşlagyň çeti bolan Buzajy ýarym adasynyň demirgazygyndan gury ýere süsňäp girýän aýlag) tä Etrek derýasyna çenli Kaspiniň kenar ýaka raýonlary, ýagny Maňňyşlak hem-de Krasnowodsk pristawlyklary Zakaspi harby bölümine administratiw we harby taydan garaşly edilýär. Bölüm Kawkaz harby okrugyna hem Kawkaz goşunlarynyň baş kamanduýuşisine tabyndy. Bölüm naçalnigi Rus patyşasynyň permany bilen harby adamlardan bellenýärdi. Ol harby taýdan-a Zakaspi bölimindäki goşunlaryň komanduýuşisi hukugyna, administratiw taýdan bolsa gubernator hukugyna eýe bolýar. Zakaspi harby bölümi iki piristawlykdan-Maňňyşlak pristawlygyndan (merkezi Aleksandrows portynda) we Karasnowodsk pristawlygyndan durýardy. Dogry, Krasnowods Etrek aralygyndan ýerleriň bu bölüme girizilişi şertlidi. Bölümiň serhetleride takyklanmadykdy. Bu bolsa patyşa Russiýasynyň indiki basyp alyşly hereketleri üçin amatly şert döredýärdi.

Rus goşunlarynyň Gyzylarbady (1877) we Çekişleri (1878) eýelemegi bilen, Zakaspi harby bölümi gutarnykly emele gelýär.

Türkmenler barasynda parahatçylykly syýasaty ýöreden polkownik Stoletowyň ornuna 1871-nji ýylyň tomsunda podpolkownik Markozowyň Krasnowodsk otrýadyna naçalnik bellenmekligi ors goşunlarynyň basybalyjylyk syýasatynyň has işjeňleşmekligine getirdi. Sebäbi podpolkownik Morkozow Zakaspide

sarizimiň kolonial syýasatyny ýerine ýetiriji iň bir gödek we rehimsiz ofiserleriň we elmydama ors ýaragynyň güýjini görkezmekligiň tarapdarynyň biridi. Şoňa göräde onuň syýasaty türkmenlerde kanuny taydan närazylyk döredip başlapdy. Esasan-da onuň “düýe” salgytlary ýomut çargalaryna diýseň agyr düşýärdi. Şonuň üçin hem olar ata-watany taşlap Eýrana-da göçüp gidýärdiler.

Eýýäm 1872-nji ýylda polkownik çinine ýeten Markozowyň türkmenler baradaky syýasaty netijesinde Ahalda we Hywa ýomutlarynyň arasynda orslara garşy meýiller ösüp başlandy we patyşa goşuny bilen bolaýjak çaknyşyklara taýýarlyk görülip ugralypdy. Şeýlelikde bu wakalar rus goşuny Hywa howup salanda türkmenleriň olara garşy çykmagyna esas bolandyr diýip aýdyp bolar.

1880-1881-nji ýyllarda Kaspi deňziniň kenaryndaky Mihaýlow aýlagyndan Gyzylarbada (Serdar) çenli çekilen Zakaspi demir ýoly hut stategik pähimden ugur alynyp gurulypdy. Oňa harby ýol diýilýärdi. 1880-nji ýyllyň tutuş dowamynda ol diňe harby ýükleriň daşalmagyny üpjun edipdi, patysa goşunlarynyň türkmen sähralaryna çuňňur aralaşmagyna mazaly ýeňilleşdiripdi. Bu demir ýoly soňky ýyllarda-da hut şu wezipeleri yerine ýetiripdi.

1873-nji ýylyň martynda patyşa goşunlary Hywa üç tarapdan harby ýörişe başlapdyrlar. Ony yzyna serpikdirmäge han hökümetinde guramaçylyk ýokdy, harby tehnika bilen üpjünçiligi pes derejededi. Onuň üstesine-de hanlykda özara agzalalyk hem dowam edýärdi. Türkmenler bolsa patyşa goşunlaryna gaýtawul bermegiň berk tarapdary bolupdyrlar. Sebäbi, türkmenler Hywa goşunynyň esasyny düzýärdiler we hanlygyň syýasy ýagdaýynda uly rol oýnaýardylar, aýratyn hukuklardan peýdalanýardylar. Patyşa hökümetiniň golastyna düşseler, bujagaz oňuşyklarynyň bolmajagyna, syýasy we ykdysady taýdan gysyljakdygyna türkmenler gowy düşünipdirler. Hut şonuň üçin birnäçe harby çaknyşyklardan soňra, 1973-nji ýylyň 28-nji maýyndan, Hywa galasy basylyp alynandygyna garamazdan türkmenler Orsýete tabyn bolmak islemändirler. Beýleki bir tarapdan bolsa öz tagtyna täzeden oturdylan Seýit Muhammet Rahym han patyşa hökümetiniň öňünde özüni “ak guş” edip görkezipdir we türkmenleri ors-hywa çaknyşyklaryň günäkäri hasaplapdyr.

Patyşa goşunlarynyň komanduýuşisi K.P.Kaufman türkmenleri ykdysady taýdan örän çykgynsyz agyr ýagdaýda goýup, özüne tabyn etmek maksady bilen ors goşunlary üçin azyk harytlary getirmegi, soňam gysga wagtda 610 müň manat harby kontribusiýa tölemegi

talap edipdir. Türkmenleriň bu buýrugy ýerine ýetirip bilmejegini öňünden bilýän K.P.Kaufman, ony bahana edip ýomutlaryň garşysyna jeza beriji ekspedisiýany gurnaýar.

K.P.Kaufmanyň general Golowaçewa beren buýrugynda görkezilişi ýaly, türkmenler patyşa goşunlaryna garşylyk görkezse-de, dogduk mekanyny taşlap uzak çöllere gitmäge synanyşsalar-da olaryň maşgalalary gutarnykly tozdurylmalydy we özlerini gyrmalydy. Sebäbi patyşa Orsýeti özüniň syýasy we ykdysady strategiki meýilnamalaryny göz öňünde tutup, türkmenleriň ýaşaýan territoriýasynyň boşap galmagyny-da islänokdy. Seýit Muhammet Rahym han hem türkmenlere temmi bermekde kişi eli bilen ot gorsamak usulyny ulanypdy.

General Golowaçewyň jeza berijilik otrýady bilen türkmenleriň arasynda harby çaknyşyklar 1873-nji ýylyň 7-22-nji iýuly aralygynda bolýar. Şonda Zeýkeş kölüniň ýanynda 2 müň we Ýylanlynyň golaýynda Çandyr obasynda bolan söweşde 800 türkmen gyrylýar. Olaryň ençemesi bigünä çagalar, aýallar, garrylardy. Çandyryň etegindäki söweşe türkmenleriň ýomut, gökleň, garadaşly, çowdur, ýemreli we alili taýpalardan 10 müň çemesi adam gatnaşypdyr. Patyşa generallary Kaufmanyň we Goloçewyň türkmenler babatdaky adamkärçiliksiz hereketini Günbatar Ýewropa ýurtlarynyň neşirleri, şol sanda, F.Engels hem örän ýazgarypdyr.

Bu aýylganç taryhy wakany dogry we adalatly häsiýetlendirmek üçin şu aşakdaky esasy faktorlary bellemelidiris:

Hywa hanlygynda ýaşaýan türkmenleriniň esasy köpçüligi ors kolonizatorlarynyň türkmen topragyna aralaşmagyna düýbünden garşy bolupdyrlar.

Biziň “ors raýatlygy” diýen ýörgünli sözümiz ýaragly gyrgynçylyk arkaly amala aşyryldy.

Hywa hanlygy basylyp alnandan soň, bu ýerde harby-kolonial dolandyryşyň formasy berkarar edildi.

Türkmenler ykdysady we syýasy özbaşdaklykdan mahrum bolup, patyşanyň we Hywa hanynyň bilelikdäki zulumyna sezewar edildi.

Kolonial döwürde türkmenleriň ýaşaýan territoriýasynda oba hojalyk, senagat, medeniýet babatda hiç-hili çare geçirilmedi. Tersine, ol ýerdäki suwarymly ýerleri türkmenleriň garşylyk görkezmegine garamazdan, ors kolonizatorlary 99 ýyllyk möhlet bilen konsessiýa alyp başladylar.Ýöne, ol hem netijesiz gutardy.

Şu faktlaryň hemmesi, öz ene topragynda erkana ýaşap ýören türkmenleriň üstünde agyr ýaraglanan patyşa goşunlarynyň gelip elhenç gyrgynçylyk etmegini basybalyjylyk diýmäge doly esas berýär.

Ýöne şu basybalyjylygyň soňky beren käbir oňaýly netijelerini hem inkär etmek bolmaz. Emma şol oňaýly netijeler patyşa hökümetiniň tagallasy bilen däl-de, eýsem ýönekeý ors halkynyň tagallasy boldy. Şonuň üçinem ors halkynyň syýasatyny patyşa hökümetiniň syýasatyndan düýpli tapawutlandyrmalydyrys.

Şu nukdaý nazardan ugur alyp, geçmişiň taryhy hakykatyny dogruçyl beýan etmak taryh ylmynyň mukaddes borjudyr.

Hywa hanlygyndaky türkmenleriň patyşa Orsýetine zalymlyk bilen tabyn edilişi baradaky maglumatlar ors taryhy edebiýatdan başga-da Günbatar Ýewropaly we Merkezi Aziýaly ýerli awtorlaryň birnäçesiniň işlerinde-de beýan edilýär. Biz olardan 2 sany bitarap adamynyň-amerikaly Mak Gahanyň we özbek Muhammet Ýusup Baýanynyň (Baýany onuň lakamydyr) işlerinde Gazawat gyrgynçylygynyň beýan edilişi barada durup geçmekçi. Sebäbi bu adamlaryň ikisi-de Orsýetiň dolandyryjy toparlaryna garaşly bolmadyk awtorlardyr. Ikinji bir tarapdan bolsa, biziň pikirimizçe, Mak Gahanyň we Baýanynyň işlerinde gazawat gyrgynçylygy hakykata has golaý beýan edilýär.

Wakalaryň janly şaýady Artur Ýanuarius Mak Gahan “Nýu-Ýork gerald” atly amerikan gazetiniň habarçysydyr. Ol patyşa Orsýetiniň 1873-nji ýylda Merkezi Aziýany basyp almak ugrundaky ýörişine źurnalist hökmünde gatnaşýar we gören zatlaryny öz okyjylaryna ýetirýär. 1874-nji ýylda iňlis dilinde Mak Gahanyň “Oguzlaryň üstüne ýöriş we Hywanyň syndyrylmagy” atly kitaby çap edilýär. Baýany 1958-nji ýylda Hywanyň golaýyndaky Badarhan obasynda eneden bolýär. Ol Hywa medresinde kakasy Abdyl-Kerim begiň elinde bilim alyp, taryhçy we tebip hünärlerine eýe bolýar. Baýany arap we pars dillerinden terjime etmegi başarypdyr. A.N.Samoýlowiç Baýanyny gowy tanapdyr we onuň ors dilini-de gowy bilýäbligini ýazypdyr. Baýany Hywada halk rewolýusiýasy ýeňenden soň, öz ýurdunda halk magaryf sistemasynda işläpdir. Ol 1923-nji ýylda Daşoguz şäherinde aradan çykyp, Hywanyň golaýyndaky Akýap obasyndaky gonamçylykda jaýlanypdyr.

15 ýaşly Baýany bu pajygaly wakalary gözi bilen görüpdir. Baýanynyň golýazmasy Gazawat gyrgynçylygyny anyk faktlaryň üsti bilen beýan edýän ýerli awtoryň ýeke-täk işidir. Dürli döwletlerde

ýaşan, dürli halklaryň bähbidini goran, özara hiç-hiligatnaşygy bolmadyk, ýone patyşa Orsýetiniň Merkezi Aziýany basyp almaklygyna dürlüçe düşünen we netije çykaran Mak Gahan we Baýany köp babatlarda Gazawat gyrgynçylygyny bir-birine meňzeşräk beýan edipdirler. Olaryň ikisi-de Orsýetiň harby komandowaniýesiniň türkmenleriň garşysyna guran gyrgynçylykly, wagşyçylykly syýasatyny ýazgarypdyrlar. Hywa hanlygyndaky türkmenleriň batyrgaýlyk bilen özbaşdaklyk ugrunda göreşenligini aýdypdyrlar.

Baýany patyşa Orsýetiniň kolonial syýasatyny ýazgarypdyr. Hywa hany Seýit Muhammet Rahymyň patyşa generaly K.P.Kaufmana gowy görünmek üçin türkmenlere ikilik edenligini tankytlapdyr.

Mak Gahan Orsýetiň harby komandowaniýesiniň türkmenler baradaky syýasatynyň düýp mazmunyny “ýakyş operasiýasy” diýip atlandyrypdyr. Ol patyşa goşunlarynyň türkmen ilatyny gyrmaklygy we olara mazaly göz görkezmekligi niýet edinendiklerini ýazypdyr. Patyşa goşunlarynyň türkmen obalaryny, ekin meýdanlaryny ýakyp-ýandyryp küle öwürýändiklerini ýazgarypdyr. Ol, “Biziň yzymyzda ýomutlaryň üç mile golaý giňişlikdäki ýerleriniň köräp duran külünden başga zat galanokdy” diýip ýazypdyr. Mak Gahan Gazawat gyrgynçylygy hakynda “Men şuňa meňzeş urşuň ilkinji gezek şaýady boldum. Bu zamanda bular ýaly uruş örän seýrek duşýar” diýip nygtapdyr. Mak Gahanyň we Baýanynyň işleri XIX-XX ýüzýyllyklaryň sepgidinde ýazylan, patyşa Orsýetiniň türkmen ülkesini basyp almaklygyny gözi bilen gören awtorlaryň işleriniň biridir. Olar bize şol wakalara düşünmäge we türkmen iliniň ýarag arkaly boýun egdirilendigine ýene bir gezek göz ýetirmäge mümkinçilik berýärler.

## 2.Türkmen halkynyň 1879-1881-nji ýyllardaky Watançylyk urşy. Merw sebitiniň patyşa Russiýasynyň düzümine girizilmegi

Merkezi Aziýada öz täsirini güýçlendirmek ugrunda rus-iňlis bäsdeşligi barha ýitileşýärdi. Edil şeýle pursatda rus goşunlarynyň 1879-njy ýylda (I Ahal-teke ekspedisiýasy) Ahalda ýeňilmegi patyşa hökümedi üçin uly zarba bolýar. Sebäbi Krym urşunda ýeňlenden soň, Merkezi Aziýada uly ýeňişler gazanyp, öz döwletiniň kuwwatyny has ýokary götermek ugrunda çalyşýardy. Uly ahmyr bilen Ahaly eýelemek üçin II Ahal-teke harby ekspedisiýasyny düzýär. Oňa baştutan edilip, ozal Merkezi Aziýada ýakasyny tanadan, 1877-1878-

nji ýyllardaky rus-türk urşuna gatnaşan general M.D.Skobelew bellenýär.Muny Ahal tekeleri 1880-nji ýylyň aprel aýynyň başlarynda eşidipdirler. Yzgantda gyssagly maslahat çagyrylýar. Maslahatda ähli ilaty Gökdepä ýygnamaly edilipdir. Galanyň gurluşygynyň depgini güýçlendirilip iýun aýynyň aýaklarynda doly gutarylypdyr. General Skobelew 1880-nji ýylyň maýnda Krasnowodskä gelýär. Ol derrew rus goşunlarynyň ýerleşen ýerleri we olaryň ýagdaýy bilen tanyşýar. Ol goşunuň mundan beýläk-de ok-ýarag, azyk-suwluk bilen üpjün edilmegine uly üns berýär. Kaspi deňziniň kenaryndan başlanan demir ýol gurluşygyny güýçlendirýär. General rus goşunlary üçin ummasyz köp mukdarda öý, keçe, düýe, ýaby, araba ýaly gerekli zatlary toplamagy başarypdyr. Onun buýrugy bilen rus goşunlary haýal etmän Bama süýşip gelipdirler. Ýolda duşan obalaryny weýran edipdirler. Gökdepä hüjüm etmäge doly taýýarlyk işi dowam edipdir. Hüjüm etmäge hemme zat taýyn bolupdyr. Gökdepe galasy nädogry dörtburçluk şeklinde bolup, onuň içinde 25 müňden 40 müňe çenli goraýjy, şol sanda, 7 müňden 10 müňe çenli atly jemlenipdir. Galany goraýjylaryň ýaragy juda ýonekeý bolupdyr.

Ruslaryň güýjüniň juda agdyklygyny aňan gala goraýjylar ynjalykdan gaçypdyr. Olar galanyň goragyny güýçlendirmek maksady bilen Mara, we Hywa Ýomutlaryna ýüz tutrupdyrlar. Marydan Topaz hanyň baştutanlygynda 11-nji dekabrda 2 000 atly gelipdir. Mary otrýady ähli gijeki çozuşlara gatnaşypdyrlar we 1881-nji ýylyň 5-nji ýanwaryna çenli galada bolupdyrlar. Hywa ýomutlary bolsa ruslardan howatyr edýändiklerini habar edipdirler. Bularyň aýdýanlarynyň jany bardy, sebäbi ruslar Hywa ýomutlarynyň başyna Gazawat gyrgynçylygyny (1873-nji ýylda) salypdy. 1880-nji ýylyň dekabrynyň ortasynda başlap gala her gün dynçsyz top okuna tutulupdyr. 1880-nji ýylyň 20-nji dekabrynda Ýaňgala obasynyň basylyp alynmagy bilen Gökdepe kompaniýasynyň iň esasy , jemleýji etapy-Gökdepe galasyny boýun egdirmek boýunça geçirilmeli harby operasiýanyň taýýarlyk döwri başlandy. Soňky iki günde tomeýilnamaan maglumatlary analizläp, general Skobelew Gökdepe galasynyň üstüne hüjümi günorta gündogardan başlamaly diýen karara gelipdir. Zarbanyň esasy merkezi Gökdepe galasynyň guşluk burçy bolmaly. Hüjüm etjek otrýadyň sag ganaty galanyň gündogar tarapyndan, çep ganaty bolsa günorta tarapyndan hereket etmeli edilipdir. 22-nji dekabrda general Skobelew otrýadyň ähli gulluklarynyň naçalnikleriniň gatnaşmagynda maslahat geçirýär. Gökdepe galasynyň içine ýygnanan ähli ahallylary

bir zarbada dyza çokermegi maksat edinen general Skobelewiň bar aladasy tekeleri galadan guma gaçyrman saklamakdan ybarat bolup[dyr. Şu maksat bilen ol 21-nji dekabrda Gökdepe galasynyň daşyna aýlanyp gelende haýal etmän Gökdepe galasyny gabawa almaly diýen karara geýär. General Skobelew Gökdepe galasyny gabamak baradaky meýilnamayny amala aşyrmaklygy 23-nji dekabyrda irden karara gelýär. Munyň üçin ilkinji nobatda jümmi galasyny eýelemeklik bellenýar. General Petrusewiçiň baştutanlygyndaky ýörite otrýad jümmi galasyny almak maksady bilen 23-nji dekabyrda ir sagat 9-da ýola düşmelidi. Şonuň bilen hem Gökdepe galasyny gabawa almak boýunça geçirjek harby operasýa başlanmlydy. 23-nji dekabyrda daňdanlar Jümmi galada bolan söwewş general Petrosoweçiň otrýady üçin şowsuz gutarýar. Otrýad uly ýitgi çekýär. Baştutanyň orunbasary general-maýor Petrosewiçiň başyna ýetýär.

23-nji dekabyryň wakasyndan soň otrýadyň düzümi Gokdepe galasynyň üstüne hüjümi taýarlamak üçin esasan inženerçilik işleri bilen meşgullanyp başlapdyr. Bu döwürde galany goraýjy ahallylar işjeň goranyş taktikasyny saýlap alýarlar. Olar ozaly bilen galanyň söweşe taýýarlanyşyny güýçlendirýärler. Şonuň bilen birlikde bolsa, mümkin boldugyndan duşmana ýetirip bilen zyýanlaryny ýetirmeklige girişýärler. Ahal serkerdeleri duýdansyz gije çozuşlaryny geçirmek taktikasyny ulanmaklygy , şeýle çozuşlaryň birnäçesini geçiribem , otrýady doly ýok etmeklige synanyşmaklygy karar edýärler. Şonuň ýaly gije çozuşlarynyň üçüsi geçirilip olaryň möçberi giň gerim alypdyr. Birinji 28-nji dekabrdaky çozuşa 4 müň , ikinji 30-njy dekabrdaky çozuşa 6 müň , üçünji 4-nji ýanwardaky çozuşa 12 müň adam gatnaşypdyr. 4-nji ýanwarda bolan söweş şowsuz tamamlanypdyr.Galany goraýjylar patyşa goşunlarynyň galanyň galanyň astyndan nagym gazýandyklaryny bilipdirler. Ýöne olar turkanalyk bilen patyşa goşunlary şeýdip galanyň içine girmekçi bolýandyr diýip pikir edipdirler. Olara gaýtawul bermek üçin gylyçlaryny toplapdyrlar. Ol nagym galanyň diwarlaryny partladar ýaly 70 put däri goýmak üçin gazylýandyr diýip olaryň asla kellesine gelmändir. 1881-nji ýylyň 12-nji ýanwarynda kuwwatly partlama galanyň diwarynyň esli bölegini asmana göteripdir we galany goraýjylary aňk edipdir. Ýöne hatda şeýle ýagdaýda olar namartlyk etmändirler. Gahrymançylyk bilen goranmaklygy dowam etdiripdirler .Söweş gaty gazaply bolupdyr. Galany goraýyjylar iň soňky

demlereine çenli söweşipdirler. Ýöne güýçler deň bolmansoň tekeler ýeňlipdirler, top okuna alaç tapyp bilmändirler. General Skobelew öz maksadyna ýetipdir. Şondan soň bolsa galanyň içine girip eden-etdilige başlapdyrlar. Talaňçylyk maksady bilen aýallary we çagalary öldüripdirler.1879-njy ýylyň 1880-1881-nji ýyllaryň harby ekspedisiýalary şol çaknyşyklaryň has aýlyganjydyr. Meseläniň düýp özeni sarizmiň gödek harby güýje daýanmak bilen halkyň ýagşy arzuw-isleglerini depeläninden , garşylyk görkezenleri gana gark edenliginden ybaratdyr. Ol raýatlygy kabul etmek barada diplomatiki gepleşikleriň deregine türkmenleriň üstüne regulýar goşun sürüpdir. Jeza beriji ekspedisiýalar we gandöküşiklikler gurapdyrlar. Güýç ýetmez derejede agyr salgytlar salypdyr.

Galanyň synan gününiň ertesi Skobelew dört gün baranta rugsat berýär. Ýagny rugsatly talaňa ygtyýar berýär. Gökdepäniň sürülip agdarylmagyny arzuw eden Skobelew 1881-nji ýylyň 13-nji ýanwarynda galanyň içinde ýeňijileriň paradyny geçirýär. Patyşa hökümeti bolsa “Za wzýatiýe şturmom Geok-tepe 12-go ýanwarýa 1881-go goda” diýen ýazgy ýazylan medal döredýär.

Ahalyň nähili ýagdaýda Orsýet tarapyndan basylyp alnandygy mälimdir. Sebäbi Ahalyň Orsýet tarapyndan basylyp alnandygyny hiç bir awtor hem inkär etmeýär. Bu babatda XIX asyrda ýaşan orsyýetli, Günbatar Ýewropaly awtorlaryň hemmesi-de örän anyk ýazypdyrlar.

Orsýet tarapyndan Ahalyň basylyp alynmagy iş ýüzünde türkmen meselesini çözüpdir. Ondan soň Orsýede ýaragly garşylyk görkezmekligiň türkmen halky üçin doly gyrgynçylyga deňligine türkmen hanlary, serdarlary we umuman jemagat ýolbaşçylary doly düşunipdirler. Çünki 10 ýyl çemesi wagtda üçünji gyrgynçylyk (Gazawatdyr Gökdepeden soň ) gaýtalanaýsa, onuň halky nämä eltjekdigi her bir akylly-başly adama bellidir. Diňe özüne bagly bolmadyk sebäplere görä 700 ýyl çemesi wagtlap dürli uruşlary, gergynçylyklary, köpçülikleýin göçe-göçlügi başdan geçiren halk muňa gaty gowy düşünýärdi.

Orsýet hem öz gezeginde Etekden-Pendä çenli bolan aralygy basyp almaklykda ilki diplomatiýa daýanypdy. Ol ýerleriň uruş-söweşsiz eýelenmegini isleýärdi. Ol wakanyň ýitileşmeginiň Angliýanyň türkmen meselesindäki täsiriniň güýçlenmegine getire öýdüp gorkýardy. Ýöne şol bir wagtyň özünde goşunyny kem-kemden Merwe tarap sürýärdi. 1883-nji ýylyň dekabr aýynda ors goşunlary Garrybentde (Tejende) jemlenipdir.

Merwiň ilaty üçin örän möhüm meseläniň, ýagny Orsýet bilen uruşmalymy ýa-da parahatçylykly ýoly saýlap almalymy diýen meseläniň gönüden-göni ýaşaýyş gün tertibinde goýlan halatynda ýerli hanlar ýeke-täk dogry pikire gelendikleri hakdyr. Bu meselede Güljemal hanyň taryhy rolunyň uludygyny inkär edip bolmaz. Şonuň bilen bir hatarda Merwiň ilatynyň Orsýete meýletin (has dogrusyny aýtsak uruşsyz) birikmekliginiň aňyrsynda ors imperiýasynyň güýçlidigininiň ýatanlygyny, şonuň üçin hem ýerli hanlary, serdarlary, aksakallary Orsýete raýat bolmak ýoluny saýlap almaga mejbur edenligine göz ýetirmelidiris.

Merwden soň Orsýetiň raýatlygyna uruşsyz Tejen, Saragt, Pendidir-Ýolöten etraplary-da geçipdir.

Gökdepe galasy synandan soň , Mary oazisindäki ýagdaý çylşyrymlaşypdyr. Sebäbi rus goşunlary ýuwaş-ýuwaşdan süýşip gelýärdiler. Patyşa hökümeti Mary oazisine uly ähmiýet beripdir. Entäk Gökdepä edilen ýörişler wagtynda onuň generallary we diplomatlary Maryny eýelemegiň aladasyny edipdir. Marynyň ilaty emele gelen ýagdaýdan çykmagyň dürli ýollaryny ölçerip döküpdir. Ahyry bu meselede iki topar emele gelýär. Birinji topar ruslara uruşman, parahatçylykly ýol bilen birikmegiň tarapdary bolup çykyş eden bolsa, ikinji topar ýurdy goramak üçin patyşa goşunlary bilen uruşmagy ündäpdir.

Ondan başga-da Mary oazisi bilen baglanşykly 1881-1883-nji ýyllarda iňlis-rus bäsleşigi üzül-kesil ýitileşipdir. Iňlisleriň we beýleki goňşy döwletleriň agentleri-jansyzlary türkmenleri ruslara garşy öjükdirmäge çalyşypdyrlar. Şeýle hem olara kömek bermäge wada beripdirler. Şeýlelik bilen olaryň özleri agalyk sürjek bolupdyrlar. Ýöne türkmenler olara kän bir gulak asmandyrlar. Sebäbi olar iňlislere-de, parslara-da ynam etmändirler.

Mary etraplarynyň ilatyny Orsýete birikdirmek üçin patyşa hökümeti dürli hilegärliklere ýüz urupdyrlar we köp çäreler geçiripdirler. Ilki bilen ol ilatyň arasynda täsiri uly adamlara sylag, sowgat , çin bermek arkaly olary öz tarapyna çekipdir. Rus çinownikleri tarapyndan 1882-nji ýylyň başynda Aşgabatdan Mara dürli harytlar ýüklenen söwda kerweni guralýar.Munuň özi ruslar bilen Mary ilattnyň arasynda söwda-satyk işleriniň güýçlenmegine täsir edýär. Ruslar Etegi, Duşagy, Mänäni, Çäçäni özlerine birikdirýärler we kem-kemden gündogara süýşýärler. 1883-nji ýylyň ahyrynda patyşa goşunlarynyň kiçiräk ýygyndy otrýady Tejeni

eýeleýär we Mara golaý barýar. Şol ýerden rus goşunlarynyň komandowaniýesi asly kawkazly musulman , türkçe gepläp bilýän , patyşa goşunlarynyň ştabs-kapitany M.Alihanow-Awarskini Mara iberýär. Ol Mara baryp, onuň ýagdaýyny öwrenýär.

1884-nji ýylyň 1-nji ýanwarynda Geňeş çagyrylýar. Ilki Alihanow söz sözleýär. Ol Mary ilatynyň parahatçylykly ýol bilen Russiýanyň raýatlygyna geçmegini ündäpdir. Sözüniň ahyrynda eger ilat onuň beren maslahatyny kabul etmese, onda olary rus goşunynyň zor bilen boýun egdirjekdigini aýdypdyr.

Ep-esli wagt dowam eden çekeleşikden , geňeş ahyrsoňy Mary türkmenleriniň patyşa Russiýasynyň raýatlygyna geçmäge razydyklary barada karar kabul edipdir. Emele gelen taryhy ýagdaýda dogry düşünen geňeşiň agzalary ilaty gyrgyna bermejek bolup, mejbury suratda şeýle karara gelipdirler.

Şeýlelik bilen Türkmenistanyň mes toprakly Merw oazisi patyşa Russiýasyna parahatçylykly ýol bilen mejbury ýagdaýda birleşdirilipdir.

Bu prosses Mary ilatynyň tutuşlygyna hammesiniň islegine görä amala aşyrylmandyr. Işan-mollalar, Gajar han we ilatyň käbir topary patyşa Russiýasyna tabyn bolmaga garşy bolupdyrlar.

General Kamorow bir bölek otrýad bilen 22-nji fewralda Aşgabatdan Mara ugrapdyr. Onuň otrýadyny Gajar han 4 müň meýletinçi otrýady bilen 29-njy fewralda Marynyň eteginde ok bilen garşylaýar. Emma bu harby çaknyşykda Gajar hanyň otrýady ýeňilipdir. Soňra rus otrýady Maryda ymykly ornaşypdyr. Günorta Türkmrnistanyň Ýolöten, Pendi we Saragt ýaly etraplarynyň hem ilaty Russiýanyň raýatlygyna kabul edilmegini sorap ýüz tutupdyrlar. Netijede olar hem 1884-nji ýylyň ýaz-tomus aýlarynda uruşsyz parahatçylykly ýol bilen patyşa Russiýasynyň golastyna düşüpdir.

Mary oazisiniň parahatçylykly ýol bilen patyşa Russiýasyna birikdirilmeginde Güljemal han uly rol oýnapdyr. Güljemal han Nurberdi hanyň aýaly bolupdyr. Nurberdi han ýogalandan soň onuň abraýy Maryda has ýokary göterilipdir. Ol Gökdepe urşunuň netijesine anyk göz ýetirip, Mary oazisiniň patyşa Russiýasyna söweşsiz brikmeginiň tarapdary bolup hereket edipdir.

1884-nji ýylyň ýaz aýlary Ýolöten-Pendi oazisleri Russiýa birikdirilýär. Bu bolsa iňlis-rus gatnaşyklaryny hasda ýitileşdirýär. 1885-nji ýylyň ýaz aýlarynda rus goşunlary bilen owgan goşunlaryň arasynda söweş bolýar. 10 müň owgan goşuny, 1 müň iňlis goşäuny

general Lemsdeniň ýolbaşçylygynda Pendini we Guşgyny eýeleýär. Rus goşunynyň başynda polkownik Alihanow durupdyr. Soňra ruslar general Kamorowyň ýolbaşçylygynda uly goşun iberýär. 1885-nji ýylyň 18-nji martynda Daşköpride söweş bolýar. 1886-njy ýylyň ylalaşygyna görä 1887-nji ýylda rus-owgan araçägi çekilýär.

**3.Türkmenistan XIX asyryň ahyrynda we XX asyryň başlarynda**

XIX asyryň ortalaryndan başlap patyşa Russiýasy Merkezi Aziýany basyp almaklyga girişýär. Türkmensitana-da üç tarapdan Orsýetiň ekspansiýa howpy abanýardy. 1869-njy ýylda Hazaryň kenarynda desant düşürildi, Krasnowodskiniň düýbi tutulyp, ýurduň içki etraplaryny öwrenip başladylar, goşun bölümleri Etrege, Gyzylarbada, Hywa çenli ýetýärdiler. 1873-nji ýylda Kaufmanyň goşunlary Hywa hanlygyny basyp aldy, oňa garşylyk görkezenler diňe türkmenler boldy. Şonuň üçin hem Hywa hany Seýitmuhammet Rahym II-niň haýyşy bilen Gazabat ýomutlarynyň boýnuna çekip bolmajak agyr kontribusiýa ýüklendi, soňra bolsa olaryň üstüne jeza beriji ýöriş edip, ýomutlary gyrdylar, obalaryny hem otladylar. Günbatar Türkmenistany eýeländen soň patyşa goşunlary Ahala aralaşdy, 1879-njy ýylda bolan birinji ýörişinde Gökdepe galasyny almaga synanyşdy. Emma bu ýöriş olar üçin şowsuz gutardy. Galany goraýjylar batyrlyk görkezip, general Lomakiniň goşunlaryny yza çekilmäge mejbur etdiler. Şundan soň patyşa hökümeti Ahaly basyp almak üçin çynlakaý taýýarlyk gördi, goşunlara serkerde edilip söweşjeň general Skobelew bellendi. Ýyl ýarym taýýarlyk görlenden soň ikinji ýöriş başlandy, Gökdepe galasy gabawa düşüp, 21 günläp her gün top okuna tutuldy, köp adam heläk boldy. Emma muňa garamazdan, galany goraýjylar gijeler çykyp çozuş etdiler, köpçülikleýin gaýduwsyzlyk görkezdiler. 1881-nji ýylyň 12-nji ýanwarynda galanyň diwarlary partladyldy, goşunlar hüjüme geçip, ony zabt edip aldy. Gala synandan soň hem tragediýa dowam etdi, ony goraýjylaryň müňlerçesini gyrdylar ämlägini taladylar aýal-gyzlary müňläp ýesir aldylar. Eýrana sürüp äkitdiler. General Skobelewiň goşunlary aklap bolmajak zalymlyga ýüz urdy, halas bolan adamlar guma tarap, Mara, Tejene gaçdylar. Gökdepe galasy ýykylandan soň 3-4 ýylyň içinde Türkmenbistanyň galan ýerleri Etrek, Tejen, Ýolöten, Sarahs, Pendi oazisleri uruşsyz-söweşsiz basylyp alyndy. Diňe iňlisleriň öjükdirmesi netijesinde 1885-nji ýylda rus we owgan

goşunlarynyň arasynda Daşköpri söweşi boldy. Şu döwürde rus-eýran we rus-owgan araçäkleride çekildi. Şeýleleik bilen türkmenleriň köp bölegi Orsýetiň gol astyna çekildi.

1881-nji ýylda Zakaspi oblasty döredilýär, oňa Maňgyşlak, Krasnowodsk, Aşgabat, Tejen, Mary uezdleri, birnäçe pristawlyklar girýärdi. Bu oblastyň umumy territoriýasy 532 müň km$^2$ 1897-nji ýylyň ilat ýazuwy boýunça ilaty 382,5 müň adama barabardy. Iň köp ilaty Mary uezdinde 119 müň, Aşgabat uezdinde 92 müň, Maňgyşlakda 68,5 müň, Krasnowodsk uezdinde 54 müň, Tejende-de 49 müň ilat ýaşaýardy. XIX asyryň 80-nji ýyllarynda gurlan Zakaspi harby demir ýoly uly ähmiýete eýe boldy. 1885-nji ýylyň 30-njy noýabrynda Aşgabada ilkinji otly geldi, 1886-njy ýylyň iýulynda demir ýol Mara, 1888-nji ýylda bolsa Samarkanda ýetirildi. 1899-njy ýylda Guşgy şahasy çekildi. Türkmenistanda 50-den gowrak stansiýalar, depolar, ussahanalar, wagon we prawoz remont edilýän kärhanalar döredi, şäherler emele geldi.

Baknayk döwürde Türkmenistanda senagat ösmedi. Diňe oba hojalyk onümlerini gaýtadan işleýän (pagta, ýag, sabyn zawodlary) hem-de ýerasty baýlyklary gazyp alýan kärhanalar döredi. Zakaspi oblastynda ekin ýerleri 25 ýylyň dowamynda 4 esse artdy, oba hojalygynyň harytlyk pudaklary, aýratyn hem pagtaçylyk çalt ösdi, irrigasion desgalar, kärizler guruldy, Maryda patyşalyk mülki döredilip oňa 104 muň desýatyna ýer bölünip berildi, Soltanbeg, gazyklybent, Gindiguş bentleri guruldy. Şu döwürde Merkezi Russiýadan göçirilip getirilen rus posýoloklarynyň 34-sini araçäge ýakyn iň gowy ýerlerde ýerleşdirdiler. Zakaspi oblastynda ýaşaýan türkmenler patyşanyň kolonial sütemi astynda galan bolsa, hywa we Buhara hanlyklaryda türkmenlerin ýagdaýy mundan beterdi. Bu iki despotik režimiň içki düzgüni öňküligine galypdy we “ hukusuzlaryň ýurdy” hasap edilýärdi. Türkmenleriň hiç ýerde-de syýasy hukujlary ýokdy, olary şäherlerde ýaşamaga hatda otla münmägede göýbermeýärdiler.

Patyşa režiminiň möwriti azalyp, ýurduň öz içinde merkezinde bulagaýlyk artýardy, ynklabynyň ody tutaşýardy. Birinji jahan urşunuň başlanmagy we Orsýetiň ýeňişlere sezewar bolmagy halkyň nägileligini artdyrýardy. 1916-njy ýylyň iýun aýynyň 25-nde patyşa imperiýasynyň kolonial künjeklerinde 19 ýaşdan 43 ýaşa çenli erkek adamlary tyl işlerine ýagny okop gazmak ýol çekmek, demir ýol, harby kärhanalarda işlmeke üçin mobilizlemek barada perman

çykardy, Şu perman boýunça Zakaspi oblastyndan 15 müň adam alynmalydy. Emma ilat muňa garşy çykdy, “adam bermeli däl” diýip karar edilýärdi, hiç ýere gitmejek bolup, pul ýygnalýardy, boýuny satyn alyp, spisoga düşmedik baýlara haýbat atýarlardy. Obalarda, çaýhanalarda, bazarlarda ýygnak edip “bizi aldaýarlar, adam almak barada hiç hili perman ýok muny bolköýnekler tapdy” diýip wagyz edýärdiler. Daýhanlar hereketi günsaýyn güýçlenip, Tejende, Etrekde, Hywada, ýaragly garşylyga öwrüldi, patyşa hökümeti olardan rehimsizlik bilen öç aldy, top, pulemýot okuna tutdy, ýüz müňlerçe mallaryny elinden aldy. 1916-njy ýylyň gozglaňy bütin Merkezi Aziýany Gazagystany gurşap aldy we 1917-nji ýylyň Fewral rewalýusiýasyna ýagny patyşa režimi ýykylýança dowam etdi.

***Soraglar:***

1. Patyşa Russiýasynyň türkmen ýerlerine aralaşmagynyň sebäpleri.
2. Günbatar Türkmenistanyň eýelemegi.
3. Gazawat gyrgynçylygy.
4. Türkmen halkynyň 1879-1881-nji ýyllardaky Watançylyk urşy.
5. Merw sebitiniň patyşa Russiýasynyň düzümine girizilmegi.
6. Türkmenistan XIX asyryň ahyrynda we XX asyryň başlarynda

## 13-nji tema

## TÜRKMENISTANDA SOWETLER JEMGYÝETINIŇ GURLULMAGY

(1917-nji ýyldan 1950-nji ýyllaryň ortalaryna çenli döwür)
(2 sagat)

Umumy okuwyň meýilnamasy:

1. 1917-20-nji ýyllarda Türkmenistanyň syýasy ýagdaýy we totalitar düzgüniniň berkarar edilmegi.
2. 1920-37-nji ýyllarda Türkmenistanyň durmuş-ykdysady we syýasy ýagdaýy. Medeni özgertmeler.
3. XX asyryň 20-30-njy ýyllarynda Türkmenistanda amala aşyrylan köpçülikleýin zorluk çäreleri.
4. Türkmenistan Beýik Watançylyk urşy ýyllarynda. (1941-1945-nji ýyllar)
5. Türkmenistan uruşdan soňky onýyllykda. Aşgabat ýer titremesi.

## 1.1917-20-nji ýyllarda Türkmenistanyň syýasy ýagdaýy we totalitar düzgüniniň berkarar edilmegi

Fewral buržuaz-demokratik ynklaby oba zähmetkeşleri patyşa dikmelerini işden aýyrmagy ýer-suw meselesini çözmegi harby hem-de öý başyna salynýan salgytlary ýatyrmagy, 1916-njy ýylda päleçilige iberilen türkmenleriň yzyna getirilmegini talap edýärdiler.

Wagtlaýyn hökümet esasy meseleler barasynda şol sanda milli mesele barasynda-da, hakykatda sarizm imperialistik syýasatyny dowam etdirdi. Milli çet ülkeleriň halklaryna şol sanda türkmen halkyna hem syýasy awtonomiýa bermekdeb boýun gaçyrdy, onun ozalky territorial dagynyklygyny saklady. 1916-njy ýylda milli azatlyk gozgalaňy gatnaşanlary yzarlap başlady, Daýhanlar üçin ebedilik mesele bolan ýer meselesini çözmegi dürli bahanalarbilen geljekde çagyryljak Uçreditel çreditel aga yza çekdirdi.

Gan döküşikli birinji jahan urşunyň dowam etdirilmegi, ýurtdaky hojalyk weýrançylygynyň öňüni almak üçin hiç hili alada edilmezligi, wagtlaýyn hökümetiň alyp barýan antidemokratik syýasaty bularyň hemmesi zähmetkeşler köpçüliginiň närazylygyny barha güýçlendirýärdi. Şonuň üçinem basymbütin ýurt boýunça rewalýusion hereket täzeden ýaýbaňlanyp başlady.

Rewalýusion herekete ýolbaşçylyk edýän bolşewikler partiýasy zähmetkeşler köpçüligini buržuaz-demokratik rewalýusiýanyň sosialistik rewolýusiýa ösüp geçmegi ugrundaky göreşe aýaga galdyryp, proletariatyň sosializm ugrundaky göreşini, urşy ýatyrmak we ýaraşyk baglaşmak ugrundaky umumy demokratik hereketi, daýhanlaryň ýer ugrundaky we ezilýän halklaryň azatlyk ugrundaky aýgytly çykyşlaryny umumy rewolýusion akyma birikdirmäge başlady.

Bu prosesleriň hemmesi, yza galandygyna garamazdan Zakaspi oblastynda hem ýaýbaňlandy. Daýhanlaryň zähmetkeş gatlaklary feodal-baý toiparlaryň elinde bolan “Türkmen ispolnitel komitetleriniň” kimiň bähbidini goraýandygyna göz ýetirip, olardan arany üzüp başladylar. Daýhanlar özleriniň hajatlary barada indi ýygy-ýygydan Sowetlere ýüz tutup, işçi we soldat deputatalarynyň Sowetleri bilen bilelikde hereket edip başladylar. Sowetler bilen birleşmek ugrundaky hereket Tejende, Esengulyda we Guşgy raýonlarynda has-da güýçli bolupdyr. Bolşewikleriň ýolbaşçylyk edýän Sowetleri (Çeleken, Sarahs, Guşgy we başgalar) garyp daýhanlary umumy göreşe çekip başladylar.

Türkmen obalarynda topgunmalaryň güýçlenmegine “päleçiler” uly täsir etdiler. Pälä giden türkmenleriň köpüsi diýen ýaly Pskowyň, Tweriň, Odessanyň senagat işçileri, Niolaýewiň we Permin demir ýol işçileri bilen ýakyndan aragatnaşykda bolupdyrlar, işçileriň staçkalaryna gatnaşypdyrlar; ýer, uruş, işçi deputatlarynyň Sowetleri baradaky bolşewistik şygarlar bilen tanşypdyrlar. Päeden gelenler köne adminstrasiýa garşy göreşe ýolbaşçylyk edýärdiler, baýlaryň ýer suwuny elinden almak wehimini salýardylar.

Russiýda Oktýabr ynkabynyň üstün çykmagynyň täsiri netijesinde Türkistanda rewalýusion hereket has-da ýaýbaňlandy. Rewalýusion hereketiň güýçlenmegine Aşgabatda, Maryda, Krasnowodskide, özbaşdak bolşewistik partiýa guramalarynyň döredilmeginiň uly ähmiýeti boldy. Türkmen obalarynda, bir tarapdan, höküm sürýän açlyk zerarly tolgunmalar artdy, ikinji tarapdan bolsa, wagtlaýyn hökümetiň ýerli organlaryna garşy göreş güýçlendi. Munuň özi kä halatlarda ýaragly çaknyşmalara baryp ýetýärdi. Tejen, Krasnowodsk, Aşgabat uezdleriniň birnäçe oblarynda tolgunmalar aç-açan häsiýete geçdi.Käbir ýerlerde şäher işçileriniň komegibilen daýhanlar wagtlaýyn hökümetiň kommisarlaryny häkimýet başyndan kowup başladylar. Ýolöten kommisary Belýaýew zähmetkeşleriň öç almagyny gorkup, gaçyp gitmäge mejbur boldy. Eýýam noýabr aýynda Krasnowodskide, Guşguda, Çelekende, Gazanjykda häkimýet Sowetleriň eline geçdi. 1917-nji ýylyň Bitaraplyk aýynyň 2-nde bolsa Sowetleriň IV gurultaýynda häkimýetiň Sowetleriň eline geçýändigi jar edildi. Ýerli Sowetlerde turkmen seksiýalary döredildi. Aşgabatda, Tejende, Maryda, Baýramalyda, gyzyl gwariýada ortýadlar döredildi.

Raýatlyk urşy we daşary ýurt interwensiýasyülkäniň durmuşynyň ähli tarapyny-harby, ykdysady, syýasy we medeni tarapyny öz içine aldy. Sowet respublikasy duşmany derbi-dagyn etmegiň we rewolýusiýanyň göreşip gazananlaryny goramagyň bähbidi üçin bütin işi üýtgedip gurmaga mejbur boldy.

1918-nji ýylyň iýun aýynyň 12-de Sowet häkimýetiniň has gowşak zwenolarynyň biri bolan Zakaspide kontrrewolýusion agdarlyşyk boldy, ony “Bolşewiklere garşy Türküstan soýuzy” akgwardiýaçylar hem eser menşewikler bilen soýuzdaşlykda amala aşyrýar. Sowet häkimýeti oblastyň Guşgudan başga bütin territoriýasynda syndyryldy. Bu pitneçilere iňlis interwentleri hem koege geldiler (1918-nji ýylyň Alp Arslan aýynyň 12-dy). Şeýleleikde Zakaspi fronty emele geldi we bu ýerde gazaply gandöküşikli

çaknyşyklar başlandy, munuň ozi Sowet Orsýetindäki raýatlyk uruşunyň aýrylmaz bir bölegine öwrüldi. Akgwardiýaçylar eser menşewikler häkimýeti basyp alyp, Wagtlaýyn ispolnitel komitet diýilýän öz hökümetini döretdiler. Onuň başynda bolsa sagçy eser F. Funtikow durýardy.

Emma pitneçileriň Çärjewi bütin Türkistanda sowet agdarmak üçin Daşkende tarap süýjek bolmagy başa barmady. Örän agyr kynçylyklaryň bolandygyna garamazdan goranýan işçiler gyzyl gwardiýacy ortýadlar hüjüm edýän akgwardiýaçy güýçleri Çärjewin eteginde togtatmagy başardylar, olary Kaka stansiýasyna çenli yuza serpikdirdiler. Guşgynyň gabawy hem bir aýlap diýen ýaly edermen goraýjylaryň garşylyk görkezmegi netijesinde akgwardiýaçy güýçlerden azat edildi. Şondan soňra Çärjew Zakaspi frontynda Gyzyl Goşunyň esasay bazasyna öwrüdi. Kerki şäheri hem şol ýowuz ýyllarda Sowet häkimýetiniň daýanç punktlaryndan biri bolup galdy. Çärjew, Guşgy we Kerki şäherleri grajdanlyk urşy dünde görkezen gahrymançylygy üçin soňra TSSR-iň Gyzyl Baýdak ordeni bilen sylaglandy.

Kaka biln Duşagyň eteginde 1918-nji ýylyň Alp Arslan–Garaşsyzlyk aýlarynda alnyp barlan agyr söweşlerden soň Gyzyl Goşun Rawnina stansiýasyna tarap yza çekilmäge we goranyşa geçmäge mejbur bolýar.

1918-19-nji ýyllaryň gyş aýlarynyň dowamynda Gyzyl Goşunyň söweşjeň we syýasy taýýarlygyny güýçlendirmek üçin esgerleriň arasynda guramaçylyk-syýasy iş alnyp baryldy, bu çäre bolsa 1919-njy ýylyň Magtymguly aýynda olaryň aýgytly hüjüme geçmegine mümkinçilik berdi. Olar Magtymguly aýynyň 21-de Baýramalyny, Magtymguly aýynyň 23-de Maryda azat etdiler, Magtymguly aýynyň 24-de bolsa Guşga girdiler. Agyr gazaply söweşlerden soň Oguz aýynyň 7-nde Tejen azat edildi. Tejen üçin söweşde Gyzyl Saryýewiň otrýady Gyzyl Goşunyň tarapyna geçdi, şondan soň ol Sowet häkimýeti ugrundaky söweşlere işjeň gatnaşdy. Tejen we Duşak söweşlerden soň Zakaspi fgrontynyn ştabynyň Oguz aýynyň 25-de beren operatiw swodkasynyň maglumatlaryna görä, ýaraglanan türkmenleriň 800-e golaýy Gyzyl Goşunyň tarapyna geçýär. Mary we Tejen uezdleriniň azat edilmegi Zakaspidäki grajdanlyk urşynyň öwrülişik pursaty boldy. Gyzyl Goşunuň esgerleri iňňän agyr kynçylyklary ýeňip geçip, iýulyňbaşynda Kakany azat etdiler we eýýam 9-njy iýulda Poltoraskä (Aşgabada) girdiler. Şol söweşlerde

türkmen obalarynyň hem-de rus şäherçeleriniň daýhanlary Gyzyl Goşuna uly kömek berdiler. Şol wagt Büzmeýin obasynda düzülen meýletin türkmen otrýady Gyzyl Goşunyň düzümine birikdi. Gowşut Öwezow bilen Gurbanmämmet Babaýewiň komandirlik eden şu otrýady Mary atly otrýady bilen bilelikde Ý.W. Teleşiniň komandirlik edýän aýratyn Atly toparynyň hataryna girdi we ol Sumbar jülgesini azat etmäge gatnaşdy.

Güýzde Merkezi Orsýet kömege geldi. 1919-njy ýylyň Ruhnama aýynyň 13–nde Türküstan gabawdan doly azat edildi. Türküstana harby– syýasy, ykdysady we medeni kömek berip durar ýaly, RSFSR BMIK-niň, HKS-niň we partiýanyň MK–synyň Kommissiýasy (Türkkomisiýa) döredildi. Türki frontynyň komandowaniýesi Günbatar Türkmenistany azat etmek üçin Zakaspi frontyna kömek bere ýaly, aýgytly çäreler gördi. 1919–njy ýylyň Garaşsyzlyk aýynda bu ýere Türfrontynyň I-nji armiýasy geldi, gowşuşy güýçlendi. 1920-nji ýylyň Baýdak aýynda Gyzyl Goşun Kranowodskini Çelekeni azat etdi. Zakaspiniň bütin territoriýasynda Sowet häkimýeti dikeldildi.

Hywa hanlygy we Buhara emirliginde taryhy ösüşiň öz aýratynlyklary sebäpli, 1917-nji ýylda ynklab bolmady. Olarda ilatyň ähli zahmetkeş gatlaklarynyň hal-ýagdaýynyň juda agyrdygyny häsiýelendirýän feodal-despotik düzgün höku sürýärdi.

Şoňa görä-de Gyzyl Goşunyň goldaw bermegi hem-de göniden-göni gatnaşmagy netijesinde Hywada rewolýusi 1920-nji ýylyň Baýdak aýynda, Buharada bolsa 1920-nji ýylyň Ruhnama ayynda ýeňdi. Bu ynklaplara türkmenleriň ýaşan raýonlarynyň zähmetkeşleri G. Sopyýewiň, Mollaoraz Hojamämmedowyň (Hywa) hem-de Bäşim serdar Seýitnazarowyň (Buhara) ýolbaşçylygynda işeňnir gatnaşdylar. Şu ynklaplaryň ikisiniňem şol türkmen obalarynda ýaragly gozgalaňlaryň turmegy bilen başlanandygyny bellemek hem ähmiýetlidir. Hywada (1920-nji ýylyň Gurbansoltan aýynyň 27-30 ) we Buharada (1920-nji ýylyň Garaşsyzlyk aýynyň 6–y) Halk Sowet respublikalary döredildi.

## 2.1920-37-nji ýyllarda Türkmenistanyň durmuş-ykdysady we syýasy ýagdaýy. Medeni özgertmeler

1920-nji ýylyň aýaklarynda Sowetler ýurdunyň ähli ýerinde graždanlyk urşy tamamlandy we parahatçylykly gurluş döwrüne geçilip ugraldy, ýöne bu iş iňňän kyn syýasy krizis we hojalyk weýrançylygy şertlerinde amala aşyrylýardy. Türküstan ASSR-nde,

hususanda emele gelen ýagdaý bütin ýurdy öz içine alan ykdysady we syýasy kizisiň umumy görnüşini tassyklady. Graždanlyk urşunyň ahyrynda oblastda emel gelen ykdysady ýagdaýy heläkçilikli ýagday diýip hasaplamak bolýardy, sebäbi weýrançylykly meýililer güýçlenýärdi. Şu zatlaryň hemmesi hojalyk syýasatynyň täze prinsiplerine, kadaly ykdysady, ýagny harytsyz salgyma çapmalary inkär edip, bazar, haryt-pul gatnaşyklaryna geçmegiň zerurlygyny talap edýärdi. RK(b)P-niň H gurultaýy (1921-nji ýylyň Nowruz aýynyň 8-16-sy) azyk razwerstkasynyň azyk salgydynda, “harby kommunizmden” täze ykdysady syýasaty (NEP -e)geçmek hakynda karar kabul etdi.

Täze ykdysady syýasat oba hojalygynyň ýagdaýyna netijeli täsir etdi, oba hojalyk onümçiliginiň aşak düşmeginiň bir öňi alynman, eýsem ony dikeltmek we ösdürmek üçin hem zerur şertler döredildi. 1920-1922-nji ýyllarda Poltoraskiniň Mary we Tejen uezdleriniň ekerançylyk raýonlarynda geçirilen ýer-suw özgertmesi agrar ganaşyklarda kolonial endik-kadalaryň soňunma çykdy, ýerli hem göçüp gelen ilata ýer-suw barasynda deň hukulary berdi, ýer-suw meselesini doly derejde çözüp bilmedik hem bolsa, zähmetkeşler köpçüliginiň syýasy işeňňirliginiň güýçlenmegine ýardam etdi. Oblarda “Goşçular soýuzy” döredi.

1923-1925-nji ýyllarda nebit, duz çykarylyşy, elektrik energiýasynyň öndürilişi ýag juwazlaryň pagta arassalaýjy zawodlaryň, baryp 1921-nji ýylda Aşgabatda ulanylmaga berlen Aýna zawodynyň önüm öndürişi artdy. 1923-nji ýylda kuwwaty 1300 at güýjüne barabar bolan Hindiguş suw elektrik stansiýasy dikeldi, ol bütin Mary uezdlerini elektrik energiýasy bilen üpjuň edýärdi. Gyzylarbadyň demi ýol ussahanasynyň, demir ýol transportynyň işi gowulanyp ugrady, köne ownuk kärhanalar üýtgedilip gurlup başlandy. 1925-nji ýylda Baýramalynyň ýag zawody ulanylmaga berildi. Ýerli ilatdan işçiler synpynyň ilkinji kiçeňräk otrýadlary peýda bolup başlady. Türkmen halkynyn arasynda G. Ataýew, N. Aýtakow, H. Sähetmyradow, K. Kulyýew we başgalar ýaly görnikli döwlet we partiýa işgärleri çykdy.

1917-nji ýylda bolan Fewral Oktýabr ynklaplary netijesinde patyşa hökümeti we Wagtlaýyn buržuaz hökümet agadarldy, netijede türkmen halky, şeýle hem Merkezi Aziýanyň beýleki halklary üçin öz milli sowet döwletini döretmäge ýol açyldy. Türküstan ASSR–niň, Horezm we Buhara Halk sowet respublikalarynyň yglan edilmegi, şol

respublikalaryň düzüminde Türkmen oblastlarynyň döredilmegi şu ýolda möhüm çelgi boldy. TASSR, HHSR, BHSR köp milletli respublikalardy. Olar ynklabyndan ozalky, köne syýasy-adminstratiw bölnüşiginiň çäklerinde döredildi. Merkezi Aziýa halklary, şol sanda türkmen halky-da şu respublikalar boýunça dagynyklyga galyp gelýärdi. Türkmenleriň 43,2 göterimi TASSR-da, 27 göterimi Buhara respublikasynda, 29,8 göterimi bolsa Horezmde ýaşaýardy. Merkezi Aziýa respublikalarynda milli bölünişigiň geçirlmegi zähmetkeşkleriň jana-jan bähbitlerine gelýärdi.

Türküstan MIK-ni adatdan daşry III sesiýasy, Sowetleriň V Bütinhorezm we V Bütinbuhara gurlutaýlary Merkezi Aziýa respublikalarynda milli bölünişigi geçirmek hakynda karar kabul etdiler.SSSR MIK-nin II sessiýasy (1924-nji ýylyň 27-ni oktýabry) Merkezi Aziýa respublikalarynyň şu kararlaryny makullady hem-de Türkmenistan SSR-ni we Özbegistan SSR-ni döretmek hakynda karar çykardy. Soňra şu karar iş ýüzünde durmuşa geçirilip başlandy. 1925-nji ýylyň Baýdak aýýnyň 15-24-de Aşgabatda Sowetleriň Bütin Türkmenistan uçreditel gurultaýy çagyryldy. Gurultaý TSSR-I döretmek hakyndaky Deklarasiýany" yglan etdi. Respublikanyň MIK-I saýlanyldy. (başlygy H. Aýtakow), ilkinji hökümeti-Halk Kommisarlar Soweti düzüldi (başlygy G. Atabaýew). Respublikanyň degişli döwlet institutlary döredildi. Konstitusiýasy, döwlet simwolikalary kabul edildi. Ozal dürli respublikalaryň düzüminde bölek büçek bolup ýaşan türkmenlere (häzirki territoriýanyň çäklerinde) öz milli sowet respublikasyna birleşdiler. Bu ýagdaý türkmenlere halk hökmünde saklanyp galmaga hem-de ösmäge uly ýardam etdi. Iň bir kyn mesele bolan terrotoriýa meselesi hem ylalaşykly oňyn çözüldi.

Türkmenistan SSR-I gurultaýda kabul edilen karara laýyklykda Sowet Soýuzynyň düzümine meýletin girdi. Soňky wakalaryň görkezişi ýaly, munuň özi örän çylşyrymly hem-de gapma-garşylykly ýagdaya getirdi. Bir tarapdan, ol Türkmenistanyň beýleki soýuz respublikalar bilen özara gatnaşygyny ýeňilleşdirdi hem-deonuň ykdysadyýýetiniň ösdürilmegine ýardam etdi. Respublikada dürli-dürli halklaryň agzybir ylalaşykly ýaşamagynyň tejribesi tomeýilnamady. Munuň häzirem uly ähmiýeti bar. Ikinji tarapdan bolsa, ýurdy dolandyrmak işiniň gitdigiçe Soýuz möçberinde aşa merkezleşdirilmegi Türkmenistan SSr-niň özbaşdaklygy kem-kemden formallyga öwrülmegine getirdi. Şu ýagdaý ylaýta-da 30-njy ýyllaryň

ahyrlaryndan başlap, has da äşgär ýüze çykdy. Syýasy, ykdysady durmuş çendenaşa merkezleşdirildi. SSSR soýuz dölwet bolandygynda kem-kemden “bölünmez bütewi” totalitar döwlete öwrüldi.

1925-nji yylyň Baýdak aýynda 14-19-da Türkmenistan Kompartiýasynyň I gurultaýy boldy. Onda TKP-niň ýolbaşçy organlary saýlandy. MK-nyň sekretarlygyna I.I. Mejlauk we H. Sähetmyradow saýlandy.

1925-nji ýylyň dowamynda zähmetkesleriň köpçülikleýin jemgyýetçilik guramalarynyň-profsoýuzlaryň, komsomolyň, “Goşguçylar” soýuzynyn gurultaýlary bolup geçdi we olaryň ýerli we merkezi respublikadan guramalary saýlandy.

Türkmensitan SSR-niň döredilmeginiň halk hojalyk wezipelerini çözmäge zähmetkeşleri mobilizlemekde, olaryň syýasy we zähemt işeňňirligini ýokarlandyrmakda möhüm ähmiýeti boldy.

Türkmenistan 1925-1941-nji ýylyň Oguz aýynda çenli ýurdy mundan beýläk ösdürmegiň perspektiwlary 14-nji partiýa konferensiýasynda (1925-nji ň Gurbansotan aýy.) hem-de partiýanyň XIV gurultaýynda (1925-nji ýylyň Bitarapyk aýy) ara alnyp maslahatlaşyldy, şolara aýratyn alnan bir ýurtda sosializm gurmagyň palny makullandy. Sosialistik gurluşygynyň esasy özeni ýurdy industrializasiýalaşdyrmakdy.

Türkmenistanyn halk hojalygyny dikeltmek işi ýurduň merkezi rayonlaryna garanda giç-1926-njy ýylyň aýagynda 1927-nji ýylyň başynda tamamlandy. Şoňa görä-de 1926-1928-nji ýyllarda täze senagat kärhanalaryny gurmak işi köne kärhanalary dikeltmek hem täzelemek işiniň tamamlanmagy bilen bir wagtyň özünde amala aşyryldy. Nebit, kükürt, nebitdakyl, sulfat we gazylyp alynýan beýleki peýdaly magdanlary çykarýan koňe kärhanalar demir, ýol ussahanalry, şeýle hem pagtany, ýüpegi, ýüňi we beýleki oba hojalyk önümlerini gaýtadan işleýän kärhanalar gurulýardy hem täzelenýärdi.

1925-1928-nji ýyllarda hünärmentçilik senagaty, ylaýta-da bütin dünýä meşhur bolan türkmen halylaryny öndürmek, haraz önümçiligi ösdi. Senetçiler, hünärmentler aýakgap, ýüň, ýüpek we nah mata oba hojalyk we ulag senetlerini, ýag we süýji nygmatlar öndürýärdiler.

1925-1927-nji ýyllarda ýer-suw özgermesi geçirildi, munuň özi ýer-suw gatnaşyklaryndaky köne tertip-dügünleri syndyrmaga gönükdirildi. Bu çäräniň başlangyç döwründe (1925-26-njy ýyllar) ýer-suw özgertmesi Bümeýin, Magtymguly (Garrygala), Ginsburg,

Poltoraskiniň, Mary we Baýramaly raýonlarynda geçirildi, ikinji döwründe boilsa (1926-27-nji ýyllar) Tejen, Ýolöten, Tagtabazar we sarahs raýonlarynda geçirildi. Reformanyň geçirilmeginiň netijesinde feoadal-ekspluatatorçylyk hojalyklarynyň 2298-siniň ýer-suwy elinden alyndy, baýlaryň hojalyklarynyň 15576-synyň bellenen normadan artyk ýerleri elinden alyndy. Ýersiz daýhan hojalyklarynyň 10357-sine hem-de az ýerli daýhan hojalyklarynyň 23155-sine 60 müň gektardan hem gowrak ýer mugt berildi.

Tejen, Murgap, Etrek derýalarynyň we Amyderýanyň basseýninde uly suw gurluşyk işleri alnyp baryldy. Maldarçylygyň ösdürilmegine hem üns berildi. 1926-njy ýylyň awgustynda TSSR MIK-niň ýanynda maldarçylyk kommiteti döredildi. Bu Komitet maldarçylyk raýonlarynyň ýagdaýyny öwrenip olaryň alyp barmaly işini kesgitleýän gymmatly materiallar toplady. 1928-nji ýylda maldarçylyk rayonlarynda zootehniki çäreler we guýy gazmak işi üçin Sowet hökümeti 4,7 million manada golay pul goýberdi. Maldarlary galla we ilatyň köp ulanýan harytlary bilen üpjün etmek barada çäreler görildi. Şeýle de bolsa bu raýonlar özleriniň ösüşinde respublikanyň ekerançylyk raýonlaryndan yza galýar.

Oba hojalyk kooperasiýasynyň dürli görnüşleri, hususanda oba hojalyk kredit koopersiýasy (1927-nji ýylyň ahyrana çenli 199 sany şereket bolup, onuň 6624 agzasy bardy) we melioratiw şereketleri (187 şereket bolup, olaryň 39709 agzasy bardy) ösüşe eýe boldy. Ilkinji kollektiw hojalyklar peýda bolup başlady. Olara ilkibaşda esasan garyplar-batraklar girýärdi. Orta hasap bilen olaryň her biri daýhan hojalyklarynyň 18-sini özüne birleşdirýärdi, hemem olaryň 40 gektara golaý ekin meýdany bardy.

1926-1928-nji ýyllarda Sowet häkimýetiniň döwlet organlary ep-esli pugtalandy. Sowet häkimýet organlarynyň pugtalanmagy obalaryň "ketde" gatlaklarynyň garşylygyna sezewar bolupdy, has aýgytly elemnetler Jüneýt hanyň töwregine jebisleşdiler. 1927-nji ýylyň sentýabrynda ol Sowet häkimýetine garşy pitne turuzdy, ýöne ýeňlişe sezewar boldy. Onuň galan soňkuja otrýadyny 1928-nji ýylyň 5-nji noýabrynda Ataguýynyň ýanynda Gyzyl Goşunyň bölümleri derbi-dagyn etdi. Gozgalaňçy otrýadlara garşy göreşde Annamyrat Saryýew, Orazmämmet Täçmämmedow, Sergeý Şerbakow, Garyp Nazarow, Gara Baýmyradow, K.Babaýew, Ý. Kulyýew we ençeme komandirler, gyzyl esgerler hem-de meýletinler tapawutlandylar.

1927-nji ýylda (Nowruz aýynyň 26-sy, Gurbansoltan aýynyň 3-i) Aşgabatda Sowetleriň 2-nji gurultaýy boldy, ol TSSR-iň ilkinji Konstitusiýasyny tassyklady. Konstitusiýa respublikanyň syýasy hem medeni ösüşinde gazanylan üstünlikleri berkitdi. 1928-29-njy ýyllaryň saýlaw kompaniýasy guramaçylykly geçirildi. Ilkinji gezek respublikanyň ähli raýonlarynda şol sanda maldarçylyk raýonlarynda hem Sowet häkimýetiniň saýlawly organlary döredildi.

Täze ykdysady syýasatyň netijesinde syýasy, ykdysady hem-de medeni taýdan gazanylan üstünlikler respublikanyň hojalyk gurluşygynyň bazar ykdysadyýetiniň aýtymyna çykyp urgandygyny hem-de ykdysadyýetiň mesemälim köp ukladly häsiýete eýe bolup başlandygyny görkezýär.

Emma 20-nji ýylyň ahyrlarynda täze ykdysady syýasatyň çäklerinde alnan real ugur düýpli özgerişliklere sezewar edildi. Güýçli depginler bilen industrializasiýa geçmäge ugur alyndy. Meýletin kooperirlemek işi indi öz ornuny ýokardan höküm güýji bilen geçirilýän kollektiwizasiýa berdi.

Beýleki pagta ekýän respublikalar ýaly, Türkmenistanda hem kollektiwizasiýa daýhanlaryň islegine görä geçirilmän, eýsem ol esasan Sowet Soýuzynyň pagta barada kapitalistik bazara garaşsyz bolmagyny üpjün etmek wezipesine tabyn edilýärdi. Türkmenistan kollektiwizasiýalaşdyrmagyň esasan 1933-nji ýylda tamamlanmaly edilen raýonlarynyň toparyna girizildi. Ýöne weli respublikanyň partiýa guramasy daýhanlaryň kolektiwizasiýa taýynlygyna ýalňyş baha berip, ähli ekerançylyk hojalyklarynda kolektiwizasiýa 1932-nji ýylda tamamlamak mümkin diýip hasap etdi. Şoňa görä-de kollektiwizasiýa ýokary depginler bilen geçirmek ugrunda gözboýagçylykly haýdaşyk başlandy we basym ýokary göterime kowalaşmak keseli jemgyýetçilik süňňine ornaşdy. BK(b)P MK-nyň Merkezi Aziýa býurosy hatda şeýle depginler bilenem kanagatlanman Merkezi Aziýa respublikalarynda kolhoz gurluşyny RSFSR-iň däneçilik raýonlarynyň kolhoz gurluşynyň depgininden kem galman alyp barmak ýörelgesini öňe sürdi. Şu zatlaryň hemmesi işde meýletinlik prisibiniň kanunçylygynyň bozulmagyna getirdi. Kanunçylygyň bozulmagy baýlary synp hökmünde ýo etmek we olary respublikanyň çäginden daşaruy mejbury göçurmek syýasaty durmuşa geçirilende has-da mese-mälim ýüze çykdy. Goýberilen ýalňyşlyklary düzetmek we kollektiwizasiýanyň geçirlişini kadalaşdyrmak üçin gyssagly çäreler görmek gerekdi.

Kollektiwizasiya entek aňyndaasyrlar boýy däpbolup galan obşina gurluşynyň psihologiýasy sameýilnamamadyk maldarçylyk raýonlarynda has-da güýçli garşylyga duçar boldy. Kollektiwizasiýany geçirmekde gödek ýalňyşlyklara ýol berlenligi sebäpli, şol raýonlarda mallary bir ujundan ýok edip (soýup) köpçulikleýin satyp başladylar, mallaryny alyp, guma siňip gidenem, serhetden aňry geçen hem az däldi. 1931-nji ýylda Garagumda ulu ýaragly gozgalaň boldy. Sowet häkimýeti gozgalaňy basyp ýatyryp, baý-feoadallaryň hem-de gozgalaňyň ýolbaşçylarynyň malyny-mülkini elinden aldy. Soňra guýulary, öri meýdanlaryny millileşdirmek, sürüleri paýlamak kooperatiw şereketleri döretmek çäreleri geçirildi. Bu ýerde baý hojalyklary ýok etmek işi kollektiwizasiýa bilen bir wagtda geçirildi. Maldarçylygyň esasy hut şol wagt opurylyp ugrapdy. 1928-nji ýyldan 1933-nji ýyla çenli gylýallaryň üçden birinden-de gowragy, gara mallaryň ýarynsyndanda gowragy, dowarlaryň üçden iki böleginden, düýeleriň dörtden üç böleginden gowragy ýa-ha ýok edilipdi ýa-da daşary ýurtlara sürlip äkidilipdi. Maldarçylygy dikeltmek üçin soňra ençeme ýyllar gerek boldy. Emma ähli kynçylyklara garamazdan, partiýa çarwa we ýarym çarwa ilaty oturymly ýaşaýşa geçirmegi hem-de olary kolhozlara we sowhozlara birleşdirmegi gazandy.

Şeýlelikde respublikanyň ekerançylyk we maldarçylyk raýonlarynda 1938-nji ýyla çenli 1710 kolhoz döredildi, olar ähli daýhan hojalyklarynyň 95,4 göterimini hem-de ähli ekin meýdanlarynyň 99,4 göterimini özlerine birleşdiripdi, mallaryň hemme görnüşiniň bolsa 40,7 göterimi umumylaşdyrylypdy. Kolhoz gurluşynyň ýeňmegi türkmen obalarynyň ep-esli özgermegine getirdi. Ownuk daýhan hojalyklary iri kollektiw hojalyklaryna öwrüldi. Geljekde oba hojalygynda emele gelen ýagdaýy kadalaşdyrmak we onuň esasy pudaklarynyň ylaýta-da pagtaçylygyň ösdürilmegini üpjün etmek üçin ençeme ýyllar gerek boldy.

Ägirt uly kynçylyklaryn bolandygyna garamazdan, 30-njy ýyllarda senagat gurluşugynda belli bir üstünlikler gazanyldy. Düýpli maýa goýumlarynyň köp bölegi täze senagat kärhanalrynyň gurluşygy üçin gönükdirildi. Ýeňil senagat kärhanalary çalt depginler bilen gurulýardy. Aşgabatda ýüpek egirme-dokma fabrikleri, Çärjewde ýüpek fabrigi, Maryda ýüň ýuwýan fabrik işe girizildi, birnäçe azyk senagat kärhanalary guruldy. Nebitr çykarylyşy çaltlandy, Nebidag aýagynda ilkinji nebit fontany guruldy. Nebitdagda nebit zawody guruldy (1936), “Garabogazhim” tresti döredildi, mirabilitiň, sulfatyň,

nebitdakylyň, kükürdiň we.ş.m-leriň çykarylyşy artdy. Garabogaz kölde tejribe soda zawody, Derwezede kükürt zawody (1934) bina edildi. Gowurdakda uly kükürt kombinatynyň, poligrafiýa kombinaty, tikin, tirkotaž, mebel fabrikleri işe girizildi. Elektrik energiýasynyň öndürlişi ep-esli artdy. Aşgabat, Mary elektrik stansiýalary ulanylmaga berildi. Köne ýerli senagat kärhanalry üýtgedilip guruldy.

TSSR-iň industrial taýdan ösmegi bilen köp milletli işçiler synpy emele geldi, olaryň arasynda türkmenleriň we beýleki ýerli milletleriň tutýan orny artýardy. Senagatda, transportda, MTS-de işçiler bilen gullukçylaryň umumy sany 79221 adama ýetdi.

Senagaty ösdürmekde hem-de milli işçi kadrlaryny taýýarlamakda RSFSR, Ukraina we Sowet Soýuzynyň senagat taýdan ösen beýleki respublikalary uly koek berdiler.

Türkmenistanyň senagatyny ösdürmekde düýpli ýetmezçilikler we kemçilikler bardy. Şolardan iň esasysy senagatyň bir taraplaýyn ösdirilendiginde, ýagny, esasan, çig mal, öndürýän pudaklarda üns berlendiginden ybaratdyr. Respublikanyň senagatynyň girdejisiniň pes bolmagy, kähalatlarda bolsa düşewüntsiz işlemegi hem şol sebäplidi. Türkmenistanyň senagatynyň industrilizasiýa ýyllarynda hem-de uruşdan soňky ýyllarda birtaraplaýyn ösdürilmegi häzire çenli hem öz täsirini ýetirip gelýär.

Medeniýet hem mese-mälim ösdi. Bilim, medeniýet we ylym barha halk üçin elýeterli hala öwrülýärdi. Mdeniýet üçin goýberiläýn serişdeler ýylba-ýyl artýardy. 1928-1937-nji ýyllaryňiçinde medeniyet hajatlary üçin her jan başyna 5 manat goýberilýändiginden 133 manada ýetdi. 1937-nji ýylda tutuş halk magaryfyna 169,7 mln. manat goýberildi, munun özi 1928-nji ýyldakydan 22,6 esse köpdi. Mekdep gurmak, olaryň okuw-maddy bazasyny pugtalandyrmak, mugallym kadrlaryny taýýarlamak işi dowam eydirilýärdi. 1930-njy ýyldan başlap respublikada ählumumy hökmany başlangyç okuw girizildi, 30-njy ýyllaryň ikinji ýarymyndan başlap bolsa, şäherlerde hem-de oba raýonlarynda 21-sinde ýediýyllyk okuw girizildi. 1940-njy ýylyň başyna çenli respublikada 1254 mekdep bardy, şolardan 60-a golaýy ýediýyllyk hem orta mekdepdi. Ähli mekdeplerde 240 müň okuwçy okaýardy.

30-njy ýyllaryň ahyryna çenli esasan uly ýaşly ilatyň sowatsyzlygyny ýok etmek ýaly möhüm sosial mesele çözüldi, 1940-njy ýylyň başlarynda Türkmenistanyň sowatly ilatynyň sany 82 göterime ýetdi. 1940-njy ýylyň başlarynda respublikada ýokary okluw

jaýlarynyň 5-si ýörite orta okuw jaýlarynyň 36-sy, şol sanda pedagogika, medesina oba hojalyk institutlary bardy.

Türkmen edebiýaty hem ösýärdi, B.Kerbabaýew, H. Derýaýew, A. Durdyýew, H. Saryhanow, A. Gowşudow ýaly zehinli ýazyjylar peýda boldy. Edebiýat meýdanynda zehinli ýaş şahyrlar hem prozaçylar-B.Seýtäkow, Ç.Aşyrow, G.Seýitliýew, P.Nurberdiýew we başgalar gelýär. Türkmen drama teatry hem ep-esli döredijilik üstünliklerini gazanýar, zehinli artistler A. Gulmämmedow, A. Garlyýew, B. Amanow, G. Berdiýew, O. Myradow we başgalar tomaşyçylaryň arasynda uly hormata eýe boldy.

### 3.XX asyryň 20-30-njy ýyllarynda Türkmenistanda amala aşyrylan köpçülikleýin zorluk çäreleri

20-nji ýyllaryň ahyrynda we 30-njy ýyllaryň başlarynda jemgyýetçilik-syýasy durmuşy, bütin ýurtda bolşy ýaly, düýgöter üýtgedi. Ykdysadyýet barasynda-da, jemgyýetçilik-syýasy durmuş barasynda-da ýagny, buýruk beriş-höküm ediş usullary graždanlyk urşy döwründäki “harby kommunizm” usulklary ilkinji orna çykdy. Ýurtda buýruk beriş-höküm ediş sistemasynyň berkarar edilmegi hem-de dolandyrmagyň-edara etmegiň merkezleşdirilmeginiň güýçlendirilmegi respublikanyň özbaşdaklygynyň çäklendirilmegine getirdi, onuň ykdysadyýetini ösdürmek bähbitleri, biziň ülkämiziň özboluşly aýratynlygy halkyn öňden gelýän däp-dessury äsgerilmezlige salyndy.

SSSR-iň sosial-ykdysady ösüşindäki krizis güýçlendigiçe Türkmenistanda hem edil merkezdäki “göreldä” eýerilip, milli öwüşgindäki “halk duşmanlary” gözlenip başlandy. Şahsyýet kultynyň güýçlenmegi, häkimýetiň hetdenaşa merkezleşdirilmegi 30-njy ýyllarda amala aşyrylan bikanunçylyklara,jenaýatçylyklara, köpçülikleýin öç almalara getirdi. Şunuň netijesinde köp-köp bigünä işçiler, daýhanlar, intelligensiýanyň wekilleri, partiýa we sowet işgärleri şol bikanunçylygyň pidasy bolýar. “Türkmenazatlygy” diýen gizlin guramanyň hereket edýändigi barada galp iş gozgaldy. 1937-1938-nji ýyllarda şol “kontrewolýusion” gurama bilen aragatnaşyk saklaýar diýlip galat günäkerlenilmegi netijesinde Türkmenistanyň ençeme döwlet partiýa we jemgyýetçilik işgärleri-G.Atabaýew, H. Aýtakow, Anna Muhammedow, H. Sähetmyradow, Ç. Wellekow, G. Sähedow, D.Mämmedow we başgalar tussag edilip jeza berildi.

Sowet raýatlarynyň hukugyny goramagyň kepili bolup hyzmat etmeli bolan SSSR-iň täze Konstitisiýasynyň taslamasy hem şeýle ýagdaýda ara alnyp maslahatlaşyldy.

SSSR-iň täze Konstitusiýasy 1936-njy ýylyň Bitaraplyk aýynyň 5-de Sowetleriň Adatdan daşary VIII Bütinsoýuz gurultaýynda kabyl edildi. TSSR-iň Adatdan daşary gurultaýy 1937-nji ýylyň Nowruz aýynyň 2-de Türkmenistan SSR-iň täze Konstitusiýasyny kabul etdi. 1938-nji ýylyň Oguz aýynyň 24-de respublikanyň Ýokary Sowetine saýlawlar geçirildi. Ýöne bu döwlet aktlary ýowuz wakalar bilen utgaşýardy. Buýruk beriş-höküm ediş düzgüni jemgyýetçilik-syýasy durmuşa barha ornaşýardy. Respublikda bolup geçýän sosial-ykdysady özgerişler medeni gurlyşykda halk magaryfynda we ylymda gazanylýan üstünlikler düzgüniň gazaply ideologiýa gysajy astynda geçýärdi. Şu zatlaryň hemmesi Türkmenistan SSR-niň SSSR-iň düzüminde mundan beýläk nähili ösmeledigini kesgitleýärdi.

**4.Türkmenistan Beýik Watançylyk urşy ýyllarynda. (1941-1945-nji ýyllar)**

1941-nji ýylýn Oguz aýynyň 22-de Beýik Watançylyk urşy başlandy. Respublikanyň halk hojalygy harby ugra tarap üýtgedildi we Türkmenistan sowet tylynyň ygtybarly bazalarynyň birine öwrüldi. Uruş ýyllarynyň içinde Türkmensitanyň kärhanalary harby we halk hojalyk ähmiýeti bolan senagat önümleriniň 70-den hem gowrak görnüşini özleşdirdi.

Urşuň ilkinji günlerinden başlap respublikada harby-mobilizasion iş giňden ýaýbaňlandy. Dessine fronta meýletin iberilmegini sorap ýüz tutan ýaş watançylaryň 3000-niň haýyşy kanagatlandyryldy. Respublikanyň territoriýasynda goşun birikmeleriniň we bölümleriniň onlarçasy düzüldi, 1941-nji ýylyň güýzünde milli birikmeler düzülip başlanyldy. 37-nji we 38-nji aýratyn türkmen atyjylyk brigadasy 97-nji we 98-nji türkmen atly diwiziýasy düzüldi. Türkmensitanly esgerler uruş meýdanlarynda edermen söweşip, duşmany ýeňmekde özleriniň mynasyp goşandyny goşdular. General Ýakup Kulyýewiň, kommissar Aýtguly Geldiýewiň Sowet Soýuzynyň Gahrymanlary Gurbandurdynyň, Pena Rejebowyň, Aýdogdy Tahyrowyň, I.W.Bogdanowyň Annagylyç we Muhammet Ataýewleriň, Berdimyrat Döwletjanowyň, Gylyçnyýaz Azalowyň, Saparmät Hojaýewiň başaga-da ençemeleriň ady uruş ýyl ýazgysyna ebedilik girizildi. Partizan otrýadlarynyň hatarynda hem söweşen

Türkmenistanlylar az däldi. Sowet halklarynyň umumy ýeňişi olaryň döken şehit ganynyň hasabyna gazanylypdy. Türkmensitanly esgerleriň 50 müňe golayy Watan ugrundaky söweşlerde wepat boldy.

Respublikada front üçin söweş rezerwleri taýýarlanýardy. Türkmensitan göçirilip getirilen ençeme fabriklerdir zawodlary kabul etdi we respublikadaky birkysymdaş kärhanalaryň kömegi bilen olaryň işi gysga wagtyň içinde ýola goýuldy. Krasnowodsk deňiz porty we Aşgabat demir ýoly bökdençsiz işleýärdi, şolaryň üsti bilen bolsa Merkezi Aziýa respublikalaryna hem-de Günbatar Sibire göçürilýän ilat hem-de front ýakasyndan getirilen zawodlaryn hem fabrikleriň enjamlarynyň ägirt köp mukdary ugradylýardy.Şol bir wagtyň özünde hem olar Demirgazyk Kawkaz we Stalingrad frontlaryna esgerleri harby tehnikany söweş ok-därilerini we gaýry harby ýükleri bökdençsiz ýollamagy üpjün edýärdiler. Krasnowodsk porty düýpgöter üýtgedilip guruldy, ol oba zähmetkeşleriniň ägirt uly tagallasy netijesinde pagtaçylykda ep-esli üstünlik gazanyldy. Şol ýyl döwlete 1943-nji ýyldaka garanda pagta iki esse diýen ýaly köp tabşyryldy.

Türkmen halky goranmak fondyny döretmek ugrundaky ählihalk hereketine işeňňir gatnaşdy. Türkmen zenanlary özleriniň altyn hem-de kümüş şaý-seplerini meýletin tabşyrýardylar. Türkmen halky söweş samolýotlaryny hem-de kolonnalaryny gurmak üçin köp serişde geçirdi. Uruş ýyllary içinde ýurduň goranmak fonduna şol sanda hem söweş samolýotlaryny we tanklary gurmak üçin jemi 170 million müň manat pul we 110 million manatdan gowrak döwlet zaýomlarynyň obligasiýalary berildi. Türkmen halky faşistlerden azat edilen raýonlaryň ilatyna uly kömek berdi. 1945-nji ýylda şeýle raýonlara respublikadan gara mallaryň 7930-sy we dowarlaryň 156760-sy iberildi.

Beýik watançylyk urşunyň frontlarynda görkezen edermenligi üçin Türkmensitanly esgerleriň 70-sine Sowet Soýuzynyň Gahrymany diýen at dakyldy,19 müňi bolsa ordenler we medallar bilen sylaglandy. Işçileriň, kolhozçylaryň, ylym edebiýat we sungat işleriniň onlarça müňi “1941-1945-nji ýyllaryň Beýik Watançylyk urşunda görkezen zähmet edermenligi üçin” diýen medaly bilen sylaglandy. Sowet halkynyň faşizmden üstün çykmagynyň bütindünýä-taryhy ähmiýeti bardy.

## 5.Türkmenistan uruşdan soňky onýyllykda. Aşgabat ýer titremesi

Beýik watançylyk urşy tamanlanandan soň Türkmenistan halk hojalygyny parahatçylykly ugra geçirmek baradaky çäreleri durmuşa geçirmäge girişdi. Senagat kärhanalary parahatçylykly durmuşda ulanýan önümleri çykarmaga başlady. Birnäçe täze kärhanalar: sement zawody(Büzmeýin), ýag-ekstraksion zawody (Daşhowuz), üç sany elektrik stansiýasy, nebit zawody we başgalar işe girizildi. Pagta arassalaýjy, azyk, dokma, gurluşyk senagatynyň we beýleki senagat pudaklarynyň kärhanalarynyň ep-esli böleginiň tehnologik enjamlary doly suratda diýen ýaly täzelendi. Oba hojalygynyň tehnika bilen enjamlaşdyrylyşy mese-mälim artdy. Oba hojalygynyň esasay pudaklary ep-esli ösdi. 1947-nji ýylyň iýulynda SSSR Ministrler Soweti Garagum kanalyny gurmak hakyndaky karar kabul etdi, onuň proýekt işlerini taýýarlamak üçin 7 million manat pul göýberildi.

1947-nji ýylyň Bitarplyk aýynyň azyk we senagat önümleri barada uruş ýyllarynda bäri dowam edip gelen kartoçka sistemasy ýatyryldy. Halkyň maddy we medeni hal-ýagdaýy birneme gowulandy.

1948-nji ýylyň Garaşsyzyk aýynyň 6-da Türkmenistanda güýçli ýer titredi, ol paýtagtymyz Aşgabady we onuň töweregindäki Aşgabat hem Gökdepe raýonlaryny weýran etdi. 1948-nji ýylyň Garaşsyzlyk aýynyň 9-da SSSR Ministrler Soweti “Aşgabadyň ýer titremeden heläkçilik çeken ilatyny gaýragoýulmasyz kömek bermek hakynda “ karar kabul etdi. Ýurdumyzyň ähli respublikalary diýen ýaly kömege geldiler. Ýer titremesi zerarly dörän ägirt kynçylyklara garamazdan, 50-nji ýyllaryň başynda halk hojalygy uruşdan öňki derejesine ýetdi, birnäçe pudaklar boýunça bolsa ep-esli öňede geçdi.

Soňky döwürde nebit senagaty çalt depginler bilen ösdi. Çlekende, Ekeremde, Gamyşlyjada nebit ýataklary ulanylmaga berildi, Garagumuň merkezinde gaz ýatagy açyldy. 1960-njy ýylda 5.3 million tonna nebit 324 million $m^3$ gaz çykaryldy. Energetike bazasy hem ep-esli pugtalandy.

Oba hojalygynda hem ep-esli özgerişler bolup geçdi. 50-nji ýyllaryň başynda ownuk kolhozlary birikdirip ulaltmak işi tamamlandy, olar kop pudakly uly hojalyklara öwrüldi. Şeýle-de bolsa 50-nji ýyllaryň birinji ýarymynda oba hojalygynyň ösüş depgini senagatyň ösüşinden ep-esli yza galdy.

Zähmetkeşleriň syýasy we zähmet işeňňirligi ýokarlandy. 1951-65-nji ýyllarda senagat önüminiň umumy möçberi 3.2 esse diýen ýaly artdy. Diňe bir 1959-65-nji ýyllarda täze zawodlaryň we fabrikleriň 78-si, şol sanda nebit enjamlaryny öndürýän "Aşnebitmaş" zawody, Çärjewiň supefosfat zawody, Çelekeniň tehniki uglerod zawody. Nebitdagyň gaz turbinalary zawody, elektrik stansiýa, Goturdepe-Belek-Krasnowodsk gaz prowody we başgalar guruldy. Respublikanyň gurluşyk industriýasy ýokary depginlerde ösýärdi, ýaşaýyş jaý gurluşygy güýçli alnyp barylýardy, ýük daşalyşy, ýolagçy gatnadylyşy artýardy.

60-njy ýyllaryň başlarynda oba hojalygyň maddy-tehniki bazasynyň pugtalanýandygyna garamazdan onuň ösüş depginleri birneme peseldi, Garagum kanalynyň 1-nji we 2-nji nobatdakysy gurlup gutaryldy, şeýleleikde Amyderýanyň suwy Aşgabada geldi (1962). 1965-nji ýylda döwlete 553.2 müň tonn türkmen pagtasy tabşyryldy(1960-njy ýylda 362,2 müň tonna tabşyrylypdy). Däne, gök we bakja önümleriniň miwe ir-iýmişleriniň öndürilişbieneme artdy, elbetde entek ol ilatyň islegini ýerlikli derjede kanaglandyrmaýardy.

***Soraglar:***

1. 1917-20-nji ýyllarda Türkmenistanda syýasy ýagdaý.
2. Totalitar düzgün we onuň berkarar edilmegi.
3. 1920-37-nji ýyllarda Türkmenistanyň durmuş-ykdysady we syýasy ýagdaýy.
4. Medeni özgertmeler.
5. XX asyryň 20-30-njy ýyllarynda Türkmenistanda amala aşyrylan köpçülikleýin zorluk çäreleri.
6. Türkmenistan Beýik Watançylyk urşy ýyllarynda. (1941-1945-nji ýyllar)
7. Türkmenistan uruşdan soňky onýyllykda.
8. Aşgabat ýer titremesi we ýetiren zyýanlary.

## 14-nji tema

# TÜRKMENISTAN XX ASYRYŇ 50-NJI ÝYLLARYNYŇ ORTALARYNDAN – 80-NJI ÝYLLARYŇ AHYRYNA ÇENLI DÖWÜRDE

(2 sagat)

Umumy okuwyň meýilnamasy:

1. XX asyryň 50-60-njy ýyllarynda Türkmenistanyň durmuş-ykdysady we syýasy ýagdaýy. Garagum derýasynyň gurluşygy.
2. Türkmenistan durgunlyk ýyllarynda.
3. S.A. Nyýazowyň TKP MK-niň birinji sekretarlygyna saýlanmagy. Türkmenistan Garaşsyzlyga barýan ýolda.

### 1.XX asyryň 50-60-njy ýyllarynda Türkmenistanyň durmuş-ykdysady we syýasy ýagdaýy. Garagum derýasynyň gurluşygy

Häzirkizaman taryhy edebiýatda sowet döwrüniň görkezilen döwri "durgunlyk" döwri, ýa-da sowet gurluşynyň krizisiniň çuňlaşýan döwri diýip atlandyrylýar. Bu terminler şol wagtda wakalaryň gidişiniň esasy ugurlaryny aňladýarlar. Emma Türkmenistanyň syýasy, ykdysady we medeni-ruhy durmuşynda oňaýly we oňaýsyz ugurlarda, ýokary galyşda, yza gaýtmaklykda ýüze çykypdy.

50-nji ýyllaryň II ýarymynda, 60-njy ýyllaryň başlarynda stalinçilik totalitar düzgüniniň ötegeçmeleriniň, diýdimzorlugynyň birnäçeleri ýeňilip geçilipdi. Mysal üçin, taryhy edebiýatda sowet döwrüniň birnäçe wakalaryna täzeçe garaýyşlar öňe sürlüp başlanypdy. Döwürleýn metbugatda sowet jemgyýetiniň dürli sferalarynda, aýratyn-da ykdysadyýetde bar bolan kemçilikleri açyp görkezýän we olary ýeňip geçmegiň ugruny görkezýän birnäçe makalalar çap edilipdi. 1961-nji ýylda bolup geçen SSKP-niň XXI gurultaýyndan soň stalinçilik-beriýaçylyk öç alyşlarda ýakasyny tanadan birnäçe adamlar öz wezipelerinden boşadylypdy.

Şonuň üçin 50-nji ýyllaryň ortalaryndan 60-njy ýyllaryň başlaryna çenli aralagy "maýylganlyk" ýyllary diýip hem atlandyrylýar. Ýöne bolup geçýän özgerişiler yzygider däldi, gapma-garşylykly ýagdaýdady. Sebäbi häkimýet başynda duran nomenklatura işgärleriniň köpüsi stalinçilik düzgün döwründe syýasy işgär hökmünde ösüp ýetişip, ýurtda dikeldilen adminsitratiw-býurokratik ulgamyň tarapdarlarydy. Olar diňe stalinçilik öz üstelrinden hemişe

abanyp duran öç alyş howpundan dynyp, öz hukuklarynyň giňeldilmegini isleýärdiler. Şlelikde administratiw-buýruk sistemasynyň esasy köki eldegrilmesiz galdy.

SSKP-niň XXI gurultaýynda N. S. Hruşýow SSSR-de sosializmiň doly we gutarnykly gurlandygy, restawirlenmegiň mümkinçiliginiň doly ýok edilendigi barada netije çykardy. Şol bir wagtda SSSR-de komunizmiň ýaýbaňlandyryp gurluşyny başlamak barada mesele öňe goýuldy.

SSKP-niň XXI gurultaýynda (1961-nji ýylyň oktýabry) täze, has hyaýly we gapma-garşlykly meýilnamalar öňe sürüldi. Bu meýilnamaa görä, ABŞ-ny we Günbatar Ýewropa ýurtlaryny senagatyň öndürilişiniň jan başyna düşýän mukdary boýunça 1970-nji ýyla çenli ozup geçmek, 1980-nji ýyla çenli SSR-de komunizmi gurmak göz öňünde tutulýardy. Gurultaýyň kararlarynda stalinizmi ýeňip geçmek, ykdysadyýede gazanylan üstünlikleri bellemek, ýurduň jemgyýetçilik durmuşyny demokratiýalaşdyrmak boýunça dogry pikirler bilelikde N. S. Hruşýowyň şahsyýet kultuny gýçlendirmek we jemgyýetiň ösüşinde prožektorlyk, wolýuntarizm ýoluna düşmeklige giň ýol açyldy. 1980-nji ýyla çenli SSSR-de komunizm gurmak barada fantastiki maksat öňde goýuldy.

Gurultaýdan soň jemgyýetçilik durmuşynyň dürli ugurlarynda demokratiýany güýçlendirmäge gönükdirlen binräçe çäreler geçirildi. Öňki proletariat diktaturasynyň ýerine ählihalk döwletiniň yglan edilmegi umumyynsanyýet gymmatlyklaryna geçilmek ugrunda täze ädimdi. Şonuň netijesinde Sowetleriň sosial bazasyny giňeltmek üçin oňa saýlalan deputatlaryň sany köpeldildi. Eger 1958-nji ýylda TSSR-iň Sowetlere 11,3 müň saýlanan bolsa, 1963-nji ýylda 15,5 müň adam saýlanypdy. Syýasy, ykdysady we sosial meselelri çözmekde Sowetleriň roluny ýokarlandyrmaga gönükdirilen birnäçe çäreler geçirildi. Mysal üçin, Türkmenistanda 1963-nji ýylda Sowetleriň 163 ştatdan daşary bölümleri döredildi. Deputatlar öz eden işleri barada saýlawçylaryň öňünde hökmany suratda hasabat bermekligi girizildi.

Kärdeşer arkalaşygynyň roluny ýokary götermek üçin olara döwlet organlarynyň birnäçe funksiýalary berildi. Sosialistik ýaryşy gurmakadan başga-da olara önümçiligiň ösüş ýollarynyň proýektini üzmäge gatnaşmaga, kärhanalaryň ýolbaşçylarynyň hasabatlaryny diňlemäge hukuk berildi.

Sosial strahowaniýe, ilatyň sanatoriýa-kurort bejeriş işlerini geçirmek üçin putýowkalaryny paýlamak funksiýalary profsoýuzlara

doly berildi. 60-njy ýyllarda işçileriň hemişelik hereket edýän köpçülik maslahatlary hereket edip başlady.

Şol ýyllarda Türkmenistanyň komsomoly uly gurluşyklara Büzmeýin sement zawodynyň, garagum kanalynyň gurluşygynyň II-III nobatlarynyň gurluşyklaryna, mekgejöweniň öndürilşiniň üstünden şeflik edýärdi we müňlerçe ýaşlary şol gurluşyklara ugradypdy. Kärhanalarda komsomol şatablary, postlary, komsomol prožektorlary işjeň işleýärdi. Olar mugallymlaryň intelegensiýanyň, çopanyň günlerini we ş.m. geçirmäge işjeň gatnaşýardylar.

Ýoldaşlyk kazyýetlleriñ, halk družinalarynyň,jemgyýetçilik esasynda işleýän kitaphanalaryň, halk uniwersitetelriniň, teatrlarynyň köp sanlysy işläp başlady.

Kommunistik partiýa ähli sowet halkynyň partiýasy diýip yglan edilip onuň hataryna girjeklere giňden ýol açylypdy. Partiýa sowet ýolbaşçylarynyň 2 möhletden köp bir wezipede işläp bilmezligi barada hem karar amala aşyrylyp başlandy.

Ykdysadyýetde partiýa ýolbaşçylygyny kämilleşdirmeginiň täze ugurlary gözlenýärdi. Şeýle maksat bilen 1962-nji ýylyň noýabrynd partiýa komitetleri 2 bölege, ýagny senagata we oba hojalygyna ýolbaşçylyk edilýän komitetlere bölünipdi. Emma bu bolsa guramaçylyk taýdan gapma-garşylyklara, bulaşyklyga getiripdi. Şonuň üçin eýýäm 1964-nji ýylda bu karar ýatyrylypdy.

Umuman alnanda administratiw-buýruk sistemasyny kämilleşdirmek, ony belli bir derejede demokratiýalaşdyrmak ugrundaky çärelere merkezde we ýerlerde partiýa we sowet nomenklatura işgärleri tarapynda päsgel berilýärdi. Demokratiýalaşdyrmak boýunça çäreler kem-kemden formalaşdyrylyp öz kontrollygy astyna alnypdy.

1964-nji ýylyň oktýabrynda N. S. Hrýuşow öz wezipelerinden boşadylypdy. Onuň ýerine SSKP MK-nyň birinji sekretarlygyna L. I. Brežnew bellenipdi. Şol döwürden soň jemgyýetçilik durmuşyny demokratiýalaşdyrmak barada gürrüň dowm etse-de, hakykat ýüünde köp demokratik başlangyçlar togtadylypdy.

1966-njy ýylda bolup geçen SSKP-nyň XXIII gurultaýyndan soň partiýa we sowet organlarynyň ýolbaşçylarynyň 2 möhletden köp saýlanyp bilmehekdigi baradaky karara ýatyryldy. Partiýanyň hatarlarynyň düzgünleşdirilmegi barada karar kabul edildi,şonuň netijesinde intelligensiýanyň we gullukçylaryň bir toparyna partiýa hataryna girmek kynlaşdyryldy. Partiýa gitdigiçe ähli häkimýeti öz

elinde tomeýilnama nomenklatura işgärleriniň, çinownikleriň eline geçýärdi. Ilkinji partiýa guramalaryň, ýönekeý kommunistleriň roly bolsa barha diňe ýokardan goýberilen kararlary goldamak bilen çäklendirilýärdi.

Sowet, kärdeşker arkalaşygy, komsomol guramalary hakykat ýüzünde özbaşdak hereket edip bilmän diňe partiýa organlaryň el garamasyna öwrülipdi.

**2.Türkmenistan durgunlyk ýyllarynda**

60-njy ýyllaryň ortalarydnan 80-nji ýyllaryň ortalaryna çenli aralykda Türkmenistanda bolup geçen wakalar ynha şeýle ýagdaýda bolup geçýärdi.

1969-njy ýylda TKP MK-nyň I sekretary wezipesine M.Gapurow bellendi. 1985-nj ýylyň dekabryna çenli şol wezipede oturan bu adam hakyky derňewçilik kadrdy. Özi hiç-hili insiatiwa bilen çykyş etmän, diňe ýokardan gelen görkezmeleri ýerine ýetirmegiň tarapdarydy.

60-80-nji ýyllarda köp sanly kanunlar, 1978-nji ýylda bolsa Türkmenistanyň täze konstitusiýasy kabul edildi. Olar ýurtda kanunyň, demokratiýanyň roluny ýokarlandyrmaga gönükdirilen diýip hasap edilse-de, hakykat ýüzünde deklaratiw häsiýete eýedi we şahsyýetiň hukuklaryny kepillendirmeýärdi. Bu kanunlarda milli respublikalaryň hukuklaryny giňeltmek jar edilse-de hakykat ýüzünde olaryň barha köp hukuklary merkezi organlara geçýärdi. Administratiw orgnalaryň hukuklary barha güýçlendirilip, olar dowam edip gelýän syýasy düzgüni tankytlaýan her bir adamy sowet häkimýetine garşy bolmakda aýyplaýardylar ýa-da akly düzüw adam däl diýip yglan edýärdiler. Türkmenistanda hem milli we däp-dessurlaryň garşysyna, ýagny metjitler, gurmak, sünnet etmek, öwlüýälere zyýarat etmek,gurbanlyk geçirmek, jynaza okamak, orzaz tutmka, nika gyýmak ýaly zatlarüçin adamlar, aýratynam partiýa-sowet işgärleri, intellilgensiýa yzarlanýardy, wezipelerinden boşadylýardy.

70-nji ýyllarda şäher ýerlerinde okuw prosesini, mekdebe çenli çagalar edaralaryny, bütin respublikada iş dolandyryşyny rus diline geçirmeklige ýykgyn edildi. Partiýa we sowet organlarynyň ýolbaçylarynyň orunbasarlary Moskwadan iberilýärdi. Bu zatlaryň hemmesi internasionalizmi ýaýratmak ady bilen geçirilen ruslaşdyrmak prosesidi. Elbetde, şeýle ýagdaý ilat arasydna sosialistik

jemgyýetde ruslara garşynägilelik döreýärdi, umuman milletara gatnaşyklaryny ýitileşdirýärdi. 1979-njy ýylda Sowet goşunlarynyň Owganystana girizlmegi netojesinde türkmen ýigitleriniň ýat ýurtda düşnüksiz maksat üçin öz janlaryny gurban etmegi bu nägileligi has-da güýçlendiripdi.

50-nji ýyllaryň II ýarymynda 60-njy ýyllarda halk hojalygynda reformalar geçirmeklik boýunça birnäçe çäreler görüldi. Emma olaryň hemmesi çendenaşa merkezleşdirilen administratiw-býurokratik sistemanyň özenine el degirmezden geçirmäge gönükdirlendi. Beýle özgertmeler ýagdaýy düýpli özgertmäge mümkinçilik döretmeýärdiler. Şonuň üçin bir reforma başlanan doly gutarmanka ýene-de täze başga reforma başlanýardy. Olaryň her haýsysy halk hojalygynyň ähli meselelerini çözýän çäre diýip yglan edilýärdi.

Mysal üçin, çendenaşa merkezleşdirilen halk hojalygynyň pudaklary boýunça gurlan ministrlikleriň gowuşgynsyzlygyny ýeňip geçmek üçin 1957-nji ýylda territorial esasda gurlan Halk Hojalyk Sowetlerini (sownarhozlary) döredýärdiler. Türkmenistan Otra Aziýa sownarhozynyň düzümine girizilýär. Çendenaşa merkezleşdirmegi ýeňip geçmek ideýasy ýerlerde seslenme tapdy. Sownarhozlaryň guralmagy birmeňzeş halk hojalyk ýüklerini soýuzyň bir künjeginden beýleki künjegine daşamagy azaltdy. Dürli ministrlikleriň bir-birini gaýtalaýan önümçiliklerini ýapmaga, olardan boşadylan meýdanlaryny täze önümlerini öndürmek üçin ulanmaga mümkinçilik döretdi. Ýurtda tehniki progres çaltlandyryldy. Önümçilikde adminsitratiw dolandyryş apparaty esli derejede gysgaldyldy.

Emma ykdysadyýetiň ýagdaýy düýpli gowulanmady. Sebäbi önümçiligiň üstünden ministrlikleriň ownukçyl garamagynyň ýerine tizara ştaty çalt ösýän sownarhozlaryň edil şonuň ýaly garamaklygy dikeldildi. Kärhanalar özbaşdaklyk alyp bilmediler. Merkezi Aziýa sownarhozynyň Daşkentde ýerleşenligi sebäpli önümçiligi ösdürmäge gönükdirilen serişdeleriň köpüsi Özbegistanda ýerleşdirilip başlandy. Bu bolsa Türkmenistanyň ykdysady bähbitleriniň gysylmagyna getirýärdi. Moskwada ýerleşen ministrlikler ylmy-tehniki progerssini umumy programmasyny amala aşyrmak bahanasy bilen sownarhozlaryň hukuklaryny barha kemeldip başlapdyrlar. 1965-nji ýylda olar ýatyryldy we barha sany köpelýän soýuz ministrlikler respublikalaryň ykdysadyýetiniň üstünden öz agalygyny doly dikeldipdirler.

N. S. Hrýuşow wezipesinden boşadylandan soň 1965-nji ýylyň sentýabrynda düýpli ykdysady reformalary geçirmek barada ýene-de bir karar kabul edildi. Onuň mazmuny kärhanalara goýberilýän meýilnama görkeijileriniň sanyny azaltmakdan, kärhanalarda maddy taýdan höweslendirmek fonduny döretmekden, kärhanalryň ulanýan önümçilik fondlaryna girdeji bilen bagly bolmadyk töleg girizilmegi, önümçilik gurluşygyny öňki ýaly gaýtarylyp berilmeýän datasiýa esasynda däl-de, karz pulbermek esasynda geçirmek, 5 ýyllygyň başynda bellenen meýilnamaykärhana bilen ylalaşmazdan üýtgetmezlik we ş.m. zatlar göz öňünde tutulypdy.

Şu çäreleriň amala aşyrylyp başlanmagy VIII bäşýyllykda ykdysadyýetiň ösüşini janlandyrdy. Uruşdan soňky ýyllarda ilkinji gezek Türkmenistan hem öz meýilnamalaryny doldurdy. Şonuň üçin bu özgertmäniň üstüni doldurmak we çuňlaşdrymak başartsa, ol SSR-iň beýleki ýurtlardan yza galmazlygyny üpjün edip biljekdi.

Emma bu reformalaryň başlanan döwründen ony düzetmekler, özgertmeler başlandy. 70-nji ýyllaryň başynda özgertmeler şeýle bir derjede ýoýulypdy we kem-kemden öňki ýagdaýa gaýdylyp barylypdy. Şeýlelikde “durgynlylyk” doly öz hökümini ýöredip başlady.

Özgertmeeriň başa barmazlygynyň esasy sebäbi administratiw-komanda ykdysadyýetiň olbaşçylarynyň dolandyryşyň endik bolan stalinçilik adminstratiw-eden etdiik metolaryndan el çekmek islemeýändikleri bilen baglydy. Şoňky ýyllarda meýilnamalaşdyrmak, dolandyrmak we höweslendirmek mehanizmlerini gowulaşdyrmak boýunça birnäçe synanyşyklar geçirilen hem bolsa olar şowsuz bolup çykdy. Dolandyryşyň buýruk bermek prinsipi üýtgewsiz galdy.

Türkmenistanyň ykdysady we dumuş ösüşi esasn ekstensiw ýol bilen gidýärdi. Bu bolsa gutarylmadyk gurluşyklaryň möçberini barha köpeldýärdi, işçiler güýjüniň ýetmezçiligini emeli ýol bilen güýçlendirýärdi. Şol sebäpli köp sanly stanoklar, enjamlar işsiz durýardy.

Meýilnamanyň buýruk direktiw formasynyň saklanyp galmaklygy kärhanalary meýilnamay dolmak üçin her hili hilegärlik, aldawçylyk ýoluna düşmegine getirýärdi.

Hojalyk işgärlei ýurduň milli baýlygyny köpeltmek ýoluny gözlemek, täze tehnologiýalary önümçilige ornaşdyrmak barada däl-de, öz öndürýän önümine nähili ýol bilen köpräk materialy, zähmeti,

iş wagtyny sarp edip ony gymmadyrak satyp bolarka diýip oýlanýardylar.

Ynha şeýle ýagdaýda Türkmenistanyň ykdysadyýetinde 1960-1985-nji ýyllarda aşakdaky ýaly özgerişler bolup geçdi. Şol ýyllarda Türkmenistanda elektroenergetika, ýangyç, gurluşyk materiallary, himiýa senagaty has çalt depginlerde ösdi. Mysal üçin energetik energiýasynyň öndürilişi 14 esse, gaz 85 esse, sement 7, wentilýator 24,2, demir-beton konstruksiýalarynyň öndürilişi 8, etiň öndürilişi 4 essä golaý ösüpdi.

1985-nji ýylda agyr senagat respublikanyň ähli senagat potensiýalynyň 48,5%, şol sanda ýangyç-energiýa senagaty- 30,6%, maşyn gurluşyk-5,6%, ýeňil senagat-37,7%, agyr senagat önümini öndürýän senagat- 13,8% we ş.m. tutýardy. Diňe 1970-1983-ýyllarda ýüň matalaryň öndürilişi 4 esse, ýüpek matalar-1,8 esse, haly önümleri-12,4 esse, tikin senagatynyň önümleri 2 esseden gowrak köpeldi. Türkmenistan RSFSR, Ukraina, Belorussiýa, Merkezi Aziýa respubliklary bilen giň ykdysady gatnaşyklar alyp barýardy. Umuman Türkmenistan SSSR-iň 3200 kärhanalary bilen ykdysady aragatnaşyklarda durýardy.

Şol bir wagtda Türkmenistanyň senagatynyň ösüşinde düýpli kemçilikler hem bardy. Respublikada elektrik we gaz senagatynyň çalt ösmegine seretmezden oba ýerlerinde önümçilikde elektrik energiýasy ýetenokdy, obalaryň gazlaşdyrylyşy diňe 7% barabardy. Maşyn gurluşyk senagatyň 70% remont bilen meşgul bolýardy. Respublikada öndürilýän pagta başga başga respubliklarda işlenilýärdi. Şol bir wagtda türkmen obasynda köp sanly iş tapyp bilmeýän adamlar bardy.

Türkmenistanyň ykdysadyýetiniň ösüşiniň öňünde esasy bpkdençleriň biri-bu her bir işgäriň öz zähmetiniň netijesinden maddy taýdan ýeterlik bagly bomandygydyr.

Mysal üçin, jemgyýetçilik fondundan ilat öz girdejileriniň 52% alýardy. Kommunizm gurluşygynyň ýaýbaňlandyrylmagynyň jar edilmegini jar edilmegi mynasybetli işgärleriň “düşünjeligine” bil baglamak güýçlendi. Öň potratlaýyn işleýän işçileriň köpüsi senagatlaýyn işlemäge geçirildi.

Şu zatlaryň hemmesi zähmet öndürijiliginiň, önümiň hiliniň pese gaçmagyna, onuň gymmatynyň barha ýokarlandyrmagynagetirdi. Şonuň netijesinde işelriň real girdejileri peselmek tendensiýasy ýüze çykdy. Emma işçileriň zor salmagy boýunça zähmet netijesinden üzňe zähmet haky ýokarlandyrylyp başlandy.

Bu bolsa işçileriň synpynyň ruhy, ahlak taýdan degradasiýasynyň bir sebäbi boldy. Şol wagtda ruhy taýdan höweslendirmäge uly üns berilýärdi. Olaryň iň giňden ýaýrany Kommunistik zähmet ugrunda göreşdi. Ilki işçiler arasynda päk niýet bilen emele gelen bu hereket tizden partiýa, sowet, profsoýuz çinowniklriň eline düşüp başlady. 1957-nji ýylda Türkmenistanda kommunistik zähmet brigdalarynyň adyny almak üçin 7 brigada göreşen bolsa, 1965-nji ýylda 13 kärhan, 319 seh, 1730 brigada, 24,8 müň kommunistik zähmetiniň udarnigi boldy. Soňky ýyllarda olaryň sany has-da köpeldi. 70-80-nji ýyllarda her ýyl birnäçe şygarlar öňe sürülýärdi. Hormat tagtasy, kitaby, haty, orden-medallar paýlanylýardy. Şu zatlaryň hemmesi adamlary gury gürrüňlerden halys irikdirdi.

50-nji ýyllaryň ahyryndan soýuz respublikalaryň ösüş depginini deňleşdirmek şygary öňe sürüldi, öňki ýyllara serdende ösüşde yza galak respublikalara maliýe serideleri köpräk goýberilip başlandy. Şol bir wgtda merkezdäki ýolbaşçylar soýuz respublikalaryň milli aýratynlyklaryny we bähbitlerini göz öňüne tutmazdan ykdysadyýet bilen baglanşykly çäreleri çözýärdiler.

Mysal üçin, iri kärhanalar, proýektler gurlanda şol respublikada taýýarlanylýan hünärmen bardygyna ýa-da ýokdugyna, ekologiýa nähili täsir etjekdigine ýeterlik ýokdugyna, şol respublikada şol önümiň gerek ýa-da gerek däldigine ekologiýa nähili täsir etjekdigine ýeterlik üns berilmeýärdi. Oňa mysal edip Garabogazgolyň ýakylmagyny, Seýdi şäherinde nebiti gaýtdan işläp bejerýän kopmleksiň gurluşgynyň başlanmagy, Mary şäheriniň edil golaýynda azot zawodynyň gurulmagyny, pagta ekişiniň barha giňeldilmegi we ş.m. görkezilip bilner.

Durmuş ösüş üçin gerek bolan serişdeleriň soýuz ministrlikleriniň elinde bolmagy sebäpli ýerli ýolbaşçylar hem şol proýektleri her- edip hesip- edip öz respubliklarynda ýerleşdrimegiň tarapyndandylar.

Işçi klassifikasiýasy pes obada ýaşaýan türkmenler rusça gepleýän şäher sferasynda aňsat ornaşyp bilenokdy. Pes klassifikasiýaly işçilere berilýän aýlyk haky onuň köp çagaly maşgalasyny eklemäge mümkinçilik bermeýärdi. Şonuň üçin işçileriň hataryny köplenç başga respublikalardan gelen halklaryň wekilleri dolandyrýardylar. Işçileriň arasynda türkmenleriň sany azdy. Türkmenler esasan oba hojalygynda, oba hojalyk önümlerini gaýtadan

işleýän senagatda, ilata hyzmat ediş we söwda sferasynda işleýärdiler. Şol bir wagtda obada işçi ýerleri ýetmezçilik edýärdi. Bu zatlar bolsa milli gatnaşyklaryň ýitileşmegine itekleýärdi.

Şol döwürde ýurduň ýolbaşçylary oba hojalygyny ýokary götermekboýunça birnäçe çäreleri durmuşa geçirýär. SSKP MK-nyň mart (1965 ý.) peýlenumy netijeli agrar syýasaty geçirmek ugrunda ýene bir synanşyk boldy. Bu Plenumyň kararlarynda milli girdejiniň paýlanyşyny oba hojalygynyň peýdasyna öwürmek, obanyň durmuş meselelerini giňden çözmek, oba hojalyk önümleriniň döwlet tarapyndan satyn alnyş nyrhyny ýokarlandyrmak, kolhozlaryň döwlete bergilerini geçmek, oba hojalygyna ýolbaşçylyk etmekde adminsitratiw usullardan ykdysady usullara geçmek, hojalyk hasaplaşygyna geçmek, daýhanlaryň şahsy eýeçiliginiň "ýitip gitmegi" baradaky zyýanly öte geçmeleri ýeňip geçmek göz öňünde tutulypdy.

Bu çäreleriň durmuşa geçirilmegi daýhanalryň arasynda giň gollanma tapdy. Dogrudan-da, soňky ýyllarda oba hojalygyna düýpli maýa goýumlary köpeldilipdi. Eger VII bäşýyllykda (1961-1965 ýý.) Türkmenistanyň oba hojalygyna ýetişdirilýän düýpli maýa goýumlar halk hojalygyna goýberilýän goýumlaryň 20%tutan bolsa, X bäşýyllykda (1975-1980 ýý.) ol 35% ýetipdi. 1965-1985 ýý. oba hojalygyna 8,6 mlrd. manat maýa goýulyp, ol öňki sowet döwründe goýberilenden birnäçe esse köp bolupdy.

Şonuň netijesinde oba hojalyk işleirniň mehanizimleşdirmek boýunça uly üstünlikler gazanmaga mümkinçilikler döredildi. 1960-1985 ýý.kolhozlarda işleýän trakrtorlaryň sany 4 essä golaý, olaryň jemi kuwwaty bolsa 20 essä golaý köpelipdi. 1965-nji ýylda oba hojalygynyň energiýa kuwwaty her bir işgäre 7,5 at güýjünebarabar bolan bolsa, 1985-nji ýylda ol 14,4 at güýjüne çenli köpeldi.

70-nji ýyllaryň başynda oba ýerleriniň elektikleşdirilmegi doly tamamlandy. Eger1960-njy ýyda oba hojalygynda 16,9 mln. k/wt sagat elektrik energiýasy sarp edilen bolsa, 1985-nji ýylda 264,7 mln. k/wt sagada ýetdi, ýa-da 15 esse köpeldi.

Pagtaçylyk bilen baglanşykly esasy meýdan işleri: sürüm, kultiwasiýa, dökün we gerbisitler dökmek, çekanka, körek ýygmak, ony arassalamak-bularyň hemmesi mehanizmleşdirildi. Däne ekinleri öndürmek doly diýen ýaly mehanizmleşdirilipdi.

Şol bir wagtda pagtany ýygmak we bejermek (aýratyn hem inçe süýmli pagtany), gök we bakja ekinlerini öndürmekde, maldarçylykda el zähmeti agdyklyk edýärdi.

SSKP MK-nyň maý (1966 ý.) Plenumyndan soň meliorasiýa işlerine üns güýçlendirildi. 60-80-nji ýyllarda Garagum kanalynyň gurluşynyň III we VI tapgyrlary tamamlandy. Amyderýanyň suwy Gazanjyga çenli ýetdi. Respublikanyň ekin meýdanlarynyň möçberi iki esse artdy. Howuzhan we Köpetdag suw howdanalry guruldy, Zeýit howdanynyň gurluşygy başlandy. Garagum kanalynyň boýunça özleşdirilen ýerlerde respublikada öndürilýän pagtanyň ýarysy ekilýärdi. Şol ýerde respublikada öndürilýän inçe süýmli pagtnayň hemmesi ýerleşdirilipdi.

Ekin meýdanlarynyň meleoratiw ýagdaýyny gowulaşdyrmak boýunça işler güçýlendirdi. 1965-1978-nji ýyllarda drenaž kanallrynyň uzynlygy 3 essedenem köpeldi. Olar her ýylda 20 mln tonna artykmaç zyýanly duzlary medeni zolokdan daşary çykarýardylar.

60-80-nji ýyllarda oba ýerlerinde ýol gurluşygyna uly üns berilýär. Eger 60-njy ýyllaryň başynda oba ýerlerinde çagyl düşelen ýollar bütinleý diýen ýaly ýok bolan bolsa, 1985-nji ýylda olaryň uzynlygy 8,5 müň kw ýetdi.

Oba hojalygyna mineral dökünleriň goýberilişi ep-esli derejede gowulaşdy, ekerançylykda gerbisitleriň, maldarçylykda himiki goşundylaryň ulanmagy güýçlendi. Pagtanyň täze osrtlarynyň 20-si raýonlaşdyryldy. Maldarçylykda tohumçylyk işleri giňden ýaýbaňlandyryldy.

Şu işleriň hemmesi ilkibada obanyň hojalyk durmuşyny janlandyrdy, ilatyň azyk önümlerini, senagatyň çig mal bilen üpjün edilşini esli derejede ýokarlandyryldy.

Emma göz önünde tutulan zatlaryň köpüsi amala aşyrylman galdy. 1978-1982-nji ýyllarda oba hojalygy babatynda ýene-de birnäçe kararlaryň kabul edilmegine garamazdan hojalygy alyp barmagyň täze şertleri dolandyrmagyň administratiw sistemasy tarapyndan bogulyp ýatyryldy.

Buýruk bermek, kolhoz-sowhozlaryň işine partiýa guramalarynyň düşünmezlik bilen goşmaklry dowam edýärler. Dolandyryş apparaty, oba hojalygy bilen ilatyň arasynda duran sistemalaryň sany köpelýärdi, ýgdaýdan çykalga gözläp 1975-nji ýyldan soň hojalykara kooperasiýasyna we ýöriteleşdirmäge üns

güýçlendirildi, ägirt uly maldarçylyk komplekleriniň gurluşygy ýaýbaňlandyryldy. Emma olar hem ýeterlik netije bermedi.

Oba hojalygynda ýylyň ýylynda maýa goýumlaryň netijeliligi, zähnet öndürijiligi, hojalyklaryň düşewüntliligi pese düşüp başlady, oba hojalygy bilen şäheriň arasyndaky alyş-çalyşda adalatsyzlyk barha güýçlenýärdi. Şonuň netijesinde obanyň ykdysady ýagdaýy pese düşüp başlady.

Oba hojalygynda respublikanyň iş ýarawly işgärleriniň 40% işleýärdi. Her ýyl olaryň sany köpelýärdi. Dünýä möçberinde ösen ýurtlarda oba hojalygynda 5-10% ilat işeýär we özýurduny doly üpjün edip bilýär. Türkmenistana her işgäriň öndürýän önümi ýyl saýyn peselýärdi.

Drenaž sistemasynyň ýetmezçiligi, olaryň hiliniň pesdigi, suw resurslarynyň himiki dökünleri, preparatlaryň nädogry ulanylandygy sebäpli obanyň ekerançylyk ýagdaýy barha erbetleşýärdi. Aral deňziniň guramagy, 1980-nji ýylda Garabogaz golunyň ýapylmagy netijesinde ýagdaý has-da erbetleşdi.

Oba hojalygynda düýpli özgerişleriň amala aşyrylmagynyň hemmeler üçin äşgär boldy.

Ilatyň maddy hal-ýagdaýynyň derejesindäki özgerişler hem gapma-garşylykly ýagdaýda bolup geçýärdi. Kommunistik partiýa özüniň maksady halkyň hal-ýagdayny gowulandyrmak diýip yglan edýärdi. Şol maksatbilen 60-njy ýyllaryň ortasyndan ilatyň pul girdejileri köpeldilip başlandy. Kolhozçylaryň kepillendirilen zähmet haky bellendi, az aýlykly işgäriň iş haky ortaça iş haklylaryň derejesine golaýlaşdyrylýardy. Şonuň netijesinde gyradeňlige tarap ugur güýçlendirildi. Bu bolsa adamlaryň öndürijilikli zähmete ymtylşyny peseltdi. Şol bir wagtda adamlaryň pulgirdejisi öndürilýän önümleriň ösüşinden has ýokary bolup, ilatda bar bolan pul bile, haryt bilen üpjün edilşiniň arasynda tapawudy has güýçlendirdi. Ýagny haryt gytçylygyny-difisiti döretdi. Magazinlerde eşigiň, aýakgabyň, öý goşlarynyňköpdügine seretmezden olaryň hiliniň pesdigi sebäpli ilat ony satyn almaýardy. Daşary ýurtdan getirlen ýokary hilli harytlar nomenklatura işgärlerine, söwda işgärlerine ýetip ýurtda spekulýasiýanyň güýçlenmegine getirýärdi. Kärhanalarda ownuk ogurlyk giňden ýaýrapdy.

Ilatyň ýaşaýyş jaýlary bilen üpjün edilşinde 60-80-nji ýyllarda uly üstünlikler gazanyldy. Emma oba ilatynyň şäherlere göçmegi netijesinde jaý problemasy öz ýitiligini ýitirmeýärdi.

Medeniýetiň ösüşinde-de gapma-garşylykly prosessler bolup geçýärdi.

### 3.S.A.Nyýazowyň TKP MK-niň birinji sekretarlygyna saýlanmagy. Türkmenistan Garaşsyzlyga barýan ýolda

Nebit, gaz, himiýa we ýeňil senagatyny ösdürmäge aýratyn üns berildi. 1970-nji ýylda nebitçiler 14.5 mln tonna “gara altyn” berdiler. Gaz senagaty ýokary depginler bilen ösýärdi. Ojak we Kükürtli gaz ýataklary özleşdirildi, Şatlyk we Jojukly gaz ýataklary açyldy. 1970-nji ýylda respublikada 13.1 $m^3$ arzan “mawy ýangyjy”berdi. 1967-nji ýylyn oktýabr aýynyñ 5-dan bäri Merkezi Aziýa-Merkez gaz prowody arkaly (uzynlygy 2750 km) türkmen gazy Moskwanyň senagat raýonlaryna berilýär. 1969-njy ýylyñ-Aşgabat-Büzmeýin gaz prowody arkaly gaz Aşgabadyň we Büzmeýiniň senagat kärhanalaryna berlip başlandy. Işçiler synpy janypkeşlik bilen zähmet çekýärdi, olar özleriniň önümçilik meýilnamalaryny hem borçnamalaryny üstünlikle ýerine ýetirýärdiler. 1975-nji ýylda respublikada 4404 million kilowat-sagat elektrik energiýasyny, 15543 müň tonna nebit, 51,8 milliard $m^3$ gaz, 431 müň tonna mineral dökuňler wentilýatorlar üçin 1854-gradiren, 564 müň tonna sement, 350 müň tonna pgata süýümi, 6237 müň kwadrat metr ýüpek mata we başga-da ençeme senagat önümini öndürdi.

Oba hojalygyny ösdürmekde ep-esli üstünlikler gazanyldy. Respublikanyn pagtaçylary 1966 - 1975-nji ýyllarda döwlete 3685 müň tonna pagta, 1195 müň tonna däne, 140 müň tonna ýüň, 1620 müň tonna gök önüm 1470 müň tonna bakja ekin önümleri we başga-da kop oba hojalyk hem de maldarçylyk önümlerini satdy. Garagum kanalynyň gurluşygy dowam etdirilýärdi. 1975-nji ýylyň ahyryna çenli Kanal Bäherdene ýetdi.

1976-1985 -nji ýylarda respublikada elektrik energiýasynyň mineral dökünleriň ýeňil we azyk senagat önümleriniň nebitden gaýtadan işlenipalynýan önümleriniň we ş.m.-leriň öndürilişi artdy. Senagat kärhanalarynda tehnologiki enjamlaryň 160 görnüşi hem-da awtomatlaşdyrylandolandyryş sistemalarynyň (ADS) 4-si girizildi. Energetike we gaz promyselleri ýokary depginler bilen ösdi. 1980-nji ýylda 6.7 milliard kilowat sagada çenli elektrik energiýasy öndürildi. 1985-nji ýyla gabat gaz çykarylyşy 83 milliard kubmetre ýetdi. 1976-80-nji ýyllada oba hojalygyna 1 milliard 390 million manatdan da gowrak düýpli maýa goýumlary goýberildi, onuň maddy-tehniki

bazasy pugtalandy. Garagum kanaly gazanjyk raýonyna çenli ýetirildi. Kanalyň umumy uzynlygy 1100 km golaýlady. Suwarymly ýeleriň möçberi 107 müň gektar ýeriň melioratiw ýagdaýy gowulandyryldy. Her ýyl öri meýdanlarynyň 15-2 million gektary suwlulandyrylýardy. 1976-80-nji ýyllarda döwlete 5 million 717 müň tonna pagta tabşyryldy. Oba hojalygynyň beýleki pudaklary-däneçilik, ýüpekçilik, gök we bakjaçylyk, kartoşka önümçiligi hem belli bir derejede ösdi, şeýle-de bolsa respublikanyň ilatynyn “witaminli önümleri” sarp ediş derejesi entek Soýuz boýunça prtaça derejeden yza galýardy we SSR Soýuzynyň respublikalarynyň arasynda soňky orunlaryň birtini eýeleýärdi.

Emme rsepublikanyň ykdysadyýetine ep-esli üstünlikleriň gazanylandygyna garamazdan ol birtaraplaýyn ösýärdi. Uruşdan soňky ýyllarda senagat önümçiliginiň gurluşynda düýpli özgerişler bolmady, ozaly bilende respublikanyň özüniň bähbitleri gös-göni baglanyşykly bolan üýtgeşiklikler bolmady. Şol ýyllarda ozaly bilen senagatyň çig mal pudaklary ösýärdi, oba hojalygynda bolsa pagta öndürmek hökmürowanlyk edýärdi.Şeýleleikde respublika regionlaryň arasynda zähmet bölünişigi diýilýän ýörelgä laýyklykda Soýuzyň çig mal bazalarynyň biri bolup hyzmat edýärdi, özüne bolsa SSSR-iň ykdysady taýdan ösen respublikalaryndan agyr, dokma we azyk senagatynyň taýýarönümini getirýärdi. 60-njy ýyllaryn ortalarynda başlanan reformalar ahyryna ýetirilmän orta ýolda galdyryldy. Respublikanyň ykdysadyýetinde we jemgyýetçilik syýasy durmuşynda durgunlyk hem krizisli döwür başlandy.

Edara etmegiň aşa berk merkezleşdirilmegi köp sanly halklaryň diňe özlerine mahsus bolan durmuş kada-kanunlarynyň ýeke-täk nusga boýuňça bir aýakdan sürülmegi port agaç ýaly, jemgyýetiň organizmini öz içüýredip barýardy. Ýurt uçutynyň gyrasynda durdy. 80-nji ýyllaryň ortalarynda “üýtgedip gurmak” adyny alan hay-haýly reforma başlandy, olam garaşylýan netijäni bermedi. Şu zatlaryň hemmesi Sowet döwletiniň synyp başlamagyny aňladýardy.

60-80-nji ýyllarda halk magaryfy, ylym we medeniýet belli bir ösüşe eýe boldy. Şol ýyllara ählumumy ýediýyllyk, sekizýyllyk we onýyllyk bilim yzygiderli durmuşa geçirildi. 80-nji ýyllaryň başlarynda respublikada umumy bilim beräýn mekdepleriň 1.8 müňi bardy. Olar esasanda orta mekdeplerdi. Olarda 763,2 müň okuwçy okaýardy. Ýörite okuw jaýlarynyň hem-de ýokary okuw jaýlarynyň seti giňeldi. Ýörite orta okuw jaýlarynda hem 38.7 müň student

okaýardy. Türkmenistanyň ilatynyň köpüsiniň ýokary gutarylmadyk ýokary, ýörite orta we doly däl orta bilimi bardy. Ylym hem güýçli ösýärdi. 1951-nji ýylda Ylymlar akademiýasy açyldy, ol respublikada ylmy pikiriňwe ylmny kadrlary taýýarlamagyň merkezine öwrüldi. Akademiýa jemgyýetçilik tebigy ylymlar baradaky ylmy-barlag edaralaryny özüne birleşdirdi.

Edebiýatda hem ep-esli üstünlikler gazanyldy. Çeperçilik intelgensiýasynyň iň oňat wekilleri bütinsoýuz we halkara meýdanyna çykdy (B.Kerbabaýew, Y.Gylyjow we başgalar). Soýuzyň republikalarynyň arasyndaky medeni hem-de ylmy hyzmatdaşlygyn formalary giňelýärdi. Çöller instituty SSSR - iň çöllik territoriýalaryny kompleksleýin öwrenmegiň hem-de özleşdirmegiň utgaşdyrykjy ylmy merkezi hökmünde ykrar edildi.

Milli metbugat medeni aň bilim edaralary giň ösüşe eýe boldy. 80-nji ýyllaryň başlarynda köpçülikleýin kitaphanalaryň 1,4 müňi işleýärdi, olarda 14 million ekzemplýardan hem ko kitap fondy bardy, klublaryň we medeniýet öýleriniň 1,1 müňi muzeýleriň 15-si bardy.

Halk magaryfyny ylmy we medeniyeti ösdürmekde gazanylan ep-esli üstünliklere garamazdan bu ugurda halkyň ruhy medeniýetiniň hem-de düşünjesiniň ösmegine päsgel berýän ýetmezçilikler hem ýaramaz hadysalar barha artýardy. Halk magaryfynda hem-de medeniýetinde partiýa hökümi barha güýçlenýärdi. Ýokary mekdeplerde durmuş partiýalylyk we synpylyk esasanda dowam edäýrdi. Kadrlar we studentler korpusy tomeýilnamaanda sosial adalatsyzlyk hereketlerine ýol berilýärdi.Ylmy ösdürmekde proiblema ýüze çykdy. Ylmy kadrlary taýýarlamagyň depginleri yza galýardy, ýokary we pudaklaýyn ylymlar biri-biri bilen gowşak utgaşýardy.

80- nji ýyllaryň ahyrynda SSSR çuň syýasy we sosial ykdysady krizisi başdan geçirýärdi. Merkezden daşlaşmak meýilleri öz içki garşylyklaryu hem-de ýaramaz hadysalary bilen halys tapdan düşen jemgyýeti täzelemek ugrundaky barha mese-mälim duýulýardy. Dürli reformalarda ýygnaklarda mitinglerde SSR Soýuzyna giräýn respublikalaryň özygtyýarlygy ykdysady, taýdan özbaşdaklygy hakyndaky ideýalar barha işjeň ara lanyp maslahatlaşmaga başlandy.

Türkmenistan SSR - nde hem edil şeýle ýagdaý emele geldi. Respublikanyň jemgyýetçilik syýasy ykdysady we medeni durmuşyndaky işleriň ýagdaýyndan jemgyýetçiligiň kanagatlanmaýandygy mese-mälim ýüze çykdy. Ilatynyň syýasy aňynyň güýçlenmegi ep-esli derejede krizisden çykmagyň ýollaryny

kollektiwleýin agtaryp tapmagy aňladýardy. Ine şol wagt hem milli lider hökmünde S.A.Nyýazow öňe çykdy, ol şol wagt Türkmenistan Kompartiýasynyň MK-synyň birinji sekretaryu bolup işleýärdi, özem hemişe iňňän çylşyrymly meseleleri çözmegiň has demokratik ýollaryny gözleýärdi. Türkmenistanyn öz Garaşsyzlygyny gazanmak ýolunda amal aşyrylan möhüm syýasy ädimiň biri-de TSSR-iň ýokary Sowetiniň 1990-njy ýylyň awgust aýynyň 22-de yglan eden jarnamasy - "Türkmenistanyň döwlet özygtyýarlylygy hakyndaky Jarnama" boldy. Onda respublikaynyň öz bütin territoriýasyndaky tebigy baýlyklara we serişdelere önümçilige eýelik etmek bütin häkimýetiň türkmen halkynyň gadymdan geläýn taryhy we medeni mirasynyňhukugy esaslandyryldy. Respublikanyň syýasy we ykdysady babatdaky özygtyýarlygyny hem giňeltmegiň zerurlygy yglan edildi. Jarnama ähli aňly-düşünjeli güýçleriň demokratiýa ýolunda jebisleşmegine ýardam berdi.

Özygtyýarlygyň jar edilmegi respublikamyzda bolup geçýän demokratik prosesleriň çalt gitmegine ýardam etdi. Şu proses bütin ýurtda bolupgeçen hadysalar bilen ýakyndan baglanyşyldy. "Dil hakyndaky" kanunyň kabul edilmegi hem hem taryhy waka boldy, ol türkmen diline döwlet dili statusyny berdi. Şonuň bilen birlikde hem bu kanun respublikada ýaşaýan beýleki halklaryň diliniň erkin ösmegine hem ulanylmagyna kepillik berdi.

1991-nji ýylyň awgust aýynda bolan SSSR-iň dargamagyny hem-de ozalky Soýuz respublikalaryň şol sanda Türkmenistanyň hem garaşsyzlygyny gazanmagyny çaltlandyrdy.

***Soraglar:***

1. XX asyryň 50-60-njy ýyllarynda Türkmenistanyň durmuş-ykdysady we syýasy ýagdaýy.
2. Garagum derýasynyň gurluşygy.
3. Türkmenistan durgunlyk ýyllarynda.
4. S.A. Nyýazowyň TKP MK-niň birinji sekretarlygyna saýlanmagy.
5. Türkmenistan Garaşsyzlyga barýan ýolda

## 15-nji tema

# TÜRKMENISTANYŇ GARAŞSYZLYGY WE DÖWLETIŇ JEMGYÝETÇILIK-SYÝASY DURMUŞYNYŇ ÖZGERDILMEGI

(2 sagat)

Umumy okuwyň meýilnamasy:

1.Garaşsyzlyk ýyllarynda Türkmenistanyñ syýasy gurluşyndaky özgerişler. Türkmenistanyň Garaşsyzlygynyň jar edilmegi we döwletiň Baş Kanunynyň kabul edilmegi.
2.Garaşsyzlyk ýyllarynda Türkmenistanyň durmuş-ykdysady taýdan ösüşi.
3.Türkmen halkynyň medeni we ruhy taýdan galkynyşy.
4.Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistanyň daşary syýasaty.

**1.Garaşsyzlyk ýyllarynda Türkmenistanyñ syýasy gurluşyndaky özgerişler. Türkmenistanyň Garaşsyzlygynyň jar edilmegi we döwletiň Baş Kanunynyň kabul edilmegi**

1990-njy ýylyň awgust aýynyň 22-sinde Türkmenistan SSR-niň Ýokary Soweti Türkmenistanyň döwlet özygtyýarlylygy hakynda jarnama kabul etdi. Jarnama TSSR-iň çäklerinde ähli ýeriň, ýerasty baýlyklaryň, howa giňişliginiň, suwuň we beýleki baýlyklaryň türkmen halkynyň milli emlägidigi, Respublikanyň özbaşdaklygy, onuň kanunlarynyň hökmürowanlygy, daşary ýurtlar bilen gatnaşyklarda garaşsyzlygy jar etdi. Ol SSSR heniz dargamanka, onuň düzüminde duran Türkmenistanyň döwlet özygtyýarlygyna tarap möhüm ädim ädenligini açyk mälim etdi.

1991-nji ýyly oktýabr aýynyň 26-synda Türkmenistan SSR-nde ählihalk sala salyşygy geçirildi. Onda bir mesele: “SSSR-iň düzümine galmalymy ýa-da özbaşdak döwlet bolmalymy?” diýen mesele çözülýär. Elbetde, Gyzyl imperiýanyň dargap barýan şertlerinde onuň netijesi öňünden bellidi.Oňa garamazdan,sala salyş özüni ödedi: ol öz garaşsyz döwletini gurmak barada bütin Türkmenistan halkynyň erk islegini bir ýere çugdamlady. Ses bermäge gatnaşan raýatlaryň 94,1%-i Türkmenistanyň özbaşdak döwlet bolmagyny goldady.

Sala salyşygyň ertesi oktýabr aýynyň 27-sine TSSR Ýokary Sowetiniň nobatdan daşary maslahaty çagyryldy. Maslahatda “Türkmenistanyň Garaşsyzlygy we döwlet gurluşynyň esaslary hakyndaky” Konstitusion kanun kabul edildi.

Konstitusion kanun kabul edilen pursatyndan güýje girdi. Kanunda jar edilen maksatlara ýetmek üçin syýasata ýugrulan, hökmürowan totolitar ulgamyny, onuň buýruk beriji häkimýet edaralaryny aýgytly suratda syndyryp, demokratik gymmatlyklary we erkin bazar gatnaşyklaryny ileri tutýan, raýatlaryň hakyky azatlyklaryny we hukugyny üpjün edýän häkimýet edaralaryny döretmeli. Döwlet syýasatyny amala aşyrmakda örän täwekgelli we paýhaslylyk gerekdi. Ýaş milli döwleti gurmak işini giň möçberli syýasy hem-de syýsy hem-de ykdysdy özgertmeleri geçirmek bilen utgaşykly alyp barmaly-dy.

Döwlet syýsatyny ýöretmegiň ilkinji ädimlerinden başlap, oýlanyşykly hereket edildi. Bada-bat ýurduň hukuk goraýjy, milli howpsyzlyk edaralary özgerdildi. Türkmenistanyň özygtyýarly döwlet hökmündäki nyşanlary, Döwlet baýdagy, Döwlet tugrasy (Gerbi), Döwlet senasy (Gimni) döredildi. Türkmenistanyň öz ýaragly güýçleri döredildi. Daşary ýurtlar bilen gatnaşyklary ýola goýmak maksady bilen Daşary işler ministrligi, Daşary ykdysady aragatnaşyklar ministrligi, Daşary ykdysady bank we beýleki ýörüteleşdirilen edaralar işläp başlady.

1992-nji ýyly maý aýynyň 18-inde Türkmenistanyň Ýokary Sowetiniň maslahatynda Türkmenistanyň Konstitusiýsy - Baş kanuny kabul edildi. Konstitusiýsda respublikanyň döwlet gurluşygynyň esaslary, raýatlaryň esasy hukuklary, azatlyklary hem borçlary, häkimýet we dolandyryş edaralary we saýlaw ulgamy aýdyň kesgitlenildi. Konstitusiýada täze hojalyk gatnaşyklaryna - bazar ykdysadyýetine geçmäge alnan ugur öz beýanyny tapýar, eýeçiligiň ähli görnüşlerini ösmegi üçin deň şertleriň döreýänligi, şeýle hem olaryň deň derejede goralýandygy kepillendirilýär.

Geçiş döwründe birinji etapyň, ýagny transformasiýanyň döwlet gurluşy babatynda wezipelerini iş ýüzünde çözmeklik 1992-nji ýylyň maý aýynyñ 18-inde Garassyz Türkmenistanyň Konstitusiýasyny kabul etmekden başlandy. Onda konstitusion gurluşyň esaslary, adamyň we raýatyň esasy hukuklary, azatlyklary hem-de borçlary, häkimiýet we dolandyryş organlarynyň sistemasy, saýlaw sistemasy kesgitlendi.

Türkmenistanda döwleti dolandyrmaklyk Prezident respublikasy formasynda amala aşyrylýar diýlip, biziň Konstitusiýamyzda kesgitlendi. Türkmenistanda Prezident döwlet häkimiýetiniň ýokary simwoly hökmünde oňa ynanylan Konstitusion ygtyýarlyklara

laýyklykda çylşyrymly geçiş döwründe adamlaryň goraglylygyny, jemgyýetiň jebisligini üpjün etmegiň kepillendirijisidir. Halkyň çuňnur hormatyndan, söýgüsinden peýdalanýan S.A.Nyýazowyň töwereginde ilatyň ähli gatlaklary jebisleşdiler. Döwletimiziň täze Konstitusiýasyna laýyklykda Garassyz Türkmenistanyň 1992-nji ýylyň iýunaýynyñ 21-inde geçirilen ilkinji Prezident saýlawlarynyň jemleri şunuň aýdyň subutnamasydyr. S.A.Nyýazow biragyzdan Prezident saýlandy. 1994-nji ýylyň ýanwar aýynyñ 15-inde geçirilen ählihalk referendumynyň netijesinde Türkmenbaşynyň Prezidentlik ygtyýarlyklarynyň nobatdaky saýlawy geçirmezden ýene-de bir möhlete uzaldylmagy Prezidentiniň uly abraýyny tassyklady.

1999-njy ýylyñ dekabr aýynyñ 27-29-yna geçirilen Ýaşulylaryñ IX Döwlet Maslahatynyñ, Halk Maslahatanyñ we Umumymili “Galkynyş” hereketiniñ bilelikdäki mejlisinde Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy Türkmenistanyñ ömürlik Prezidentligine saýlandy.

2001-njy ýylyñ maý aýynyñ 21-22-sine dünýä türkmenleriniñ VI maslahatynda Saparmyrat Türkmenbaşa ahli dünýä türkmenler tarapyndan “Beýik” adyny dakmaklygy teklip etdiler we bu teklip halk köpçüligi tarapyndan gyzgyn goldaw tapdy.

2003-nji ýylyñ awgust aýynda geçirilen Ýaşulylaryñ XIV Döwlet Maslahatynyñ, Halk Maslahatanyñ we Umumymili “Galkynyñ” hereketiniñ bilelikdäki mejlisinde Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy Türkmenistanyñ Halk Maslahytynyñ ömürlik başlyklygyna saýlandy.

2004-nji ýylyñ oktýabr aýynda geçen XV Döwlet Maslahatynyñ, Halk Maslahatanyñ we Umumymili “Galkynyş” hereketiniñ bilelikdäki mejlisinde Beýik Saparmyrat Türkmenbaşa “Ruhnama ” ordenini bilen sylaglandy.

*Türkmenistanyň syýasy ulgamynda, döwlet gurluşygynda düýpli özgerişler we jemgyýetçilik-syýasy guramalary.*

SSSR-iň dargamagy, Türkmenistanyň öz garaşsyzlygyny yglan etmegi ilkinji nobatda döwlet-hukuk gurluşynyň modelini saylap almak wezipesini öňe sürdi. Modernizasiýalasdyrmak jemgyýetçilik durmuşynda dartgynlylygyň güýçlenmegi, sosial taýdan gözegçiligiň mehanizminiň gowşamagy we jemgyýetde bolup geçýän prosesleri dolandyrmagyň peselmegi bilen howpludyr.

Dünýä tejribesiniň görkezişine görä, ösüşiň fazalarynyň çalyşmagynyň klassyky shemasy bazis strukturalaryndaky üýtgeşmelerden syýasy nadstroýka tarapaşakdan baslanýan hereketi

göz öňünde tutýar. Bu modeliň häsiýetli aýratynlygy täze, mysal üçin, kapitalistik ukladyň önümçiligiň jemgyýetçilik görnüşine öz-özünden ösüşiniň geçiş döwründe milli-döwlet integrasiýasynyň berkleşdiriji esasy bolup durýanlygyndadyr. Türkmenistan Garaşsyzlygyny üpjün etmegi we jemgyýetçilik gatnaşyklaryny reformirlemegi öz öňünde maksat edip goýan-da bolsa, göz öňünde tutulan özgerişlikleri durmuşa geçirmäge we geçiş döwründe jemgyýetiň durnuklylygyny saklamaga ukyply syýasy-hukuk instrumentiniň bolmandygy zerarly mesele çylşyrymlaşýardy. Jemgyýetiň döwlet gurluşynyň modeli işlenip düzülende milli çeşmelere ýüzlenmek milli-döwlet integrasiýasynyň dünýä tejribesiniň analizine we türkmen halkynyň gadymdan miras galan gymmatlyklaryna esaslanýar.

Türkmenistanyň Konstitusiýasyna laýyklykda, ýurduň Prezidenti döwletiň we ýerine ýetiriji häkimiýetiň baştutany, Türkmenistanyň iň ýokary wezipeli adamy bolup durýar. Oňa Türkmenistanyň milli garaşsyzlygynyň, territorial bütewiliginiň, Konstitusiýanyň, halkara ylalaşyklarynyň berjaý edilmeginiň kepil bolmak borçlary ýüklenendir. Prezident halk tarapyndan ähliumumy, deň we gös-göni saylawlarda, gizlin ses bermek arkaly saýlanylýar we Ministrler Kabinetini-Türkmenistanyň hökümetini düzýär, onuň işine ýolbaşçylyk edýär. Türkmenistanyň ähli territoriýasynda hökmany güýji bolan permanlary, kararlary we buýruklary çykarýar.

Häkimiýetiň we dolandyryşyň reforma edilen sistemasynda ýerlerde ýerine ýetiriji häkimiýeti häkimler we arçynlar amala aşyrýarlar. Häkimler ýurduň Prezidenti tarapyndan wezipä bellenýärler we boşadylýarlar, onuň yerlerdäki wekilleri bolup durýarlar we oňa hasabat berýärler.

Hukuk döwletiniň konstitusion prinsipi ýerine ýetiriji häkimiýet sistemasynyň funksionirlemeginiň esasy konstruksiýasy bolup durýar. Hukuk başlangyçlarynda guralan we hukuga tabyn bolan döwlet hukuk döwleti diýip ykrar edilýär. Hukuk döwletiniň manysy onuň ähli strukturalarynyň düzülmeginiň we işlemeginiň esasy bolup hukuk hyzmat edýänligindedir.

Milli bähbitleri aňrybaş derejede hasaba almak, durmuşa geçirilýän reformatorçylyk işlerini giň jemgyýetçilik pikiri bilen mydama deňeşdirip görmek Türkmenbaşýnyň döwet filosofiýasynyň esasy ugrudyr. 1995-nji ýylyň 12-nji dekabrynda BMG-nyň Baş Assambleýasynda “Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygy” hakynda Kararanama kabul edildi.

## 2.Garaşsyzlyk ýyllarynda Türkmenistanyň durmuş-ykdysady taýdan ösüşi

Türkmenbaşynyň ýurdy demokratik ugur bilen ösdürmek barada alyp barýan işleriniň möhüm bölegini ykdysady syýasat tutýar. Bu syýasatyň esasynda ýurduň ykdysadyýetinde düýpli strukturalaýyn özgerişleri geçirip, önümçiligiň sazlaşykly we durnukly ösmegini gazanmaklyk, şeýdibem halkyň maddy hal-ýagdaýyny hem-de sosial derejesini has-da ýokarlandyrmak durýar.

Ykdysadyýeti ösdürmek boýunça öňde durýan maksatlara ýetmegiň serişdesi hökmünde bazar gatnaşyklary hem ösdürilýär. Adamzat taryhynda önümçiligi proporsional ösdürmegiň iki sany usuly-administratiw-buýruk beriş we ykdysady usullary mälimdir. Häzirki zamanda bu usullaryň hiç biri-de sap görnüşde ulanylmaýar, mesele şol usullaryň näderejede utgaşdyrylýandygyndan we olaryň haýsy biriniň agdyklyk edýändiginden ybarat. Sowet ykdysadyýeti administratiw-buýruk beriş tipindäki ykdysadyýet bolup, onda dolandyryş aşa merkezleşdirilen häsiýete eýedir. Ägirt möçberli desgalaryň gurluşygyndan başlap, tä kiçijik nurbat öndürmeklige çenli ähli meseleler merkezi meýilnamalaşdyryş organlarynyň ylalaşygy arkaly çözülýärdi. Netijede, önümçilikçileriň göreldesi gysylýardy, işgärleriň önümçilik serişdelerine gös-göni eýeçilik etmekden, önümçiligi dolandyrmakdan we girdejileri paýlamakdan çetleşdirilmegi bolup geçýärdi. Şonuň üçinem bu ykdysady sistema önümçiligi adamlaryň maddy bähbitleriniň üsti bilen dolandyryş usullaryna kembaha garanlygy zerarly soňabaka uly ykdysady ösüşi üpjün edip bilmedi.

Administartiw-buýruk beriji hojalyk sistemasyndan bazar gatnaşyklaryna esaslanýan ykdysadyýete geçmegiň zerurlygy obýektiw sebäpler bilen şertlenendir, ykdysadyýeti dolandyrmagyň modeliniň üýtgedilmegi, administratiw-buýruk beriş ykdysadyýetinden bazap gatnaşyklarynyň ösdürilmegine geçilmegi ykdysadyýetiň ösüşini çaltlandyrmaga, adamlaryň maddy, sosial we ruhy isleglerini has doly kanagatlandyrmaga gönükdirilendir. Şu geçiş prosesiykdysadyýeti üýtgetmek üçin belli bir wagty talap edýär. Ykdysady reformanyň düýp mazmuny hojalyk proseslerini düýpli özgertmeklikden ybarat bolup, ol jemgyýetde sosial ilerlemä itergi bermeli.

Türkmenistanda ykdysadyýetiň milli modeliniň emele gelmeginiň başlangyç ýagdaýyna käbir aýratynlyklar mahsus. Ýurtda

tebigy we önümçilik resurslarynyň ägirt uly potensialy bar, şol bir wagtda hem olary doly herekete getirmek üçinköp mukdarda täze inwestisiýalar zerurdyr. Şol sebäbe görä, garaşsyzlyk ýyllary içinde girdejiniň maýa toplaýşa gönükdirilýän bölegi üzül-kesil köpeldi.

Türkmenistanyň halk hojalygy daşary dünýä tarap has açykdygy bilen tapawutlanýar. Eksporta ugradylýan önümleriň jemi içerki önümdäki paýy ýokarydyr. 1995-nji ýylda esasy eksport edilýän harytlar bolup tebigy gaz (61%) we pagtadan alynýan önümler (28%) çyky edýär. Şol bir wagtda Türkmenistan ýeňil we azyk senagatlarynyň önümleriniň şonuň ýaly-da senagatda ulanmaga hiýetlenen harytlaryň import edilmegine mätäçlik çekýär. Mysal üçin, import moçberinde azyk harytlaryň paýy 17,7%-e barabardyr. Munuň özi şol önümleri öndürmek üçin ýurtda ýeterlik resurslaryň bir mahaly bolup geçýär.

Türkmenistanda geçiş döwrüniň ýene-de bir aýratynlygy ykdysadyýetiň ýuwaş-ýuwaşdan döwletiň ygtyýaryndan aýrylmagynyň we inwestisiýa çeşmeleriniň merkezleşdirilişiniň güýçlenmeginiň bir wagtda bolup geçmeginden ybaratdyr. Täze obýektler işe girizilip, önümçiligiň herekete getirilmegi bilen üznüksiz önümçiligi maliýe taýdan üojün etmek ýokarlanar. Öňki hereket edýän kärhanalardaky önümçilik kuwwatlyklaryny täzelemeklik talap edilýär.

Ykdysadyýetiň modeli özgerdilende dünýä tejribesini, ylaýta-da bazar ykdysadyýetine geçýän ýurtlardaky, şol sanda Gündogar Ýewropanyň we GDA_nyň ýurtlaryndaky tomeýilnamaan tejribäni öwrenmegiň we Türkmenistanyň özboluşly şertlerini hasaba almak bilen peýdalanmagyň belli bir bir derejede ähmiýeti bar. Kop ýurtlarda bazar gatnaşyklarynyň howlukmaç we taýýarlyksyz girizilmegi özüni ödemedi. Şonuň ýaly-da ykdysadyýetiň ozal emele gelen strukturasy, senagatda strategik ähmiýetli onýektleriň agdyklyk etmegi hususy eýeçuligiň ösdürilmegi bilen birlikde döwlet eýeçiligininem saklanyp galmagyny, ykdysadyýeti döwlet tarapyndan düzgünleşdirmegiň zerurlygyny kesgitleýär.

Dünýäniň ösen ýurtlarynyň hiç birisinde hem erkin bazar gatnaşyklary sap görnüşde hereket etmeýär. Döwlet öz ýurdundaky ykdysady proseslere belli bir derejede gatyşýar. Ýöne döwletiň ykdysady ösüşe gatyşmak derejesi köp ýurtlarda bir meňzeş däl. Mysal üçin: ABŞ-da döwlet ykdysady ösüşe az täsir edip bilýär. Ýaponiýada bolsa tersine ýurduň ykdysady ösüşini düzgünleşdirmek

döwlet dolandyryş sistemasynyň birinji derejeli borjy hasap edilýär. Bu ýurtda meýilnamalaşdyryşyň bazar ykdysadyýetiniň artykmaçlyklaryny göz öňünde tutýan özboluşly ösen sistemasy hereket edýär.

*Ýangyç energetika toplumynyň çalt depginler bilen ösmegi.*Türkmenistanyň ykdysadyýetinde nebit-gaz aýratyn uly orun eýeleýär. Senagatda bu pudaklar ileri tutulýar we ägirt çalt depginler bilen ösdürilýär. 1997-nji ýylda Türkmenbaşy şäherindäki nebiti gaýtadan işleýän zawodyň durkuny täzelemek we döwrebaplaşdyrmak işi başlandy.Türkmenistan üçin bu möhüm işe “Teknip” (Frasiýa), “Mannesman” (Germaniýa), “JEÝ-JI-SI” ‘ÇIODA’ (Ýaponiýa), “Merhaw” (Ysraýyl) ýaly dünýä belli kompaniýalar gatnaşdylar. Türkmenbaşy NGIZ-niň durky täzelenmegiň ilkinji döwründe ýokary hilli benzin, katalitik krekingi, çalgy ýaglaryny, polipropilen zirelerini öndürýän desgalary gurmak göz öňünde tutulýardy. 2000-2001-nji ýyllarda ol desgalar işe girizildi. Toplumda elektrostansiýa swuklandyrylan gaz öndürilýän, deňiz suwuny süýjediji desga, polipropilen ammary we başda-da birentek desgalar guruldy. Şu toplumyň gurlyşygyna 1.5 mlrd amerikan dollary möçberinde maýa goýuldy. Bu toplumyň ýylda 6 mln tonna Nebiti gaýtadan işlejek ikinji nobatyny gurmak göz öňünde tutulýar. Häzirki wagtda Seýdi (ozalky Newtozowodsk) NGIZ-niň durkuny täzelemeklige we döwrebaplaşdyrmaklyga hem girişildi. Bu ýerde-de işler önümçiligi togtatmazdan alynyp barylýar. 2020-nji ýyla çenli NGIZ-leriň ýene-de ikisini nebit tapylan täze ýerlerde Gökdepe we Ýolöten sebitlerinde gurmak göz öňünde tutulýar.

Türkmenistanda tebigy gazyň öndürilişi artýar. Garaşsyzlygyň ilkinji ýyllarynda gazy dünýä bazaryna çykarmak kynçylyjklary zerarly onuň öndürilişi pese gaçypdy. 1998-nji ýylda “Körpeje--Gurtguýy” (Eýran) gaz geçirijisi işe girizildi. Onuň kuwwaty onçakly uly däl 7-12 mlrd kub m . Ýöne ol Türkmenistanyň mawy ýangyjy bolen daşky bazara ilkinji özbaşdak çykyşydy. Onuň ähmiýeti-de şondan ybarat. 2000-nji ýylda türkmen gazy ýene-de Ukraina, Russiýa berilip başlandy. 2002-nji ýylda 56 mlrd kub m türkmen gazy eksport edildi. Türkmenistan “Rostgazpromuň” arasynda 2003-2028-nji ýyllarda gaz satmak, satyna almak barada ylalaşyk baglaşyldy. Ylalaşyga görä, Türkmenistan çärýek asyryň dowamynda Russiýa tarap 2tril kub m mawy ýangyç akdyrmakçy. Onuň üçin bar bolan gaz geçirijileriniň, hususanda “Günbatar Türkmenistan-Merkez” gaz

geçirijisiniň durkuny täzelemeklige girişilýär. Ol Russiýa üçin ýrän bähbitli, çünli gazyň bahasynyň ýarysy rus harytlarynyň, tehnologiýasynyň, maşynlaryň hasabyna, şeýle hem Türkmenistanda taslamalary amala aşyrmaga gatnaşmagyň hasabyna tölenjek. Häzirki wagtda "Türkmenistan—Owganysta-Päkistan" gaz geçirijisini çekmek baradada işler alynyp barylýar. Uly nebit-gaz gorlary bolan Hazaryň türkmen ýalpaklygyny özleşdirmeklik başlandy.

Elektroenergetika senagty hem güýçli depgin bilen ösdürilýär. Ol ýurduň ýangyç-energetika toplumynyň aýrylmaz bölegi, durmuş-ykdysady pudakda tehniki ösüşiň düýp özeni bolup durýar, 1967-81-nji ýyllarda Merkezi Aziýada iň uly elektrik stansiýasy bolan Mary GRESI gurulyp, Türkmenistanda elektrik energiýasynyň öndürilişi üzül-kesil artypdy. Emma geçiş döwrüniň kynçylyklary bir bada elektroenergetik akärhanalarynyň işinede täsir etdi. 1991-nji ýylda ýurtda 14,9 mlrd .kwt sagat elektrik eneriýasy öndürilen bolsa 1999-njy ýylda 8,9 mlrd kwt sagat öndürildi. 2001-nji ýylda Türkmenistanda elektrik energiýasynyň öndürilişi 10,5 mlrd kwt sagada barabar bolup, şonuň 1,5 mlrd. Kwt sagady goňşy ýurtlara eksport edildi. Geljekde ýurtda ýylylyk elektrik stansiýalarynyň ençemesini gurmak we elektrik energiýasynyň öndürilişini üç essä golaý artdyrmak bellenilýär. Häzirki wagtda türkmen elektrik energiýasy Owganystana, Eýrana, Türkiýä akdyrylýar. Ony Päkistana we beýleki ýurtlara akdyrmak göz öňünde tutulýar.

Himiýa senagatynda 5 sany önümçilik: esasy himiýa, soda, ýod-brom, durmuş himiýasy önümçiligi ösdürilýär. "Garabogazsulfat" kombinatynda häzir natriý sulfaty, epsomit, bişofit, glauber duzy öndürilýän bolsa, ýakyn ýylalrda önümleriň başga-da tçze görnüşlerini öndürmeklik bellenilýär. Tejen, Mary korbomit zowodlary gurulýar. Boýaodagda ýod zowody guruldy. Türkmenabadyň Himiýa zowodynyň durky täzelenýär. Hazaryň (öňki Çeleken) himiýa kombinatynda, Balkanabadyň ýod-brom zowodynda täze kuwwatlyklar işe girizildi. Aşgabadyň durmuş himaýasy zowodynda halkyň sarp edýän harytlaryny: lak-boýag, sintetiki ýuwujy serişdeleri, polietilen plýonkalary we ş.m öndürmeklik artýar. 2001-nji ýylda ýurtda 328 t. Tehniki ýod öndürildi 2005-nji ýylda ony 1000 t. 2010-nji ýylda bolsa 1700 t ýetirmek , şunlukda ööd öndürmekde dünýäde üçünji orna (Çiliden we Ýaponiýadan soň) çykmak bellenilýär.

Maşyngurluşyk senagaty gowşak ösendi. Sebäbi Sowet Soýuzynda Türkmenistana çig mal öndürýän sebit hýkmünde

garalýardy. Maşyn gurluşygy we metal işläp bejerýän senagatda ençemesi bardy ýöne olaryň tehnologik derejesi pesdi. Ýurt garaşsyzlygy bu pudagy hem galkyndyrdy. Energetika we senagat ministrliginiň düzüminde “Türkmenmaşyngurlyşyk” konserni döredildi. Ol 13 zowody özüne birleşdirýär. Aşgabadyň nebit maşyn gurluşyk zowody şolaryň iň ulusy.

Telekeçilik işini işjeň ösdürmek üçin hökümet tarapyndan “Türkmenistanda telekeçilige döwlet goldawyny bermegiň esasy ugurlary” tassyklandy. Şunda hökümetiň we beýleki döwlet organlarynyň hereket ediş programmasy, telekeçiligiň ileri tutulýan sferalary, maliýe we naddy-tehniki taýdan üpjünçiligiň mehanizmleri, kadrlary taýýarlamagyň, informasiýa bilen üpjünçiligiň düzgünleri kesgitlenilýär. Umumydöwlet möçberinde telekeçilik işiniň ileri tutulýan ugurlaryna şular degişli: oba hojalyk önümlerini öndürmek, daşamak, gaýtadan işlemek we saklamak; gurluşyk materiallaryny öndürmek we ýaşaýyş jaý gurluşygy; halkyň sarp edýän harytlaryny öndürmek we ilata hyzmat etmek; derman preparatlaryny, medisina tehnikasyny we enjamlaryny öndürmek hem-de medisina hyzmaty; galyndylardan önümleri çykarmak, galyndylary ilkinji gezek gaýtadan işlemek; maliýe we bank hyzmatlarynyň ösdürilmegi; özümizde we bilelikde öndürilen harytlaryň söwdasy.

*Senagatyň ösüşi. Dokma toplumlary.* Türkmenistanda senagaty ösdürmek boýunça uly işler edilýär. Hökümetiň senagatyň ösüşi barada ýýän syýasaty ozaly bilen gaýtadan işleýji, ylaýta-da ahyrky önümi çykarýan pudaklary çalt ösdürmeklige, önümçiligi modernizasiýalaşdyrmaklyga, täze pudaklary döretmeklige, maýumlaryny ykdysadyýetiň ileri tutulýan pudaklaryna çekmeklige, ownuk we orta telekeçiligi ösdürmeklige gönükdirilendir. Senagatda bazalaýyn pudaklaryň ösüşine, ikinji nobatda nebit, gaz pudaklaryna we olar bilen baglanyşykly pudaklara üns berilýär. Şeýle çäreleriň geçirilmegi ýurduň ýakyn 10 ýylda ykdysady ösüşine kuwwatly itergi berer.

Türkmenistanyň senagat kompleksini ösdürmek boýunça-da uly wezipeler öňde durýar. Ýakyn geljekde ilaty esasy azyk önümleri bilen üpjün etmek wezipesi öňde goýuldy. Şony durmuşa geçirmek üçin oba hojalygynyň strukturasyny özgertmek boýunça uly çäreler görülýär. 2002-nji ýyla çenli däne öndürilişini 2,5 mln tonna, pagtanyň möçberini 2 mln tonna ýetirmek, on ýyl içinde gök

önümleriň öndürilişini 1,9 esse eti we süýdi 2,1 esseden gowrak artdyrmak wezipe edilip goýuldy.

*Oba-hojalygynyň ösüşi.* Garaşsyzlyjk ýyllarynda azyk senagaty uly ösüşlere eýe boldy. Pudagy ösdürmeklige 3 mlrd töweregi amerikan dollary möçberinde maýa goýulyp süýt, ýag, miwe gök önümlerini, çörek, külçe önümlerini, ösümlik ýagyny we beýleki azyk ýnümlerini öndürýän ululy-kiçili müňe golaý senagat kärhanalary guruldy ýa-da täzeden enjamlaşdyryldy. Şolaryň arasynda Aşgabadyň “Süýt” toplumy, “Koka-kola” içgilerini öndürýän zowody, makaron fabrigi, Maryda gant zowody, Ruhabat etrabynda tomat-konserw zawody, welaýatlaryň hemmesinde gurlan häzirki zaman kuwwatly un zawody, elewatorlar, çörek zawodlary bar. Azyk önümlerini öndürmeklige döwlet kärhanalary bilen ilike kiçi we rtaça telekeçiler giň çekilýär. Olar diňe bir şäherlerde däl, eýsem obalarda hem et we şöhlat önümlerini, peýnir we süýt önümlerini, azyk däl harytlarynyň dürli görnüşlerini öndürip başladylar. Häzir Türkmenstanda et-süýt, un, çörek, tüwi, makaron,ýag, agyz we miwe suwlary, arak, konýak, çakyr, piwo, miwe we gök önümler hem-de konserwler ýaly azyk harytlarynyň 500-den gowrak görnüşleri öndürilýär.

Şeýlelikde, tutuş senagatda, şol sanda azyk senagatynda hem uly öwürlişik bolup geçýär. Ýyl-ýyldan ilatýň sarp edýän harytlarynyň başga ýerlerden getirilişi

Agrosenagat toplumynda pudaklaýyn özgrmeler bilen bir hatarda oba hojalyk ekinleriniň ýerleşdirilişinde üýtgetmeler bolup geçýär. Pagtaçylyk we däneçilik, şeýle hem bagçylyk, üzümçilik gök-bakja ekerançylygy, şugundyrçylyk, şalyçylyk, balaryçylyk ýaly pudaklar çalt depginler bilen ösdürilýär. Ozal Balkan welaýatynyň oba hojalygyna ekerançylyk pudagy ýok diýen ýalydy. Indi bu ýerlerde hem bugdaýyň we gowaçanyň ekin meýdany baha giňelýär. Ýurdumyzyň günrta sebitlerinde suptropik balykçylyga-zeýtun, hurma, injir we ş.m. agaçlary ekmeklige üns güýçlenşär. Teplisalarda limon ekerançylygy bolsa hemme welaýatlara ýaýrady.

### 3.Türkmen halkynyň medeni we ruhy taýdan galkynyşy

Garaşsyzlyk halka ruhy gymmatlyklaryny, däp-dessuryny dikeltmäge mümkinçilik berdi. Aşagabatda we welaýatlarda köp sanly metjitler guruldy. Ilkinji medreseler peýda boldy. 1991-nji ýylyň ýanwar aýynyň 12-sinde ýurtda ilkinji gezek “Hatyra güni” bellenilip geçildi. Şol gün Gökdepe galasynda, Sarahsda, Magtymguly

(Garrygala)da, Maryda, Daşoguzda we beýleki ýrletrde türkmen topragynyň erkinligi ugrundaky söweşlere başyny goýan gerçekleriň hatyrasyna sadaka berildi. Olaryň ruhuna aýat okaldy. Şonan bäri “Hatyra güni” her ýyl geçirilýär. Milli baýramçylyklar—“Gurban baýramy”, “Oraza baýram”, “Nowruz baýramy” dikeldildi we resmi suratda bellenilip geçilýär. “Oguznama”, “Gorkut ata”, Muhammet Pygamberiň hadyslary, Hoja Ahmet Ýasawynyň hikmetleri, Magtymgulynyň ozal gadagan edilen eserleri köpçülikleýin nusgalykda çykarylyp, ile ýaýradyldy. Türkmen diliniň täze uly sözligi döredilýär. Türkmenistanyň taryhynyň we türkmen edebiýatynyň taryhy köptoplumlary çapa taýýarlanylýar.

Ýurt Garaşsyzlygy türkmen milli sungatynyň ösmegine, erkana döredijiligine giň ýol açyldy. Milli edebiýat we sungat täze akabalar bilen baýlaşdy. Döwlet bu ugurlary alada bilen gurşap aldy. Olara ylham berdi. Teatr sungaty halkyň milli ruhundan ýugrulan eserleriň hasabyna baýlaşdy. Režissiýorlar K.Aşyrowyň “Däli Domrul”, “Oguzhan”, T.Mämmetweliýewiň “Gala”, “Nejep oglan”, A.Batyrowyň “Harmandäli”, A.Alowowyň “Hüýrlukga-Hemra” spektakyllary we başgalar oňa doly güwä geçýär. Welaýat we etrap merkezlerinde köp sanly aýdym-saz toparlary peýda boldy. “Garaşsyzlygyň merjen däneleri”, “Ýaňlan diýarym”, ýaly çäreler we festiwallar geçirilýär.

Şekillendiriş sungatynyň ähli pudaklary, ylaýtada heýkeltaraşlyk pajarlap ösýär. Türkmen edebiýatynyň nusgawy şahyrlary Ýunus Emräniň, Seýit Nesiminiň, Nurmuhammet Andalybyň heýkel ýadygärlikleri döredildi. Oguzhan Türkmeniň, Gorkut Atanyň, Göroglynyň, Baýram hanyň, Awgustyň, Jelalaeddiniň we beýleki meşhur şahsyýetleriň heýkelleri döredilip, Aşagabatda Garaşsyzlyk binasynyň öňünde oturdyldy.

Şu döwrüň häsiýetli alamatlarynyň biri hem, durmuş ykdysady özgertmeler bilen bir hatarda ruhyýeti ösdürmekliklgiň ähmiýeti artýar.

Türkmen halkynyň taryhyny dogruçyl öwrenmeklige, dünýä taryhynyň tejribesinden sapak almaklyga we ony Watanymyzyň pajarlap ösmegine hyzmat etdirmekligeuly ähmiýet berilýär. Çünki adamzat jemgyýetiniň taryhyndan mälim bolşy ýaly, halklaryň durmuşynda milli galkynyş hereketi başlananda, olaryň taryhyna, ene diline aýratyn ähmiýet berilýär. Milli taryhyna doly we dogry göz ýetirmek her bir halk üçin ösüşiň, ertirki güne ynamly garaýşyň

çeşmesidir. Sebäbi dünýä taryhynyň ösüş logikasyna görä, “Geçmişine göz ýetiren halk edermen we ynamly halka öwrülýändir”.

Taryh ylmy adamzat jemgyýetiniň ähli etaplarynda-da uly rol oýnapdy. Ol islendik jemgyýetde-de “sosial zakazy” ýerine ýetirip gelipdir. Taryh ylmy islendik jemgyýetde öz döwrüniň adamlaryny terbiýelemeli. Terbiýeçilik işinde bolsun, goý halk terbiýesinde, ilkinji nobatda taryha ýüzlenilýär. Geçmiş, taryhy wakalar, şahsyýetler öwrenilýär. Olaryň bitiren işlerine, öňde goýan maksatlaryna baha berilýär we şolaryň esasynda-da ýaýelenýär. Şeýlelikde onda Watana, ene topraga, halka söýgi, goňşy halklara, gaýry milletlere bolan adyl garaýyş kemala getirilýär. Adamzat jemgyýetiniň ösüş kanunalaýyklaryna akyl ýetirilýär. Taryh ylmynyň jemgyýetdäki roly köp halatlarda döwlet baştutanynyň, ýurdy dolandyryjy partiýalaryň milli taryhy bolan garaýşyna bagly boldy. Ýurt başyna zabun, hökmürowan býurokratlaryň we partiýalaryň gelen halatlarynda taryhyň galplaşdyrylandygy, tersine ýurtda ösen intellektual şahslaryň ýolbaşçylyk eden döwründe bolsa, onuň progresiň çeşmesine öwrülýändigi dünýä taryhynda ykrar edilen netijedir. Biz oňa sosializm ýyllaryndaky taryhymyzyň mysalynda-da anyk göz ýetirýäris.

### 4.Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistanyň daşary syýasaty

Türkmenistan Garaşsyzlygyny gazanandan soň özygtyýarly döwlet hökmünde halkara meýdanyna çykdy. 1992-nji ýylyň mart aýynyň 2-sine Türkmenistan Birleşen Milletler Guramasyna girdi, Halkara walýuta fondunyň Ýewropada hyzmatdaşlyk we howpsyzlyk guramasynyň, Ykdysady Hyzmatdaşlyk guramasyny (EKO) hem – de beýleki halkara guramalarynyň agzasy boldy. Ýüzden gowrak ýurt, şol sanda Orsýet, Türkiýe, ABŞ, Hytaý, Hindistan, Angliýa, Fransiýa Germaniýa, Eýran ýaly uly döwletler Türkmenistanyň Garaşsyzlygyny ykrar etdiler. Olaryň köpüsi bilen ilçihanalar we wekilhanalar derejesinde diplomatik gatnaşyklar ýola goýuldy. Türkmenistan abraýly halkara guramasynyň – Goşulyşmazlyk hereketiniň agzasy-da boldy

1995-nji ýylyň dekabr aýynda türkmen halkynyň we türkmen döwletiniň durmuşynda iňňän uly taryhy waka bolup geçdi. 1995-nji ýylyň Bitaraplyk aýynyň 12-sine Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasy dünýäniň 185 döwletiniň adyndan Türkmenistanyň

hemişelik bitaraplygy hakyndaky Rezolýusiýasyny kabul etdi. Türkmen halky öz goşunlary we ähli döwletleri bilen parahat hem dostlukly ýaşamagy asyrlar boýy arzuw edip geldi. Şol arzuw indi hakykata öwrüldi we munuň özi Garaşsyz Türkmenistanyň ilkinji Prezidenti Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň parahatçylyk söýüji syýasatynyň gazanan iň uly üstünligi boldy.

*Türkmenistanyň halkara we sebitara guramalary bilen hyzmatdaşlygy*. Türkmenistan parahatçylyk we ynsanperwerlik maksatlaryny özüniň daşary syýasat ugrunyň özeni hökmünde seçip alan hukuk, demokratik, dünýewi döwletdir. Türkmenistan dünýä bileleşiginiň öňünde durýan belent maksatlaryň hatyrasyna hereket edýän ähli döwletler bilen ak ýürekli we açyk hyzmatdaşlyk edýär. Beýleki döwletleriň içerki işlerine gatyşmazlyk – Garaşsyz Türkmenistanyň amala aşyrýan Bitaraplyk syýasatynyň onyň ugry ine şundan ybaratdyr. Bitarap Türkmenistan halkara hukugynyň denhukukly agzasy hökmünde dünýä bileleşigine goşulyşmagyň diňe ozone mahsus bolan ýoluna eýermek bilen, döwletara gatnaşyklaryny ýola goýmak we saplamak işine erjellik bilen goşuldy. Onyň Bitaraplyk derejesi halkara gatnaşyklarynda Türkmenistanyň täsiriniň we ähmiýetiniň artmagyna aýratyn ösüş depginleri üpjün etdi. Bitarap hem-de dünýäniň iň ýaş döwletleriniň biri bolmak bilen, Türkmenistan taryhyň ölçegleri boýunça gysga döwürde häzirki zaman halkara gatnaşyklarynyň ulgamynda öz ornuny kesgitlemegi başardy. Haýsydyr bir harby we syýasy birlişiklere we toparlanyşyklara girmekden aýgytly ýüz döndermek bilen, Türkmenistan deňhukukly esasda hyzmatdaşlygy işjeň ýola goýar, hut şu ýoly has geljegi uly bolan, birek – birege peýdaly we bähbitli ýol hasap edýär.

Şu güne çenli Türkmenistan 114 döwleti bilen diplomatik gatnaşyklary ýola goýdy, halkara guramalarynyň 40-dan gowragynyň agzasy boldy we olaryň sany ýyl - ýyldan artýar. Häzirki wagtda Türkmenistanyň diplomatik wekilçilikleri we konsullyk edaralary dünýäniň 20-den gowrak ýurdunda açyldy. Öz nobatynda Türkmenistanda daşary ýurtlaryň diplomatik wekilçilikleriniň we halkara guramalarynyň wekilçilikleriniň 30-dan gowragy resmi taýdan ýerleşdirildi. Türkmenistanyň BMG, EKO, GDA, EB, EHHG, NATO, ÝUNESKO ýaly abraýly halkara guramalarynda we beýlekilerde öz wekilçilikleri bar.

Türkmenistanyň halkara guramalary bilen gatnaşyklarynyň we hyzmatdaşlygynyň esaslary gös – göni Prezident Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň gatnaşmagynda BMG, EKO, YKG, Ewropa Birleşigi, NATO, EXXG we beýlekiler ýaly düýbi tutuldy. Şunda amala aşyrylan saparlaryň esasy maksady Türkmenistanyň Bitaraplygy baradaky taglymaty ilerletmekden, sebit we umumydünýä möçberlerinde onuň ornuny we ähmiýetini açyp görkezmekden, uglewodorod serişdeleriniň baý gorlaryny özleşdirmek boýunça hyzmatdaşlygy ýola goýmakdan, Türkmenistanyň ykdysadyýetine maýa goýumlary çekmekden we beýleki maksatlardan ybarat boldy.

*Türkmenisatnyň daşary ykdysady gatnaşyklary*. Bitarap Türkmenistanyň parahatçylyk söýüjilikli ugrunyň doly möçberde amala aşyrylmagy, “açyk gapylar” syýasatynyň durmuşa geçirilmegi hünärmentleriň çak etmegine görä, diňe bir ýurduň özüniň täzelenmegine eltmek bilen çäklenmän, eýsem sebitdäki ösüşiň depginlerine ep-esli täsir eder. Muny çak etmek üçin ýeterlik esaslar bar. Türkmenistan garaşsyzlyga eýe bolan ilkinji günlerinden başlap ykdysadyýet babatda açyklyk we deňhukuklylyk, birekbirege peýdaly hyzmatdaşlyk syýasatynyň tarapdary bolup durýar. Elbetde, “açyk gapylar” syýasaty diýlip atlandyrylan şunuň ýaly daşary ykdysady işiň özi syýasy abraýyň we dünýäde ykrar edilmegiň kepillendirmesi bolmak bilen, sebitde bolşy ýaly, halkara derejesinde hem hoşniýetli goňşuçylygy saklaman we ylalaşdyryjylygy amala aşyrman ýöredilip bilinmez. Hut şu ýagdaý Türkmenistanyň bitaraplyk syýasatynyň mähek daşy bolup durýar.

Türkmenistanyň hemişelik bitarap döwlet hökmünde derejesiniň tassyklanylmagy ýurtda ýöredilýän “açyk gapylar” syýasatynyň ep-esli güýçlenmegine ýardam berdi.Hemişelik bitaraplyk hakyndaky konstitusion kanunyň kabul edilmegi bilen has-da pugtalanan kanunçylyk binýady daşary ýurtly maýa goýumçylaryny özüne çekýär.Türkmenistan halkara hyzmatdaşlygyny deňhukuklylyk, birek-birege peýdalylyk esasynda hem-de bi işe gatnaşýan taraplaryň bähbitlerini nazarda tutmak bilen ösdürýär.Şu maksat bilen zerur bolan ähli ykdysady we hukuk serişdeleri ulanylýar, olar eýeçiligiň ähli görnüşleriniň deňhukukly dowam etmegini we ösdürilmegini kepillendirýär, telekeçilik işini höweslendirýär, daşary ýurt maýa goýumlarynyň gelmegini üpjün edýär, maýa goýumçylarynyň işi üçin amatly şertler döredýär.

Şeýle şertlerde onyň bitaraplyk –munuň özi ozaly bilen daşary ýutr maýa goýumlarynyň we halkara banklarynyň maýalarynyň Türkmenistanyň ykdysadyýetine gelmeginiň möhüm kepillendirmesidir.Şeýle hukuk derejesi köp babatda dünýäniň maliýe we senagat ägirtleriniň ýurda bolan ynamyny pugtalandyrýar. Garaşsyzlygyň gysga döwri içinde , aýratyn-da Türkmenistan hemişelik bitaraplyk derejesine eýe bolanyndan soň ýurda gelýän daşary ýurt maýä goýumlarynyň möçberi ep-esli artdy. Olar häzirki wagtda milliardlarça amerikan dollarlary bilen ölçelýär , bu serişdeler ykdysadyýetiň kesgitleýji pudaklary bolan nebitgaz, dokma senagaty, gurluşyk, ulaglar, aragatnaşyk we beýleki pudaklaryny döwrebaplaşdyrmaga gönükdirilýär.

Türkmenistanyň täze teklibi bilen baglanyşykly döwletara turbageçirijelerini halkara deňiz bogazlary bilen deňeşdirmek ýerlikli bolar, olar XIX-XX asyrlaryň sepgidinde iň çylşyrymly syýasy we diplomatik wezipeleriň biri bolupdy. Häzirki wagtda şol bogzalar gämi gatnawynyň, şol sanda deňiz kenarlaryndan uzakda ýerleşen döwletler üçin hem erkinligini üpjün edýär. Olaryň halkara-hukuk taýdan ykrar edilmegi halkara bileleşiginiň döwletleriniň özara gatnaşyklary ösdürmäge ykdysady we syýasy höwes bildirmeginden gelip çykýar. Şunuň bilen baglanyşyklylykda energiýa sereşdelerini dünýä bazarlaryna eltmegiň häzirki zaman meselelerigyzyklanma döredýär.Emele gelen ýagdaýa görä, şol serişdeleriň ägirt uly gorlary sarp etmäge isleg bildirjiklerden uzakda ýerleşýär.Kada bolşy ýaly, deňiz kenarlaryndan uzakda ýerleşenýurtlar olara eýelik edýär we kontinentara turbageçirijileriniň ugruna seçip almak häzirki döwrüň örän möhüm meselesine öwrüldi.Onuň çözülmegine energiýa serişdeleriniň eýeleri bolan döwletler, üstünden geçiriljek ýurtlar we sarp ediji ýurtlar geosyýasy we geoykdysady bähbitler bilen baglanyşykly örän köp üns berýär.

Täze teklibi öňe sürmek bilen, Türkmenistan iberijileriniň, üstünden geçirilýän ýurtlaryň we sarp edijileriň bähbitlerini üpjün etmäge gönükdirilen halkara hukuk guralyny döretmek ugrunda çykyş edýär.Munuň özi turbageçirijileri syýasy taýdan zor salmagyň ýa-da ykdysady taýdan emir etmegiň guraly hökmünde peýdalanmak mümkinçiligini hem aradan aýyrmaga şert döreder.

Bitaraplyk syýasaty we Türkmenistanyň ýolbaşçylarynyň ýurduň ägirt uly tebigy serişdelerini peýdalanmaga pähimli çemeleşmegi halkara möçberindäki uzak möhleti maýa goýumtaslamalary üçin

möhüm kepillendirme bolup hyzmat edýär.Galyberse-de, maýa goýumlarynyň garaşylýan netijeliliginiň möhüm ykdysady esasy hem bar, mysal üçin, türkmen gazynygözlemek, çykarmak we eltmek Günbatar Sibiriniň gazyna garanyňda 30 göterim arzan düşýär.Şonuň üçin sebitiň beýleki ýurtlaryna eksporty kepillendirmegi üpjü edýän gaz we nebit geçirijileriň ulgamynyň döredilmegi Türkmenistan üçin möhümdir.

***Soraglar:***

1. Garaşsyzlyk ýyllarynda Türkmenistanyň syýasy gurluşyndaky özgertmeler.
2. Türkmenistanyň Garaşsyzlygynyň jar edilmegi we döwletiň Baş Kanunynyň kabul edilmegi.
3. Garaşsyzlyk ýyllarynda Türkmenistanyň durmuş-ykdysady taýdan ösüşi.
4. Türkmen halkynyň medeni we ruhy taýdan galkynyşy.
5. Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistanyň daşary syýasaty.

## 16-njy tema

## TÄZE GALKYNYŞ WE BEÝIK ÖZGERTMELER ZAMANASYNYŇ BAŞLANMAGY. TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI GURBANGULY BERDIMUHAMEDOWYŇ ALYP BARÝAN IÇERI WE DAŞARY SYÝASATY

(2 sagat)

Umumy okuwyň meýilnamasy:

1.Täze Galkynyş we Beýik özgertmeler döwründe Türkmenistanyň halkara gatnaşyklarynyň ösdürilmegi.
2.Galkynyş we Beýik özgertmeler döwründe döwletimiziň hoşniýetli goňşuçylyk gatnaşyklarynyň giňelmegi.
3. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň parahatçylyk we progres syýasatynyň dabaralanmagy.

### 1.Täze Galkynyş we Beýik özgertmeler döwründe Türkmenistanyň halkara gatnaşyklarynyň ösdürilmegi

Täze galkynyş döwründe Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow Türkmenistan döwletiniň daşary syýasat işini iňňän işeňňirleşdirmek bilen onuň halkara derejesindäki abraý-mertebesini

belende göterilmegine uly itergi berdi. Onuň döwlet baştutany wezipesine girişenden soňky bary-ýogy ýarym ýyldan gowrak gysga taryhy döwrüň içinde dünýäniň ençeme döwletlerine: Saud-Arabystanda, Russiýa Federasiýasynda, Gazagystan Respublikasynda, Eýran Yslam Respublikasynda, Hytaý halk Respublikasynda, Birleşen Arap Emirliklerinde resmi saparlarda bolup, olar bilen özara bähbitli gatnaşyklaryň ösmeginde uly tagallalary bitirdi. Ähli halk tarapyndan Türkmenistanyň Prezidentligine saýlanan Gurbanguly Bedimuhamedowyň daşary syýasatda Täze galkynyşa badalga bermeginde onuň 2007-nji ýylyň aprel aýynyň13-16-da Saud Arabystany Patyşalygynda, onuň yzysüre 2007-nji ýylyň aprel aýynyň 23-24-de Russiýa Federasiýasynda resmi saparlarda bolmagy onuň daşary syýasat barasynda edýän işleriniň aýdyň subutnamasydyr. Soňra Hormatly Prezidentimiz 2007-nji ýylyň iýun aýynyň 15-16-da Eýran Yslam Respublikasyna amala aşyrmak bilen, bu gatnaşyklaryň has rowaçlanmagyna täzeden badalga berdi. Şeýlelikde, täze galkynyşa eýe bolan türkmen-eýran gatnaşyklaryny mundan buýana ösdürmek maksady bilen Hormatly Prezidentimiziň çagyrmagy boýunça Eýran Yslam Respublikasynyň Prezidenti Mahmud Ahmedinejadyň 2007-nji ýylyň awgust aýynyň 14-15-inde biziň ýurdumyzda resmi iş sapary bilen bolmagy iki ýurduň arasyndaky hoşniýetli goňşuçylygyň ösüşinde uly syýasy waka boldy.

Daşary syýasat işinde möhüm wakalaryň biri 2007-nji ýylyň iýul aýynyň 5-6-synda ýurdumyzda Owganystan Yslam Respublikasynyň Prezidenti Hamid Karzaýyň resmi saparda bolmagy boldy. Bu saparyň barşynda geçirilen gepleşikleriň hem-de gazanylan ylalaşyklaryň türkmen-owgan gatnaşyklarynyň mundan beýläk-de öňe gitmegine uly itergi beren möhüm syýasy waka boldy diýip baha bermäge esas döredýär. Gepleşikleriň barşynda iki goňşy döwletiň baştutanlary özara hyzmatdaşlygyň geljegini ara alyp maslahatlaşmak bilen, netijeli gatnaşyklaryň anyk ugurlaryny kesgitlediler.

Türkmen-owgan gepleşikleriniň barşynda iki ýurduň arasyndaky kommunikasion ulgamy ösdürmäge hem uly üns berildi.

Hoşniýetli goňşuçylyk, dostluk-doganlyk ruhunda geçen gepleşikleriň netijesinde gol çekilen möhüm resminamalar Owganystan Yslam Respublikasynyň Prezidenti Hamid Karzaýyň biziň ýurdumyza bu gezekki saparynyň iňňän netijeli sapar bolandygyna doly şaýatlyk edýär.

Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhammedowyň sebitara hyzmatdaşlygynyň möhüm faktory bolup durýan Şanhaý hyzmatdaşlyk guramasynyň agzalary bolup durýan döwletleriň döwlet baştutanlarynyň 2007-nji ýylyň awgust aýynyň 16-da Gyrgyzystan Respublikasynyň paýtagty Bişkekde geçirilen sammitine hormatly myhman hökmünde gatnaşmagynyň 2001-nji ýylyň tomsunda Hytaý Halk Respublikasynyň Şanhaý şäherinde döredilen bu halkara guramanyň hereket edýän giňişliginde Türkmenistanyň öz ornuny tapmagyna, şeýle-de onuň hatarlaryndaky döwletler bilen özara bähbitli hyzmatdaşlygy ýola goýmagyna we ösdürmegine uly ýardam eden möhüm syýasy waka bolandygyny hem bellemek gerek.

Hormatly Prezidentimiziň Bişkege saparynyň çäklerinde Gyrgyzystan Respublikasynyň Prezidenti Kurmanbek Bakiýew, Mongoliýanyň Prezidenti Nambaryn Enhbaýar hem-de BMG-iň Baş sekretarynyň orunbasary jenap Linn Pasko bilen duşuşyp, özara bähbitli hyzmatdaşlygy ösdurmegiň derwaýys meselelerini ara alyp maslahatlaşmagy bu saparyň iňňän netijeli bolandygynyň alamatydyr.

Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň dünýä ösüşine goşant goşýan kuwwatly döwletleriň biri bolan Hytaý Halk Respublikasyna döwlet sapary iki ýurduň arasyndaky hyzmatdaşlyklaryň hasam berkemeginde öz ähmiýetini berdi. Geçirilen gepleşikleriň barşynda bellenilişi ýaly iki döwletiň arasynda diplomatiki gatnaşyklaryň ýola goýulandan bäri gysga wagtyň içnde türkmen-hytaý hyzmatdaşlyk gatnaşyklary uly rowaçlyga eýe boldy.

2007-nji ýylyň awgust aýynyň 26-27-däki hormatly Prezidentimiziň Birleşen Arap Emirliklerine döwlet saparyda şowly boldy. Arap dünýäsiniň bu abraýly döwleti milli Garaşsyzlygymyzy alanymyzdan biz bilen özara bähbitli gatnaşyklary ýola goýan döwletleriň biri.

Hormatly Prezidentimiziň çagyrmagy boýunça 2007-nji ýylyň maý aýynyň 10-na Garaşsyz hem Baky Bitarap Türkmenistan döwletimize Russiýanyň Prezidenti W.W.Putin iş sapary bilen geldi. Saparyň çäklerinde iki döwletiň döwlet baştutanlarynyň arasynda gepleşikler geçirildi. Dostlukly iki döwletiň liderleriniň duşuşygy halkaryň bähbitlerine laýyklykda, iki taraplaýyn döwletara hyzmatdaşlygyny hil taýdan täze belentliklere çykarmaga mümkinçilik berdi. Duşuşygyň netijesinde 2007-nji ýylyň maý aýynyň 11-de bilelikdäki Beýannama kabul edildi. Beýannamada Türkmenistan bilen Russiýa Federasiýasynyň arasynda deňhukukly

we özara bähbitli hyzmatdaşlygy mundan beýläk-de ösdürmegiň, hususanda ýangyç-energetika, söwda-ykdysady we gumanitar ugurlarda alnyp baryljak möhüm maksatnamalar öz beýanyny tapdy. Gepleşikleriň barşynda halkara gatnaşyklarynyň we halkara howpsuzlygynyň derwaýys meselelerine hem içgin garaldy.

Russiýa Federasiýasynyň Prezidenti W.W.Putin Türkmenistana iş saparynyň çäklerinde gepleşikler gadymy Hazaryň kenarynda, gepleşiklere Gazagystan respublikasynyň prezidenti N.A.Nazarbaýewiň hem goşulyşmagy bilen dowam etdirildi. Türkmenbaşy şäherinde bolan üç taraplaýyn duşuşykda Hazarýaka gaz geçirijisini gurmak, sebitde döwletara kommunikasiýa ulgamyny ösdürmek, döwletleri birleşdirýän täze deňiz, gara, howa we demir ýol aragatnaşygyny ýola goýmak barada möhüm ylalaşyklar gazanyldy.

Türkmenistan döwletiniň günorta goňşusy babatyndaky üýtgewsiz ynsanperwer daşary syýasaty Owganystan Yslam Respublikasynyň prezidenti Hamid Karzaýyň 2007-nji ýylyň iýul aýynyň 5-6-da Aşgabada sapary döwründe doly derejede ýüze çykdy.

Iki günläp dowam eden resmi saparyň barşynda taraplar Türkmenistan-Owganystan-Päkistan-Hindistan gaz geçirijisiniň taslamasyny iş ýüzünde durmuşa geçirmek meseleleriniň üstünde aýratyn durup geçdiler we onuň tutuş sebit üçin uly ähmiýetiniň bardygyny nygtadylar.

Türkmen-gazak döwletara gatnaşyklaryny has-da ösdürmek hem-de çuňlaşdyrmak maksady bilen 2007-nji ýylyň sentýabr aýynyň 11-12-si aralygynda Türkmenistanyň Prezidentiniň başlangyjy hem-de türkmen tarapynyň çagyrmagy boýunça Gazagystanyň respublikasynyň Prezidenti N.A.Nazarbaýew ikinji gezek resmi sapar bilen Aşgabada geldi.

2007-nji ýylyň maý aýynyň 12-ine Türkmenistanyň, Russiýanyň we Gazagystanyň döwlet baştutanlarynyň Türkmenbaşy şäherinde geçirilen üç taraplaýyn duşuşygynda Demirgazyk-Günorta, Gündogar-Günbatar ugurlar boýunça iri ulag ýollaryny gurmak babatda hyzmatdaşlygy düýpli öwrenmek meseleleri hemmetaraplaýyn ara alnyp maslahatlaşyldy. Türkmenistan garaşsyzlyga eýe bolan ilkinji günlerinden başlap ykdysadyýet babatynda açyklyk we deňhukuklyk, birek-birege peýdaly hyzmatdaşlyk syýasatynyň tarapdary bolup çykyş edýär.

**2.Galkynyş we Beýik özgertmeler döwründe döwletimiziň hoşniýetli goňşuçylyk gatnaşyklarynyň giňelmegi**

Garaşsyz baky Bitarap Türkmenistan döwletimiziň daşary syýasat öňi bilen hoşniýetli goňşuçylyk gatnaşyklaryna esaslanýar. Hoşniýetli goňşuçylyk gatnaşyklary birek-biregiň içki işlerine gatyşmazlygyny, serhetleriň eldegrilmezligini, döwletleriň saýlap alan ösüş ýollaryna, olaryň döwlet hem-de jemgyýetçilik gurluşlaryna, halkaryň medeniýetine, urp-adatlaryna, däp-dessurlaryna, dini hem-de dil aýratynlyklaryna hormat goýulmagyna esaslanýar. Türkmenistanyň hoşniýetli goňşuçylyk gatnaşyklary baş kanunymyz bolan Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň altynjy maddasynda öz beýanyny tapandyr.

2007-nji ýylyň awgust aýynda Türkmenistanyň adam hukuklary babatda halkara borçnamalarynyň ýerine ýetirilmegini üpjün etmek boýunça Pudagara topary döredildi. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow 2007-nji ýylyň birinji ýarymynda BMG-iň adam hukuklary boýunça Ýokary komissarlygynyň, Ýewropada howpsuzlyk we hyzmatdaşlyk guramasynyň demokratik institutlar we adam hukuklary boýunça edarasynyň jogapkär işgärleri bilen duşuşyklary geçirdi. Şol duşuşyklarda Türkmenistanyň halkara guramalary bilen netijeli hyzmatdaşlygyna, şeýle hem türkmen halkynyň maddy hal-ýagdaýynyň we durmuş derejesiniň ýokarlandyrylmagyna gönükdirilip, ýurdumyzda amala aşyrylýan uly möçberli reformalara we özgertmelere ýokary baha berildi.

Türkmenistan Bitarap döwlet hökmünde sebitde parahatçylygy we howpsuzlygy üpjün etmekde, durnukly ösüş babatynda halkara hyzmatdaşlygyny ösdürmekde möhüm ähmiýetli döwletleriň biri hasameýilnamaylýar. Bu ugurdan biziň ýurdumyz ähli gyzyklanýan taraplar bilen, aýratyn hem halkara guramalary, hususan-da Birleşen Milletler Guramasy bilen ýakyndan we netijeli hyzmatdaşlygy ýola goýýar. Bu babatda Türkmenistanyň öňe sürýän başlangyçlary bütin dünýä jemgyýetçiliginiň syýasy, ykdysady we medeni ugurlardaky bähbitlerine laýyk gelýär. Munuň aýdyň subutnamasy hökmünde Türkmenistanyň BMG-iň Baş Assambleýasynyň Başlygynyň orunbasarlygyna saýlanylmagyny hem görkezse bolar. Türkmenistan 2007-2008-nji ýyllaryň dowamynda BMG-nyň Baş Assambleýasynyň 62-nji sessiýasynyň gidişinde dünýäde iň uly we abraýly halkara guramasynyň derejesinde kabul edilen örän wajyp kararlaryň we çözgütleriň taýýarlanmagyna gatnaşdy. BMG-iň baş maksatnamasy

dünýäde parahatçylygy we howpsuzlygy saklamak, bu ugurdan ähli döwletleriň we beýleki dahylly taraplaryň deňhukuklylyk we birek-birege hormat goýmak esasynda hyzmatdaşlygyny üpjün etmeklige gönükdirilendir. 2007-nji ýylyň sentýabr aýynyň 18-de BMG-iň Baş Assambleýasynyň 62-nji sessiýasy resmi taýdan açyldy. Baş Assambleýanyň mejlisiniň barşynda forumyň gün tertibini düzýän meseleleriň 150-den gowragyna seredildi. Şolaryň arasynda parahatçylygy we howpsuzlygy üpjün etmek, terrorçylyga garşy göreş, adam hukuklaryny we daşky gurşawy goramak, sosial we ykdysady ösüş, BMG-ni özgerdip guramak bilen baglanyşykly we beýleki meseleleriň köp sanlysyna seredildi. Hormatly Prezidentimiz 2007-nji ýylyň sentýabr aýynyň 26-da Nýu-Ýorkda BMG-iň Baş Assambleýasynyň 62-nji sessiýasyndaky çykyşynda şeýle belledi: "Türkmenistan öz Garaşsyzlygynyň ilkinji günlerinden başlap, BMG-iň asylly maksatlaryny halkara bileleşigi bilen özara gatnaşyklarda arzuw-hyjuwlarymyza doly laýyk gelýän maksatlar hökmünde kabul etdi. BMG-iň parahatçylyk söýüjilik, deňhukuklylyk, döwletleriniň özygtyýarlygyna, olaryň öz ösüş ýoly baradaky hukugyna sarpa goýmak ýörelgeleri biziň ýurdumyzyň daşary syýasatynyň esasynda goýuldy, BMG-sy bilen hyzmatdaşlyk bolsa, onuň ileri tutulýan ugruna öwrüldi. Wagt biziň ýurdumyzyň saýlap alan ýolunyň dürsligini we esaslylygyny görkezdi.

BMG bilen işjeň hyzmatdaşlygyň 16 ýylynda Türkmenistan halkara gatnaşyklarynyň ulgamynda öz ornuny tapmagy başardy, dünýä bileleşigi bilen arkalaşykly tagalalary birleşdirmegiň, beýleki ýurtlar bilen sazlaşykly, deňhukukly we sarpaly gatnaşyklary ýola goýmagyň bahasyna ýetip bolmajak tejribesini toplady. BMG-iň Merkezi Aziýadaky Öňüni alyş diplomatiýasy boýunça sebit merkezini döretmek baradaky ýaňy-ýakyndaky çözgüdini iň ýokary derejede derwaýys çözgüt hasameýilnamaylýar. Şol merkeziň açylmagy biziň ýurdumyzyň we biziň hormatly goňşularymyzyň sebitde parahatçylygy, howpsuzlygy we durnuklylygy üpjün etmek boýunça işinde hil taýdan täze ädimi aňladýandygyna ynanýaryn" diýipdi. Şeýlelikde 2007-nji ýylyň esasy wakalarynyň biri Aşgabatda BMG-yň prewentiw, ýagny, öňüni alyş diplomatiýasy boýunça sebitdäki Merkeziň açylmagy baradaky kararyň anyk durmuşa geçirilip başlanmagydyr. BMG-yň Baş Sekretarynyň tabşyrygy bilen onuň Syýasy departamentiniň ýokary derejeli resmisi Wladimir

Gorýaýew ýörite sapar bilen ýurdumyza geldi we bu hoş habary Türkmenistanyň Prezidentine habar berdi.

BMG-yň Baş Sekretary we Howpsuzlyk Geňeşi Türkmenistanyň paýtagtynda şeýle möhüm edarany açmak kararyna gelmezden öň, ol meseläni hemmetaraplaýyn ürç edip öwrendiler. Bu başlangyjyň ilki bilen Türkmenistana degişli bolmagy, onuň Lideriniň halkara derejesinde bu günki alyp barýan syýasy ugry we diplomatiýasy örän ynandyryjy sebäpleriň esasyny düzdi.

Gysga taryhy döwrüň içinde döwlet durmuşynyň bu ugurlarynda ummasyz uly işler amala aşyryldy. Hormatly Prezidentimiziň başyny başlan tutumly işleriniň öňi bilen, durmuş syýasatyny kämilleşdirmekden hem-de ösdürmekden başlanandygyny aýratyn bellemek gerek. Eýýäm Prezidentlige ak pata alan gününiň ertesi, 2007-nji ýylyň fewral aýynyň 15-ine ýurt Baştutanymyz “Türkmenistanda bilim ulgamyny kämilleşdirmek hakynda”, mart aýyň 30-yna “Türkmenistanda bilim işgärleriniň iş haklarynyň we talyp haklarynyň möçberlerini köpeltmek hakynda”, iýun aýynyň 12-sine “Türkmenistanda ylym ulgamyny kämilleşdirmek” we “Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň işi hakynda” möhüm Permanlara gol çekildi.[2] Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow 2007-nji ýylyň iýun aýynyň 12-de Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetinde ýurdumyzda ylmyň mundan beýläkki ösüşiniň derwaýys meselelerine bagyşlap, Ministrler Kabinetiniň mejlisini geçirdi. Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanyndaky Ylym we tehnika baradaky Ýokary Geňeşiň ygtyýarynda Ýokary hünär-synag toparyny döretmek, aspiranturany we doktaranturany açmak hakynda möhüm çözgütler kabul edildi. Iň esasy zat bolsa, ýurdumyzda köp ýyllaryň dowamynda işlän we döwletimiziň ylmy kuwwatynyň artmagyna, ýokary derejeli ylmy hünärmenleriň-ylymlaryň kandidatlarynyň we doktorlarynyň ösüp ýetişmegine saldamly goşant goşan Ylymlar akademiýasy açyldy. Hormatly Prezidentimiz 2007-nji ýylyň mart aýynyň 17-de “Durmuş üpjünçiligi hakyndaky” ýene-de bir wajyp Kanuna gol çekdi.

Hormatly Prezidentimiziň ägirt uly tagallalarynyň netijesinde ýurdumyzyň halk hojalygynyň beýleki ugurlary bilen bir hatarda nebit-gaz we energetika pudagy hem uly ösüşlere eýe bolýar. Dünýäniň meşhur nebit-gaz kompaniýalary Hazar deňziniň ýakalarynda we Garagumda uly işleri alyp barýar. Bu işler hormatly Prezidentimiziň BMG-iň Baş Assambleýasynda eden taryhy

çykyşyndan soň has hem güýçlendi. Ýurdumyzyň gündogaryndan Hytaýa tarap uzalyp gitjek halkara gaz geçirijisine hormatly Prezidentimiziň hut özi ak pata berdi. Kolumbiýa uniwersitetiniň alymlary bilen bolan duşuşygynda Türkmenistanyň Prezidenti ýurdumyzda amala aşyrylýan ykdysady we syýasy özgertmeler hakynda durup geçmek bilen:”Özgertmeleriň maksatnamasy toplumlaýyn häsiýetli bolmak bilen, ykdysadyýeti mundan beýläk-de üýtgetmegi we döwrebaplaşdyrmagy, şeýle hem biziň döwlet edaralarymyz we jemgyýetçilik durmuşymyzy kämilleşdirmegi, şol sanda jemgyýeti mundan beýläkde demokratizasiýalaşdyrmagy öz içine alýar” diýip belledi. Hormatly Prezidentimiziň Sankt-Peterburgda geçirlen „Bäsleşige ukyply Ýewraziýa ynanyşmak giňişligi“ halkara ykdysady forumyna, sebitara hyzmatdaşlygynyň möhüm faktory bolup durýan Şanhaý hyzmatdaşlyk guramasynyň agza döwletleriniň Baştutanlarynyň Gyrgyzystanyň paýtagty Bişkekde geçirlen sammitine, gatnaşmagy, aýratyn hem 2007-nji ýylyň sentýabr aýynyň 23-28-i aralygynda BMG-iň baş Assambleýasynyň 62-nji sessiýasynyň çäklerinde Nýu-Ýorka sapary türkmen döwletine halkara gatnaşyklar ulgamynda uly abraý getirdi. 2007-nji ýylyň oktýabr aýynyň 16-da Hormatly Prezidentimiziň Hazarýaka döwletleriniň Baştutanlarynyň Eýran Yslam Respublikasynyň paýtagty Tähranda geçirilen II sammitine gatnaşmagy we bu forumyň çäklerinde sebitiň döwlet ýolbaşçylary bilen geçiren möhüm gepleşikleri hem türkmen döwletiň halkara gatnaşyklar ulgamynda ynamly çykyş edýändigini ýene-de bir gezek subut etdi. Owganystan Yslam Respublikasynyň Prezidenti Hamid Karzaýyň çagyrmagy boýunça Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow 2008-nji ýylyň aprel aýynyň 28-ine Owganystan Yslam Respublikasynda dostlukly döwlet saparynda boldy. Prezidentler ýangyç energetika toplumlaryny ösdürmek, şol sanda Türkmenistandan Owganystana nebit önümlerini hem-de elektrik energiýasyny ibermek, Owganystanyň Türkmenistan bilen serhetýaka sebitlerinde nebit we gaz ýataklaryny hem-de mineral we gidromineral çig mal ýataklaryny bilelikde gözlemek we agtarmak hem-de Türkmenistandan Owganystana elektrik geçiriji ulgamlary gurmak mümkinçiliklerini öwrenmek babatda iki ýurduň arasyndaky hyzmatdaşlygy has-da giňeltmek mümkinçiliklerine seredildi. Häzirki wagtda Türkmenistan Owganystana parahat we döredijilikli durmuşy gurmakda hemme taraplaýyn goldaw berip, elektrik energiýany we suwuklandyrylan gazy ýeňillikli nyrhlardan berýär. 2008-nji ýylyň

iýul aýynyň 11-ine Horwatiýa respublikasynyň Prezidenti Stepan Mesiç birinji resmi sapary bilen Aşgabada geldi. Duşuşygyň jemleri boýunça netijeli, özara bähbitli hyzmatdaşlyk üçin täze sepgitleri açýan ikitaraplaýyn resminamalaryň birnäçesine gol çekildi. 2008-nji ýylyň 11-nji sentýabrynda Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow BMG-iň Baş sekretarynyň ýörite wekili, BMG-iň Merkezi Aziýada Öňüni alyş diplomatiýasy boýunça sebit merkeziniň ýolbaşçysy Miroslaw Ýençany kabul etdi. 2008-nji ýylyň oktýabr aýynyň 10-na Hormatly Prezidentimiz Bişkekde GDA-yň sammitine gatnaşdy. Nobatdaky sammitiň ara alyp maslahatlaşmagyna Arkalaşygy mundan beýläk-de ösdürmegiň Konsepsiýasyna laýyklykda işlenilip taýýalanylan we syýasy, ykdysady hem-de gumanitar gatnaşyklary giňeltmäge gönükdirilen 19 sany resminamanyň taslamalary girizildi. Energetika we transport ulgamlarynda hyzmatdaşlyk etmek özara gatnaşyklaryň esasy ugurlarynyň hatarynda görkezildi. Mejlisiň barşynda beýleki meseleleriň hem ençemesine garaldy. Sammite gatnaşyjylar indiki 2009-njy ýyly Ýaşlaryň ýyly, 2010-njy ýyly Ylym we innowasiýalar ýyly diýip yglan etdiler. 2008-nji ýylyň 7-9-njy oktýabr aralygynda Latwiýa Respublikasynyň Prezidenti Waldis Zatlers resmi sapar bilen Türkmenistana geldi. Geljekde iki döwletiň arasyndaky hyzmatdaşlyklar barada, söwda, ylym, ulag, dokma önümçiligi, howa gatnawlary, ykdysady, senagat, ylym we tehnika hyzmatdaşlyk barada ençeme resminamalara gol çekildi. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow Koreýa Respublikasynyň Prezidenti LI Mýon Bakyň çagyrmagy boýunça 2008-nji ýylyň noýabryň 5-7-si aralygynda Koreýa Respublikasynda resmi saparda boldy. Türkmenistanyň we Koreýa Respublikasynyň Prezidentleri iki döwletiň arasynda ykdysady hyzmatdaşlygy, aýratyn-da gurluşyk, kommunikasiýa, dokma senagaty we maliýe ulgamy ugurlaryny has-da ösdürmek hakynda, şeýle hem söwda, ylmy tehnologiki taýdan pikir alyşmak, özara maýa goýumlaryny artdyrmak, maglumatlar we kompýuter tehnologiýalary, tebigy serişdeleri rejeli peýdalanmak we daş-töweregi goramak babatda hyzmatdaşlygy amala aşyrmak üçin amatly şertleri döretmek, iki ýurduň arasyndaky gatnaşyklary has-da ösdürmek barada gepleşik geçirdiler. Hormatly Prezidentimiz Seula baranda „Siz bereketli türkmen topragynyň güneşli howasyny, ýylysyny getirdiňiz. Biz munda türkmen-koreý gatnaşyklarynyň

ösmegine oňyn täsir edýän gowy alamaty görýäris“ diýip, Li Mýon Bak aýtdy.

2008-nji ýylyň noýabr aýynyň 13-ine Türkmenistanyň Prezidenti Germaniýa Federatiw Respublikasyna resmi sapar bilen gitdi. Aprel aýynyň 14-ine Türkmenistanyň Prezidenti bilen GFR.-yň Prezidenti Horst Kýoleriň arasynda iki ýurda bähbitli gepleşikler geçrildi. Örän dostlukly, ynanyşmak ýagdaýynda geçen gepleşikleriň barşynda Türkmenistanyň we GFR-iň ýolbaşçylary döwletara gatnaşyklaryny intensifikasiýalaşdyrmagyň perspektiwalaryny we mümkinçiliklerini ara alyp maslahatlaşdylar hem-de özara bähbitli hyzmatdaşlygyň ileri tutlýan ugurlarynyň hatarynda söwda-ykdysady we senagat sferasyny, ýangyç-energetika pudagyny, oba hojalygyny görkezdiler. Söhbetdeşler iki ýurdy we halklary ýakynlaşdyrmaga ýardam edýän däp bolan gumanitar gatnaşyklary berkitmäge aýratyn üns berdiler. Bu gatnaşyklar medeniýet we sungat babatyndaky üstünlikler, alyş-çalyş etmek bilen birlikde ylym, bilim, saglygy goraýyş ýaly möhüm ugurlary hem öz içine almalydyr diýlip bellendi.

2008-nji ýylyň noýabr aýynyň 16-yna Hormatly Prezidentimiz Awstriýa respublikasyna resmi sapar bilen gitdi. Mälim bolşy ýaly, Türkmenistan bilen Awstriýanyň arasyndaky diplomatik gatnaşyklar 17-ýyl mundan ozal 1992-nji ýylyň noýabrynda ýola goýuldy. Şu ýyllarda döwletara, hökümetara we wedomostwoara derejelerinde ikitraplaýyn resminamalaryň 7-ine gol çekildi. Şol resminamalara laýyklykda iki ýurduň ilçihanalary açyldy. Awstriýanyň kompaniýalary Türkmenistanda, hususanda gurluşyk boýunça we halk hojalygynyň desgalarynyň durkuny täzelemek, şeýle hem uglewodorod resurslaryny gözlemek, özleşdirmek we çykarmak boýunça amala aşyrylýan taslamalara işeňňir gatnaşýar.

2008-nji ýylyň noýabr aýynyň 28-ine Türkiýe Respublikasynyň Prezidenti Abdulla Gül iş sapar bilen Türkmenistana geldi. 2008-nji ýylyň noýabr aýynyň 29-yna Türkmenistana Azerbeýjan Respublikasynyň Prezidenti Ilham Aliýew resmi sapar bilen geldi. Duşuşygyň netijesinde birnäçe möhüm resminamalara gol çekildi. Ýükleri daşamagy guramak, belgileýin hasaba almak we olaryň Türkmenbaşy we Baku deňiz menzilleriniň arasyndaky halkara demir ýol parom gatnawynda ulanylandygy üçin hasaplaşyklar hakyndaky Ylalaşyga, Türkmenbaşy we Baku deňiz menzilleriniň üsti bilen göni halkara demir ýol parom gatnawyny guramak hakynda Türkmenistanyň Hökümeti bilen Azerbeýjan Respublikasynyň

Hökümetiniň arasyndaky Ylalaşyga gol çekildi. Şol güni Türkmenbaşy şäherinde türkmen-azerbeýjan-türk sammiti geçirildi. 2008-nji ýylyň dekabr aýynyň 18-ine Bolgariýa Respublikasynyň Prezidenti Georgiý Pyrwanow Türkmenistana resmi sapar bilen geldi. Ýangyç energetika toplumy we ulag pudagynda hyzmatdaşlyk etmek barada birnäçe meselelere seredildi. Eýran Yslam Respublikasynyň Prezidenti jenap Mahmud Ahmadinežadyň çagyrmagy boýunça Gurbanguly Berdimuhamedow 2009-njy ýylyň 13-14-nji fewralynda Eýran Yslam Respublikasyna resmi saparda boldy. Birnäçe meselelere seredildi, şolardan iki ýurduň elektroenergetika we elektrik energiýasyny ibermek babatda özara peýdaly hyzmatdaşlygyny pugtalandyrmaga, şeýle-de täze Mary-Sarahs-Maşat elektrik geçiriji ulgamyny gurmak baradaky meselä seredildi. Şeýle-de ulag pudagyny ösdürmegiň ähmiýetini belläp, bu işde hereket edýän Tejen-Sarahs-Maşat demir ýoluň uly ähmiýetlidigini nygtadylar. Iki ýurduň Prezidentleri sebitleýin we sebiara ähmiýetli ulag kommunikasiýa ulgamlaryny mundan beýläk-de giňeltmek babatda gurulýan Gazagystan-Türkmenistan-Eýran demir ýoluň aýratyn ähmiýetini bellediler. Bulardan başga-da söwda, awtoulag, medeniýet, ylym, bilim meselelerine hem seretdiler. Milli liderimiziň ýurdumyzyň daşary-syýasy ulgamynda amala aşyran bu üstünlikli saparlary döwletimize halkara arenasynda möhüm giňişlikleri hem-de giň mümkinçilikleri açyp berdi we bu gatnaşyklaryň hil taýdan täze belentliklere çykarylmagynyň esasyny goýdy. 2009-njy ýylyň mart aýynyň 11-ine Hormatly Prezidentimiz Ykdysady hyzmatdaşlyk Guramasynyň agza ýurtlarynyň döwlet we hökümet baştutanlarynyň 10-njy ýubileý duşuşygyna gatnaşmak üçin Tähranа bardy. Gurbanguly Berdimuhamedow Tähranda bolmagynyň çäklerinde Owganystan Yslam Respublikasynyň Prezidenti Hamid Karzaý we Pakistan Yslam Respublikasynyň Prezidenti Asif Ali Zardari şeýle hem, Gazagystan Respublikasynyň premýer ministri Karim Masimow bilen duşuşdy.

2009-njy ýylyň mart aýynyň 24-25-ine Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow Russiýa Federasiýasynyň Prezidenti D.A.Medwedewiň çagyrmagy boýunça döwlet saparynda boldy. Türkmenistanyň we Russiýa Federasiýasynyň Prezidentleriniň resmi duşuşyklary bolup geçdi. Prezidentler ylym, bilim, medeniýet, sungat, syýahatçylyk zolagy, sport ugurlarynda aragatnaşyklary çuňlaşdyrmakda we bu ugurda gatnaşyklary işjeňleşdirmäge iki

tarapyň hem gyzyklanýandygyny tassykladylar. Russiýa bilen ysnyşykly, deňhukukly, özara peýdaly, birek-biregi baýlaşdyrýan gatnaşyklary ösdürmek Türkmenistanyň daşary syýasatynyň ileri tutulýan ugrudyr. Hormatly Prezidentimiz bu barada şeýle diýýär: „Türkmenistany we Russiýany dostluk, birek-birege düşünişmek we ynanyşmak gatnaşyklary baglanyşdyrýar, häzir şol gatnaşyklar netijeli hyzmatdaşlygy ösdürmek üçin ygtybarly esas bolup hyzmat edýär."

2009-njy ýylyň aprel aýynyň 6-na Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow Kuwweýyiň Milli howpsuzlyk agentliginiň direktory, Aziýanyň Olimpiýa geňeşiniň Prezidenti Seýh Ahmad Al Fahad Al Sahaby we AOG-iň baş direktory Huseýn Al Mussalamy kabul etdi. Olar Aşgabada aýratyn wezipe bileb döwlet Baştutanyna bu abraýly halkara guramanyň ýokary sylagy – Hormatly ordeni gowşurmak üçin geldiler.[1] Aprel aýynyň 10-yna türkmen paýtagtynda Garaşsyz Döwlet Arkalaşygynyň daşary işler ministrleriniň geňeşiniň mejlisi geçirildi, onuň açylyş dabarasyna Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow gatnaşdy. GDA ýurtlarynyň daşary işler ministrleriniň mejlisi ýapyk gapylaryň aňyrsynda dowam etdirildi. Onuň netijeleri forum tamamlanandan soňra geçirlen metbugat konferensiýasynda aýan edildi. Ilki bolup çykyş eden Russiýa Federasiýasynyň daşary işler ministri Sergeý Lawrow 20-den gowrak meselä esasan Arkalaşygyň döwletleriniň baştutanlarynyň geňeşiniň we GDA ýurtlarynyň komitetleriniň ýolbaşçylarynyň geňeşiniň geçiriljek mejlislerine degişli resminamalaryň taslamalaryna garalandygyny belledi. Gumanitar, bilim, sport boýunça hyzmatdaşlygy ösdürmegi, jeneýatçylyga garşy göreşiň netijeliligini ýokarlandyrmak, migrasion syýasat boýunça hyzmatdaşlygy pugtalandyrmak, awiasiýa degişli hadysalary derňemekde hyzmatdaşlyk etmek bilen bagly meselelere degişli möhüm resminamalaryň toplumy kabul edildi. 2009 njy ýylyň aprel aýynyň 11-ine Türkmenistanyň prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow Russiýa federasiýasynyň Daşary Işler Ministri Sergeý Lawrowy, Täjigistan Respublikasynyň Daşary Işler Ministri Zarifi Mamrohony, Ermenistan Respublikasynyň Daşary Işler Ministri Edward Nalbandýany, Belarusiýa Respublikasynyň Daşary Işler Ministri Sergeý Martynowy, Gazagystan Respublikasynyň Daşary Işler Ministri Marat Tažini Kabul etdi.

Aşgabatda 2009-njy ýylyň aprel aýynyň 23-ine „Energiýa serişdeleriniň ygtybarly we durnukly üstaşyr geçirilmegi hem-de

durnukly ösüşi we halkara hyzmatdaşlygyny üpjün etmekde onuň hyzmaty“ atly ýokary derejedäki Halkara Maslahatyň dabaraly açylyşy boldy. Pudagy ösdürmegiň meýilnamalaryna, hususan-da, Türkmenistanyň nebitgaz senagatyny ösdürmegiň 2030-njy ýyla çenli döwür üçin maksatnamasyna laýyklykda nebitiň çykarylyşyny 110 million tonna we tebigy gazyň çykarylyşyny 250 milliard kubmetre ýetirmek göz öňünde tutulýar. Şunuň bilen baglylykda türkmen energiýa serişdelerini dünýä bazarlaryna çykarmagyň ugurlaryny diwersifikasiýalaşdyrmak meseleleriniň aýratyn ähmiýete eýe bolýandygy nygtaldy. Olar forumyň gün tertibiniň esasy meselelerine öwrüldi. Şol Halkara maslahatyň çäklerinde hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow BMG-yň Baş sekretarynyň Ykdysady we sosial meseleler boýunça orunbasary Şa Zukang, ÝHHG-niň Baş sekretary Mark Perren, EKO-nyň Baş sekretary Hurşid Anwar, Energetika Hartiýasynyň Baş sekretary Andre Mernýe, Şanhaý Hyzmatdaşlyk Guramasynyň Baş sekretary Bolat Nurgaliýew bilen duşuşdy. Şeýle-de Gurbanguly Berdimuhamedow GDA-yň Ýerine ýetiriji komitetiniň Başlygynyň – Ýerine ýetiriji sekretarynyň orunbasary Anatoliý Drony, Özbegistan Respublikasynyň wise-premýeri Ergaş Şoismatowy, Çehiýa Respublikasynyň Premýer-ministriniň orunbasary Aleksandr Wondrany kabul etdi.

2009-njy ýylyň aprel aýynyň 28-ine Almaty şäherinde Gazagystan Respublikasynyň, Gyrgyzystan Respublikasynyň, Täjigistan Respublikasynyň, Türkmenistanyň we Özbegistan Respublikasynyň Prezidentleriniň duşuşygy bolup geçdi. Gepleşikleriň barşynda Merkezi Aziýa döwletleriniň baştutanlary 1993-nji ýylda Aral krizisiniň netijelerini aradan aýyrmak, Aral deňziniň basseýninde ekologik we sosial ykdysady ýagdaýy gowulandyrmak boýunça bilelikdäki praktiki hereketleri we geljek üçin niýetlenen maksatnamalary amala aşyrmak maksady bilen döredilen Araly halas etmegiň halkara gaznasynyň (AHEHG-yň) işi bilen bagly meseleler ara alnyp maslahatlaşdylar.

2009-njy ýylyň maý aýynyň 6-na Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow BMG-yň Bili, ylym we medeniýet meseleleri boýunça guramasynyň (Unesko-nyň) baş direktory jenap Koiçiro Masunrany kabul etdi. Ol möhüm ähmiýetli işi berjaý etmek – hormatly Prezidentimiz Berdimuhamedowa „Awisenna“ diýen Altyn medaly gowşurmak üçin Aşgabada geldi. Myhmanyň bellemegine görä, Türkmenistanyň baştutany bu sylaga milli medeniýetiň

ösdürilmegine, medeni-taryhy ýadygärlikleriň aýawly saklanylmagyna hem-de Unesko bilen hyzmatdaşlygyň pugtalandyrylmagyna uly goşandy üçin mynasyp boldy. Türkmenistanyň taryhy arhitektura ýadygärlikleriniň eýýäm üçüsiniň – Nusaýyň, Gadymy Merwiň we Köneürgenjiň Unesko-nyň Bütindünýä mirasynyň sanawyna goşulmagynyň hem muňa şaýatlyk edýändigini belledi.

Hormatly Prezidentimiziň döwlet Baştutany wezipesine girişenden soňky gysga döwrüň içinde dünýäniň Saud Arabystany, Russiýa Federasiýasy, Gazagystan, Eýran, Hytaý, Birleşen Arap Emirlikleri, Gyrgyzystan we Täjigistan ýaly ýurtlarda saparlarda bolmagy, döwletimiziň daşary-syýasy durmuşynda täze eýýamyň başyny başlady. Şu gysga taryhy döwrüň içinde biziň ýurdumyzda daşary ýurtlardan gelen 250-den gowrak daşary ýurt wekilýetleri hökümet derejesinde kabul edildi.

### 3.Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň parahatçylyk we progres syýasatynyň dabaralanmagy

Ýurdumyzyň abraýynyň belende göterilmeginde hormatly Prezidentimiz tarapyndan orta atylýan ägirt uly taslamalaryň roly uly. Bu babatda aýdylanda onuň öňe süren „Awaza“ milli syýahatçylyk zolagyny döretmek baradaky, ýagny Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň 2007-nji ýylyň iýul aýynyň 21-de Hazar deňziniň kenaryndaky Türkmenbaşy şäherinde geçirilen göçme mejlisi we „Awaza“ erkin syýahatçylyk zolagynyň taslamasynyň tanyşdyrylyş dabarasy munuň aýdyň subutnamasydyr. Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň bu göçme mejlisinde „Awaza“ milli syýahatçylyk zolagyny döretmek baradaky iňňän derwaýys mesele ara alnyp maslahatlaşyldy hem-de Türkmenistanyň Prezidentiniň „Awaza“ milli syýahatçylyk zolagy hakynda“ Karary kabul edildi. Hormatly Prezidentimiziň gatnaşmagynda „Awaza“ milli syýahatçylyk zolagy hakyndaky“ kararda göz öňünde tutulan düzgünleriň durmuşa geçirilmegi Hazar deňziniň kenaryny diňe bir türkmenistanlylaryň däl, eýsem daşary ýurtlaryň hem höwes bilen dynç alýan mekanyna öwürmek maksady „Awaza“ milli syýahatçylyk zolagynyň tanyşdyrmak üçin hödürlenen taslamasy görenleri haýrana goýdy. Onuň durmuşa geçirilmegi üçin hormatly Prezidentimiziň adam hakda edýän ýadawsyz aladasynyň hakykat ýüzünde ýüze çykmasy bolar. Bu dabarada Hormatly Prezidentimiziň dykgatyna ýetirilen bu taslamany

synlanyňda biziň halkymyza geljekde häzirkidenem eşretli durmuşyň garaşýandygyna göz ýetirýärsiň. Bu ýerde ABŞ-yň bir milliard dollary möçberinde maýa goýum serişdeleri harç edilip, adamlaryň dynç almaklary hem-de saglyklaryny pugtalandyrmaklary üçin ähli şertleri bolan syýahatçylyk zolagy dörediler. Hazar deňziniň Türkmenistana degişli kenarýakasy öz hoştap ýumşak howasy we baý mümkinçilikleri bilen blli bolan täsin, ekologiýa taýdan arassa tebigy zolakdyr. Munuň özi ony diňe bir sebit möçberinde däl, eýsem, alkara möçberinde hem hakyky syýahatçylyk merkezleriniň birine öwürmäge giň mümkinçilikler açýar. Hazaryň kenarynda erkin ykdysady zolagy döretmek baradaky ilkinji gezek hormatly Prezidentimiz 2007-nji ýylyň maý aýynda Türkmenbaşy şäherinde üç döwletiň – Türkmenistanyň, Russiýanyň we Gazagystanyň baştutanlarynyň Hazar maslahatynda orta atypdy. Bu başlangyç deňziň türkmen kenarynda sanatoriý – kurort infrastrukturasyny ösdürmeklige gönükdirilendir. Hazaryň kenaryndaky Awaza uzynlygy 16 kilometr bolan kenarýaka zolagydyr. Ony abadanlaşdyrmagy üç tapgyrda bellenildi. Eýýäm 750 gektar ýerde birinji tapgyrdaky işleriň baş meýilnmasy taýýarlanyldy. Şol meýilnama laýyklykda, ministrlikleriň we pudaklaýyn edaralaryň buýurmasy boýunça eýýäm has oňaýly şertli sagaldyş öýleriniň 5-iň gurluşygy alnyp barylýar, olar bir wagtyň özünde 1088 adamy kabul edip bilerler.

Baş meýilnamada Hazaryň kenarynda häzirki zaman kurort – syýahatçylyk infrastrkturasyny döretmek maksady bilen, hyzmatlaryň dünýä derejesine laýyk gelýän doly toplumy, 3 gatdan 20 gata çenli dürli belentlikdäki ýokary derejeli myhmanhanalaryň 60-a golaýyny gurmak göz öňüne tutulýar.

Täze Galkynyş we Beýik özgertmeler zamanamyzyň ýene-de bir möhüm wakalarynyň biri – Aşgabatda “Ýewropa öýüniň” açylmagydyr. Şeýle merkeziň açylmagynyň Türkmenistan bilen Ýewropa Bileleşiginiň arasynda köp ugurly hyzmatdaşlygy çuňlaşdyrmakda örän uly ähmiýeti bar. “Ýewropa öýi” Ýewropa Bileleşiginiň tehniki hyzmatdaşlyk boýunça taslamasynyň çäklerinde bu taslamanyň Türkmenistanda durmuşa geçirilmegini goldamagyň ofisi bolup hyzmat edýär. Bu ýerde Ýewropa Bileleşiginiň Türkmenistanda alyp barýan işine degişli we özara gatnaşyklara degişli meseleler boýunça iş alnyp barylýar. Bitarap Türkmenistan syýasy üstünlikler bilen bir hatarda uly ykdysady üstünlikleri gazanmagy hem başardy.

Ýewropa - türkmen gatnaşyklarynyň täze ýolunyň esasy başlangyjy hormatly Prezidentimiziň Ýewropa Bileleşiginiň Brýussel şäherindäki ştab-kwartirasyna saparynda anyk häsiýete geçdi. Ol ýerde geçirlen ýokary derejedäki gepleşikleriň netijesinde Ýewropa Bileleşigi bilen Türkmenistanyň arasyndaky hyzmatdaşlygyň täze strategiki ugurlary kesgitlendi.

Daşary syýasy başlangyçlary durmuşa geçirmekde Türkmenistan sebitde we dünýä möçberinde bolup geçýän geosyýasy hadysalary we bu ugurda emele gelýän akymlary göz öňünde tutýar.

Türkmenistanda ýöredilýän açyk gapylar syýasaty, giň halkara hyzmatdaşlygy, ýurdumyzda iri halkara sport ýaryşlarynyň geçirilmegi we türkmen sportsmenleriniň olimpiýa hereketine gatnaşmagy netijesinde ýurdumyzyň sportunyň öz ösüşi kuwwatly itergi boldy. Mysal üçin, Pekinde geçirlen tomusky XXIX Olimpiýa oýunlaryna gatnaşmaklary biziň sportsmenlerimiz üçin oňat itergi boldy. Garaşsyzlygymyzyň 17 ýyllyk baýramçylygynyň öňüsyrasynda Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow uly dabara-Aşgabatda guruljak „Olimpiýa şäherçesiniň“ taslamasynyň tanyşdyrylyşyna gatnaşdy. Bu ägirt uly toplumyň taslamasy Türkmenistanyň öňden gelýän hyzmatdaşy bolan „Polimeks“ türk gurluşyk kompaniýasy tarapyndan taýýarlanyldy. Ol Merkezi Aziýada iri toplum bolar, desgalaryň otuza golaýyny, şol sanda häzirki döwrüň ähli talaplaryna laýyklykda enjamlaşdyrylan hem-de üpjün edilen köpugurly sport desgalaryny özünde jemlär. Umumy meýdany 157 gektar territoriýany tutjak bu uly toplum ýurtda Olimpiýa sport hereketini, şeýle-de köpçülikleýin bedenterbiýäni ösdürmegiň täze tapgyryny başlar. Şonda 10 müň orunlyk hokkeý oýny üçin buz arenasy, şonuň ýanynda 350 orunlyk olimpik rezerwli sport mekdep-internaty, paraolimpik merkezi, 5 müň tomaşaçy orunlyk ýapyk basseýn, 3 müň tomaşaçy orunlyk açyk basseýn, 3 müň tomaşaçy orunlyk ýapyk tennis korty, bouling, badminton we stoluň üstünde oýnalýan tennis meýdançaly, üsti ýapyk welotrek, 60 müň orunlyk olimpiýa stadiony, agyr atletika, gylyçlaşma, boks göreşiň beýleki görnüşleri üçin niýetlenilen 3 müň tomaşaçy orunlyk üsti ýapyk arena, sportuň toparlaýyn görnüşleri we gimnastika üçin türgenleşik zallary, şeýle hem şu görnüşlere niýetlenen 10 müň tomaşaçy orunlyk üsti ýapyk arena, saglygy dikeldiliş lukmançylyk merkezi, daşary ýurtlylar üçin 500 orunlyk myhmanhana, metbugat merkezi, daşary ýurt delegasiýalara niýetlenen 800 orunlyk myhmanhana, sportsmenler

üçin 12 müň orunlyk ýaşaýyş jaýlary, 6 sany açyk tennis kortlary, mini futbol üçin 4 sany açyk meýdançalar, sportuň toparlaýyn görnüşleri üçin açyk sport meýdançalar toplumy we beýleki desgalardyr binalar gurlar. „Olimpiýa şäherjigi“ tapgyrma tapgyr ulanmaga berler. 2009-njy ýylda gurlup başlanyp, 2015-nji ýylda doly tamamlanjak bu ägirt uly sport-bedenterbiýe, şeýle hem sagaldyş toplumy Merkezi Aziýada ýeke-täkdir.

Türkmenistan halkara gatnaşyklarynyň dürli subýektleri bilen aragatnaşyklary giňeldip we çuňlaşdyryp, häzirki wagtda Garaşsyz Döwletleriň Arkalaşygynyň, Hazarýaka döwletleriň birleşiklerine gatnaşýar, şeýle-de NATO-yň “Parahatçylyk hatyrasyna hyzmatdaşlyk” maksatnamalaryna goşulyp, esasy üç ugur boýunça: raýat goranyşy babatda, adatdan daşary ýagdaýlarda arkalaşykly hereket etmek, şeýle hem tebigy betbagtçylygynyň netijelerini ýok etmeklikde, ylym ugrunda hyzmatdaşlyk boýunça maslahata gatnaşýar. Sebitde howpsuzlygy üpjün etmek üçin bu gatnaşyklar örän ähmiýetlidir. Hormatly Prezidentimiziň ýolbaşçylygy astynda başlanan beýik Galkynyş eýýamy Bitaraplygy özüniň baş ýörelgesine öwren türkmen diplomatiýasynyň öňünde täze giňişlikler, täze mümkinçilikler açdy.

2008-nji ýylyň aprel aýynyň 2-4 aralygynda hormatly Prezidentimiz Rumyniýanyň paýtagty Buharestde NATO-yň sammitine gatnaşdy. Bu duşuşyga jemi 49 döwletiň ýolbaşçylary gatnaşdy. Mälim bolşy ýaly, Demirgazyk Atlantika Şertnamasy Guramasy (North Atlantic Treaty Organization) 1949-njy ýylyň ýazynda döredildi, häzirki wagtda onuň düzümine 26 döwlet girýär. Bu iri harby-syýasy bileleşigiň öňüne turuwbaşdan goýlan ilkinji derejedäki wezipe Ýewroatlantiki sebitde toparlaýyn howpsuzlygy üpjün etmekden ybarat bolupdy we şeýle bolmagynda galýar. Alýansyň ýurtlary aýratyn alnan ýurtda hem, tutuşlygyna alnanda sebitde hem mümkin bolan ähli jedelleriň we dawalaryň öňüni almak hem-de olary diňe parahatçylykly ýol bilen çözmek üçin tagallalaryny birleşdirdiler.

Türkmenistanyň daşary syýasatynyň ileri tutulýan we möhüm ugry iri halkara guramalary, ilkinji nobatda, Birleşen Milletler Guramasy bilen netijeli hyzmatdaşlyk bolup durýar. Türkmenistanyň Hormatly Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow parahatçylygyň, howpsuzlygyň we durnukly ösüşin strategiki häsiýetli problemalaryny seljermäge ygtyýarly edilen gurama hökmünde BMG-yň çäklerinde

halkara jemgyýetçiliginiň tagallalarynyň jebisleşmegine uly ähmiýeti berýär. Şunuň bilen baglylykda, Türkmenistanyň köp başlangyçlary häzirki zamanyň aktual meseleleri babatynda BMG-na agza bolan döwletleriň hyzmatdaşlygynyň syýasy-hukuk esasyny giňeltmäge gönükdirilendir. Hususan-da, iň täze mysallaryň biri hökmünde Türkmenistanyň öňe süren we BMG-iň Baş Assambleýasynyň 63-nji sessiýasynyň gün tertibine girizilen “Energiýa göterijileriň ygtybarly we durnukly tranziti, onuň ykdysady ösüşi we halkara hyzmatdaşlygy üpjün etmekdäki tutýan orny” atly rezolýusiýanyň taslamasyny görkezmek bolar. Kabul edilen ýagdaýynda, bu resminama energiýa howpsuzlygyny üpjün etmekde, dünýä bazarlaryna energiýa göterijilerini ygtybarly ýetirmek babatynda halkara hukuk kepilleriniň uly toplumyny döretmek bilen bagly BMG-na agza döwletleriň hyzmatdaşlygynyň öň aýgyt edilmedik ädimi bolar.

Mälim bolşy ýaly, Merkeziň açylyş dabarasyna BMG-yň, Ýewropada Howpsuzlyk we Hyzmatdaşlyk Guramasynyň, Şanhaý Hyzmatdaşlyk Guramasynyň, Ykdysady Hyzmatdaşlyk Guramasynyň ýolbaşçylary, köp döwletleriň daşary işler ministrleri we diplomatik wekilleri gatnaşdylar.

Türkmenistan hoşniýetli, deňhukukly we özara bähbitli, aýratyn hem parahatçylygy we howpsuzlygy, abadanlygy we durnukly ösüşi üpjün etmekde hyzmatdaşlyk üçin açyk bolmagynda galýar. Halkar hyzmatdaşlygynyň ähli netijeli ugurlary boýunça hyzmatdaşlykdaky şeýle açyklygy dowam etmek bilen, Türkmenistan parahatçylygy we howpsuzlygy üpjün etmeklgiň, dürli döwletleriň arasynda birek-birege hormat goýmaklyga we deňhukuklyga esaslanan gatnaşyklaryň ösdürilmeginiň mizemez ýörelgelerine gyşarnyksyz eýerýär. Türkmenistanyň daşary syýasatynyň we diplomatiýasynyň amala aşyrylmagynyň esasy ölçegi hökmünde beýleki döwletler bilen ikitaraplaýyn gatnaşyklaryň ýola goýulmagy, ösdürilmegi we berkidilmegi bolup durýar. Şol bir wagtyň özünde hem, Türkmenistan öz milli bähbitlerinden ugur almak we özüniň halkara-hukuk borçnamalaryna ygrarly bolmak hem-de özara bähbitli we netijeli hyzmatdaşlygyň ýörelgelerine eýermek bilen, ähli ýurtlar bilen dostlukly aragatnaşyklaryň alnyp barylmagyny goldaýar. Netijeli hyzmatdaşlygyň bir görnüşi hökmünde Türkmenistanyň beýleki ýurtlar bilen hökümetara kommisiýalarynyň işini mysal getirmek bolar. 2008-nji ýylyň dowamynda şeýle kommisiýalaryň 11-siniň

mejlisi geçirildi we olarda söwda-ykdysady hyzmatdaşlygy mundan beýläk-de giňeltmegiň ugurlaryna seredildi.

Täze Galkynyş we beýik özgertmeler zamanasynda hormatly Prezidentimiziň parasatly ýolbaşçylygynda Türkmenistanyň gazanan köp üstünlikleriň biri onuň hemişelik Bitaraplyk statusyny oňyn tejribeler we diplomatik netijeler bilen baýlaşdyrmagydyr. Taryhy taýdan şeýle gysga möhletde dünýä bileleşiginiň agzalarynyň ak pata bermeginde Merkezi Aziýada öňüni alyş diplomatiýasy boýunça sebit Merkeziniň, Ýewropa Öýüniň işläp başlamagy onuň aýdyň mysallarydyr. Türkmenistanyň Prezidentiniň iki ýylyň dowamynda 30-a golaý ýurda sapar etmegi, halkara we döwletara duşuşyklara işeňňir gatnaşmagy içeri we daşary syýasatynyň dogrudygyny, onuň türkmenistanlylaryň, şeýle-de dünýä halklarynyň isleglerine laýykdygyny, adamzat siwilizasiýasynyň öňde goýan sowallaryna kybap jogap berýändigini ýene-de bir gezek suratlandyrýar. Täze Galkynyş we beýik özgertmeler zamanasynda hormatly Prezidentimiziň ýolbaşçylygynda türkmen diplomatiýasynyň üstünlikleri sanardan köp. Hormatly Prezidentimiziň halkara energiýa geçirijileriň goraglylygy hakyndaky konwensiýany kabul etmek baradaky başlangyjynyň halkara jemgyýetçiligi tarapyndan goldanmagy, serhetdeş goňşy döwletler bilen suw serişdelerini rejeli, deňhukukly peýdalanmak barada alnyp barylýan çärelerde has hem aýdyň görünýär. Türkmenistanyň daşary syýasatda “Açyk gapylar” syýasatyny ýöretmegi, hoşniýetli goňşuçylyk ýörelgesine eýermegi, BMG tarapyndan ykrar edilen hemişelik Bitaraplyk hukuk derejesi ýurdumyza beýleki ugurlar bilen birlikde bilim ulgamynda hem işjeň halkara hyzmatdaşlygyny alyp barmaga mümkinçilikleri döredýär. Döwletimiz Türkmenistanyň ylmynyň geljegi üçin ýaşlara, talyplara uly umyt baglaýar. Munuň üçin döwlet tarapyndan zerur bolan ähli şertler döredilýär. Prezidentiň bilim syasatynda daşary ýurtlaryň esasy ýokary okuw mekdepleri we ylmy merkezleri bilen halkara hyzmatdaşlygyny ýola goýmaga uly üns berilýär. Hökümetara ylalaşyklara laýyklykda Türkiýe Respublikasynda, Hytaý Halk Respublikasynda, Malaýziýada, Russiýa Federasiýasynda, Rumyniýada, Slowakiýada, Ukrainada, ABŞ-yň we beýleki ösen döwletleriň ýokary okuw mekdeplerinde ýaşlarymyzyň bilim almaklaryna mümkinçilik döredildi. 2007-2008-nji okuw ýylynda türkmen talyplarynyň 270-den gowragy daşary ýurtlaryň birnäçesiniň ýokary okuw mekdeplerine okuwa ugradyldy. Ýaş

türkmenistanlylaryň 150-si Türkiýä, 76-sy Russiýa, 30-sy HHr-e, 11-si Malaýziýa, 6-sy Ukraina ýokary bilim almaga gitiler. Şol bir wagtyň özünde Türkmenstanyň ýokary okuw mekdeplerine beýleki ýurtlardan 37 talyp okuwa kabul edildi. Geljekde daşary ýurtlarda okajak türkmen talyplarynyň sany has hem köpeler. Özünň Nýu-Ýorkda bolan wagtynda Kolumbiýa uniwersitetindäki we Rokfeller – merkezindäki duşuşygynda Gurbanguly Berdimuhamedow bilim ugrunda, şol sanda türkmen talyplarynyň ABŞ-da okamaklarynyň hasabyna işjeň arkalaşygynyň zerurdygyny nygtady. Mälim bolşy ýaly, Türkmenistan energetika ýurtlarynyň hataryna girýär. Özüniň ýerasty nebit we gaz resurslaryny gözlemek, burawlamak we gazyp almak hem-de daşary ýurtlara eksport etmek üçin Türkmenistana dünýä derejesinde bilim alan hünärmenler zerur bolup durýar. Şu zerurlykdan ugur alyp, ýurdumyz Malaýziýa bilen nebit-gaz toplumy üçin zerur hünärmenleri taýýarlamak barada ençeme ýyllardan bäri hyzmatdaşlyk edip gelýär. Türkmen talyplarynyň ençemesi Malaýziýanyň abraýly “Petronas” uniwersitetinde bilim alýar.

Türkmenistanyň daşary syýasaty dünýäde ynsanperwer döredijilikli tertibi ýola goýmak bilen baglanyşykly meseleleri çözmekde beýleki döwletler hem-de halkara düzümler bilen aragatnaşyklary ösdürmäge gönükdirilendir. Türkmenistanyň daşary syýasaty sebitleýin howpsuzlygy we parahatçylygy üpjün etmek ýaly halkara bileleşigi tarapyndan ileri tutlýan meselelerde öz netijeli ornuny görkezýär.

Dünýäniň yzygiderli özgermegi hem adamzat durmuşynyň gülläp ösmegi üçin iň möhüm zatlaryň biri adamlaryň dost-dogan hem agzybir bolup, asuda, parahat hem erkin ýaşamagydyr. Türkmenistan ilkinji günlerinden asudalykda, hiç hili syýasy, harby bileleşiklere goşulman, halkymyzyň parahat zähmeti, aň-paýhasy bilen gazanan Garaşsyzlygyny goramagyň, berkitmegiň ynamly ýoly bilen gadam urdy. Ol ýol Bitaraplyk ýolumyzdyr. Bitaraplyk bolsa Türkmenistanyň Garaşsyzlygynyň üpjün etmegiň doly kepillendirmesi bolan parahatçylyk söýüji daşary syýasatynyň esasy, baş ugrudyr.

Milli Liderimiziň onlarça döwletlere bolan örän şowly saparlary, gözel Aşgabadymyzyň dürli derejeli halkara duşuşyklarynyň, maslahatlarynyň geçirilýän ýerine öwrülmegi, Aşgabatda BMG-iň Merkezi Aziýa boýunça Öňüni alyş diplomatiýasynyň sebit merkeziniň, Ýewropa öýüniň açylmagy muňa aýdyň şaýatlyk edýär. Olardan başga-da döwlet Baştutanymyzyň birnäçe döwletleriň

baştutanlary bilen duşuşmaklygy, olar bilen bolýan söhbetdeşliklerde ikitaraplaýyn özara hereketleriň möhüm meselelerini ara alnyp maslahatlaşylmagy hyzmatdaşlygy çuňlaşdyrmaga we giňeltmäge uly itergi berýär. Şeýle duşuşyklaryň birinde: “Men şu duşuşyk arkaly Prezident Gurbanguly Berdimuhamedowyň dünýä ýüzünde günsaýyn artýan abraýa eýe bolan, ägirt mümkinçilikli ýurdy dolandyrýan uly adamkärçilikli, hakyky professional ýolbaşçylygyna göz ýetirdim” diýip, Özbegistan döwletiniň ýolbaşçysy Yslam Karimowyň hormatly Prezidentimize ýokary baha bermegi-de muňa şaýatlyk edýär.

Häzirki wagta Türkmenistan döwleti öz durnuklylygyny saklap gelýär. Daşary ýurtlar bilen dürli pudaklar boýunça deňhukuklylyk esasynda hyzmatdaşlygy alyp barmagy dowam etdirýär. Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygy bütin dünýä we sebitiň döwletleri bilen dostlukly we ikitaraplaýyn bähbitli gatnaşyklary ösdürmeklige, jemgyýetde durnuklylygy we ylalaşygy berkitmeklige gönükdirilen içeri we daşary syýasatynyň düýp esasy bolup durýar. Türkmenistanyň dostlukly daşary syýasaty alyp barýar, döwletleriň içerki işlerine gatnaşmazlyk we biri-birini hormatlamak, deňhukuklylyk ýörelgelerinde beýleki döwletler bilen özara gatnaşygy ýola goýýar.

Hormatly Prezidentirniz Gurbanguly Berdimuharnedowyň Garaşsyz we baky Bitarap Türkmenistan döwletimize baştutan bolup işleýän ilkinji günlerinden başlap, türkmen halkynyň milli däplerine eýerip, parasatlylyk hem sabyrlylyk bilen alyp barýan ynsanperwer içeri we daşary syýasaty taryh üçin gysga döwrüň içinde Türkmenistany syýasy, ykdysady, durmuş we medeni taýdan has belent sepgitlere ýetirdi. Häzir durnukly ösüşi üpjün etmegiň hatyrasyna sebitde parahatçylygy saklamakda we durmuş-ykdysady kynçylyklar bilen bagly meseleleri çözmekde Türkmenistan goňşy döwletlere ynsanperwerlik kömek bermek babatda we BMG-niň tagallalaryna ýardam etmek işlerinde halkara hukuk tejribesinde oňlanylýan köp çäreleri amala aşyrýar.

***Soraglar:***

1. Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe Türkmenistanyň halkara gatnaşyklarynyň ösdürilmegi.
2. Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe döwletimiziň hoşniýetli goňşuçylyk gatnaşyklarynyň giňelmegi.

3. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň parahatçylyk we progres syýasatynyň dabaralanmagy.

## Edebiýatlar


1. Berdimuhamedow Gurbanguly. Garaşsyzlyga guwanmak, Watany, halky söýmek bagtdyr. - Aşgabat, 2007.
2. Berdimuhamedow Gurbanguly. Türkmenistanda saglygy goraýşy ösdürmegiň ylmy esaslary. - Aşgabat, 2007.
3. Berdimuhamedow Gurbanguly. Türkmenistan sagdynlygyň we ruhubelentligiň ýurdy. - Aşgabat, 2007.
4. Berdimuhamedow Gurbanguly. Eserleriň ýygyndysy. I tom. - Aşgabat, 2007.
5. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň ýurdy täzeden galkyndyrmak baradaky syýasaty. - Aşgabat, 2007.
6. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň daşary syýasaty. Wakalaryň hronikasy. - Aşgabat, 2007.
7. Berdimuhamedow Gurbanguly. Parahatçylyk, döredijilik, progres syýasatynyň dabaralanmagy. - Aşgabat, 2007.
8. Berdimuhamedow Gurbanguly. Täze Galkynyş eýýamy. Wakalaryň senenamasy. 2007 ýyl. - Aşgabat, 2008.
9. Berdimuhamedow Gurbanguly. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. I tom. – Aşgabat: „Türkmen döwlet neşirýat gullugy“, 2008.
10. Berdimuhamedow Gurbanguly. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. II tom. - Aşgabat: „Türkmen döwlet neşirýat gullugy“, 2009.
11. Berdimuhamedow Gurbanguly. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. III tom. – Aşgabat: „Türkmen döwlet neşirýat gullugy“, 2010.
12. Berdimuhamedow Gurbanguly. Türkmenistanyň dermanlyk ösümlikleri. I jilt. - Aşgabat: „Türkmen döwlet neşirýat gullugy“, 2010.
13. Berdimuhamedow Gurbanguly. Türkmenistanyň dermanlyk ösümlikleri. II jilt. - Aşgabat: „Türkmen döwlet neşirýat gullugy“, 2010.
14. XIX Halk Maslahaty: Ýurdumyzyň halk tarapyndan saýlanan baştutanynyň ady yglan edildi. Türkmenistanyň Prezidenti G.M.Berdimuhamedowyň XIX Halk Maslahatynda sözlän sözi. // Türkmenistan. 2007-nji ýylyň 15-nji fewraly
15. Türkmenistanyň XX Halk Maslahatynyň mejlisi. // Türkmenistan. 2007-nji ýylyň 31-nji marty.

16. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Türkmenistanyň diplomatik korpusy bilen geçiren maslahatynda sözlän sözi. // Türkmenistan. 2009-njy ýylyň 19-njy fewraly.
17. Türkmenistanyň Konstitusiýasy. - Aşgabat, 2008.
18. Abulgazy Bahadur han.Şejerei teräkime.-Aşgabat., 1990.
19. Abul Gazy Bahadur han. Türkmenleriñ nesil daragty. Aşgabat, 1992.
20. Abdysetdar Kazy. Jeñnama. Aşgabat. 1992.
21. Atagarryýew Ýe. Annanepesow M. Türkmenistanyň taryhyndan materiallar. Aşgabat,1995.
22. Atagarryýew Ýe. Annanepesow M. Türkmenistanyň taryhyndan materiallar(X-XVII asyrlar), (XVIII-XX asyrlaryň başlary). Aşgabat.,1995.
23. Atagarryýew Ý. Taryhda galan yzlar publisistik oçerkler. Aşgabat,1986.
24. Ballyýew A.Türkmen halkynyň iň gadymy we gadymy taryhyndan maglumatlar. Okuwçylar we talyplar üçin gollanma. Çärjew 1993.
25. Begjanow A. Mangyşlak türkmenleri XVIII-XIX asyrlarda. Aşgabat, 1993.
26. Begjanow A. Gömlen akabalar, göçülen ýurtlar. Aşgabat,1992.
27. aryk Sumer. Oguzlar Türkmenlerdir. Aşgabat, 1999
28. Gorkut ata. Gadymy türkmen eposy.-Aşgabat, 1990.
29. Gorkut ata- 1500. Aşgabat. 1999.
30. Hanmyradow G. N. Sarahs- kerwen ýollarynyň çatrygynda. Aşgabat, 2004
31. Halyk Görogly. Oguz gahrymançylyk eposy.Aşgabat, 1999.
32. Hojageldiýew N. Gökdepe. Aşgabat, 1992.
33. Mak Gahan. Gazawat urşy. Aşgabat. 1992.
34. Öwezbaýew S. Gönübek . Aşgabat , 1991.
35. Patyşa Orsýetiniň Türkmenistany basyp almagy: sebäpleri we netijeleri. Aşgabat, 1992.
36. Roslýakow A.A. Türkmen halkynyň gelip çykyşy. Aşgabat, 1962.
37. Reşiddeddin Fazlalla.Oguznama.- Aşgabat, 1990.
38. Rejepow R. Gadymy türkmen edebiýaty.Aşgabat 1994.
39. Sarianidi W.I. Iň gadymy Merw. M.,1992.
40. Türkmen halkynyň gelip çykyşynyň, dünýä ýaýraýşynyň we onuň döwletiniň taryhynyň problemalary. Halkara ylmy

konferensiýanyň dokladlarynyň we habarlarynyň tezisi. Aşagabat, 1993.
41. Türkmenistan SSR-niň taryhy. 1-nji tom, 1-nji kitap. Aşgabat 1960.
42. Türkmenistan SSR-niň taryhy. Jilt 1. Kitap 2.Aşgabat, 1960.
43. Türkmenistan XIX-XX ýüzýyllyklaryň sepgidinde. Okuw gollanmasy. A.,1998
44. Türkmenistanyň taryhy. Ýokary okuw jaýlarynyň talyplaryna niýetlenen gysgaça okuw gollanmasy. 1-nji kitap. Aşgabat 1994.
45. Türkmenistanyň taryhy boýunça hrestomatiýa. Aşgabat 1992.
46. Türkmen hanlary we serdarlary. Aşgabat. 1992.
47. Türkmen hanlary we serdarlary. Aşgabat.,1992.
48. Türkmen galalary hakyndaky rowaýatlar. Aşgabat, “Miras”, 2004
49. Türkmen taryhynda döwlet meselesi.Ystanbul / Turkiỳe, 1998.
50. Ỳazyjy ogly Aly. Seljuk türkmenleriniň taryhy. I,II jilt. – Aşgabat, 2004.
51. Агаев Х. Взаимоотношения прикаспийских туркмен с Россией в XIX в. Ашгабат, 1965.
52. Агаджанов С.Г. Сельджукиды и Туркмения в IX-XII вв. – Ашгабат, 1973.
53. Агаджанов С.Г. Очерки истории огузов и туркмен Средней Азии в IX-XIII вв. Ашгабат, 1969.
54. Амантыев О. История Туркменистана XVIII в. Ашгабат, 1996.
55. Аннанепесов М. Хозяйство туркмен в XVIII-XIX вв. Ашгабат, 1972.
56. Атагаррыев Е., Ходжаниязов Т. Туркменистан на « Великом шелковом пути». Ашгабат, 1990.
57. Бартольд В.В. Турецкий эпос и Кавказ в « Книге моего деда Куркута». М-Л., 1962.
58. Бартольт В. В. Султан Санджар и гузы. Соч. Т. 2. Ч 2. М., 1964.
59. Бабаков О. Средневековое население Туркменистана. Ашхабад, 1988.
60. Бартольд В В. Огузы (туркмены) .//Соч. т.II, ч.1, М.,1963.
61. Баскаков А.А. Тюркские языки.М.,1960.
62. Брегель Ю.Э. Хорезмские туркмены в XIX в. М., 1961.

63. Бердиев О. Древнейшие земледельцы Южного Туркменистана. Ашгабат 1969.
64. Березиков Е.Е. Святые лики Туркестана: жизне описания и легенды. Ташкент 1992.
65. Бернштам А.Н Социально-экономический строй Орхон-Енисейских тюрок в VI-VIII в.в. Л., 1946.
66. Бернштам А.Н. Очерк истории гуннов. Л., 1951.
67. Бичурин Н.Я. Собрание сведений о народах Средней Азии в древние времена. М., 1950.
68. Бурханов А. Древности Амуля. Ашгабат,1993
69. Гафуров Б. Таджики М., 1972.
70. Гумилев Л.Н. Этногенез и биосфера земли. М., 1989.
71. Гундогдыев Овез. Прошлое Туркмен. М., 1998.
72. Гундогдыев О. Великие полководцы средневековья в истории туркмен. – Ашгабат, 2003.
73. Джикиев А. Туркмены юго-восточого побережья Каспийского моря. Ашгабат, 1961.
74. Гумилев Л.Н. Древние тюрки. М., 1967.
75. Демидов С. История религиозных верований народов Туркменистана. Ашгабат 1990.
76. История Узбекской ССР. Том 1. книга.2. Ташкент, 1955.
77. История Узбекской ССР. Том 1. книга.2. Ташкент, 1955.
78. Жданко Т. А. Патриархально – феодальные отношения у полуоседлого населения Средней Азии. Ташкент. 1958.
79. Жирмуниский В.М.Народный героическии эпос.М-Л., 1962.
80. Каррыев А., и др. Очерки истории туркменского народа и Туркменистана в УШ-Х1Х вв. Ашгабат, 1954.
81. Каррыев А., и др. Очерки истории туркменского народа и Туркменистана в УШ-Х1Х вв. Ашгабат, 1954.
82. Кляшторный С.Г. Древнетюркские рунические памятники. М., 1964
83. Кошеленко Г.А.Культура Парфии. М., 1966.
84. Кубасов И.М., Кубасова А.А Подвиг и трагическая судьба Князя А.Черкасского Ашгабат, 1992.
85. Курпалидис Г.М. Государство великих Сельджукидов. М.,1992.
86. Кисляков А. Н. Патриархально – феодальные отношения среди оседлого населения Бухарского ханства в конце Х1Х – начале ХХ века. М –Л 1962.

87. Любин В.П. Палеолит Туркмении // СА. 1984 № 1.
88. Марков Г.Е. Очерки истории формирования северных туркмен. М., 1961.
89. Максимович Ф. К. Социально-экономический строй туркмен накануне присоединения к России . Ашгабат, 1996.
90. Малов С.Е. Памятники древнетюркской письменности. М-Л., 1961.
91. Массон.М.Е. Народы и области южной части Туркменистана в составе Парфианского государство // Труды ЮТАКЕ. т. 5 Ашгабат 1955.
92. Массон В. М. Древнеземледельческая культура Маргианы. М.-Л., 1959
93. Массон В.М. Первые цивилизации. М., 1989.
94. Массон В.М. Алтын-депе. Раскопки города бронзового века в Южном Туркменистане. Л., 1981.
95. Массон В.М. Первые цивилизации. М., 1989.
96. Массон В.М. Туркменистан в зеркале мировой истории. Ашгабат, 2001.
97. Материалы по истории туркмен и Туркмении. т. 1-2., М-Л., 1938-39
98. Массон В.М. Туркменистан в зеркале мировой истории. Ашгабат, 2001.
99. Оразов А. Хозяйство и культура населния северо-западного Туркменистана. Ашгабат, 1976.
100. Ошанин Л.В. Антрополический состав туркменских племен и этногенез туркменского народа. // Труды ЮТАКЭ. Том IX. Ашгабат,1959.
101. Очерки истории философской и общественно-политической мысли в Туркменистане. Ашгабат, 1970.
102. Палеолит СССР. М., 1984.
103. Пилипко В. Н. Парфианское сельское поселение Гарры-Кяриз. Ашгабат 1975.
104. Пилипко В. Н. Поселения северо-западной Бактрии. Ашгабат 1985.
105. Пилипко В.Н. История Туркменистана в античный период. (Краткий очерк) Ашгабат 1994.
106. Пугаченкова Г.А., Ремпель Л.И.Очерки искуства Средней Азии. М., 1982.

107. Русско-туркменские отношение в XVIII-XIX в.в. (до присоединения Туркменистана к России) Ашгабат. 1963.
108. Сарианиди В.И. Древности страны Маргуш. Ашгабат, 1990.
109. Толстов С.П. Древний Хорезм. М., 1948.
110. Толстов С.П. По следам древнехорезмской цивилизации. М-Л., 1948
111. Удеумурадов Б.И. Алтын-депе и Маргиана: связи, хронология, происхождения. Ашгабат 1993.
112. Халфин Н.А. Россия и ханство Средней Азии. М., 1974.
113. Ходжаниязов Т. Каталог монет Великих Сельджукидов. – Ашхабад, 1979
114. Энеолит СССР. М.,1982.
115. Юсупов Х. Древности Узбоя. Ашгабат 1986.
116. Юсупов Х. Страницы истории Туркменистана с древнейших времен до арабского завоевания. М., 1997.
117. Язлыев Ч. История и хозяйственное развитие населения Среднего Мургаба XIX в. нач. XX в. Ашгабат 1985.

## MAZMUNY

1. Giriş .......................................................................................... 4
2. Türkmenistanyň ýerleri iň gadymy döwürde ................................. 9
3. Türkmenistan b.e.ö. I müňýyllygyň II ýarymynda we b.e. I müňýyllygynyň başlarynda .................................................... 20
4. Türkmenistan III-VII asyrlarda .................................................... 37
5. Araplaryň Merkezi Aziýa aralaşmagy. Türkmenistanda yslam dininiň ýaýramagy. IX asyryň başlarynda we X asyryň ahyrlaryna çenli emele gelen döwletler ............................................................ 49
6. Türkmenistan X-XI asyrlaryň sepgitlerinde. Beýik Seljuk türkmenleriniň döwleti .................................................................... 64
7. Köneürgenç türkmenleriniň döwleti ............................................ 72
8. Türkmenleriň dünýä ýaýramagy hem-de döreden we dolandyran döwletleri ........................................................................................ 79
9. Türkmenistan XIII asyryň II ýarymynda we XVI asyrda............ 101
10. X-XVI asyrlarda türkmen halkynyň medeniýeti ....................... 129
11. XVII-XVIII asyrlarda türkmenleriň syýasy-taryhy ýerleşişi we olaryň durmuş ykdysady ýagdaýy hem-de jemgyýetçilik duyrmuşy we hojalygy ......................................................................................... 140
12. XVII-XIX asyryň ortalarynda türkmenleriň goňşy döwletler bilen gatnaşygy ....................................................................................... 147
13. Türkmenistan Russiýa imperiýasynyň düzüminde. (XIX asyryň II ýarymyndan 1917-nji ýyla çenli)................................................... 157
14. Türkmenistanda sowetler jemgyýetiniň gurulmagy. (1917-nji ýyldan 1950-nji ýyllaryň ortalaryna çenli döwür) .......................... 176
15. Türkmenistan XX asyryň 50-nji ýyllarynyň ortalaryndan – 80-nji ýyllaryň ahyryna çenli döwürde .................................................... 193
16. Türkmenistanyň Garaşsyzlygy we döwletiň jemgyýetçilik-syýasy durmuşynyň özgerdilmegi .......................................................... 208
17. Täze Galkynyş we beýik özgertmeler zamanasynyň başlanmagy. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň alyp barýan içeri we daşary syýasaty ..................................................... 223
Edebiýat ........................................................................................ 245

**MAKULLANÝAR:**

| | |
|---|---|
| Agronomçylyk we weterinar<br>lukmançylygy fakultetiniň dekany | Ş.Geldimyradow |
| Institutyň merkezi okuw-usuly<br>toparynyň başlygynyň orunbasary | Ý.Ataýew |
| Agronomçylyk we weterinar<br>lukmançylygy fakultetiniň okuw-usuly<br>iş toparynyň başlygynyň orunbasary | M.Niýazmetow |
| Jemgyýeti öwreniş ylymlary kafedrasynyň<br>müdiriniň wezipesi üstüne ýüklenen | A.Musaýew |